TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## MAHMYT GAÝYBY

# DIWAN

## محمود غايبي

# ديوان

Çapa taýýarlan
Kakajan Ataýew

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 894.361**
**G 26**

**G 26 Gaýyby M**
**Diwan**, A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 480 s.

**REDAKTOR**

**Annagurban Aşyrow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Garaşsyzlyga eýe bolanymyzdan soňra, beýleki nusgawy şahyrlarymyz bilen bir hatarda Mahmyt Gaýybynyň edebi mirasy bilen hem halkymyzyň doly tanyşmagyna giň ýol açdy. Gaýyby XVIII asyr türkmen edebiýatynyň taryhynda gazan ýazmagyň ussady hasaplanýar.*

*Gaýybynyň şu diwany onuň Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan golýazmalary esasynda neşire taýýarlandy. Şahyryň eserleri doly görnüşde ilkinji gezek okyjylara hödürlenýär.*

**TMMMM № 048**

**TDKP №110** **2005** **KBK 84.Tur 7**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Mahmyt Gaýyby, Diwan, 2005 ý.
Ataýew K., çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

*Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň*
*Ilkinji we Ömürlik Prezidenti*
*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň*
*howandarlygynda neşir edilýär.*

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin. Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GAZALLAR

## 1

Eý, kerim-u lem-ýezel, eý, halyky, erzu-sema,
Tapdy senden jümle-älem ýer ýüzi neşwu-nema.

Kim bile gaýet-ezelden bar idiň haýýyl-gadym,
Hem ebed ýokdur saňa, baky galar sen, intiha.

Jümle halk ähline, şah-a, razyky-razzak,
Ýetirer sen her kime bir iş bile nepi-nowa.

Her kime pazlyň erişdi, eýlediň towpygy-ýar,
Köňlüne geltirmediň zerre hyýaly masewa.

Gerçe usýan birle asylykda gümra olmuşam,
Tutmuşam umydymy pazlyňa emma, eý, Huda!

Külli emri hal içinde habyballa sen maňa,
Ýok durar nygmal-wekilim, gaýry älemde jyda.

Gaýybyýam, asy-ýu biçäreýi-uftada-hal,
Lutp kylgyl halatym zagyfyn görüp, ýa, Rebbena!

## 2

Derdi-halym hezretiňde, Rebbena, ýa, Rebbena,
Söýläýin, lutpyň bilen kyl hajatymny sen rowa.

Gerçe ýokdur laýygy-zikriňi aýdara dilim,
Neýläýin, dek durmaýyn her lahza aýdar men sena.

Akybet ne bolgusydyr, halatym bilmeý besi,
Her zaman «Alla!» diýip, dert ile tartar men seda.

Ger sagydy, ger şaky men, senden özge ýok ýerim,
Men umydym katg kylman, ger wepa kyl, ger jepa.

Döwleti-nusrat seniň eliňdedir hem magfyret,
Çünki häkim sen, hudaý-a, her kime kylsaň ata.

Hasta men jürmi-günähim birle bihed, eý, Gapur,
Wasyly-rehmet kylyp, derdime sen bergil şypa.

Halatym duşwarlyk mülkünde iş boldy harap,
Tutmasaň pazlyň bile elimni sen, eý, patyşa!

Çeşmelerdir gözlerim, derýaýy-mähnet möwç urup,
Akyzar şurabasyn biçäreler her bir ýana.

Ýa, ilah-a, lutp ile bir dem maňa kylgyl nazar,
Sen şehi-agla kerem sen, men gedaýy-binowa.

Bilmenem kim kaýdadyr sudy-zyýanym, ýa, ilah!
Kaýda kim bolsa, kefaýet kyl meni ol ýan taýa.

Gaýyby, tutmyş durar çeşmi-umydym pazlyňa,
Bolmasa pazlyň, haçan kylaý yssyg-zikri-sena.

## 3

Patyşahym, sen geçirgil gerçe guldandyr hata,
Ýazygymny ýat edip, lutpuňy kylaý sen ata.

Bir nepesde älemi bar eýlediň emriň bile,
Barça eşýa tutdy mesgen gudratyňdan jabe-ja.

Adamy kyldyň jahanda, çünki ynsan ähli kim,
Emr kyldyň şol melaýyklar sujud etdi saňa.

Kimleri söýdüň jahanda, kimleri kyldyň heläk,
Kimleri kyldyň gany sen, kimleri hem binowa,

Gudratyňdan asman durmuş howada bisütin,
Ýer dagy gaýym durupdyr, kim sujud eýläp aňa?

Kimleri aşyk kylyp, äleme ryswa eýlediň,
Kimlere mülki-jahan berdiň, ki kyldyň patyşa.

Ger enaýet manzaryn salsaň gedaga, şah bolar,
Haşm ile kylsaň nazar, soltan bolar kemter geda.

Bu kemine Gaýybydyr, bir günäkäriň seniň,
Her niçe bolsa günäsi, sen ýarylykagyl, huda!

## ❧ 4 ☙

Eý, ademden älemi mowjud eden, zulkibriýa,
Owwalyňda gaýetiň ýok, ahyryňda intiha.

Patyşah sen, kadyry-kaýýum sen, haýýyl-ebed,
Senden özge jümle-älem bolgusydyrlar läfeta.

Kim sütünsiz asybany gaýetinde saklaban,
Ýere berdiň minnetiňde hem karar ile ryza.

Aýy, Güni ruzy-şeb köýünde sergezdan kylyp,
Kim ýügürter sen pelek burçunda her subhy-mesa.

Çarh hem gerdan durar, yşkyň bile tutmaz karar,
Bolmuş ol biçäre hem hijriňde zary-mübtela.

Jany-dilden yşk ile aşyklaryň jan berdiler,
Neýlär ol jany seniň yşkyňda kim kylmyş pida.

Jümleýi-biçäre senden derdine istär alaç,
Wäh, ki bidermanlaryň derdine sendendir dowa.

Lutp edip söýen habybyn hormat üçin ruzy-şeb,
Kylmagyl ryswa meni, şermendeýi-ýüzi gara.

Gaýyby, asy guluň dergähiňe tutmyş ýüzün,
Müstejap eýläp dowasyn, hajatyn kylgyl rowa.

## 5

Eý, nebiler serweri, eý, nury-aýnym, Mustapa,
Sen-sen-u köňlüme kuwwat, hasta janyma şypa.

Ýok dilim waspyňa laýyk şerhy-owsapyň eteý,
Saçyňy «Welleýl» diýmiş, Hak ýüzüňi «Wazzyha».

Ähli usýan içre galsam ruzy-magşar, ýa, habyp,
Kyl meni biçärägä desti-şafygyň merheba.

Äli-eshabyň iti men astanyňy ýastanyp,
Goýmuşam ýüz olaryň sary tutup men ilteja.

Nury-hak sen äleme, dogduň kuýaş dek serbe-ser,
Hezretiňde kylma biz biçäräleri binowa.

Jany-dilden eýle kim sytdygy-tasdyk eýleban,
Küfr ili imana geldi, boldy küfr ondan jyda.

Eýle kim ýagşy-ýaman parhyny eýläp, kyldy dat,
Adlyndan tutdy ömrüniň älemi nury-zyýa.

Röwşen oldy ylymdan Osmanyň yslam dini,
Halk içinde boldy ol yslam iline rehnema.

Din gylyjyn baglanyp, Düldüle bolgaç şasuwar,
Haýbatyndan küfri-kapyr ähline düşdi kaza.

«Lahmuke lahmi» diýdiň, ganyňa ganym hem ýene,
Söýdüň any jany-dilden, eý, resuly-kibriýa.

Iki gözüň nury ol şah Hasan birle Hüseýin,
Boldy zalymlar golunda kim şehit ol Kerbela.

Galdy ondan ýadygär ol şahy Zeýnelabdin,
Katyg kowmy-Ýezit etdi uruş tygy-jefa.

Paýzy-rehmet ýetirip, äleme boldy rehnemun,
Ol Muhammet Bakyry-Salyr-u Sadyk öwliýa.

Zahyr-u batyn hakykat ylmyny sarp eýledi,
Käşifi heddi-dakaýyk jagfary-nury-hüdä.

Rahaty-gufrany, rehmeti-serweri Kazym Aly,
Şäkeri-sabyr halawat içre ol bahry-safa.

Hem Aly, Musa, Ryza şahbaz jümleýi-öwliýa,
Şafygy-ähli meriz dafygy-külli-bela.

Hem takydyr jümle takwa ähliniň serriştesi,
Älemi-many durar kim döwleti her du sera.

Hem taky ol, päkbazy mürşidi-ähli ýakyn,
Mungymy-ähli sagadat, aryfy-ähli-ryza.

Eskeridir döwleti didara dahyl bolan,
Tapdy ol Hak hezretinde menzili-yzz-u ala.

Halyma kyl bir nazar, eý, jümle kutby gaýyban,
Mähdiýi-sahyp zaman, eý, şahy-mülki baka.

Gaýyby diýr, gelip köýüň, şah-a, eger kylsaň nazar,
Gylça janym ol eshabyň üçin bolsun pida.

## ☙ 6 ❧

Peýda ýokdur, eý, köňül, yşky-peri ruýdan saňa,
Derdi-gamdan özge nesne ýokdur ol küýden saňa.

Ger bu wahdet içre sap eýläp wujudyň şährini,
Gör, ne gökjek ýüz görüner uşbu gözgüden saňa.

Çyk garaňky dünýäden, röwşenlik iste, eý, köňül,
Gör, ne röwşenlik geler her lahza garşydan saňa.

Jebri-mähnetler çekip, gam iýme dünýälik üçin,
Akybet ýok durar wepa bihuda gaýgydan saňa.

Gaýyby, nebsi-howadan geç, Hudadan kyl hezer,
Erişer lutpy onuň her dem bu gorkudan saňa.

## ☙ 7 ❧

Ol ne ýüzdür aşyk olmyş jümle şeýhi-şap  oňa,
Janlar bolsun pida hem maly-mülki-esbap oňa.

Jan çekip, ganlar ýutup, perýat ederler ruzy-şeb,
Aşyky-biçäreler her dembe-dem aglap oňa.

Haýsy göz kim ol ýüzi görmiş hemişe bikarar,
Muntazyrdyr ruzy-şeb, bir zerre gelmez hap oňa.

Haktagala bu ýüze bimisil hemta eýlemiş, oňa,
Aý, Günden ýüz tümen artyk beripdir ap oňa.

Baş goýup ýatmyş gapyňda Gaýyby dek sed-hezar,
Bendeýi-permanda boldy, jan berip ahbap oňa.

8

Senden özge, eý, senem, bu jümle duşmandyr maňa,
Dost tutmaz kim seni, bil, ol ki duşmandyr maňa.

Ten içinde jan ki diýrler sagynar men, men seni
Fi-l-mesel yşkyň onuň daşyndaky tendir maňa.

Dünýä gözüme garaňky görüner, eý, dilruba,
Tä seniň şemgy-jemalyň birle röwşendir maňa.

Bolmuşam Behlul kibi diwana yşkyňdan seniň,
Kaýda weýranhana ýerler bolsa, mesgendir maňa.

Dünýäniň bu bagy-gülzaryn neter men, Gaýyby,
Ýarymyň ziba jemaly bagy-gülşendir maňa.

9

Hijri-zulmydan niçe kim, eýlesem men dat oňa,
Diňlemes sözümi, kylsam her niçe perýat oňa.

Gözleri ýüz men kibi aşyklaryň ganyn döker,
Ogşamaz hiç bir garakçy, kapyry-jellat oňa.

Kamatyňa serwi guldur, ýüzüňe güller geda,
Kamatyň gaşynda ýok, wajyp diýmek azat oňa.

Her niçe saýt eýleýin diýp, men ony kyldym şikar,
Ol meni saýt eýledi, men bolmadym saýýat oňa.

Haýsy aşyk kim seniň yşkyňda Mejnun dek imes,
Bermänmiş yşk ylmynyň tälimini ustat oňa.

Ah kyldykça ýanar janymda yşkyň ataşy,
Kim ýatar her dem bu ahym nafhasydan bat oňa.

Gaýyby biçäräge «gulum» diýseň, eý, şasuwar,
Fathi-nusratdyr, ýakyn bil, bu mübärek at oňa.

**10**

Jemalyň eksinden her kim başyna düşdi ýüz söwda,
Kim ol söwda bilen düşdi jahan mülküne ýüz gowga.

Ki sen jan maksadyn tapmak kişige bes ki müşgüldir,
Ki peýda sen diýseň pinhan, ýene pinhan diýseň peýda.

Gülüstana jemalyň şuglasyndan düşmedi ger ot,
Neçün yşkyňda efganlar kylar, bilbil bolup şeýda.

Ýüzüň husnuňa zar etdi kylyp Mejnunny biaram,
Ýüzüň enweriden boldy jahana mahweşi-Leýla.

Gözel şekliň tulugyndan bolup zaýyl kuýaş reňňi,
Uýalandan bolar tagýyr, bolup saryg, gyzl-u ala.

Çe Wamyk saçdy gül yşk ody derdinden kylyp şehra,
Güli-husnunda zip alyp ýüzüň görkezeli Uzra.

Sözüň şähdi bile Şirin lebin ger kylmady şeker,
Çüçük janyn neçün kyldy pida Perhady biçäre.

Eger otly ýüzüňden ot gülüstan bolmasa erdi,
Halyla Nemrutnyň ody neden boldy güli-hamra?

Şerip eýläp sen, eý, şahym, niçelere kylyp hyzmat,
Ki hiç haýsyn habybym diýp, birewçe olmadyň zyba.

Kanagat ähline kyldyň delili-agla makam tapmak,
Diýdiň «Kaf üzre ermesmi kanagat birle ol Anka».

Hudaý-a, Gaýyby, hamdyň kylara ne hetdi bardyr,
Ki pazlyň häkmidir, emma geler dile, bolar guýa.

## 11

Neýlerem bu gözni, ol ýaryma nazar bolmasa,
Neýlerem bu dili, ol zikrinde zäkir bolmasa.

Oda ýansyn jan ile köňlüm, eger minnet tutup,
Her jepa ýarym sarydan gelse, şäkir bolmasa.

Zahyda zuht ile jennet hasyl olarda ne sut,
Kim neter sen jenneti, ýar anda häzir bolmasa.

Wasyly-didar bolgum diýp, temenna kylmasyn,
Her kim Eýýup dek belakeşlikde sabyr bolmasa.

Girmeen yşkyň ýolyna hamylyk birle galar,
Pugta bolmas, kim ki bu ýolda mysapyr bolmasa.

Diýmesin din üstide men häkimem şöwket bile,
Nebs ile şeýtana höküm etmekde jabyr bolmasa.

Gaýyby, segretmesin at magrypat meýdanynda,
Älemi-magnyda yrfan içre mahyr bolmasa.

### 12

Köňlünde bolgaly yşky-habyby mähriban peýda
Kylypdyr çeşmeler ýaly gözüm aby rowan peýda.

Ýakar men jismi-janymy, özümi bikarar eýläp,
Kylyp Kaknus dek, derdim odundan ýüz pygan peýda.

Köňül yşkynda şeýdadyr, dilim zikirinde guýadyr,
Weli tapmas jemalyn, göz görürge bir zaman peýda.

Edip perýady bir ýoly pidaýy-jan kylgaý men,
Güneş dek perdeden ýarym çykyp, bolsa aýan peýda.

Neteý bu dert ody birle köýer janym pyrakynda,
Wysal eýýamyndan tapman, diläp namy-nyşan peýda.

Bu köý içre ýakyn bildim meni öltürmeen goýmaz,
Ýüregimden hararatlar besi boldy ýaman peýda.

Niçe kim, Gaýyby, janym gyýnar men, ýar rehim etmez,
Düşer köňlüme wehm, ondan bolup ýüz-müň güman peýda.

## ❧ 13 ☙

Heder birle beladan ýok köňüle hiç aman peýda,
Jahan mülkünde gowgalar besi boldy ýaman peýda.

Halaýykdan gidip şepagat, muhapbet katg bolmuşdyr,
Bu işler bes bolar zahyr, ahyrzaman peýda.

Nyfak, şirk ile dolmuş hasatdan barçaň köňli,
Ki ýok köňlünde hiç kimiň eser nury-iman peýda.

Ulular ajap ile hergiz pakyrlara gulak salmaz,
Ýakarlar zulm odyn, jana kylyp şemgy-zyýan peýda.

Köňül şowky bile her kim geçirse ruzygärin hoş,
Ki diýrler: «Hetden aşypdyr», kylyp ýüz-müň guman peýda.

Niçik bolsa bolar bolaý, hudaýa şükür kyl, Gaýyp,
Huda elinde asandyr, niçik kylsa jepa peýda.

## ❧ 14 ☙

Oda ýansyn ger köňül ol ýüze maýyl bolmasa,
Kim gurysyn gol hem ol kadga hemaýyl bolmasa,

Özüni taryp edip, husn içre zybalanmasyn,
Kimde ýarym husny dek şekli-şemaýyl bolmasa.

Hesretinde arzy-halym söýlegeý erdim tamam,
Ger rakyplar sap çekip, garşymda maýyl bolmasa.

Dergahyňdan kowma kim gul men, dogaçy bir geda,
Haýry bolmaz bir dogaçy, kaýda saýyl bolmasa.

Gaýyby, diwanalykdan ýetmediň maksada hiç,
Akyl ilinden pent eşidip, imdi aýyl bolmasa.

### ❧ 15 ☙

Jenneti-Adnyň eşreti yşkyň hyýalydyr maňa,
Iki jahanyň döwleti waslyň wysalydyr maňa.

Şah-a, hemişe gözlerim ýaşy bile gark olmuşam,
Derýa kylan göz ýaşymy hijriň melalydyr maňa.

Aşyk behişt-u hüýr üçin ah eýlemes, eý, dilruba,
Bagy-behişti-gülşeni husnuň hyýalydyr maňa.

Iki jahana bermezem ýaryň wysalyn, Gaýyby,
Dünýäýi-ukbada çün pygan ýaryň jemalydyr maňa.

### ❧ 16 ☙

Yşk wadysy era ýüz-müň eger emgek maňa,
Gelse jäht eýläp, musellemdir any çekmek maňa.

Her biri müžgänden köňlüm öýi rowzan bolar.,
Kim tikildikçe gelip synam üze näwek maňa.

Eýle kim ekmiş jepa tohmun meniň şanymda ýar,
Kim bolar tohmy-muhapbetden wepa ekmek maňa.

Bent-bendim tygy-hijran eýledi müň gez weli,
Wäh, ki imkan ermes ondan bir dem çekmek maňa.

Bolmuşam urýan onuň diwana bir abdaly men,
Wäh, ne hajatdyr diýpler jameýi-köýlek maňa.

Waslyndan mahrum olup, hijrinde gezginçä diri,
Ýagşyrakdyr tygy-katlydan şehit olmak maňa.

Ýar köýünde gara matamda galmyş men ýesir,
Çemeni-haram olmyş jahanda oýnamak, gülmek maňa.

Gaýyby, her niçe men ol ýara jan kylsam pida,
Ol azaby-şitdeti eýlär dagy köpräk maňa.

### 17

Ýar laglyň arzuwlar men, jana bereý sen şypa,
Kim onuň arzuwsy ermiş, jan alara bir bela.

Ýüz goýup yşkyň salypdyr ýüregimden jana ot,
Ot düşen daglar kibi jismim bolupdyr gap-gara.

Saçlaryň her ukdyna bir jan guşy peýwent erer,
Gel halas etmek üçin janlar guşun zülpüň dara.

Kyl nazar göwsüm şikaf eýläp pyrakyň tygyndan,
Gör, niçe olmuş bedel gana bolup bagrym ýara.

Gaýybyýam, eý, nigar-a, bolmuşam yşkyňda zar,
Bir gadam renjinde kyl, Taňryň üçin halym sora.

## ❧ 18 ❧

Dil pyrak odunda ýandy, galdy jan hijran era,
Gark boldy ýyglamakdan zary-jismi-jan era.

Yşk köňlüm gara etdi, sabrymy garat köňül,
Hem hyýaly aldy aklym, galdy hesret jan era.

Yşk derdinden besi jebri-jepalar çekdi köp,
Ýetmedi Mejnun meniň dek köýi-sergezdan era.

Dilruba, köýüňde daýym gussa ýutmakdyr işim,
Bolmagaý hergiz jepakeş men kibi döwran era.

Gaşlaryň şekli bozuk köňlümde andag hup erer,
Sagynar sen kim gurulmyş ýaý dek, ýa dükan era.

Katyl bolaý erdi aşyklar başyňdan öwrülip,
Bir nazar çekseň, semendiň segredip meýdan era.

Lam, elip zülpüň, elip katdyň, tejelli aryzyň,
Eýledir küpr kelime, garyşar iman era.

Gaýyby diýr, eý, güneş, husnuň gülüstany kibi,
Bir güli-ziba açylmyş jenneti-ryzwan era.

## ❧ 19 ❧

Eý, şahy-älem, ýüzüňe älem geda, men hem geda,
Ol şähdi-şeker sözüňe älem geda, men hem geda.

Düşdüm seniň men köýüňe, haýran olup men roýuňa,
Ol zülpi-anbar muýuňa älem geda, men hem geda.

Galdy pelek zir nalyňa, hiç kim erişmez pyglyňa,
Eý, jany-şirin, laglyňa älem geda, men hem geda.

Galdy melaýyklar daňa, husny-kemalyňdan ýaňa,
Aşyk bolup jümle saňa, älem geda, men hem geda.

Husn içre bolmuş sen gany, älemde sen dek şa kany?
Eý, jümle-halk istäp seni, älem geda, men hem geda.

Şol aryzy-gülzaryňa, ol nerkesi-bimaryňa,
Eý, melike, didaryňa, älem geda, men hem geda.

Açyldy husnuň gülleri, saýrar gamyň bilbilleri,
Zar eýlemiş sen illeri, älem geda, men hem geda.

Lutp eýlegil men zaryňa, men bidili-bimaryňa,
Eý, şa, seniň asaryňa, älem geda, men hem geda.

Waspyňy söýlär, Gaýyby, görmeý jemalyň gaýyby,
Husnuňa, eý, Hak naýyby, älem geda, men hem geda.

**20**

Janym ýanar hijran era, ýar eýlemez perwa maňa,
Ýüz görkezip her dem bolar, ýüz-müň bela peýda maňa.

Ýüz men kibi şeýda bolup, köýünde efgan eýleýýup,
Ýetmez olara hassa, kim kylaý nazar kaýda maňa.

Köňlüm öýün her lahza men ýüz katla jarup eýlärem men,
Tä kim geler, kylaý nuzul ol dilberi-ragna maňa.

Yşk içre jan bermek dilär, dünýäýu-din terkin kylyp,
Budur ki ýol görkezdigi her dem dili-şeýda maňa.

Aýnym öňünde görkezer, gäh özüni pynhan kylar,
Ýagny ki ot salmak üçin ol aryzy-zıba maňa.

Her dem hyýal onuň bile köňlümi Mejnun eýlemiş,
Düşmüş durar sährалara, salmyş durar söwda maňa.

Eý, Gaýyby, aşyklygym halyndan ägäh bolsalar,
Yşk-ähli bolan ýyglaşar perýat edip eýle maňa.

## 21

Ýene köňlüm gara kyldyň, pena dünýä, pena dünýä
Ýüregimi ýara kyldyň, pena dünýä, pena dünýä.

Şermisaram günähimden, çykar düýt otly ahymdan,
Aýyrdyň gutly şahymdan, pena dünýä, pena dünýä.

Nijeler janyn alyp sen, gara topraga salyp sen,
Olardan beýle galyp sen, pena dünýä, pena dünýä.

Seniň asla kararyň ýok, karar ile duraryň ýok,
Ýalançy, ygtybaryň ýok, pena dünýä, pena dünýä.

Niçeleri turap etdiň, niçelere azap etdiň,
Abatlary harap etdiň, pena dünýä, pena dünýä.

Jepa janlara ýyglar sen, pyrak oduna daglar sen,
Gara topraga çaglar sen, pena dünýä, pena dünýä.

Kişige bir zaman hemra, bolup şat eýlemes sen kä,
Ne mähnethana sen beýle, pena dünýä, pena dünýä.

Gähi soltan, diwan diýmez, bolup munda guwan diýmez,
Alar piri-juwan diýmez, pena dünýä, pena dünýä.

Niçelerni jyda kyldyň, zulm birle eda kyldyň,
Alyp malyn geda kyldyň, pena dünýä, pena dünýä.

Jepaňa, Gaýyby, doýmaz, ony derdi-gamyň goýmaz,
Wepasyz şowkuňa uýmaz, pena dünýä, pena dünýä.

**22**

Eý, senem, görkez jemalyň apytabyndan maňa,
Bir habar aňlat wysalyň hem hasabyndan maňa.

Söýlemekde waspyňy bolmuş durar guýa dilim,
Keşf açylmyş dembe-dem husnuň kitabyndan maňa.

Hüýri-jennet ýüzlerin arz etse ýüz müň näz ile,
Olaryň ýetmez eser näzi-atabyndan maňa.

Zulmaty-gamdan açylmaz hatyrym şat eýleban,
Refg edip görkez ýüzüň zulmat hyjabyndan maňa.

Waslyňa ýetende ger namardam, är men, gam iýsem,
Dünýäniň ýetse belaýy bihasabyndan maňa.

Zikri-tesbihi seniň yşkyňda kyldym her tarap,
Tä ki diýdi paýyz oşol yşkyň sowabyndan maňa.

Gaýybyýam, dünýäde yşkym seniň şowkuňdadyr,
Ýogsa nedir dünýäniň esgi-harabyndan maňa.

**23**

Bilbil efgan eýlemez, bolsa gülüstandan jyda,
Toty hem söz sözlemez, bil, şekkeristandan jyda.

Ýary-yşkynda ýakyn bildim jahany örtegeý,
Ah kylgaç çyksa bir ot syçrap efgandan jyda.

Nala tartmakdan nepes kylmaga galmaý takatym,
Bir gury galmyş jeset men, şeýle kim jandan jyda.

Ölenim behräkdir bu hijr era kalymça men,
Nä günüm bolaý jahanda wasly-janandan jyda.

Eý, pelek, gel bir zaman raýymça bol Taňry üçin,
Her ne barym ýele ber, kylma weli ondan jyda.

Kim ýanar janym guşy, görgeç ýüzün perwana dek,
Örtemeý goýmaz ýüzün şemgy-şebistandan jyda.

Gaýyby, galdy onuň waslyndan aýry hary-zar,
Ýa, ilaha, bolmasyn hiç bende soltandan jyda.

## ❧ 24 ☙

Pyrkatyňdan ýyglaram, eý, şahy-soltanym, saňa,
Bar durar janymda köp-köp derde dermanym saňa.

Göremenmu diýp jemalyň şuglasyndan ruzy-şeb,
Muntazyrdyr ruzy-şeb bu çeşmi-girýanym saňa.

Neýlerem janym daryg eýläp lebiň yşkyňda, ýar,
Bolsa ger ýüz jan pidadyr dini-imanym saňa.

Görgeç ol otly ýüzün, perwana dek taşlap özün,
Ýanmak dilär yşkyň bile bir ýoly bu janym saňa.

Aryzyň şowkunda açylmyş bu çemende gülgüzar,
Kim tutup söhbeti bilbil birle jananym saňa.

Istese, eý, dilruba, köňlüň meni katl eýlemek,
Hiç tejawuz etme kim, bolsun bahyl ganym saňa.

Perdäni ýüzden göter, görkez jemalyň, Gaýyby,
Jan berer waslyň üçin, eý, nury-ryzwanym saňa.

## ❧ 25 ☙

Ýar, köňlüm senden özgä şowky-peýda eýlese,
Oda ýak peýdany mundag başda söwda eýlese.

Hatyrym waslyňy kim arzuwlamakdyr ruzy-şeb,
Ýetmesin umydyna gaýryga perwa eýlese.

Özge ýüze bakar olsam, çyksa imdi gözlerim,
Nabinalyk ýegdir, özge ýüze tomaşa eýlese.

Ger dilim zikriňni diýmes bolsa, bolsun güň, lal,
Katg edeý ýadyňdan özgä äşgäre eýlese.

Gurasyn elim eger damanyňy tutmaz ise,
Maýyp olup aýagym ýoluňda bes rah eýlese.

Aňlamaz bolsa gulagym ger kelamyň magnysyn,
Hatm olsun özge sözler sary semga eýlese.

Telbelik wakyg bolup Mejnun sypat köýüňde, ýar,
Duş-duşumdan rakyplar galmagallar eýlese.

Häki-raýyň bolmasa, toprak bolsun bu tenim,
Jan wyjuda gelmesin, bihuda gowga eýlese.

Ýanmaýyn otlara nätsin hasrat ile, eý, nigar,
Beýle ger magşuk olup, aşygny şeýda eýlese.

Ger mukaýýad bolsa dünýä huplaryna, Gaýyby,
Göz açyp gül ýüzleri üzre mutarra eýlese.

**26**

Dostlar, çapyksuwarym azmy-meýdan eýlese,
Razydyr men, aýdyňyz, katlyma ger gan eýlese.

Gerdi-paýyn sürme ýaňlyg gözüme tartgaý idim,
Ýar eger nägä çykyp, gülşende seýran eýlese.

Perdäni refg eýleban, ýüzden nikabyn alsa ýar,
Taň imesdir älemi ýüzüne haýran eýlese.

Ýykma köňlümni, rakyp, ýaryň işiginden kowup,
Käbe ýykmakdyr, köňülni kim ki weýran eýlese.

Jan guşy şähri-wyjudymdan çykyp uçmak dilär,
Yşk eger täsir edip, köňlümi tugýan eýlese.

Hulk köňlümi bozar yşk ile derdimi artdyryp,
Gijeler köňlüm guşy bilbil dek efgan eýlese.

Gaýyby, ýaryň lebinden gaýry napyg bolmagaý,
Älem ähli jem olup, derdime derman eýlese.

**27**

Eý, ajal, janymny al, hijrandan artyk sen maňa,
Bu belaly mähneti-döwrandan artyk sen maňa.

Sensiz, eý dilber, gerekmez jenneti-ryzwany hem,
Eý, senem, ýüz jenneti-ryzwandan artyk sen maňa.

Derdime her dem hyýalyň birle teskin eýlerem,
Jilwe kyl garşymda, ýüz dermandan artyk sen maňa.

Jan gereklik nesnedir, emma gerek bolsa saňa,
Hiç gerekmes bolsa ger ýüz jandan artyk sen maňa.

Neýläýin güller tomaşasyn kylyp, tapman huzur,
Aç ýüzüň, görkez weli, handandan artyk sen maňa.

Işigiňde durmuşam gullar kibi çalak-u çust,
Hyzmatyňy eýlerem, soltandan artyk sen maňa.

Gaýyby diýr, eý, güneş, berdim saňa bigana jan
Husn içinde Ýusufy-Kengandan artyk sen maňa.

### ❧ 28 ☙

Wasl eger makul olaýsa, hezil olar afak oňa,
Barça alym hoş  bolar, görmek üçin uşşak oňa.

Mert eger aryplygyn äleme yzhar eýlese,
Çün onuň howpy galar bu halk içinde, bak oňa.

Hasyly-husnuň jahanda hiç mekanda ýok durar,
Ahyretde hem nesibi zejr olar uşşak oňa.

Muntazyrdyr aryfy-hak dünýeýi-panyga kim,
Mert napygy terk edip, bermişdir üç tallak oňa.

Ýaz diýgeýler müňküre kirpikleriň eýläp galam
Gözýaşyň meýdan edip, saryg ýüzüň ewrak oňa.

Gaýyby, kesgil köňül maksadyny bu dünýäden,
Kim ki istär dünýäde maksada ýetmez, bak oňa.

### ❧ 29 ☙

Eý, köňül, aby-haýýat iç, isteseň ömri-baka,
Jurgaýy tutmyş saňa, gör, kim mähetdeldir saka.

Niçe kim ýagsa bela, geýgil töwekgel jindesin,
Kim bahadurlar kibi sen özüňi tutgyl oka.

Yşkyňy soltan kylyp, aklyňy wezir etmeseň,
Zulm ile şeýtan seniň şähri-wyjudyňny ýyka.

Aşyk aryp durar, ol kim dünýeden tejrid olup,
Özüni perwana dek şemgy-hakykata ýaka.

Eý, köňül, görseň eger ýaryň ýüzün, bihud bolup,
Akly-huşuň barysy bir ýoly başyňdan çyka.

Köýüňe girgeç, ýene ýetmeý wysalyn arzylap,
Jan güzer eýläp, gözüň ýaşy bolup sil dek aka.

Gaýyby, her dembe-dem Hakdan günähiňi diläp,
Her säher wagtynda ýyglap, ýalbaryp tutgyl ýaka.

**30**

Berkarar olmaz köňül, dilber, jemalyňdan jyda,
Galmyşam haýran olup, wasly-wysalyňdan jyda.

Batynym magmur olar her dem hyýalatyň bile,
Mümkin ermez bolmagaý hijri-melalyňdan jyda.

Gark olmakdan wujudym kiştisi haly imez,
Bähri-yşkyňda kylarlar inpygalyňdan jyda.

Sowrular ugrap zowala bu haýýatym harmany,
Boldy jism andag kim ol husny-kemalyňdan jyda.

Serw ile şemşada salman göz, bolup maýyl oňa,
Hary-hasdyr jümlesi kaddy-nahalyňdan jyda.

Çün barar her dem nädeý ahu gözüň pikrinde jan,
Takatym galmaz nädeý çeşmi-gazalyňdan jyda.

Dünýäde hergiz dagy nakgaş nagşyn gözlemen,
Aýnyma janan görünmez hatdy-halyňdan jyda.

Gaýyby, kylmas daryg yşkyňda janandan geçip,
Bol diýseň eýläp pida bu mülki-malyňdan jyda.

**31**

Tapmady hiç kim jahan mülkide döwrandan wepa,
Çünki döwran biwepadyr, ne tama ondan wepa.

Ömür ile jandan wepa kylma tama görem diýp,
Kim tapypdyr dünýede bu ömür ile jandan wepa.

Görmedim älemde älem-ähliden hergiz wepa,
Munça kim görmüş durar men zary-haýrandan wepa.

Hiç görüpmi sen jahanda bir gül açylmyş durar,
Älem-ähli görmegi ola eýle kim ondan wepa.

Gije-gündiz mähneti-dert ile efganlar çekip,
Manysyz bilbil neden istär gülüstandan wepa.

Bir kişi köňlün berip, kimse wepa aldyrmamyş,
Görmemiş men çün ki men köňlümni alandan wepa.

Husny-soltany wepasyz bolsa, Gaýyp, taň imes,
Tapdy ilden kim wepa, tapaý ki soltandan wepa.

## 32

Kim hyruç eýlär köňül, janyň guşy seýran olup,
Munda galar suratyň, toprak ile ýegsan olup.

Haýr-u şerden her ne kim kyldyň ise bu dünýäde,
Görüner bir-bir gözüňe, barçasy aýan olup.

Tutsalar munda husumat kylan ol hasymlaryň,
Bir garaňky gör içinde nädeý sen haýran olup?

Wäh, ki bu halda seniň hiç kimse bilmez halyňy,
Gala sen derd-u bela içinde biderman olup.

Bir ýaňadan Müňkür-Nekir gelip saňa haýbat kylar,
Wäh, ne müşgildur, jogabyn bermeseň asan olup.

Namaýy-agmallaryň bergil hasabyn diýseler,
Bu şumara gelmegeý kim biadad çendan olup.

Bolma gapyl, janyňy baky galar diýip dünýäde,
Ötdi tutgyl jismiň içre bäş gün myhman olup.

Piş ki gaýetden çykar, kylmaz puşmanlyk yssyg,
Jäht kylgyl Taňrynyň emrine sen perman olup.

Parh ýok şahy-gedanyň Hak gaşynda, eý, kişi,
Ger pakyry-natuwan ol, hüküm kyl soltan olup.

Neýläýin ömri-azyzyň zaýa eýlär sen bu gün,
Ruzy-şeb nebsi-howa köýünde sergerdan olup.

Gaýyby, geçdi ýigitlik möwsümi gaflat bilen,
Saldylar batyl ýola, ýaranlaryň şeýtan olup.

**33**

Waslyň el bermez niçe perýat kylsam, eý, habyp
Ýaka ýyrtyp, nowhalar binýat kylsam, eý, habyp.

Ýol bermes zulmaty-hijriň maňa waslyň sary,
Dergahyňda ýyglaban müň dat kylsam, eý, habyp.

Eýlemez men köňlümi abat, eýläp ýagşylyk,
Ýüz köňüli şat edip, abat kylsam, eý, habyp.

Derdi-yşkyň gözlerim peýmanasyny doldurar,
Her haçan ismi-şerifiň ýat kylsam, eý, habyp.

Şowk ile her dembe-dem köňlüm öýi magmur olar,
Waspy-husnuň şygyr ile owrat kylsam, eý, habyp.

Niçe zary eýlesem, didaryň açmaz sen, nädeý,
Mähneti-gamdan köňüli şat kylsam, eý, habyp.

Gaýyby dek natuwan bendäňi bir gün sagynyp,
Kim diýmes sen lutp edip, azat kylsam, eý, habyp.

## ❧ 34 ☙

Derdim artar ýüzüňi gördükçe, eý, näzik habyp,
Hem ýene sen-sen alaç ediji derdime tebip.

Aşyky biçäräniň sen-sen umydy, eý, nigär,
Kim towakga—iltimasyň kylmagyl kim, eý, habyp.

Gül ýüzüň köýünde ger efgan çekip, gan aglasam,
Haýrat eýlär ahy-efganym eşitgeç andalyp.

Taňryň üçin bir nazar kyl halyma, eý, serwinäz,
Aşyky-zaram, ýene hem binowaýem, hem garyp.

Senden özge külli älem birle ýokdur hoşlugym,
Jümle älem gaýry senden kim maňa bolmyş rakyp.

Niçe kim jebri-jepa kylsaň maňa, noş eýlärem,
Aşyga döwlet durar, görmek wepa, zähmet çekip.

Gaýyby, ýaryň jepasyn çekmeýin hiç çäre ýok,
Kim jepa çekmek saňa ruzy-ezel bolmuş nesip.

## ❧ 35 ☙

Dilber-a, gan dökdi gözler, hesretinden delmirip,
Boldy sergerdan köňül, bihet jepalar hem görüp,

Eýle almyş takatym yşkyň pyragy, eý, senem,
Hap kylman, bir zaman başymy ýere ýetirip.

Söze salmas sen gulak, bolduň günäkärim diýban,
Her niçe kim eýlesem uzurym, aýak üzre turup.

Lamekandyr menziliň diýrler weleýkin rawylar,
Hiç kişi bermez habar, jana, mekanyňdan sorup.

Ol jähtden aşyk oldum, hijr odun jana ýakyp,
Görüner yşk ähline diýrler jemalyň ýylgyryp.

Diýme tugýandan ýüzüm reňňin kulagymny gyzyk,
Pent edipdir, keç urup, yşkyň gulagymy burup.

Gaýybyga eýle diýp, döwrana emr etdiň meger,
Eýlediň saňsar, başyma bu jepa daşyn urup.

**36**

Ýyglaram hijriňde, dilber, nalaýy-efgan edip,
Galmady halym, gamyňdan bagrymy biryan edip.

Eýle kim aldyň ýüzüňden perdäni rafg eýleban,
Intizar etdiň ýüzüňe, gözlerim haýran edip.

Serferaz etgil guluňy, hatyryn şat eýleban,
Azmy-meýdan eýlegil, bu köý era seýran edip.

Ebir dek her dem döküp zülpi-syýahyň ýüzüňe,
Akydar sen gözlerimiň ýaşyny giryan edip.

Eýle kim gelmiş hyýalyň köňlüm içre jan kibi,
Saklamyş men hatyrymda, bir azyz myhman edip.

Eý, muhapbet, magdany, Hak künet lutpyndan seni,
Hup ýaratmyş huplar içre, bir mahy-taban edip.

Älemi yşkyň bilen aşufta eýläp elmydam,
Köp ýügürder sen meni, köýüňde sergerdan edip.

Wäh, ne zalymdyr gamyň, her dem bu sabrymy alyp,
Kim alar zulum ile köňlüm mülküni talan edip.

Gaýyby, galmyş gamyňdan mähneti-enduh era,
Ýüz açyp kylgyl tekellüm, ol güli-handan edip.

**37**

Eý, pelek, neçün meni serkeşdäni kyldyň harap?
Pyrkat oduna ýakyp, bagrymy eýlär sen kebap.

Niçe kim jebriň çekip, bu mähnetiňe sabr edeý,
Haýsy derdiňe seniň bardyr hasap ile kitap?

Kesdim umydym seniň eşretli döwrüňden ötüp,
Bir hoşhal eýlediň, ýüz müň dagy kyldyň azap.

Ol ki haýryňdyr seniň bildim, ýakyn şerdir maňa,
Eý, ýalançy, ýok seniň haýr ile şeriňden sowap.

Wäh, ki köňlüm gözgüsi sap bolmaz oldy gam bile,
Baglamyşdyr hatyrym derdi-pyrakyňdan hyjap.

Mähnetiňden bir zaman haly bolup, tapsam huzur,
Kim eter sen aýlanyp, wejhi-abus eýläp atap.

Gaýybynyň ygtybary ýok seniň mygmaryňa,
Kaýda kim boldy ymarat kyldyň any sen harap.

**38**

Çyksa ne endazalyk iş menden ermesdir ajap,
Telbe men, eý, dostlar, menden tama kylmaň edep.

Yşk odun eýläp bahana artdyrar derdi-gam,
Dolduryp jamyn ajal garşymda durmuş lepbe-lep.

Yşk ile wasl arzuwyndan janymy kyldym sebil,
Bolmady ahyr miýesser, niçe kim kyldym talap.

Köýdüler yşk-ähli bu yşkynda ýaryň bardylar,
Men galypdyr men miras ol oda ýanmaga hutap.

Görseler ahuw bile deşt içre her dem ogşadyp,
Dirilipdir diýrler ol Mejnun, görüp haýly-arap.

Jezebe birle, eý, senem, yşk salar janyma ot,
Titremek yzhar eder, her kimsäni kim tutsa tip.

Gaýyby, yşkyň içre kylmyşdyr nesip enduhy-gam,
Yşk iliniň kysmatyn ruzy-ezel kylmyş çelep.

**39**

Gamza tygy birle, dilber, ýüregim ýardyň gelip,
Kim jigeri hun edeli men telbäni gördüň gelip.

Gelmegiň pikri bu erdi, ýagny kim jan alaý sen,
Çykmyş erdi jany olan, tenni agtardyň gelip.

Ýüz bela beriban aýtdy: «Agýaryň bir jebri ýüz»,
Şükür kim munça beladan, wäh, ne gutardyň gelip.

Pent eşidip, eý, köňül, köýünden kim ýetmediň,
Ýüz belaga bul söze imdi ki ýalbardyň gelip.

Arz ederde ýüz kim, eý, dilber, rakyba gözlediň,
«Alla! Alla!» bu jepany hetden ötürdiň gelip.

Zähri-hijrandan çykarga jan ýakyn gelmiş durar,
Berekella wasl jamy birle gaýtardyň gelip.

Gaýybyny zuhdy-hudbin diýp heläk etdiň weleýik,
Şükür kim usýandan bir ýana aýyrdyň gelip.

**40**

Şükür kim hijranyga bu kim tutaşmyşdyr ýanyp,
Halymy sormaz neteý her dem hyýalyndan sanyp.

Jana ýeteý erdim ol bişek mesihim agzyndan,
Sorsam erdi bir onuň lagly-şerabyndan ganyp.

Çün peri dek görgeç ol didaryny bihud bolup,
Kim özümden barmyşam andag ýüregim tolgunyp.

Gijeler düýşüme girse, nowhalar saz eýleban,
Ýyglaram ahyň bile, ukym içinde oýanyp.

Leblerinden neýläýin zugfym alajyn tapmaýyn,
Nala tartar men säher wagtynda bihet eňrenip.

Köp tazarruglar bilen bergil myradymy diýip,
Ýalbarar men her zaman başyna ýüz-müň aýlanyp.

Nakgaşy tahryr eýleban waspy-jemaly-aryzyn,
Artar men köňlüm bir köşe ýerde güýmenip.

Gör, niçe ahwalymy hatyry-perişan eýleban,
Paýy-bent oldy seri, zülpüne köňlüm çyrmaşyp.

Gaýyby, köňlüm jununyn mang eter men niçe kim,
Aňlamaz sözümi, oňa hüý etipdir örgenip.

## 41

Kerem kylgyl bize, eý, husny mergup,
Seniň dek ýok maňa älemde mahbup.

Seniň derdiňi jana noş eder men,
Ki derdiň bolsa misli derdi-Eýýup.

Jahanda bolmasyn hergiz myradym,
Ki senden özge bolsa maňa matlup.

Onuň dek senden aýry gam çeker men,
Tiläp Ýusuby tapan dek bu Ýakup.

Eger lutp eýleseň, ger jebri kylsaň,
Ne gelse, Gaýyby, diýer hupdur-hup.

## ☙ 42 ❧

Eý, köňül, ukbaga ýüzlen, mülki-dünýäni unut,
Yşk derdi zähmetin çek, aýşy-döwrany unut.

Terki-tejrid ol dagy, bol wasyl didara-dost,
Jenneti-mä˙waga bakma, hüýri-gulmany unut.

Älemi-manyga bak, güller açylmyş reňbe-reň,
Kim jahan mülkünde bu bagy-gülüstany unut.

Pakyr fahry birle sen soltany-älem bil özüň,
Bu ganylyk birle yzzy-jah soltany unut.

Sen ki aşyk sen, nedir kaýdy-jahan olmak saňa,
Soltanlyk sendedir, gel bendi-zyndany unut.

Ýar husnun hatyryň lowhunda nagyş eýläp mydam,
Pikri-zikriň ony kyl, ne özge döwrany unut.

Gaýyby, çekgil aýagy imdi melamat ýolundan,
Her zaman bihuda kylan ahy-efgany unut.

## ☙ 43 ❧

Asyýam, dergähiňe geldim günähim birle, dost,
Tagatym kem, hajatym köp, dertli-ahym birle, dost.

Kylmyşam toprak üze başymy it dek, ýa, Allah!
Gelmişem, uzr etgeli, çekmäge rahym birle, dost.

Mähneti-usýan ýükün boýnuma asyp göç bile,
Hezretiňde durmuşam bu reňňi-kähim birle dost.

Biler eken bilmes iş kyldym, uýup jähli arzyna,
Sen geçirgil bu umyt etgen tamahym birle, dost.

Mähw kyl pazlyň bile kylan günähim namasyn,
Hezretiňe gelmişem bu uzur-hahym birle, dost.

Çün ýüzüm ýokdur ki dergahyňa wäjih bolaý men,
Eýlegen kerdar bet kylan tebahym birle, dost.

Gaýyby, hem rehmetiň suwy bile ak eýlegil
Galmyşam haýran olup ruýy-syýahym birle, dost.

## 44

Ah, kim janana, kasdyň jana boldy akybet,
Çykdy janym, galdy ten, weýrana boldy akybet.

Akyl, sabry-pähmi-dil azm etdi bu weýranadan,
Baş alyp, her birisi bir ýana boldy akybet.

Zülp-söwdasyna ýüz köňlüm kibi şeýda bolup,
Ýüz goýup sähralara, diwana boldy akybet.

Ýara derdimi aýan eýläre derdim halyndan,
Dolduryp gan gözlerim, peýmana boldy akybet.

Göz garasyn sap kylyp, kirpiklerim sap baglanyp,
Kim darara ýar zülpün şana boldy akybet.

Aşnalyk eýläýin diýip, jan pida kyldym weleýik,
Kylmady perwa maňa, bigana boldy akybet.

Gaýyby, her näçe jan çekdim, miýesser bolmady,
Hijr era barça işim efsana boldy akybet.

### 45

Husn wadysynda kimdir kylaý ol jan birle bäs,
Ýok kişiniň hetdi kim eýläre soltan birle bäs.

Tutdylar mesgen melewşe birle sünbül kuh era,
Kim hata eýläp hatdy-zülpi-perişan birle bäs.

Agzyna manend olara gunça özün kyldy rast,
Doldy agzy dop-doly kyldy ise gan birle bäs.

Bolmagynça munkatga ahyr öýün kylmas halas,
Edeli söweş ol serwi-huraman birle bäs.

Kesdiler şemiň dilin, eý, Gaýyby, ýagny neden,
Kylmagaý ol dilberi-hurşydy-taban birle bäs.

### 46

Gunça dek agzyn açyp, ger kylsa jananym hadys,
Dür saçar äleme andag kylgaç ol janym hadys.

Istese bezm ählini kylmak münewwer bezminde,
Açylar gül-gül kylyp ol lagly-handanym hadys.

Hasta kylmyş bu rakyplaryň alalasy meni,
Wagtydyr ýar eýlese, bu derde dermanym hadys.

Muddagy ýüzi garanyň kesmek istär men dilin,
Kylmasyn diýip ýar bezmi içre duşmanym hadys.

Toprak olandyr Byragynyň aýagy alnyda,
Seýr üçin hemra bolgyl diýse soltanym hadys.

Hezretinde arzy-hal aýtmaga öwrülmez dilim,
Takatym ýok neýläýin eýläre imkanym hadys.

Gaýyby, men nagdy-imanym pidasy bola men,
Kylsa ger her dem meniňle şahy-soltanym hadys.

## 47

Garadyr hasta köňlüm ýar aýnymdan nahan bolgaç
Garaňkylyk tutar dünýäni andag Gün nahan bolgaç.

Ýaryň hemrahlary men ýar köýi içre ölgümdir,
Tutar iller ýakynlaryny heran ýerdäki kan bolgaç.

Heder kyl, ýetmesin ahym güli-husnuňa, eý, dilber,
Sowlar gül ýapragy, bilgil, kaçan bady-hazan bolgaç.

Gaty täsir edip jana, hyýalyň bozdy köňlümi,
Bolar weýran mülk onda, kime häkim ýaman bolgaç.

Eger Mejnuna derdimi diýseler erdi şerh eýläp,
Unudaý erdi öz derdin, meniň derdim aýan bolgaç.

Kylyp zulmy-sütem janym alara kasdy-jan her dem,
Ki şyfkat kylmas ermiş, halk era ahyrzaman bolgaç.

Nahan eýläp özün, köňlüm odun bir demde sust eýläp,
Ýene otlar salar, eý, Gaýyby, nägah aýan bolgaç.

### 48

Refg kyl ýüzden, nigar-a, ukdaýy-zülpüňi aç,
Boýnuma sal kim, günäkäriň bolup men bir gul aç.

Isterem kim şat olup, waslyňa berhurdar olam,
Ýardan tapmaz jyda aşyklaryň işi rowaç.

Özgelere dünýä malydyr — jahanyň eşreti,
Aşyga ýaryň wysalydyr — jahanda tagty-täç.

Wäh, ki şirin lebleriň ýady bilen men elmydam,
Gussa birle men içer men şerbeti-talhy ujaç.

Älem-ähli içre, bil, hiç bilen ýokdur syrym,
Mähneti-hijriň bilen kim eýleýip kylmyş hyraç.

Derdi-yşkyňdan ýüregim üstünde goýdum daglar,
Neýläýin tapman bu derde her nije eýläp alaç.

Derdi artar Gaýybynyň, ýüzüňi gördükçe kim,
Lajerem artar bahasy, niçe kim bolsa kumaç.

## ❧ 49 ❧

Saky-ýa, lutp eýleban meý birle doldurgyl kadah,
Tapsyn ol meýden hem ol dem içgeç ondan jan ferah.

Gam nejatydyr meý içmek sakyýy-gülruh bile,
Içmegen saky elinden tapmady gamdan felah.

Meý sypatdyr eýle kim yşkyň hyruç etmekligi,
Hak şeraby yşk durar, aşyklara bermiş terah.

Ýetse ger yşky-ilahy aşyga, serhoş olar,
Meý kibi yşk ähline keýfiýetin eýläp şereh.

Meý içip yşk jamyndan gamdan halas bol, Gaýyby,
Gam şerary depigine kylmyş meý içmeklik salah.

## ❧ 50 ❧

Ýar, janymy pida kylmak saňa gördüm salah,
Bu salahymdan hudawendem, maňa bergeý felah.

Jurgaýy-laglyňy tut men teşne lebe, ölmäýin,
Rahaty-janymdyr ol, ýetir meniň janymga rah.

Zülpi-ýüzüňdir meniň köňlüm era geçen hyýal,
Hem onuň medhi durar dilde sözüm subhy-mesah.

Aşyky-didaryňam, dilber, ýüzüňi gizleme,
Aşyk-u magşuk waslyn çünki Hak kylmyş mubah.

Zowky-yşkyňdan müjerretler harabat ählinden,
Rez gyzynyň waslyna çün täze kylmyşlar nikah.

Gaýyby, yşkyňda öldi wadaýy-waslyň bilen,
Köňlüme tesgin berip ber dürli işime salah.

### 51

Meniň derdime sen sen ýar jerrah,
Lebiňiň jurgasyndan bize ber rah.

Meniň derdim besi bihed bolupdyr,
Ki şerh eýläp tüketmes niçe şerrah.

Oşol zemzem kibi laglyň sorara,
Bolup men, men geda çün misli arwah.

Gözüm ýaşy meniň derýa bolupdyr,
Ki jismim zowrakydyr jan mellah.

Kemine Gaýyby, yşk içre ryswa
Bolupdyr oňa bir dürli eslah.

### 52

Geçdi ömrüm neýläýin, eý, dostlar, eýýam talh,
Kim garardy ruzygärim, gaýgy birle şam talh.

Külli janymdan umydy katg kylsam, ne ajap,
Kim jepa kylmaga ýarym eýlese, ylham talh.

Zäher şerabyn döker çün tartyban bimarlyk,
Çoh ryýazatlar çekip, bidar olup, badam talh.

Laglyny ýat eýlesem, hijran şerabyn elmydam
Noş eder men durmaýyn her dembe-dem ez jam talh.

Her niçe kim ýalbaryp diýdim: «Maňa lutp eýlegil!»,
Geldi her sagat maňa senden jepa, eglam talh.

Gaýyby, Hakdan saňa kysmat durar, hiç çäre ýok,
Ýuta-ýuta gussa-ýu agy bolupdyr, käm talh.

## 53

Pyrak odunda ýanan synaýy-kebabyma bak,
Gamyňda her dem içen gussaýy-şerabyma bak,

Pelek jebir eýlär, rakyplaryň zulmundan
Bu nowg ile bozulan hanaýy-harabyma bak.

Bu dem ki yşk ile ýetdim wasla, terk edip takat,
Eden günähime toba kylan sogabyma bak.

Behişt kim sürte men ýüzüňi, arz ederem,
Kylan sowalyna tahsyn diýen jogabyma bak.

Hijriň azaby jismimi ýele beripdir,
Gel gabrym üzre kyl nazar, indi turabyma bak.

Husnuň köýünde göreli saçyň ýylan kibi,
Her gije subha deňin tesbih aýdan tabyma bak.

Daýym sypatyň şerhin kylmak meniň işim,
Şerhy-sypatyňy towsyf eden kitabyma bak.

Ýüzüň höwesinden, Gaýyby, yşk bilen ýanadyr,
Jennete ýetmiş eken, tamugda azabyma bak.

## 54

Wah, ki ýarym zahyr eden lagly-handanyndan ot,
Bertarap hiç bolmady men telbäniň janyndan ot.

Yşk odundan gany gaýnap, oda düşmüş aşygyň,
Ýar dek katl eýlemiş, wah, düşmesin ganyndan ot.

Jism öýüňe janyny örtäre derdi-suz bile,
Yşky-hijran, ahy-efgan saldy her ýanymdan ot.

Ol Halylnyň janyna boldy gülüstany-Erem,
Düşdi janyma meniň husn-u gülüstanymdan ot.

Jilwe birle azmy-meýdan eýlegeç janym era,
Saldy çykgaç segredip, kaddy-huramanyndan ot.

Läläni kuhy-kemerde, göwsünde dagy gara,
Ýogsa düşmüş kuhkeniň derdi-suzanyndan ot.

Gör niçe düşmüş çemen içre gülüstan ähline,
Bilbili biçäräniň hem dürli efganyndan ot.

Dut görgeç sagynyp, myhman ki ot diýp gelmäňiz,
Ah urar, aşyk çykar bu genji-weýranyndan ot.

Gaýyby, güftar şygryn jem edipmiz sahypaga,
Köýdürer her dem düşüp güftary-diwanyndan ot.

### 55

Eý, maňa hemdem bolan älemde jümleýi-ähl dert,
Men kibi barmy gamy-mähnetde bolan ruýy-zert.

Yşk ýolunda niçik toprak boldum eýle kim,
Sowrulyp gör kim gubarymdan howaga çykdy gert.

Sabyr yşkyndan ne taň Perhada gazmak dagy,
Kim ýykar dagy beli merdanalyk eýlese mert.

Açylan güller çemenlerde hazan dek sargaran,
Derdi-hesretden ýatyp çeksem eger bir ahy-sert.

Nala tartar men haçan ýar alsa ýüzden burkagyn,
Daň güli öýütmäň, pygany-bilbil kaçan açylsa wert.

Kim ki tefrid olmasa, wasly-wysala ugramaz,
Bu jähetden bolmyşam men älem içre külli-fert.

Gaýyby, döwran belasyndan parahat bolmadyň,
Neýläýin, keç aýlanar her lahza bu gerduny-dert.

### 56

Köňül hijriňde girýandyr, hudawent,
Ýürek yşkyňda birýandyr, hudawent.

Niçe kylsaň jepaýu-jebri, mähnet,
Şikeste bendä permandyr, hudawent.

Hemişe bendäniň işi hatadyr,
Hojadan lutpy-yhsandyr, hudawent.

Meniň hem syrry-halym sen biler sen,
Ne kylsam saňa aýandyr, hudawent.

Tutup men waslyňa umydym, aýnym,
Seniň üçin zary-haýrandyr, hudawent.

Ki yşkyň tutaly mesgen köňlümde,
Ýykylmyş şähri-weýrandyr, hudawent.

Dilegi Gaýybynyň hezretiňden
Jemalyň birle imandyr, hudawent.

**57**

Müşki-buýuň çün geler, dilber, säherden ostabat,
Şol mugattar zülpüňe köňlüm bolupdyr inkyýat.

Suratyň nakgaşyny bu şerhi-depder eýledim,
Hatty-halyňdan düşüpdir köňlüm içre bir nokat.

Jism hijranyň era şol çün jennet un-nagym,
Sensizin bolmuş durar, dilber, maňa bes lahat.

Gullugyňda berseler alman Süleýman mülküni,
Gullugyň deňdir maňa ez tagty Jemşid-u Kubat.

Gamçylar men yşk atyny, eýläp waslyňy tama,
Waslyňa kylmak üçin her dem kylar men ejtehat.

Gül ýüzüň çün bolmuşam, dilber, hemişe intizar,
Gel enaýat gapysyn kyl, eý, bize, dilber, küşat.

Gaýybyýam, işigiňde baş goýup, perýat edip,
Ýyglaram waslyň wysalyn eýleban her lahza ýat.

## 58

Eý, köňül, mähr ile bol, nämähribanlykdan ne sut,
Ýagşy bol, ýagşa hemdem bol, bu ýamanlykdan ne sut.

Ýagşylyk pikrinde bol, terk et ýamanlyk pikirini,
Ýagşy niýýet haýyr olar, bu betgumanlykdan ne sut.

Ýagşylyk birle musulmanlara ýetir peýda,
Zulum ile nebsiň üçin kylmak zyýanlykdan ne sut.

Çerbi-şirinlikde özüň halka görkezmek üçin,
Tabgy-şeýtan birle bu şirin zybanlykdan ne sut.

Hak sözünde bu diliň her dem doludyr, lal olar,
Toty-guýa sen, özge söz beýanlykdan ne sut.

Kim salahy nebsiň üçin gyly ýarar sen iki,
Mekri-telbis ile munça hurdadanlykdan ne sut.

Gaýyby, Hak ýady birle bol aman içinde sen,
Munça dünýä teşwüş ile näamanlykdan ne sut.

## 59

Ýa, ylaha, isterem senden belalara mefaz,
Çünki sen-sen barça ähli binowalara mefaz.

Gahr edip sen-sen heläk eden oşol küfr ählini,
Lutp edip sen-sen ýene ähli-rezalara mefaz.

Ýüz tutup her dem mynajat eýlerem, eý, patyşah,
Tut maňa ähl dowany, bidowalara mefaz.

Kyl kerem towpykyňy ýar, eý, kerim-u bakerem,
Bolgaý ol nebsi-beladan masewalara mefaz.

Gaýybyýam, mähneti-derdi-bela köp çekmişem,
Kim dilär men, bolgaý sen biz mübtelalara mefaz.

## 60

Ýar sagyngaç köňül perýat edip her ýan barar,
Kim çykar jan hem jesetden bu dagy ol ýan barar.

Köýi-sährasyda yns etmiş keýikler içre, gör,
Ýüzlenip daglara Mejnunweş bolup urýan barar.

Her tarap ahym kuýun ýaňlyg düşüp bu deşt era,
Baş goýup ol hem köňül ardynça sergerden barar.

Derdi-pyrkatdan ezilmişdir ýüregim suw bolup,
Çeşme dek her dem rowan olmuş, gözümden gan barar.

Ýar diýip perýat eder men, kim eşidip ýar hem,
Rehm kylmaz nalyşymdan munça kim efgan barar.

Ýar bargaç gün: «Meniň yşkymda sabyr etsin!» diýmiş,
Neýläýin göz açynça bu ömür ötüp, döwran barar.

Arzuwy-wasl edip, bolmuş durar halym harap,
Gaýyby, bildim, ýakyn ahyr birewden jan barar.

## 61

Kapyr olsun her kişi yşkyňda bolmas, eý, nigar,
Pikrim oldur janymy yşkyňda kylaý men nisar.

Geldi janym çykaly, şah-a, lebiňiň şowkyndan,
Çekse, eý, goldap, pazlyň birle kylma hary-zar.

Çün görer husnuňy bir etwar ile köňlüm gözi,
Galar ol görmekde agzy açylyp diwanawar.

Heýli-hijranyň gelip, her dem kylar jan garatyn,
Kim ýesir eýläp, köňlümi ýygladar sen zar-zar.

Hiç terehhum kylmadyň kim bardylar janlar bile,
Men kibi derdiň çekip, älemde, eý, şa, kim bar?

Geltirip yşkyň hüjümin kim bulut dek başyma,
Ýyldyrym dek çakylar, yşkyň salar janyma nar.

Gaýybyýam, ýol ýitirdim zulmaty-hijran era,
Kyl bedel ýolumy röwşenlige, eý, perwerdigär!

## ❧ 62 ☙

Duduň her dem wujudym harmanynda ahlar,
Kim çykar ýanan kibi harmanda bergi-kahlar.

Mejnun-u Perhat hem ýansynlar ot içre mydam,
Başlady bu işi olar, goýdy resmi-rahlar.

Ol zaman kim akl, jan-u dil meniňle ýar idi,
Yşka düşgeç ýar terkim eýledi hemrahlar.

Ýar derdin hylwat içre eýle saklar men besi,
Kim bu syrryn aňlamaz hylwatda ki ägähler.

Yşk hijrany-hyýaly bozdy köňlüm şährini,
Lajerem weýran olar, köp bolsa kanda şahlar.

Ýol yrak, ýokdur imkanym ýetere menzile,
Kasr eder ömrümi bu ötdükçe mah-sahlar.

Eý, güneş, yşkyň jepasyndan aman ber, lutp edip,
Gaýyby biçäräge ölmese gähi-gähler.

## ❧ 63 ☙

Mesgenim Behlul kibi weýranalar bolmuş durar,
Hem ýene diwanalar hemdem maňa bolmuş durar.

Ne ajap diwanalar birle üns olmaklygym,
Eýle kim köňlüm alan jananlar bolmuş durar.

Pertowy-husnun görüp janlar guşy perwaz eder,
Ýanmak üçin barysy perwanalar bolmuş durar.

Haýsylar kim içdi ol ýaryň elinden bada kim,
Tä ebet ol aşyky-mestanalar bolmuş durar.

Gaýyby, ol şah-a müňkür boldy her kim akybet,
Kyldylar mahrum olup, biganalar bolmuş durar.

**64**

Her haçan köňlüme şowky-dilberi janan geler,
Zagyp eder köňlüm, ýüregimi, gözümden gan geler.

Yşkynyň täsirinden jismim tutaşar hes kibi,
Kim çykar azmyn kylyp her dem agyza jan geler.

Iltimasym ol durar, çyksa hyýaly birle jan,
Çünki ol demde maňa jan bermegim asan geler.

Eý, tebibi-sadyk-a, ölmäge derdi eýlese,
Wäh, haçan senden bu janym derdine derman geler.

Dembe-dem gam ilçisin köňlüme irsal eýleban,
Kasty-janym kylmak üçin leşgeri-hijran geler.

Dona sygmaý açylyp, geldi ferruhdan Gaýyby,
Hasta köňlümi sorara ýar eger myhman geler.

### ☙ 65 ❧

Dilber-a, yşkyň hyýaly köňlüm içre şahdyr,
Pyrkatyňdan sargarypdyr reňňi-roýum kahdyr.

Tapmaýyn waslyň wysalyn ýüz tümen enduh bile,
Ýyglamak birle hemişe işim ahy-wahdyr.

Aryzyň güldür welýekin, lebleriň sünbül-syýah,
Hatlaryndan sebzeýi-jennet juwanyň mahdyr.

Sed-hezeran Ýusuby-Müsür bolup yşkyňda zar,
Eý, ezizim, gullugyňda bendeýi-kasry-çahdyr.

Mesgenim sährada bolmuşdyr, enisim ahlar,
Leýli, Mejnun maňa bu köý era hemrahdyr.

Dergahyňdyr hajat ähliniň makamy, menzili,
Tapdy maksat onda her kim laýyk dergahdyr.

Gaýybyga jurgaýy-laglyň meýinden kyl ata,
Mustahaklara ganylar rehim kylmak rahdyr.

### ☙ 66 ❧

Sanma bilbildir, gülüstan içre aşyk janydyr,
Ony efgan kyldyran, dilber, gamyň hijranydyr.

Gül dagy onuň pyganyndan ýüregi ýarylyp,
Gunçalar kim baglamyşdyr—ýüreginiň ganydyr.

Ol tikenler kim onuň şahynda mesgen eýlemiş,
Kim sümeklere tikilgen ýar oky-peýkanydyr.

Bergler kim til-til ol her ýan açylmyş şak üze,
Hijir tygyndan dilinmiş aşygyň jesmanydyr.

Gülni, gör, bady-hazan ahyr ne ýaňlyg sowrar,
Bir bäş-on gün her kişi bu dünýäniň myhmanydyr.

Bu pena mülkünde, eý, adam, gurur olma husna,
Kim ýeter hupluk, ýakyn bu dünýä ahyr panydyr.

Gaýyby, berme köňüli dünýäýi-panyga kim,
Her kişi berdi köňül dünýäge, bil şeýtanydyr.

**67**

Kylsa ýarym seýir üçin her ýan çykyp nazzaralar,
Gamza tygyn ele alyp ýüregimi paralar.

Telbeläp Mejnun kibi düşsem beýabanlar sary,
Ýyglaşar perýadyma deşt içre seňňi haralar.

Geldiler jümle tebip-ähli alajym kylaly,
Galdylar haýran olup, derdime tapmaý çäreler.

Ýas tutup men dek gara geýmiş lybasyn her gije,
Dürri-eşgin dost yşkynda döküp saýýaralar.

Hyzyr ýaňlyg lebleriň aby-haýýatyn arzuwlap,
Zulmaty-hijranda galmyşdyr bu bagty garalar.

Men kibi tä subha deger-u gijeler bidar olup,
Her säher perýat eder köýüňde ýüz awwaralar.

Lutp edip kylgyl enaýat manzaryn, eý, dilruba,
Geldiler umyt ile waslyň diläp biçäreler.

Gaýyby, her niçe kim waslyň sary jäht eýleýir,
Ýoluny tutmuş durar, goýmaz rakyplar aralar.

**68**

Dostlar, kim ki düşer yşka, janyn bada berer,
Derdi-gamdan höwesin ah ile perýada berer.

Biakyllykdan erer ol ki goýup öz ýaryny,
Bihöweslikden kylban köňlüni kim ýada berer.

Aldama köňlüňi bu nebis ile dünýäge berip,
Akmakydyr ki köňül dünýäni bidada berer.

Bolsa kyl hyzmat ile kabyl mabuly-huda,
Hatyryn şat ediban murny azada berer.

Bes eger awçy iseň, nebis atyn owwal ýügürt,
Ki ryýazat bil Hak saýdyny saýýada berer.

Gaýyby, tende sowrul ki pelek gerdişinden,
Bolma gapyl ki seni bir gün oşol bada berer.

## ❧ 69 ☙

Her kişi kim hatyry naşadyma hemdem bolar,
Ol dagy men dek pyraky-derd ile pür gam bolar.

Gurbet içre men kibi her kim çeker derdi-bela,
Hijr odunda bagry birýan, gözleri pür nem bolar.

Zulum ile goýmuş rakyp janana hemdem bolgaly,
Her zaman ýolum tutup, garşymda ol mäkäm bolar.

Dostlar jähl atyna münmek olup zulum ähline,
Kim ki zulum üstündedir ömri bakasy kem bolar?

Ýar oluň yşk içre köýen ähli sadyklar bile,
Çün size olar şypadyr, derdiňize em bolar.

Gaýyby, yşkyň ýüki kaddymy kylmyş ýaý kibi,
Kim çeker bolsa bu ýüki kim meniň dek ham bolar.

## ❧ 70 ☙

Eý, senem, zülpüň ýüzüňde her haçan derhem bolar,
Aşyk ähline düşer gowga, ajap matam bolar.

Gözlerim ýaşy akyp andag ki gamgyn depg eder,
Eýledir ýagmyr durar arada, bulut kem bolar.

Aşyk iseň, eý, köňül, her dem nepes kylma deraz,
Ýara jan teslim eder aşyk ki katg dem bolar.

Eý ki diýr sen: «Wah, niçik emgek bile sabyr eýlediň?»
Werziş olsa her işe, adam oňa mäkäm bolar.

Diýmäňiz kim: «Daýyma kirpikleriň nemnäk erer?»,
Çeşme üzre lajerem kim sebze bolsa, nem bolar.

Yşk derdi agyrly kaddym ham etse tiňlemes,
Kuhy-kap üstüne salsa ger bu ýükni ham bolar.

Göz ýumup alym diýdi: «Pikir içre düşse Gaýyby,
Her geçiren söz bu köňlüm içre bir älem bolar».

**71**

Köňüli gün kibi röwşen kylan, dilber, hyýalyňdyr,
Muhapbet ähline zowky-sapa mähri-wysalyňdyr.

Tiriklik lezzetin jan riştesine eýlegen peýwent,
Ybaratda Mesyh enfaslyk şirin-u halyňdyr.

Ýüzüň görmüş dagy gül läle birle şermisar olmuş,
Kenary-bagynda, sährada anlar inpygalyňdyr.

Hyýaly-hatyryma gelmez özge ýüz dagy hergiz,
Dilimde zikrim-u pikirim seniň waspy-jemalyňdyr.

Hatty-halyň bile zülpüň meni söwdaýy kylmyşdyr,
Jahanyň mülküne pitne salan ol hatty-halyňdyr.

Seniň dek bu asyrda ýok durar husn içre baý olgaý,
Ki sür döwranyňy, ötürme kim ýagşy mahalyňdyr.

Onuň dek, Gaýyby, yşkyňda ryswaýy-jahan bolmuş,
Ki sen Leýlige manend bolsaň, ol Mejnun mysalyňdyr.

### ❧ 72 ❧

Gözlerim, dilber, gamyňdan misli baran aglaýyr,
Ýaş gelmez her göze, derdi-perewan aglaýyr.

Ne ajap köňlüm bozulanyn görüp ýyglasa ýar,
Her kaçan kim mülk weýran bolsa soltan aglaýyr.

Düşdi gül, ýarym ýüzün gördi ise, toprak üze,
Gördi ony bilbili-biçäre hem gan aglaýyr.

Dişleri dürri-jabe manend dökdi ýaşyn gözlerim,
Gördi özün, tuta almaý çün birýan aglaýyr.

Gaýyby, gör, läle hem sährada göwsün dag edip,
Mähnet içre men kibi ol dagy-urýan aglaýyr.

### ❧ 73 ❧

Muhublar hatyryma saldy hijran ýüz tümen gamlar,
Nädeý hesret bile aýryldy menden ýary-hemdemler.

Pelek ujynda hemdemlikde daýym şadyman erdiň,
Gijeler ýat edip ýaryň pyrakyndan köwäkipler.

Pelek öwrüldi, ötdi bilmegeý efsus ol demler,
Alajymy dile almas kylaý diýp ýary-mähremler.

Düşüp äleme yşk içre bolar men talyby-didar,
Köýeýin Mejnun kibi, urýan tenimde dagy-hijranlar.

Jahanda yşk era şah-u gedanyň parhy ýok ermiş,
Görer men yşk era menden beterdir şahy-agzamlar.

Pelek jebri, rakyplar tagnasy, ýaryň pyragyn gör,
Duşupdir başyma kim ol jähtden dürli matamlar.

Jepadan jan çykar pikirin kylyp gör kim,
Alajymy tapa almas kylaý diýip ýary-mähremler.

**74**

Yşk tugýany köňül derdin beýan etmek dilär,
Gizli syryn älem ähline aýan etmek dilär.

Esra almaý özüni diwanalyk binýat edip,
Bizi ahyr, gör, ne ryswaýy-jahan etmek dilär.

Takaty-sabrymy alyp, garat eýläp köňüli,
Akybet Mejnun kibi bihanyman etmek dilär.

Jan çykyp, azm etmek istär ýar sary her zaman,
Ýagny bu dawada özün binyşan etmek dilär.

Ýara diýdim kim: «Pena kylmakda maksadyň nedir?»,
Diýdi: «Ýabka rabbuke män külli fän» etmek dilär.

Diýdim: «Allahüm magfurly zunubi, ýa, Alla!»,
Bilmenem hatyf günähimni nahan etmek dilär.

Gaýyby, hesret bile janyma ýakyp yşk odun,
Gözýaşymy çeşmeler ýaňlyg rowan etmek dilär.

## 75

Nigar-a, yşk odun kylmyş besi bu janyma täsir,
Kyl indi pazly-yhsanyň maňa hijran güni destgir.

Gamyňdan bihuda olanda görüp waslyňy, näşat oldum,
Özüme gelenimden soň hyýal etdim düýşüm tagýyr.

Köňül tagtynda süýjük bir şahy muezzamdyr hyýalyň,
Topugyňda süýjük janym saňa men eýlemen tagsyr.

Köňül diwanaweş bolmuş, alyp baş gitmesin näge,
Gara zülpüň tanapyndan sal onuň boýnuna zynjyr.

Saçyň welleýl, ýüzüň bedr kamar-uş-şems diýmiş Hak,
Budur aşyklaryň daýym dilinde aýaty tefsir.

Bolup men yşk ile ryswa jahanda terki-ar eýläp,
Ezelden kysmat olmuşdyr melamat aşyga takdyr.

Gamyňdan, Gaýyby, şah-a, besi biçäre bolmuşdyr,
Diläp tapmas bu derdiňe kylara çäreýi-tedbir.

## 76

Aglaram hesret bile, aýnymdan akar ablar,
Eýle kim yşkyň ody janyma bermiş taplar.

Çeşme kim akdy, nädeý gelsin köňlüme hap hem,
Çyksa her ýerden, biliň suw kylsa bolmaz haplar.

Ýaş imesdir kim jerahatlyk ýürekden zähm edip,
Katra-katra ol syzyp bu kim geler hunablar.

Şerbeti-lagl pyrakyndan ýutar men gussalar,
Göýä zäher ezdi bolaý şerbetin unnaplar.

Zülpüniň ham-hamlygy ne çün bolupdyr eýle kim
Ýagny kylmyş köňlümi tartara ol goldablar.

Gaýyby, döwran heläk eýläre men dilhastany,
Kim bela etrabyndan içmiş durar ebwaplar.

## 77

Jamy-yşkyň mesleri her dem lykadan lap urar,
Jan berer ol haýmaýy-mülki-bakadan lap urar.

Jamy owwal sakyýy-baky elinden tartyban,
Ýaka ýyrtyp nagraýy-kal-u beladan lap urar.

Olaryň kim hany-many ýok durar bu dünýäde,
Zikri-hak birle gadam basyp semadan lap urar.

Çün kim olar iki gün bir jöwe almaslar satyn,
Wah, haçan dünýäýi-merdudy-myýadan lap urar.

Ol zaman şurydalyk kim aşyga peýda bolar,
Yşk lebbeýkin-jerimi kibriýadan lap urar.

Yşk iline iki älem köýünden söz sözlemez,
Çün bular ol älemi-lämüntehäden lap urar.

Çünki nadanlar köňül dünýäge bergeýler weleýk,
Kim erenler dembe-dem yşky- hudadan lap urar.

Gaýyby, aşyk bolup, sermesti-hak bolsaň eger,
Saňa kudduslar gelip, ol merhebadan lap urar.

**78**

Her zaman kim ýardan gelse, maňa ol sut olar,
Halka sut olsa, zyýan olmak maňa bähbit olar.

Aýbym etmäň yşk ody täsirinden ah eýlesem,
Ot ýanar bolsa haçan, eý, dostlar, bidut olar.

Dünýeýi-ukbyda Hakdyr kim myradym, özge ýok,
Aşyk, takyk bil, matlub oşol magbut olar.

Diýdiler kim bu köňül aýnasyn sap eýlegil,
Kim ki sap eýlär köňül, Hak şahydy-meşhut olar.

Zynaty-dünýä bile gel indi magrur olmagyl,
Yşk ile dergähide ajyz ile has-alut olar.

Kim ki Hak permanynda bolsa aýasyn has kim,
Çün tapyp Hakdan mürätip, ol kişi mahbut olar.

Nebis ile her kimse kim bil ajapla kebir eýledi,
Gähi ol Pyrgun sypat, gähi oşol Nemrut olar.

Gaýyby, Hak dergähinde eýlegil naz-u nyýaz,
Biwyjut olan her işiň bolsa bil möwjut olar.

### ☙ 79 ❧

Hoş ýazylmyş, dilber, ol ýüzünde hatty-hallar,
Yşk dessanydyr ol, ýagny ýazylmyş kallar.

Gördi her kim, eý, senem, husny-jemalyňny seniň,
Baş goýup, sarp eýledi yşkyňda mülk-u mallar.

Bag era seýr eýleseň, tagzym ile görgeç seni,
Inderer baş kaddyňa bag içre serwi-dallar.

Eý, peri, yşkyňda bu Mejnunlygymy taňlama
Saldy köp täsir yşkyň köňlüme ahwallar.

Bawer etmez sen neden, eý, dilruba, köňlüm üze?
Bu nyşany-yşkyň ermesmu kesilen dallar.

Hantamalyk birle, eý, dilber, jemalyň arzuwlap,
Derbe-derlik köýüne düşdüm bolup abdallar.

Köýi-yşkyň Käbesiniň halatydyr, eý, habyp,
Gaýyby biçäre, geýgen egnine bu şallar.

### ☙ 80 ❧

Aryzyň, dilber, sagadat birle jennet bagydyr,
Fi-l-misl zülpüň onuň üstündäki ýapragydyr.

Gerdi-gamdan näbina bolan gözüme totyýa,
Bas gadam döwlet bile kim aýagyň topragydyr.

Gül kibi köňlüň açylsyn kyl temenna, eý, habyp,
Çyk bu gün güller, çemenleriň perawan çagydyr.

Eý, lebi şirin, gamy-yşkynda men Perhat dek,
Gazaram dyrnak ile göwsümi mähnet dagydyr.

Ýeke-ýeke her tarap, eý, dilruba, kylgyl nazar,
Gaýyby biçäräniň, jisminde hijriň dagydyr.

## 81

Dostlar, yşky-hakykatyň hyýaly özgedir,
Kim çeker bolsa, onuň derdi-melaly özgedir.

Her kişige ýetse bu yşkyň hyýalyndan eser,
Älemi-manyda onuň syrry-haly özgedir.

Kylmasyn bilbile nisbet şygryny zagy-syýa,
Aşyk ähliniň hemişe kyly-kaly özgedir.

Güle manend läle hem geýmiş gyzyl donun weli,
Bag era emma gülüň husny-jemaly özgedir.

Aý, Gün gerçe tamamatdyr kemaly-husn era,
Ol gözeller şahynyň husny-kemaly özgedir.

Arzuw çekmiş Isgender çeşmeýi-haýwan üçin,
Hajaty aşyklaryň aby-zülaly özgedir

Yşk ähliniň, Gaýyby, zuht-ähli bilmez remzini,
Dersi-yşk içre okaýanyň hyýaly özgedir.

## ☙ 82 ❧

Her gije tä subh olunça gözlerimden ýaş akar,
Ýaş imes bagrym ýarasyndan açylan baş akar.

Niçe kim men saklaram nahan yşkyň syryny,
Zahyr eýläp derdimi eşkim ýüzümden paş akar.

Suzy-yşkym daşyny ger asa ahen dek erip,
Rehm edip aglar meniň halyma suw dek daş akar.

Gaýyby hem sen kibi ýaryň wysalyn isteban,
Sed-hezeran sili-çeşm aşyky-kallaş akar.

## ☙ 83 ❧

Köňülde yşkyň, eý şah-a, hyýalyň birle daşypdyr,
Muhabbet şowkydan köňlüm hyýaly hetden aşypdyr.

Iki älemde horramdyr sagadat birle, eý, dilber,
Diläp her kim seni, Hakdan wysalyňa ulaşypdyr.

Rowan olmuş gözüm ýaşy kylarda husnuňa nazar,
Garalyp gözlerim husnuň şapagyndan gamaşypdyr.

Besarat birle, eý, nazyr, letafet magdany içre,
Nigaryma nazar kylgyl ne hoş ziba ýaraşypdyr.

Wyjudym şährine ýetgeç hyýalyň bady zor eýläp,
Düşüp yşkyň ody ýüregimden tutaşypdyr.

Meniň dek Wamyky-Uzra bu ýolda sarp edip jany,
Olar hem hijr deştinde besi janlar dalaşypdyr.

Bolupdyr, Gaýyby, yşkyň hyýaly birle söwdaýy,
Gidipdir pähim edragy başydan, akly çaşypdyr.

**84**

Tutgaly köňlüm guşun ýaryň jemaly, haly bar,
Zülpünden dam-u ýene hem däne ýaňlyg haly bar.

Hijr era, eý, dostlar, sargarsa bilbil dek ýüzüm,
Taň imes ýaryň gyzyl gül dek ýaňagy aly bar.

Çün ganydyr husn ile ýarym, geda men iştiýak,
Parz olar bermek zekatyn her kimiň kim maly bar.

Zuht dagwasyn men goýup, yşk ile ryswa bolup,
Ýary söýmekden köňüliň yşk ile ahwaly bar.

«Alla! Alla!» Gaýyby, janym alara kast eder,
Gamzalar kim ol kylar hoş nerkesi kutdaly bar.

**85**

Meniň bir gunça leb dildar üçin girýanlygym bardyr,
Perişan zülpi söwdasynda sergerdanlygym bardyr.

Hyýaly-yşyk şowkyla başymda hemişe täji-döwletdir,
Köňül şowk ile horramdyr, ajap soltanlygym bardyr.

Gözüme hap gelmez hiç gijeler subh olynça,
Ki bir aý çihre ol dildar üçin haýranlygym bardyr.

Meni kem görme gözümden akan ýaşym görüp, eý, mug,
Pyragy-hijr ile müň sençe eşki-efşanlygym bardyr.

Fuzuly jamy-meý terkine diýdi özüne nadan,
Çü men terk eýleban, Gaýyp, ki bu nadanlygym bardyr.

## 86

Ýüzüňi görmüşem, jan-a, ajap haýranlygym bardyr,
Perişan görmüşem ýüzüň, besi girýanlygym bardyr.

Düşüp men telbe Mejnun dek perişan kuhy-sähraga,
Bu wadyda meni gör kim ne sergerdanlygym bardyr.

Jahan ähli gaçyp jebri-jepaňdan olsalar bedhal,
Meniň köňlüm olup hoşhal, oňa handanlygym bardyr.

Meni köýüňde pakyr mesgenetde eýle bilgil kim,
Geçip bolgyl özümden topraga ýegsanlygym bardyr.

Jahan çöpi çyrasyndan meni yşk eýledi paryg,
Parahatlyk çekere, Gaýyby, tarhanlygym bardyr

## ❧ 87 ☙

On sekiz müň älemiň fahry Resululladyr,
Asly zaty, päk-owaz, nury-weçhi Alladyr.

Ýüz ýigrim dört bary geçen resul hem enbiýa,
Kuhy-Turda ummata arzuw Kelimulladyr.

Kim ykrar eýlemez bolsa, ony berhak bilip,
Iki dünýäde biliň takyk ony gümrahdyr.

Rehmetun-lilemindir hem şafygyl-müzhebin,
Jümle halkyň derdine gelen Habypulladyr.

Bu şerigat heddi-Ybrahym durar, eý, Gaýyby,
Hem atasy tabyg bolan Habypulladyr.

## ❧ 88 ☙

Jany-dilden ol Resula ýar olar Syddykdyr,
Owwal ykrar eýleban dildar olan Syddykdyr.

Gar içinde mar zähmine özüni garşy tutup,
Taňrynyň dostuna ýary gar olan Syddykdyr.

Peýki-hezret ýetişip, onda hyrydar oldy bil,
Eşki-çeşmi göwheri-şehwar olan Syddykdyr.

Husnuň suraty ýetişgeç Çyn şährine deňiç,
Dini-yslam açylyp, yzhar olan Syddykdyr.

Gaýyby, köňlüňi bagla sydk ile Syddyka,
Hak ýolunda serweri-salar olan Syddykdyr.

### ❧ 89 ☙

Adyl içinde gyly iki ýaran ol Farukdyr,
Heddi urup ogluny, takyk öldüren Farukdyr.

Münber üzre «Eljebel!» diýiban yşarat eýlegeç,
Saryýaga nusrat olup ün beren Farukdyr.

Şeýle ýarlyk ýazdy ol derýaýy-Nile hököm edip,
Akman duran suwuny akdyran Farukdyr.

Gelgeç ok yslama, ol butlary eýläp sernegun,
Küfr iline gahr ile haýbat süren Farukdyr

Gaýyby, kyldy beni wesýet Aly birle oňa,
Hyrkany diýse ikäwlen geltiren Farukdyr.

### ❧ 90 ☙

Bil üçünji Hak Resulnyň ýary Zünnureýndir,
Iki gyzyn aldy bu güftar Zünnureýindir.

Bolmady deň kimse bu hökmi-haýa içre oňa,
Bu edep-hormat oşol yzhar Zünnureýndir.

Mustapa düz oturyp gelende ýygşyrdy aýak,
Sargaran bu işde ol ruhsar Zünnureýndir.

Bagryny gan eýleban Gurhany jemg etdi tamam,
Bu iki nowg üzre ger didar Zünnureýndir.

Gaýyby, ýüzi garadyr kim ki berhak bilmeýin,
Jähl ile köňlünde ger inkär Zünnureýndir.

**91**

Muhyblar jümläge janan Alydyr,
Kamug dertlilere derman Alydyr.

Pygamber azmy-magraç eýlegende,
Görüp gorkan oşol arslan Alydyr.

Ki arslan elinden Selmany parsy,
Alyban gutaran merdan Alydyr.

Kamug heýl ähligе bolan sezewar,
Kim ol soltany sermestan Alydyr.

Kemine Gaýyby, çagyr Alyny,
Kamug syr işlere aýan Alydyr.

**92**

Şugla çekmiş yşk ody, jismimde her dem ýanadyr,
Hasta janym ýanaly ol şem üçin perwanadyr.

Jugd dek perýat eder köňlüm guşy her ruzy-şeb,
Eýle sangyl kim wujudym filmesel weýranadyr.

Hesretinde ol habypnyň gözlerimden gan akar,
Katraýy-neýsana meňzär lülü˙ dürdänedir.

Men kibi yşkyň belasyn her kişi kim çekmese,
Diýmegil älemde ony aşyky-merdanadyr.

Zahydyň maksady oldur jennete wasal bola,
Aşykyň maksady, bilgil, dilberi-jananadyr.

Ýetmeýin waslyna ýaryň, döze bilmen yşk ile,
Ýok karary, yşk oduna gije-gündiz ýanadyr.

Gaýyby, yşkyň sözünden kim ki sözlär özge söz,
Hatyryma ol geler kim ýüz gam-u efsanadyr.

## 93

Şugla çekmişdir köňülden yşk ody tugýan kylar,
Ýanmagym ger biledir, ahyr meni birýan kylar.

Gussaýy-döwran ile hem tagnaýy-jebri-rakyp,
Bu jepalardan niçik çykaý, bu sabry-jan kylar.

Kast oldur kim meni öldürse, sormaz halymy,
Ýagny bilmeze salyp, ýar özüni nadan kylar.

Bir enaýat eýle kim zagfym humaryn dep eder,
Çün şypadyr jurgaýy-laglyň ony asan kylar.

Zulum edere köňlüde ger bolmasa ilge jepa,
Ne sebäpden görsetip, ýar özüni pynhan kylar.

Ataşy gül hesretinde ýanmasa bossan era,
Bilbili-biçäre men dek neçün efgan kylar?

Gaýyby, kämimni talh etmiş bu hijran ajygy,
Dep eder şirin lebinden ýar kim yhsan kylar.

**94**

Ýarym çe hyýal eýläp, başyna çeçek sanjar?
Segredeli meýdanda at bilge etek sanjar.

Her lahza tiken ýaňlyg haşm ile nazar kylgaç,
Müjgänlerini bilmän bagryma netek sanjar.

Çün bady-hyýalyndan yşk oduny tiz etmiş,
Bir dem çeke almas men, andag ki ýürek sanjar.

Çendan ki jepa tygy zähmetlerini görmiş,
Ten tebrene almasdyr, nägah sümek sanjar.

Eý, Gaýyby, derdimi bir nije diýsem ýara,
Ol derdi-bela nişin dagy öteräk sanjar.

**95**

Dünýäýi-panyga bak, ahyr pena kylgysydyr,
Bir wepa görsetdi, emma ýüz jepa kylgysydyr.

Kim bu gün bu maly-mülk ile gurur etmiş bizi,
Taňla gördüň dar lahat içre reza kylgysydyr.

Derhalal kim bize nä dünýäde jem eýlediň,
Oňa san istäp, ýene jana jeza kylgysydyr.

Gerçe kyldyk aýşy-nuşy, şerbeti-gandy unnap,
Talh-u jan bu gün ony hem bimaza kylgysydyr.

Gaýyby, bir gün ajal jamyn lebe-leb eýleban,
Janymyza zäher katyl dek kaza kylgysydyr.

## 96

Hassadyr jan yşkynda, köňlüm weleýkin şat erer,
Ne ajapdyr bu ikisi bir-birine ýat erer.

Zulum ýetgireý, pelek, köňlümi görgeç yşk era,
Derdi-mähnetler bilen daýym işi perýat erer.

Tün-Gün çykmaz hyýaly hatyrymdan bir zaman,
Hem dilimde zikriýi-şerhi onuň owrat erer.

Iki kapyrdyr gözi, her biri bir fan içre kim,
Biri sagyrdyr, biri gan döküji jellat erer.

Gaýyby, ýok sen kimi çeken jahanda derdi-yşk,
Görse halyň taňlagaý Mejnun, eger Perhat erer.

## 97

Syrry-zülpüň ki seniň lagly-Badagşana deger,
Sena eýle sanar men, ki gara jana deger.

Ýüregim gan oluban gussadan agzymga geler,
Sunsam elgimni eger agzym oşol gana deger.

Görüň ol ýüzi gara mutdagy kim ýar bile,
Söhbet olmak ne rowadyr, ki bu nadana deger.

Diýme waslyňga ýetişmäge nesip ýok imiş,
Kim ki aşykdyr, aňa dilberi-janana deger.

Üzüler rişteýi-janym ki aňa baglu erer,
Açylyp ukdalyg ol zülpige kim şana deger.

Yşkyň ot saldy meniň janymga, bagrym ýanadyr,
Çeksem, ahym ýetip, ol künbedi-gerdana deger.

**98**

Barymyz, eý, dilruba, waslyňga köp umydywar,
Kylmagyl mahrum edip bizni pyrak odunda zar.

Mahlykalar garşymyzda gerçe kyldy jilwe köp,
Köňlümi hiç kylmady senden jyda biygtyýar.

Gelse peýgamy hakykat äleminden ol ýarymyň,
Dostlar, kylmak gerek mülki-Hyjazyndan güzar.

Yşk bähri içre guwwas magrypetden dür çykar,
Kim hyrydar olsa olsun dürr-u simi-şahwar.

Aşyga bolmak miýesser ýar wasly birle şah,
Bu durar tagty-sagadatdyr ki birle paýdar.

Toty köňlüm gözgüsin zeňgar tut kim jamy-wasl,
Köňlümizde galmasyn bir zerre mähnetden gubar.

Gaýyby, ýaryň hyýaly tutdy köňlüm mülküni,
Patyşahydyr mugazzam tagt eýesi namydar.

## ❧ 99 ☙

Men kibi älemde her kim kimse jananyn söýer,
Jany-ten eýlär pida, yşkyndan permanyn söýer.

Ýary jebirinden gaçyp, bolma ölüme arzuw,
Kim ki namartdyr gaçan müşgülden, asanyn söýer.

Ah ile efganymy aýyp eýlemäň, zahyt, meniň
Resmdir magşuklar, aşyklar efganyn söýer.

Aşyk olan terki-jany-mülki mal etmek gerek,
Dagwaýy-yşk etmesin her kimse kim janyn söýer.

Gaýybynyň ganyny dökmek dilär sen, eý, rakyp,
Tizräk bol, içeli, ýar itleri ganyn söýer.

## ❧ 100 ☙

Haly-syýahyň, eý, senem, kim bu ýaňak içindedir,
Läleýe meňzär eýle kim gap-gara dag içindedir.

Aryzyň üzre zülpüňe gondy köňül, efgan eder,
Bilbili-natuwandyr ol, ýagny ki bag içindedir.

Mündi hyýal atyna, ýar özüne zynat eýlemiş,
Zip ile husn-u algatyn, gör, ne Byrag içindedir.

Kim bu nabaty-şekeri kaýda dilär sen, eý, köňül,
Bal ile gandy-şekeri sor, bu dodak içindedir.

Hasta köňül hyýaldan daglara düşdi telbeläp,
Bilmez özün bu wadyda, mesgen bu dag içindedir.

Yşk odunyň kim ahgeri bagrymy şeýle köýdürer,
Saldylar oda bagrymy, misli ojag içindedir.

Kirpikleriň kim oklary synama sanjylyp durar,
Gaýyby, gezbe-gez ony, gör, ne sagdag içindedir.

**101**

Nigärim eýle kim näz ile göze sürme tartypdyr,
Meniň janym alara göýä ol göz garardypdyr.

Ki ýarym gaşynda huplar lybasyna zip etmiş,
Näge almazlar oňa ýüz-müň egerçe söz agyrdypdyr.

Ezelden ýar idi, ýaryň bakaýy husny-behemta,
Besi owalkydan gördüm ýene ýüz dafga artypdyr.

Enaýat manzaryn kylsaň bolar jan sebz olup horram,
Meniň dek ýüz tümen janlar ýetip lutpyň gögerdipdir.

Sararan aryzym reňňin görüp diýmäň: «Ne olmyş hal?»,
Regi-rişim kesip, hijran meni mundag guradypdyr.

Tamalar eýleban boldum geda bir posa üçin,
Meniň dek göz garalyklar kylyp, kim ýüz sarardypdyr.

Bolup yşkynda bitakat nebsini gäh tartar men,
Olarda, Gaýyby, andag kişi kim jan dar ertipdir.

**102**

Niçe aldar sen meni, eý, dünýäýi-biygtyýar,
Bolmasaň ýar ile kim sen, bir köý awaraýy-ýar.

Aldadyň ýüz hile birle, köňlümi aldyň meniň,
Wah, ne nadanlyk kylyp, berdim saňa ygtyýar.

Aňladym senden medet ýokdur, wepa bir zerreçe,
Çekdim elim damanyňdan, bolmasa indi kenar.

Her zaman ýüz pitne binýat eýlemekdir eýleýip,
Bolmady bu çarhy-gerdanyň seniň hiç berkarar.

Gaýyby, üzdi seniň mähri-tanapyňdan köňül,
Bildi kim seni ýalançy, sen wepasyz bimydar.

**103**

Nazar kyldym ýüzüňe, eý, seýri-şemg hedaýatdyr,
Ýetilmiş bagy-husnuň gaýeti kim binihaýatdyr.

Hyýalyňdan imes haly köňül bir lahza, eý, dilber,
Dilimde şerhi-owsapyň gije-gündiz hekaýatdyr.

Beladan ýüz öwürmez men, eger ýüz-müň bela gelse,
Hyýalyň köňlüme kuwwat, maňa yşkyň hemaýatdyr.

Ne bilsin yşk ahwalyn, nedir ol zahydy-hudbin,
Hemişe aşyga işi onuň tagny-melamatdyr.

Diýseň Gaýypga bir gez ne bolgaý, şah, bendäm sen,
Maňa üşbu sözüň billa besi lutpy-enaýatdyr.

**104**

Yşkyňça tugýan eýlemiş, köňlüm hyýal üstündedir,
Düşmüş uzak söwdalara, bilmän nehal üstündedir.

Ki şowk ile bu älemi seýran eder başdan-başa,
Ki mähneti-enduh ile ýüz-müň melal üstündedir.

Bildim hyýalatym nedir, ol ýara jan bermek dilär,
Kyldym bahyl ganymy men, yşkym jelal üstündedir.

Derdim bolup bihet ýene, halym harap etmiş besi,
Çykmaga jan gelmiş ýakyn, müşgil hyýal üstündedir.

Her dem dilär men Taňrydan ýarym zowaly görmesin,
Gördüm nigärim husnuny, esrik kemal üstündedir.

Janym guşun çykmaklygyn bir jüýje görmän, Gaýyby,
Andag ki köňlüm dembe-dem şowky-wysal üstündedir.

## ❧ 105 ☙

Jan saňa ne ygtyýar, döwran saňa ne ygtybar,
Döwlet şady, gamy-hijran, saňa ne ygtybar.

Eý, köňül, her dem hyýalat içre eýläp sen hyruç,
Wah, ki tartar sen meni her ýan, saňa ne ygtybar.

Eý, teni mesgen gara toprak ile ýegsan olup,
Kim galar sen akybet weýran, saňa ne ygtybar.

Akyl-u pähim, sen dagy köp raýy-tedbir eýläýin,
Pikre düşdüň biser-u saman, saňa ne ygtybar.

Gaýyby, ýarym diýer: «Köňlüňi hoşhal eýleme,
Ger ajal ýetse, eýa, nadan, saňa ne ygtybar?».

## ❧ 106 ☙

Eý, kuýaş, ten mülkünde yşkyň töwellasy nededir?
Janymny hut aldy, imdi bu temennasy nededir?

Akl-u, huş-u, sabry köňlümi çü garet eýlemiş,
Köňlüm içre ýene munça bu tefazasy nededir?

Ruzy-röwşeni köňlüme tire görsetmiş gamyň,
Köňlüme, eýa, ýüzüň zulmy-ezafasy nededir?

Men hut öldüm, ýar, köýünde jepaýy-dert ile,
Bu rakyplaryň ýene başymda gowgasy nededir?

Zahyt aýdar: «Goý bu gün, taňla talap kyl maksadyň»,
Nagtyny nesýäge bermeklik kefaýasy nededir?

Niçe kylsam peşgeş janymy, kim kylmaz kabul,
Dartynyp durmakda bu köňlüň eradasy nededir?

Gaýyby, jandan geçip, yşkyň höwesin kylmaz,
Bu älemden geçip, terki-teberrasy nededir?

### ♣ 107 ♣

Her kişi bir ähli-dil birle ki hemsöhbet bolar,
Daýyma Hakdan oňa kim geleni rehmet bolar.

Hemdem olsa, waý, eger bir jahyl-u nadan ile
Gije-gündiz gördügi jebri-jepa, zähmet bolar.

Kim ýamanlaryň işi daýym jepa-jebir olar,
Ýagşylaryň arasynda yzzat-u hormat bolar.

Patyşahym, hyzmatyňda kim durup men, kyl kerem,
Hojadan lutpy-atadyr, bendeden hyzmat bolar.

Gaýyby, sen zary bolgul, her ne gelse sabr edip,
Kim saňa ruzy-ezel Hakdan ne kim kysmat bolar.

### ♣ 108 ♣

Jemalyň gördüm, eý, dilber, diýdim mahy-tamamatdyr,
Kaddyň bagy-behişt içre döregen serwi-kamatdyr.

Jepaýy-yşk ki her kim bu gün munda çeker bolsa,
Kim ol ruzy-kyýamatda, biliň, ähli salamatdyr.

Diýerler rawylar, taňla kyýamat bolgusydyr diýp,
Ki aşyklara ýaryndan jyda bolmak kyýamatdyr.

Iki gaşyň seniň, jan-a, ajap mähraby-münberidir,
Ýüzüňiň mesjidinde hem iki aýnyň ymamatdyr.

Saňa, eý, Gaýyby, ýarym diýse bir gez aýagynda,
Ne hoş yzzat, ne hoş hormat, ne hoş lutpy-keramatdyr.

## 109

Sözlemişde ol agyz kim gunçaýy-handan bolar,
Çün tebessüm kylsa, älem gülşeni-ryzwan bolar.

Zerrelere düşse ger mähri-jemaly-pertowy,
Zerreleriň her birisi hurşydy-taban bolar.

Pyrkatynda zülpüniň köňlümde bar haly ajap,
Dembe-dem halym perişan, pikrinde haýran bolar.

Baglama köňlüň jahanyň köşk ile eýwanyna,
Ahyry weýran bolup, ol ýer bile ýegsan bolar.

Her haçan kim aşyga kär etseň ol kim ataşy,
Tä ebet ol bu muhapbet oda kim birýan bolar.

Diýmäňiz sözüm mejazy yşkynyň tagsyrydyr,
Her suz kim ol hakykatdan geler, birýan bolar.

Ol weliler gullugynda bol hemişe, Gaýyby,
Kim weliler gullugyn kylsa, şehi-döwran bolar.

### 110

Ýary yşkyň oduna her kim düşer, birýan bolar,
Dep ede almaz köňül derdin, heläki-jan bolar.

Älem içre ýok kararym kyla sen aram-sabyr,
Tä wysalyňdan jyda her birige zyndan bolar.

Nalaýy-ählin düzüp, deşt içre perýat eýlesem,
Daş erip, dag ornundan gopmak üçin efgan bolar.

Sorma yşgyň resmi-rahyn, eý, parahat-ähl kim,
Men kibi her kim düşer bu ýola, sergerdan bolar.

Delmirip bolanda köňlüm tä binaýy-asman,
Nem alyp, tartyp bulut, ýüzüme kim baran bolar.

Men kibi ýaryn diläp, her kim köýer bolsa, ne gam,
Her çykan dut onda sünbül ýanan ot reýhan bolar.

Alaç eýläň at daşda, hylgat zininde gam degil,
Hak mubah eýlär daşyn, kimiň içi urýan bolar.

Gaýyby, derdiňi zahyr kylma il köňline kim,
Bozular köňli onuň, agzynda bu dessan bolar.

## ☙ 111 ❧

Ol baran çeşmim öňünden serwi-kaddy, ragnamadyr?
Ýa döregen jennet içre tubyýy-aglamydyr?

Turraýy-zülpimidir her ýan ýüzine salyban,
Ýa meniň başyma düşen ol gara söwdamydyr?

Gül ýaňagy hasratynda nala kylan elmydam,
Murgy-ruhumdyrmy ýa hut bilbili-şeýdamydyr?

Dembe-dem köňlümi ýagma eýleban janym alan,
Sahy dilkeşmi ýa ol nerkesi-şehlamydyr?

Ol keman ebrumy, ýa kirpikmi, ýa näwik oky,
Ol ýa hefe agzy ataş, ýa lülü˙ lälemidir?

Dilmidir andag kim ol şirin tekellümler kylar,
Bilbili hoş tenmi ýa, ýa toty göýämidir?

Şuhluk peýda kylyp, janyma otlary salar,
Ol rehimsiz mugbeçe, ýa kapyry-tersamydyr?

Ruýbe-ruý derýa çeşmeler her ýan gözüm ýaşyn döker,
Ýa huw! Tupandan açylan bir uly derýamydyr?

Yşkmydyr şurydalyk peýda kylan her dembe-dem,
Ýok ise, eý, Gaýyby, başyňda bir gowgamydyr?

## ❧ 112 ❧

Dilruba, yşkyňda janym natuwanlar ýyglaşar,
Pyrkatyňdan ah urup, aşufta janlar ýyglaşar.

Dözmeýin derdime, tartyp ýüze matam hylgatyn,
Nala başlap kim bu tünler, asmanlar ýyglaşar.

Köýi-yşkyňdan perişan haly-zagyfymy görüp,
Jem bolup başyma ýary-mähribanlar ýyglaşar.

Gözlerimiň aglamagyn hut ne taryp eýläýin,
Hem beebanlarda wagşy bizybanlar ýyglaşar.

Nury-husnuňdan bir uçgun düşse ger her kime, ýar,
Ol hararatdan besi tartyp pyganlar ýyglaşar.

Eý, şehi-älem, ýüzüňden maly-mülkin terk edip,
Gaýyby dek ýüz tümen bihanymanlar ýyglaşar.

## ❧ 113 ❧

Her kimiň kim dünýäde bir serwi-kaddy bardyr,
Bes ki perýady-pygany, ahy meddi bardyr.

Yşk era ryswa bolana aýyp kylmaň, ähl zuhd,
Çün ezelden yşk iliniň beýle seddi bardyr.

Kylmaňyz tagsyr gelse eliňizden ýagşylyk,
Ýagşylygy köp belaga bes ki reddi bardyr.

Biasyllardan hata köp waka olar, dostlar,
Ýok hatasy her kimiň asyl heddi bardyr.

Gaýybyga her nepes kim gelse gaýpdan geler,
Ýok bu mowzun şygyr aýtmaga ne hetdi bardyr?

## ❧ 114 ☙

Eý, pelek, neçün seniň döwrüňde ýar elden gider?
Ýar ile kylan ýene kowl-karar elden gider?

Ygtyýarsyz, eý, pelek, kyldyň meni ýardan jyda,
Neýläýin ol dilberim biygtyýar elden gider?

Leşkeri-hijran ile gam doldy kalbym şährine,
Köňlümi şat eýläýin, ol gamgüsar elden gider?

Aýyp kylmaň her zaman efgany-zar eýlesem,
Eý, muhuplar, suraty ziba nigar elden gider?

Gaýyby, Hakdan dile, kim ýetmesin bady-hazan,
Çün hazan wagtynda bilgil, gülgüzar elden gider?

## ❧ 115 ☙

Ýüzüň sypatyny yşk ile apytap okar,
Hyýalyňy müşki-nafeýi-zülpüň nap okar.

Düzmüş sypaty-husnuňy aşyklar mydam,
Ebýaty-beýt, gazaly-şygyr ile kitap okar.

Bilbil tarahhum ile şerhi-gül jemalyn aýdar,
Taňla gül onuň sözüne her dem jogap okar.

Şerh gerçe huplara bakmak günä imiş,
Aşyk baksa bu günähi kim ol sogap okar.

Jebri-jepalaryňy görüp, aňla mutdagy sözün,
Üns berip hemişe aýaty-künt turap okar.

Şanyňa kim ki saňa gulluk eýlämiz,
Gaýyp, hemişe derd ile renji-azap okar.

**116**

Eý, köňül, gam deştinde özüňi meýdandan göter,
Gamda goýma janyňy, enduhy-döwrandan göter.

Gel ynanma hyşmaty-jah ile mülki-malyňa,
Kim sagyn ybrat ýene şahy-Süleýmandan göter.

Dünýä panydyr, eger ukba dilär bolsaň, köňül,
Geç bu pany gullasyndan, şowky-janandan göter.

Isteme ukby-mukaýýyt bolsa jennet mülküne,
Aşyk ol didara, meýliň hüýri-ryzwandan göter.

Diýme takat eýleban tapdym hullas ol ukbada,
Pazly-hak birle ýene minneti-imandan göter.

Akyl-huş erseň, amal kyl tejribe birle mydam,
Pent bile hikmetşynas ol, pendi-Lukmandan göter.

Gaýyby, sen ger kemal olmak dilär sen, tabyg ile,
Söhbeti-yrfana gir, tabyg-ähl erkandan göter

### ❧ 117 ☙

Ýar, husnuň şuglasyndan nury-iman görüner,
Saçlaryň söwdasyndan hem kapyrystan görüner.

Husnuň etrapyna uşşak ähli kim eýlär nazar,
Sünbüli-ter, gülşeni-bag ile bossan görüner.

Hokgaýy agzyň dem ursa kim Mesiha dek meger,
Aby-haýwan birle dürr-u lagly-merjan görüner.

Seýr kylsaň azmy-jöwlan eýläp ol bossan era,
Wah, ne ragna kamaty-serwi-huraman görüner.

Yşk ilin ýygsaň, eger heşmet satyna çykyp,
Bu zamanda diýrler ol Soltan Süleýman görüner.

Heşm ile eýläp nazar, tikdi maňa näwük okyn,
Her niçe kylsam nazar, jismimde peýkan görüner.

Eý, Mesihim, ger meni tirgüzmeseň laglyň bile,
Çykaly gelmiş ýakyn agzyma kim jan görüner.

Istemen hergiz jahanda jenneti-ryzwany men,
Sensizin jennet maňa gözüme zyndan görüner.

Gaýybyga derdi-hijriň çekmekden, eý, habyp,
Hesretiňde şowk ile jan bermek asan görüner.

### ☙ 118 ❧

Muhapbet jamyny tutmyş maňa ol saky görsünler,
Ýeter ol jamydan kämi-muhapbetiň baky görsünler.

Uçar köňlüm guşy eýläp howa ol jamy noşydan,
Çykyp arş üzre seýran eýlär, ol heft daky görsünler.

Mukaddam yşk ili berende jan köp eýledi tagtyl,
Niçik janyn berer bir demde, bu muştaky görsünler

Maňa jan bermek asan boldy ýara, ýara jan almak,
Bedel bossan kylanlar bermegi, almagy görsünler.

Ne taň gülzar husnundan jahany tutsa efganym,
Ne taň efgan kylar ol bilbil gül çagy görsünler.

Eger gam deştinde ýalan diýseler ýaşa gark olmak,
Pyrak içre galyp men natuwan ýyglaky görsünler.

Maňa bagy-behişt, eý, Gaýyby, ýaryň jemalydyr,
Kişi kim jennet istär, bag ile bulaky görsünler.

### ☙ 119 ❧

Eý, muhublar, syzlaşar bagrymda çykan başlar,
Ýüregimiň ganydyr gözümden akan ýaşlar.

Nala kylsam gijeler men dert ile perýat edip,
Ýyglaşarlar dözmeen derdime dagy-daşlar.

Yşk era Perhat, Mejnun birle men hemra idim,
Wah, ki men galdym olardan, ýat eýlär ýoldaşlar.

Yşkynda ýüz men kibi biçäreler jan oýnaban,
Wah, ki ahyr bergisidirler bu ýolda başlar.

Dürli efganym eşidip, ýyglaşar wagşy tuýur
Her biri, gör, kim hudaýa namasyny başlar.

Kim düşer bolsa bu ýola men kibi tejrit olup,
Dünýäniň sudy-zyýanyn kim başyndan başlar.

Gaýyby, yşk içre jandan geçdi dünýäden dagy,
Hoş galyň dünýäde siz, eý, kowum ile gardaşlar.

**120**

Gam leşgeri köňlümi harap eýlemek islär,
Hijran ody bagrymy kebap eýlemek islär.

Her lahza bulut ýaňlyg zülpüni salyp ýarym,
Gün dek ýüzüne any nykap eýlemek islär.

Meýil etdi, rakybyň sözüne gulak saldy ýar,
Men aşyky-misgine atap eýlemek islär.

Gullukda diýsem barmy meniň dek saňa hiç gul?
Ýüz-müň gul adyn tutdy, hasap eýlemek islär.

Waspyny düzüban dilberiň şygyr ile, Gaýyp,
Yşk ähli era töhfe kitap eýlemek islär.

## ❧ 121 ❧

Talgatyň mahy-tabandan şol sünbüli-pertaplar,
Düşmesin diýp il gözi, ýüzüňi her dem gaplar.

Ýol-ýol jismimde tamgalar çekip kyldy nyşan,
Yşk odunyň hyrkatynda gaýnagan simaplar.

Köp düzetdim husny-tarypyňda ebýaty-gazal,
Ýagny yşkyňda muhaýýa eýledim esbaplar.

Nazmy-şerhiň aýta alman galdylar haýran olup,
Hurdadanlyk eýlegen wakyp ulul-ebwaplar.

Ne ajap yşkyňda ger diwana diýrlerse maňa,
Haýsy Leýli yşky Mejnun eýledi elkaplar.

Zahmy-hijranyň meniň bagrym gara gan eýlemiş,
Garylyp her dem akar ýaşym bile hunablar.

Şöhle salan saýy husnuň boldy jismim gap-gara
Ten gararar gün ki yssylykda berse taplar.

Kim pyrkatyňdan neteý jebri-jepalar çekdigim,
Aňlamazlar eýle kim wakyf bolup ehbaplar.

Ýüzde halyňdyr hejreswet sypatly, eý, nigär,
Käbe ýüzüňde erer, gaşyň iki mähraplar.

Gaýyby, şirin lebiň güftaryndan tapdy huzur,
Saçylar şirin sözüňden gant hem unnaplar.

## 122

Isterem aý dek ýüzüň, dilber, garaňky gijeler,
Zar olup men, gözlerime gelmez uky gijeler.

Gijeler dertli pyganym eşidip, rehmiň gelip,
Ne bolar sorasaň gelip, halymy garşy gijeler.

Özgeler mährem bolup, men telbe mahrum bolanym,
Köp bolupdyr, ekseri köňlümde gaýgy gijeler.

Wah, ki gündiz halk ile her nowg köňlüm aldanar,
Kär eder derdi-gamyň janyma esru gijeler.

Telbeläp gitgum geler her dem beebanlar sary,
Pikir ile uran saýy başyma ýüz köý gijeler.

Şowk ile yşkyň hyýaly geldigiňçe köňlüme,
Tartaram perýat edip, her lahza «Ýa, hüw!» gijeler.

Gark olupdyr ýyglamakdan, Gaýyby, biçäre gör,
Gözlerimden aryk-aryk kim akar suw gijeler.

## 123

Şöhle çekmiş yşk ody, eý, dostlar, hoş ýanadyr,
Ýandykça jany-dil her dem oňa perwanadyr.

Gaýnaýyr şowk ile bagrym, ýüregim suw kylyp,
Gözlerimden akdygynça lülü˙ dürdänedir.

Yşky-tugýan bile külli-penaýy mutlagym,
Garkam ol suwda, älemden köňül bigänedir.

Içmeýin mest olmuşam meýhana ähl jurgasyn,
Ýagşy esruklygym ol nerkesi-mestanadyr.

Gerçe ajyz men bar işde, gadar ermes men weli,
Talybam ol ýar üçin, aşyklygym merdanadyr.

Bent edipdir men köňülni zülpüň zynjyryna,
Togtamaz her kimse kim bent etmän diwanadyr.

Ýandygymça neýläýin esir-u begaýet ýanaram,
Wah, ki bu otlar salan janymga ol jananadyr.

Gaýyby, köňlümni katg etdi jahanda külli-yşk,
Artdyryp derdim meger kim kasdy onuň janadyr.

**124**

Nigar-a, mähri-ruhsaryň güneş nurynga galypdyr,
Meger Hak nurydan pür nur seniň ýüzüňe salypdyr.

Onuň dek neşweýi-katl seniň gamzaňda zahyrdyr,
Kylyban köňlümi garet ki tartyp janym alypdyr.

Jahanyň mülki-esbaby gözümge çüýçe görünmez,
Dilär waslyň wysalyny, köňül yşkynda talypdyr.

Eger toprak olup jismim, nigar-a, ýelge sowursam,
Hyýalyň gitmez, eý, dilber, wyjudym içre galypdyr.

Tagaly-işana-ekser munuň dek suraty-husyn,
Ajaýyp gudratyndan, gör, ne hoş, ziba ýasalypdyr.

Düşüp guwwaslar ýaňlyg ki yşkyň bährine Gaýyp,
Dilär ol göwheri-waslyň, ne hoş suw içre dalypdyr.

**125**

Munda durmaklyk nedir, imdi ki janan ondadyr,
Wah, niçik durgaý geda, haşmatly soltan ondadyr.

Ýok tebip gama, kim kylmak alaç emkan hiç,
Dert ile dilhastanyň derdine derman ondadyr.

Dini-yslam üçin jan bermek istär men weli,
Janyňny ol ýara ber, din ile iman ondadyr.

Dünýäniň mülküne maýyl bolma, eý, nadan hyrys,
Yşk bazaryna gir, mülki-Süleýman ondadyr.

Jan saklar sen teniňni, nebsiňni pil eýleban,
Geç bu jandan kim gereklär, jism ile jan ondadyr.

Eý, mufessir, gel bäri, tefsiri-Gurhan etme köp,
Gör ony «Aýnyl-ýakyn» tefsiri-Gurhan ondadyr.

Patyşalar işiginde kylynça beglik mydam,
Gulluk onda eýle, kim Subhany-soltan ondadyr.

Aý, Günnüň tabydan ýetmez kişige peýda,
Wah, kim ol jan rahaty hurşydy-taban ondadyr.

Bolmagyl pida jahanyň bag ile gülzaryna,
Jenneti-hüýr ile gulman, bagy-bossan ondadyr.

Gaýyby, köňlüm hyruç eýläp howa kylmak tilär,
Gerçe surat mundadyr, leýkin weli jan ondadyr.

### 126

Aýagyma düşer men, köýüň sary barandyr,
Öper men bu elim desti-damanyňga urandyr.

Begener men gözüme kim seniň görükli jemalyňy,
Görüban waleýi-haýran boluban şeýle turandyr.

Salar men dürri-many halkasyn ýagny gulagymga,
Eşidip labzy-güftaryň, bu janymy sowurandyr.

Allah-a, hatyrym daýyma ki horramlykda şat olaý,
Seniň yşkyň höwesinden jepa bilen gararandyr.

Dilim, janym hemişe döwlet ile pür huzur olsun,
Jepaýy-mähnetiň tartyp, besi gamdan sararandyr.

Dilär men kim, Allah-a, berilsin gullukda bu nepesim,
Ryýazat çekip, derdiň bilen daýym guwarandyr.

Guwandyr, Gaýyby, aklyny many lezzeti bile,
Maňa rehber olup, şah-a, seniň sary baş urandyr.

## ❧ 127 ☙

Ol gara halyň ki, eý, dilber, ýüzüň agyndadyr,
Hindi-ýu güli-Çin erer, aýa, erem bagyndadyr.

Güle görkezdiň jemalyňy hejl bolgusydyr,
Hoş bitilmiş husnuň, eý, dilber, ajap çagyndadyr.

Bir nazarda gözleriň ýüz şiwe birle jan alar,
Gamzaýy-katl gözüň bir gyýa bakmagyndadyr.

Wah, ki bimaryň bolanlar kim niçik tapaý şypa,
Ýüz hatar, eý, dilruba, aşyklaryň sagyndadyr.

Her dügün kim derdi-yşkyndan goýlan läle dek,
Gör, ony kim her tarap bu jismiň dagyndadyr.

Gaýyby, husnuň tomaşasyny kylandan bäri,
Dünýäniň ne hut garasy birle ne agyndadyr.

## ❧ 128 ☙

Bir bahara duş boldum, kim ki meýli gül kylar,
Bir tomaşa eýlesin, gowga niçik bilbil kylar.

Hoş açylmyş älemi-manyda güller reňbe-reň,
Nala kylmaý jan guşy kaýda oňa tahammyl kylar.

Jilwe eýlärler letafetler hylwat bagynda,
Olaryň şowky meni hoş mest laýymkal kylar.

Gamzasyndan köňlüme salmyş hyýalyn ol senem,
Yşk tygy birle her dem jan guşun besmel kylar.

Köňlüme salmyş idi müşgili-hyýaly-masewa,
Şükür kim ýüz açdy, dilber müşgüli hal kylar.

Yşk saýýady bile köňlüm guşun saýt eýleban,
Ruýum üze höküm eýleban jebin leşgerin katl kylar.

Haýsy bir şemşat serwi-kad kibi gül ýüz açar,
Haýsy gül ýapragyny gül ýüzüne sünbül kylar.

Aklyna diýr: «Gözüň aç, bak sanyna mežnuna ýok»,
Neçün kim barça mefgul ählini pagyl kylar.

Gaýyby, enis eýlegil ruhanylar bilen mydam,
Köňlüňi Hakdan seniň nogsanlar gapyl kylar.

**129**

Dostlar, gam geldi, bilmen gamgysarym kandadyr?
Aşyky-zar olmuşam, bilmen ki ýarym kandadyr?

Iştiýakyndan hemişe hap gelmez çeşmime,
Hetden aşypdyr, jahanda intizarym kandadyr?

Köýünde bilbil sypat efgan kylmakdyr işim,
Ol jemaly gülşenim, bagy-baharym kandadyr?

Isterem näz-u nyýazym men oňa arz eýläýin,
Wah, nädeý tapman, ol hajaty-gülzarym kandadyr?

Neýläýin kim bu talap üstünde janym boldy sarp,
Eý, rapyklar, patyşahy-ruzygarym kandadyr?

Yşk ody her dembe-dem salmyş hararat janyma,
Bahsy-yşkyma bolaý nowjuwanym kandadyr?

Gaýyby, yşk ile ol perwerde[1] eýläp janymy,
Kim weli tapmaz ol perwerdigärim kandadyr?

## 130

Eý, senem, ýaşym akyp, köýüň pyragyndan geler,
Çeşmelerdir kim çykyp ruhsar bagyndan geler.

Aby-köwser kim diýp taryp ederler rawylar,
Sordum ony men bu dem agzyň dodagyndan geler.

Zip-zynat bile andag husnun ara eýlemiş,
Sana sen kim hüýrdür, jennet gyragyndan geler.

Kylmyşam her lahza jan çekmekdir yşkyň werzişin,
Mertdir her kim ki bu işiň ýyragyndan geler.

Dembe-dem şowkuň bile köňlüme röwşenlik düşer,
Açylar nur-u ala husnuň çyragyndan geler.

Ýakdy jismim otly ahymdan çykan fanuslar,
Sor bu oduň keýpiýetin, yşkyň ojagyndan geler.

[1] Perwerde – terbiýelenen.

Gaýyby, her müşki-anbar kim jahan mülkünde bar,
Bildi ony pitne bu zülpüň daragyndan geler.

## ॐ 131 ॐ

Nigar-a, derdimi kylmak saňa yzhar müşgildir,
Ýene sensiz maňa sabyr eýlemek bisýar müşgildir.

Hudawend-a, seni andag musawwar eýlemiş ziba,
Ki kylmaklyk jemalyňa besi aňar müşgildir.

Jepaýy-yşkyňy çekmek meniň şanyma gelmişdir,
Weli görmek jemalyňy maňa, eý, ýar, müşgildir.

Niçe kylsam höwes, dilber, jemalyňy göreýin diýp,
Neteý goýmaz meni ýüzi gara aýýar, müşgildir.

Jemalyn görmäge ýaryň gerek batyn gözi, Gaýyp,
Ki batyn gözüni kylmak besi bidar müşgildir.

## 132

Sünbüliň ebrinde gördüm, mahy-taban gizlener,
Kim bela gelse, bulut hurşyda taban gizlener.

Jurgaýy-laglyňy içen tapdy ömri-jawydan,
Lebleriň şekerinden aby-haýwan gizlener.

Her haçan kim näz ile azmy-gülüstan eýleseň,
Saýaýy-kaddyň görüp, serwi-huraman gizlener.

Bolmuşam ziba ýüzüňi göreli haýran olup,
Munfagyl bolmuş ýüzüňden, hüýri-ryzwan gizlener.

Gaýyby diýr ýara eger bir lagly-handan eýleseň,
Kim uýalar dür dişiňden, lagly-merjen gizlener.

### 133

Eý, köňül, ýary wepasyza gatylma, başgadyr,
Her niçe gatsaň wepasyza özüňi, başgadyr.

Her kişi kim biwepaga berdi köňlün akybet,
Siz biliň takyk ony, ähli wepadan başgadyr.

Akly-mekgar olmagyl sen, aşyky makul iseň,
Haýsy aklyň mekkary bar, ähli bakadan başgadyr.

Çünki dünýädir wepasyz, meger çoh köňüli sen
Bermegil, panydyr, ol ähli bakadan başgadyr.

Kim ki Haka sydk ile gullugy makbul eýlemez,
Tabygy nähakdyr ol, bilgil, ki Hakdan başgadyr.

Eý, köňül, bu söz nesihatdyr saňa, diňlär iseň,
Her kişi söz diňlemez, jahyl döwrandan başgadyr.

Eý kemine Gaýyby, çünki nesihat sözlediň,
Bu nesihaty özüň tutgyl, ki senden başgadyr.

## 134

Dilruba, gördüm ýüzüň, gülzar dek köp baglar,
Görmedim kim gap-gara zülpüň dek üstün daglar.

Derdi-yşkyň janyma kär eýlegen günden bäri,
Goýmuşam hijran odundan janyma ýüz daglar.

Reňňi-roýum zagpyran ýaňlyg bolupdyr dud ile,
Kim sarardan dek şejerlerde hazan ýapraklar.

Sustrak men gaýyp olandan jemalyň gülşeni.,
Bilbil andag sust bolar gül wagty ýeten çaglar.

Men kibi bimar bolmuş ýüz tümen her köşede,
Görgeç ol, eý, dilruba, bimar aýynyň saglar.

Çekmemiş bolgaý meniň derdimçe dert Perhat kim,
Zarby-yşkyndan egerçe ýykdy mäkäm daglar.

Gaýybynyň köňli dek ýüz-müň köňül şeýda bolup,
Halkaýy-zülpüňde galypdyr bolup tussaglar.

## 135

Goýduň, eý, dilber, ol janymda ýüz-müň daglar,
Kim açylmyş daglardan köňlüm içre baglar.

Ähli yşkyň arasyndan men guluňy kowma kim,
Ne ajapdyr bolsa ger bilbiller içre zaglar.

Ýol ýitirdim tä ki düşdüm wyslatyňdan men ýyrak,
Baglady şeýdalygym, araga düşdi daglar.

Eý, senem, yşkyňda bu pursat ganymatdyr maňa,
Sowurar bir gün ajal başym üze topraglar.

Yşk derdinden habar sordum, tebipler diýdiler:
«Ne biler ol derdi çekmeý ol tebibi-saglar».

Hezretiň serhedine perwaz eder köňlüm guşy,
Bu höwesde dembe-dem şowk ile ganat baglar.

Gaýybyga, gör niçe şowk ile röwşenlik berer,
Yşkyň ody ile tutaşan ýüregimde daglar.

**136**

Yşk oduna ýana men, suzy-gudazym artdy, ýar,
Ýandygymça dembe-dem şowky-mejazym artdy, ýar.

Nala kylmak isterem köňlümde destan başlaban,
Bilbili-biçäre dek her dem owazym artdy, ýar.

Galmady derdi-pyrakyň birle janym, neýläýin,
Ýene zor etdi gamyň, näzi-nyýazym artdy, ýar.

Ýüz kim açdyň, şemgy-rugsaryň bile ýakdyň meni,
Köýmegim üşbu jähtden boldy lazym artdy, ýar.

Gaýyby, ýandykça her lahza pyrakyň oduna,
Nalaýy-dilsuzy-ud çeňgi-sazym artdy, ýar.

## ❧ 137 ☙

Yşkyň ki meniň jümleýi-wyjudym tutupdyr,
Ýüz mertebe Mejnundan işim, wah, ki ötüpdir.

Yşk içre kemalymy görüp Leýli we Mejnun,
«Eýa — diýdiler — kim muny beýle okadypdyr?»

Yşkyma besi ýar idi oňa uja-ujalar,
Bu halda meni gördi erse, bary tebipdir.

Mährem bolaly ýar işiginde meni bidil,
Awara bolup mutdagylar jümlä ýetipdir.

Yşk bährine gark oldy, görüň, Gaýyby, andag,
Biçäre geçip dünýäden, özün unudypdyr.

## ❧ 138 ☙

Jemalyň şowkyndan, dilber, köňül mülkünde gowgadyr,
Gara zülpüň höwesinde başymda, gör, ne söwdadyr.

Kylar bu jan guşy perwaz, mekany-lamekan istäp,
Onuň çün kim watangähi oşol syrry-heddi agladyr.

Hyýalyň nakgaşy köňlüm getirmişdir nazargähe,
Azymat pikirini kylmyş hyýaly, meýli baladyr.

Düşüp yşkyň ody janyma, ýüregimden tutaşypdyr,
Ony bilmez halaýyklar, ki Hak danaýy-penadyr.

Alypdyr, eý, senem, yşkyň meniň bu jan ile köňlüm,
Wysalyň iştiýagyndan hemişe zary-şeýdadyr.

Pyrkatyňdan ýanar janym hemişe, eý, şahy-älem,
Gözümden dembe-dem ýaşym akar fi-l-misl derýadyr.

Özün zahyr kylyp, Gaýyp, seniň janyňa ot salan,
Köňül bagy gyrasynda ne ziba kaddy-ragnadyr.

## 139

Dostlar, yşk oduna ýanmak meniň şanymdadyr,
Munça bu derdi-hararat, gör, ki bu janymdadyr.

Gamzalar birle teslim eýleseň, janym çykar,
Ygtyýary janymyň ol lagly-handanymdadyr.

Geldi ýarym, diýdi: «Eý, natuwan, halyň nedir?»,
Janymy aldy we leýkin kasdy imanymdadyr.

Akly, sabry jan ile köňlümi menden sorsaňyz,
Barçasy, eý, dostlar, ol mahy-tabanymdadyr.

Men diýdim: «Eý, dilruba, ýokdur meniň dek bir guluň?»,
Diýdi kim «Ýüz, set-hezeran bende permanymdadyr».

Gaýyby, ki aglasam, gark eýlegeý bu ýer ýüzün,
Munça hesret ýaşy kim bu çeşmi-girýanymdadyr.

## ❧ 140 ☙

Wah, ki köňlüm zülpüňe baglandy, ýaryň bagy bar,
Onuň üçin ýüregimde yşk odunyň dagy bar.

Her niçe taryp kylsam halatym duşwarlygyn,
Mähneti-derdi-elemden dagy, dagy, dagy bar.

Ýüz açar bolsa nigärim, älemi gülzar eder,
Haýsy jennet mülkiniň bossan, mundag bagy bar?

Bu ne güldür kim açar kim, bu ne zülpi-ganbaryn?
Haýsy gülde beýle gül ýüz, beýle gül ýapragy bar?

Ger munuň dek ýara her kim jan pida kylsa ne gam,
Ýar onuňdyr her kimiň kim janyna gyýmagy bar.

Eý, mysapyr, dünýäniň bazaryna bolma mäkäm,
Sen muny bilmez sen, kim gelmegiň gitmegi bar.

Gaýyby, nä taň, berip jan, wasla wasl bolmagyň,
Halk era resim eýledir kim bermegiň almagy bar.

## ❧ 141 ☙

Ol gyzyl hylgat geen, ýa reb, kimiň soltanydyr?
Dil onuň haýrany-wale, jan onuň gurbanydyr.

Ol şapak gün halat içre fi-l-misl hurşyt erer,
Zerre dek pertowyda serkeşte aşyk janydyr.

Kim lybasyn reň berip, andag ki gülgün eýlemiş,
Ýa bu katl etmişde yşk ähline söweşgen ganydyr.

Istese çowgan çalyp, meýdanda jöwlan eýlemek,
Başym onuň tubyýy, synam onuň meýdanydyr.

Bu sagadat burçyndan andag ki görkezdi jemal,
Baýram aýy dek ýüzüne gözlerim haýranydyr.

Görseler hoşhal onuň reňňin, gararan aryzyn,
«Haýsy jennet bagynyň — diýrler — güli-handanydyr?»

Alnynyň mährabyna salan nazar diýrler oňa:
«Husn burçyda kuýaş bargähiniň eýwanydyr».

Küpür kim imana peýwent olsa esiri-wagşydyr,
Zülpi ýagşy aryzy aşyklaryň imanydyr.

Yşkynyň ody berer täsiri dowzahdan habar,
Gaýybynyň köňli kim ol oduň ataş dagydyr.

## 142

Ýaryň derdi köňlüme her dembe-dem tartar geler,
Goýmaz öz halyma yşkyň janymy tartar geler.

Ol gara zülpüňmidir her dembe-dem bulut ýaňlyg tutup,
Wejhiň enwerine mundag buksa müşkter geler.

Kim ýaşyl don bürenip, ýüze nikabyňy çekip,
Wah, ki görkezmez özüň sen maňa, müşgülter geler.

Ger ýüzüň paýyza dogsa, örtener jany-dil,
Dep edere heýl enweriň ony örtär geler.

Ger tenezzul başyma salsa perişan perdesin,
Çün ösüp şowkuň ýeli, ol perdäni serper geler.

Eýlese tugýan yşkyň köňlüme eýläp hüjüm,
Ýüregimden ot tutaşyp, bagrymy örtär geler.

Gaýyby, aşyklaryň mejlisinde perýat edip,
Gullaryňyň gollaryndan hem dagy kemter geler.

## 143

Zülpi şeb, reňňi-gül, refg et ýüzüňden, eý, nigar,
Açylar gamgyn köňül röwşen görünse gülgüzar.

Mähribanlyk babydan, dilber, maňa rehm eýleseň,
Ruzy-magşarda saňa lutp eýlegeý perwerdigär.

Ol güni kim eýlediň magşuklyk peýda maňa,
Hatyrymdan gitmedi yşk gamy bir lahza, ýar.

Yşk ili köp çekdiler jebri-jepaýy, derdi-gam,
Bolmamyş hiç kimse men ýaňlyg perişan ruzygär.

Zaglar gülzara bolmaklyk mynasyp ýok weli,
Gül ýüzüňe hoş mynasyp düşdi zülpüň tar-tar.

Aşygyň köýi hemişe ýarynyň gaýgysydyr,
Aşyga lutp eýlese, magşukyna gaýgysy bar.

Gaýybyny göze almaz sen garypdyr diýiban,
Bar durar onuň kimi köýünde ýüz müň — set hezar.

**❧ 144 ☙**

Dudy-ahymdyr muhyt çykmyş, bu kim şemşat erer,
Yşk odundan ýandym-u ýogsa külüm berbat erer.

Tyg tartyp jilwe birle üstüme sürgeç sement,
Ýansam rehşanda köýen bu beýle gerdi-bat erer.

Suzy-yşkym zerreçe köňlüňe täsir eýlemez,
Daş erir ahym odundan, ol meger polat erer.

Waslyň didaryna soltan bolar kemter geda,
Hassa kimdir kim onuň yşkynda ol azat erer.

Eýlese soltandyr jelalyndan, bolar älem harap,
Hem letafetden jemal etgeç, ýene abat erer.

Hökmünden köňlüm çykara ýokdur emkan bir dem
Hamdy-alla, köňlüme her dürli iş irşat erer.

Gaýyby, ol ýarynyň namy-nyşanyn tapmaýyn,
Gije-gündiz hijr era senden işim perýat erer.

**❧ 145 ☙**

Suratyň hupdyr weli, manyda aklyň azdyr,
Manysyz janlara surat huplugy näsazdyr.

Many ähliniň niçe suratda ýokdur huplugy,
Girse her mejlise, many birle ol şahbazdyr.

Suraty hup, hüýi bet bolsa, hemişe kaş durar,
Ýagşylaryň halk içinde hüýi-hulky ýazdyr.

Suraty huplara hüýi bet meger ýagşy imes,
Kimde many bolsa, ol ýagşylyk hem sazdyr.

Bilegör köňli garalar birle bolma hemneşin,
Taňry lagnat eýlemiş, bilgil, ony gambazdyr.

Ähli nadana berip syrryň, belaga düşmegil,
Kim bela içindedir, nadana kim hemrazdyr.

Manysyzlar sözüne, owazyna salmaň gulak,
Many-ähl, Gaýyby, söz diýse hoş owazdyr.

**146**

Eý, senem, laglyň hyýaly janyga şeker dek geler,
Sagynar men fi-l-misl köňlüme dilber dek geler.

Zülpüň etrapynda bolsa her haçan bady-saba,
Älemi eýläp mugatdar, buýy-anbar dek geler.

Tireýi-hijriňde kim gerçe perişan hal men,
Şuglaýy-yşkyň tutup, köňlümi enwer dek geler.

Söýledikçe waslyňy, köňlüm öýi gülzar olar,
Ne ajapdyr waspy-husnuň kim güli-ter dek geler.

Gaýyby, köňlüm hyýaly ile agzam boldy kim,
Kim salar men köňlüme älem musehher dek geler.

### ❧ 147 ☙

Derdi-gam birle gözüm biçäreler gan aglaşar,
Neýläýin gam ýetse jana, jismi-urýan aglaşar.

Men kimi gördüm jahan mülkünde ýüz-müň natuwan,
Tapmaýyn hiç nowg ile derdime derman aglaşar.

Ýüzüne her dem nykabyn tartyban ýüz dert ile,
Eşidip pyganymy ol çarhy-gerdan aglaşar.

Bilbili-biçäreler geldi alyp ýaryň isin,
Gördüm olar hem meniň dek tartyp efgan aglaşar.

Gaýyby, bu akyl, jan hem köňül ten şährinde,
Eýlesem kim iki diwan birle soltan aglaşar.

### ❧ 148 ☙

Her köňül yşk ataşynda köýdi, janyndan geçer,
Maly-mülki terk edip hem hanymanyndan geçer.

Aşygyň öldürme, dilber, ýazgaryp kylgyl kerem,
Şah ki lutp eýlär, günäkär ähli ganyndan geçer.

Yşk hijranyň çekip, külli ötüp men jandan,
Kim ölüm halyna ýetse, mähribanyndan geçer.

Yşk dawasyn kylyp, magşuk üçin jan oýnaban,
Terk edip, bu dünýäniň sudy-zyýanyndan geçer.

Gaýyby, bu dünýäde kim aşygy-takyk ise,
Eýle bil, bu älemiň kim her ne baryndan geçer.

**149**

Halka-halka ýar eger zülpüň ki zynjyr olsalar,
Dakylar aşyklarnyň boýnuna, zynjyr olsalar.

Lutp ile rehmet umup, geldim seniň dergähiňe,
Şah eger lutp eýlese, derwüşine mir olsalar.

Telbelik waspy bile yşkyňda men biygtyýar,
Sen geçirgil pazl ile bendäňe tagsyr olsalar.

Yşk ili nazzara husny-jemalyň eýlese,
Gözleriň jellat bolup, kirpikleriň tir olsalar.

Ger meni köýüňde ölsem, haýr ile ýat eýlegil,
Merde ruhy şat olup, ger hatmy-tekbir olsalar.

Gaýybynyň bolmagaý iki jahanda gaýgysy,
Kim oňa, eý, şah, eger pazlyň ki destgir olsalar.

**150**

Hudaýym sungundan, jan-a, seni ziba ýaradypdyr,
Ýüzüňni beýlemi gökçek, gaşyňy bile çatypdyr.

Ýüzüň gülzaryny mesgen kylyp, zagy syýa ol zülpüň,
Towlanyp genji-husnuň üzre, gör, kim ýanaşypdyr.

Ger waslyňdan meni döredeli ol gerdişi döwran,
Kazadan her tarap hijran oky janyma ýetipdir.

Gezerler dünýäde çün kim bolup hoş mest la˙kal,
Lepbeýikden, eý, senem, her kimse kim bir jurga dadypdyr.

Şikeste, Gaýyby, şah-a, gamyňdan paýymal boldy,
Ony yşkyň gamy, gör, kim niçe topraga gatypdyr.

**151**

Her haçan kim köňlüme ol şahy-hubanym düşer,
Janyma otlar düşüp, äleme efganym düşer.

Bu muhapbet odunyň şowky bile gaýnap köňül,
Jismi-efgärim era ol yşga jananym düşer.

Köýdürer bu jismi-janym her ne bolaý baryny,
Her haçan kim atlanyp o şahy-soltanym düşer.

Mesgenim beýtil-hijran bolmuş durar Ýakup kibi,
Wäh, haçan şat eýleban ol mahy-Kenganym düşer.

Gaýyby, ol gün bolar döwleti-miýesser üstüme,
Kim gelip ol saýaýy-kaddy-huramanym düşer.

## ❧ 152 ☙

Dünýäýi-ukbyda soltanym Resulylladyr,
Dilde iman, köýide janym Resulylladyr.

Köňlümiň hoşlugy hem aramy-janym rahaty,
Aşratym, dünýäde döwranym Resulylladyr.

Syrry-halymy dema-dem yşkynda röwşen kylan,
Nury-aýnym, şemgy-suzanym Resulylladyr.

Şowky-zowkum, iki dünýäde myradym, maksadym,
Hem habybym, hupby-subhanym Resulylladyr.

Kim hyýalyn, Gaýyby, köňlümde saklar men onuň,
Jan içinde syrry-pynhanym Resulylladyr.

## ❧ 153 ☙

Tirizip äleme bu jan beriji Alladyr,
Kysmat eýläp ruzyny hem beriji Alladyr.

Dostlaryna lutp eýläp, wehiý ile elham edip,
Zahyr-u batyn işin bildiriji Alladyr.

Tobany hem adama çün bir bahana eýledi,
Afu edip ýazyklaryn ötüriji Alladyr.

Küntu kenzen[1] äleminde gizlin köp esrary bar,
Her makamyň heddine çün eltgiriji Alladyr.

---

[1] Küntu kenzen mähfiýen — men gizlin hazynadym.

Beriji ol, alyjy ol, lutp hem haşm eýleban,
Jümläni hem agladyp-güldüriji Alladyr.

Kim diýdim: «Iýýäke nagbudu hem syratal mustagym»,
Çün hakykat ýoluna gönderiji Alladyr.

Gaýyby, döwlet çyragyn ýakan oldur lutp ile,
Hem ýene kahr eýleban söndüriji Alladyr.

**154**

Şygyr perwazym weli, bir şygyr perdäm ýok durar,
Geldi dür bazara köp, serraby-danam ýok durar.

Akyl, nebis-u jan, köňül bolmuş mukaýýyd dünýäge,
Ýagşy pikir etdim ise, bir terki dünýäm ýok durar.

Afiýet dirilige kim jandan kefaýet bolmasa,
Dil bile diýmekden oňa zerre eslem ýok durar.

Kim ki Hak yşkynda başyn oýnaban jan bermese,
Akybet Hakdan oňa hiç lutpy-engam ýok durar.

Jahyly-merdum ile hemsöhbet olma bir zaman,
Çün ki pasyk aslynda agaz ekram ýok durar.

Akyl iseň janyňy köýdür bu yşkyň oduna,
Her köňül kim yşk oduna köýdi, bil, ham ýok durar.

Gaýyby, asly mejazy birle bolma hemneşin,
Çün mejaz ähliniň köňlünde yslam ýok durar.

## ☙ 155 ❧

Gül ýüzli dilber, bu gün imdi enaýat wagtydyr,
Rehm bergil bu halyma, çün kim delalat wagtydyr.

Bir dem biziň ile oturyp, kylgyl tekellüm, eý, nigar,
Köşelikdir hem parahatlyk, hekaýat wagtydyr.

Men dil-efgaryň rakyplar elinden gan bolanym,
Çün seniň gaşyňda arz eýleý, şikaýat wagtydyr.

Taňryň üçin men gedaga ber zekat husnuňy,
Çün ki husnuňyň kemaly binahaýat wagtydyr.

Eýle zaýyf olmyş seniň köýüňde bu jan, köňül,
Gaýyby, ölmäge ýetmiş, kyl ragaýat wagtydyr.

## ☙ 156 ❧

Gaşlaryň mährabyna, jan-a, syjudym bardyr.
Kirpigiň okuna hastaýy-wujudym bardyr.

Köňlüňe hiç rehm gelmezmi seniň, eý, dilruba?
Munça kim köýüňde buýy ahy-serdim bardyr.

Daglary tutmak duman ermes ajap, eý, melike,
Çünki Mejnun dek meniň ahymda derdim bardyr.

Derdi-hijranyň bile gezginçä tirik, hassa hal,
Wah, ki yşkyňda seniň ölmekde sudum bardyr.

Gör, niçe ah eýlesem, älemlere otlar düşer,
Gaýybyýam, aňla imdi şeýle odum bardyr.

### ❧ 157 ☙

Dostlar, yşk içre her dem ahy-serdim bardyr,
Aňlamaz hiç kimse halym munça derdim bardyr.

Derdi-yşkymdan nyşana kylsaň menden talap,
Nala-ýu söz ile bu ruýy-zerdim bardyr.

Taň degildir bu howa ýüzüni tutmak gubar,
Sowrulan göge wujudy-häki-gerdim bardyr.

Yşk ile jan oýnamak gelmiş meniň şanyma kim,
Bu hezlerde ajaýyp bes ki merdim bardyr.

Gaýyby, hijran çekip, gürbetde renjur olmyşam,
Kim muhapbet odundan bes, gör, ne derdim bardyr.

### ❧ 158 ☙

Lutpuňny medet eýle maňa, halyky-jepbar,
Zulum eýlemegil, adylyňy kyl wahydy-kahhar.

Jürmümi geçir, lutp ile afu eýlegil, eý, şah,
Sen-sen keremi-pazyl eýesi, bende günäkär.

Asylygym oş tutdy meniň jümle jahany,
Geldim gapyňa uzur ile men hassaýy-syýahgär.

Towpykyňy ýar eýle, berip döwleti-nusrat,
Waslyňa esir eýle meni laýyky-didar.

Rehmet suwuny sep ýüzüme, dahy oýandyr,
Gaflaty gutar, maňa ber hem döwleti-bidar.

Hüşgär oluban, bolmadym esrar nägehi-namy,
Gaýybyňdan açyp keşfi, kyl syrr ile serdar.

Kapyrlara gahr ile berip ýedi tamugyny,
Mömünlere lutp eýlediň ol jenneti-gülzar.

Gümrahlar ediban Gaýybyny gaýyplaryňa,
Erişdir oňa rehmiň, eý, Rahymy-gapbar.

**159**

Ol mekany lamekan kim mesgen-u dildar erer,
Jümle aşyk ähli oňa ýetmek üçin zar erer.

Dünýäniň huplaryny güle mynasyp eýlerem,
Ähli manylara olar gül imes, ol har erer.

Ataşy-yşk içre ýanmagy özüňe pişe kyl,
Yşk ile, gör, ot Halylyň janyna gülzar erer.

Gaflat içre ähli dünýäniň açylmaz gözleri,
Şowk ile yşk içre bolan ruzy-şeb bidar erer.

Diýdiler kim apytabyň zerreçe ýok gymmaty,
Eýle husn ol patyşanyň nurundan yzhar erer.

Yşk ili şowkunda ýaryň şad-u horramdyr bu gün,
Mähneti-gam birle dünýä ähli, gör, bimar erer.

Gaýyby, göz ýum jahandan, yşk etegin tut rowan,
Aşyk olanlar jahanda laýygy-didar erer.

## 160

Köňül bir dilberi-mahweş likanyň mübtelasydyr,
Ýanar janym pyragynda, hemişe binowasydyr.

Jemaly pertowdan ýar eger bir lemga görkezse,
Bolar perwanalar ýaňlyg, oňa janym pidasydyr.

Wysaly-iştiýakydan oňa janym berer men kim,
Alajym ýok durar özge, neteý, kim göz garasydyr.

Eger ganym döküp, kylsa meni itlerine tugma,
Ryzadyr maňa, kylsyn her ne kim onuň ryzasydyr.

Jahanda, Gaýyby, ýaryň saňa ne ätiýäjy bar,
Seniň dek ýüz tümen Mejnun onuň zary-gedasydyr.

## 161

Ýar, husnuň görgeli yşkyň oduna ýanamyz,
Şemdir husnuň onuň çün ýanmaga perwanamyz.

Ýüregim ýanmyş hararatdan, suwsamyş jany-dil,
Dep edere, wah, haçan lagly lebiňden ganamyz.

Diýme köňlüňde tama bazaryny tiz eýlediň,
Rehim kylgaýmy diýp, ýa, rep, köňülden sanamyz.

Hesretiňden kyl nazar her sary tenler mülküne,
Läleler dek daglar saldy teni gurbanamyz.

Gaýyby diýr, eý, kuýaş, aşyklaryň arzuwsyda,
Düşmüşem Mejnun kibi sähralara, diwanamyz.

## 162

Eý, köňül, aşyk iseň, dem urma bir dem ahsyz,
Aşygyň häsiýeti budur ki bolmaz ahsyz.

Ger azymat eýleseň, ýaryň sary kyl yşk ile,
Nebis haramydyr, ýeter apat saňa jerrahsyz.

Ýaryň heýli-hyýalyn kyl köňülde tahty-şah,
Bil muny, weýran olar her ýer ki bolsa şahsyz.

Diýdiler ehbablar waslyna ýaryň jäht edip,
Gaflat içre galmyşam men natuwan ägähsiz.

Sap imes köňlüm garasy ýarsyz ýüz göz bile,
Röwşen olmaz gije, müň ýyldyz görünse mahsyz.

Kineden kylma geduret köňülni sen gebr ile,
Kim iman birle bolan bolmaz imiş eger ahsyz.

Gaýyby, özüňi makbul isteseň ol ýar üçin,
Gullugynda bol sen onuň bişek-u iştiýaksyz.

## ❧ 163 ☙

Bir geda men, dostlar, bitmeýdir işim şahsyz,
Zulum eder bihet rakyplar janyma eslehsiz.

Zulmaty-gam ile kim tutmyş bu köňlüm mülküni,
Wah, ki müşgildir ýarytmak ony mähri-mahsyz.

Munça ah etmek nedir diýmäň, ki tutmyşdyr içim,
Derdi-gam birle nebsini tarta alman ahsyz.

Hany-manymny onuň yşkynda berbat eýlerem,
Yşk ile düşdüm bu ýola fert olup hemrasyz.

Magsyýet zünnaryny köňlünden açmak isteseň,
Bolma bir dem, Gaýyby, sen zikri enel-allahsyz.

## ❧ 164 ☙

Görkezip ýüz, saldy ody jana ol jananymyz,
Älemi tutdy sera-ser ah ile efganymyz.

Mähnet içre natuwanlyk birle, zagyf olmuş bu hem,
Näz ile kylgaç tekellum, çykdy tenden janymyz.

Perde ýüzden refg edip, älemi haýran eýledi,
Seýir üçin jöwlan kylyp, meýdan era soltanymyz.

Zulmaty-hijranda jan berdi wysalyň arzuwlap,
Tapmady bu köňül atly zary-sergerdanymyz.

Gaýyp mülkün keşf edip, ýüz şowk ile gowga salar,
Gam ýolundan getirip, gäh artdyrdy girýanymyz.

Özgelere lutp ile ger mähremi-zarym diýse,
Gaýybyga diýse besdir: «Bendeýi-permanymyz».

**165**

Aýyt boldy, seýr üçin çykdy ýene soltanymyz,
Läle ruhsaryn görüp, ýandy, tutaşdy janymyz.

Eýledi meýdanda jöwlan, tyg tartyp näz ile,
«Hamdylla!» kim öz eli birle dökdi ganymyz.

Asrasyn Hak öz penasynda kemaly-husnuny,
Täze güle hiç eser ýetirmesin döwranymyz.

Nowhalar tartyp, besi dökdi bulut barany kim,
Gördi ise pyrkat içre dideýi-girýanymyz.

Barça aşyk ähliniň maksady ondan özge ýok,
Ol durar iki jahanda dinimiz, imanymyz.

Gaýyby, ondan dilär her dürli derdine dowa,
Çünki ondandyr biziň bu dert ile dermanymyz.

**166**

Pyrkat içre kyldy ham kaddymy ýar—ol serwi-näz,
Takatym yşk aldy, köňlüme hyýalym çykdy baz.

Diýmegil kim syrymy älemlere paş eýlediň,
Ady çykmazmy kişi, älemde bolsa serefraz.

Zahyt aýdar: «Yşk ody içre neden saldyň özüň?»,
Taňrynyň takdyryndan kylsa bolarmy ahteraz?

Huplugynda niçe näz etse nigarym ýaryna,
Görkezip mähri-wepa, janymy eýlär men nyýaz.

Sungy-hakdan eýle kim nurana husnuň bardyr,
Diýse bolmaz kim hakykatda saňa husny-mejaz.

«Şemgy husnumdan ýanar» diýp sanma kim, bilgil neden,
Ýanaram kim köňlüm odyndan, saňa ýokdur gudaz.

Öwrülip kaddyňa, ýarym, eýlerem her ýan syjut,
Käbäniň her jaýyndan ne ajap kylmak namaz?!

Biwepalar köýünden ýokdur kişige peýda,
Imdi wajypdyr saňa, eý, Gaýyby, azmy-mejaz.

**167**

Gijeler subh olynça köňlüm hyýalyň etdi göz,
Ýagny görgeýmu diýp ol sarydan bir nowgy-ýüz.

Mutdagy goýmas meni kim baraly köýi sary,
«Barma ol ýan!» diýp meniňle sözleşer bihuda söz.

Köňlüm aýdar ýar waslyn istär irseň, her jepa,
Gelse ýaryňdan-ragybyňdan, ony jana döz.

Aşyk jebri-jepakeşlerni kowlap köýüden,
Näkesi bethüýlerni ýar eder özüme ýüz.

Hem ýene aýdar: «Goýuň köýümden ol biçäräni»,
Bu sözi boldy beter, basdy jerahat üzre duz.

Kim wepasyz ýardan maksada ýetmez hiç kişi,
Haktagalladan dile maksadyňy, ur ýere ýüz.

Çün wepa ýokdur jahanyň huplarynda, Gaýyby,
Gel muhapbet riştesin olar köýüden imdi üz.

### 168

Jemalyň görseder her ýüzde bir ýüz,
Ki görmez ol ýüzi älemde her ýüz.

Ýüzi gül ähli manylar bolynça,
Çyk imdi manysyzlar ýoluny tüz.

Sözüň manysyny sözlär aryplar,
Erişmez ol söze älemde her söz.

Ne manydan görer sen özgäni kim,
Görüner her kişi öz-özüne öz.

Kemine Gaýyby, biharlyk eýläp,
Ki özüň aryfana şygryňy düz.

## 169

Bir zaman, eý, dostlar, ýokdur kararym ýarsyz,
Bilbiliň haly ne bolaý aýrylyp gülzarsyz?

Köňlümi her lahza ýüz-müň bu pelek azar eder,
Ýok durar hergiz jahanda men kibi azarsyz.

Muntazyrdyr gözlerim ýaryň ýüzün görmek üçin,
Gije-gündiz bir zaman ermez gözüm bidarsyz.

Wah, meniň bagty-syýahym kylmady hiç ýarlyk,
Bolmadym ol ýara wasyl bir zaman agýarsyz.

Halk maňa diýr: «Gaýyby, köp, ahy-efgan eýleme»,
Aşygyň häsiýetidir, bolmaz ahy-zarsyz.

## 170

Halkaýy-zülpüň tanapydyr biziň paýybendimiz,
«Açma ol bendi» diýban bardyr köňüle pendimiz.

Eýledi meýdanda jöwlan, tyg tartyp näz ile,
Läle ruhsaryn görüp, ýandy, tutaşdy janymyz.

Gaýry ýüzüňden sary kylmaslyk üçin gör nazar,
Mushapy ýüzüň hak diýmek durar, bil dinimiz.

Lebleriň ýadynda gelmez gandy-şeker ýadyma,
Lebleriňdir, eý, habyp, hem şeker, hem gandymyz.

Yşk ile bolmuş hyýalatyň ata birle ene,
Hem muhapbet birle şowkuňdyr biziň perzendimiz.

Bizi şepagat birle mähriňden peramuş etmegil,
Şepagat mähriň durar, şah-a, köňül hursandymyz.

Tutmagyl mesgen köňül mülkünde, yşkyň galbasy
Onda açylmyş durar bazary-şähri, kendimiz.

Gaýybynyň maksady, dilber, wysalyňdyr seniň,
Gije-gündiz ol durar Hakdan bu hajatmendimiz.

## 171

Ýüz açyp, eý, çin-ähli, bizi şeýda kylmaňyz,
Çünki şeýda kyldyňyz, esr-u temenna kylmaňyz.

Yşk era her kimi kim peýda muhapbet kyldyňyz,
Kim kylyp bir mähirlik, halk içre ryswa kylmaňyz

Hassa ahwalym görüp, kylmaň tebip-ähli alaç,
Tapmaýyn derdim alajy üzre gowga kylmaňyz.

Jan çykar halyndadyr, eýläň towpyk bir zaman,
Eý, rakyplar, söz açyp her dem gul-gula kylmaňyz.

Göz ýaşymdan läleler açdym ýüzüm sährasynda,
Azm edip gülşen sary, meýli-tomaşa kylmaňyz.

Men ki tartyp men pyrak oduny kylmak ile paş,
Siz dagy syrrymy aňlaýyp, äşgäre kylmaňyz.

Dostlar, yşk ählini tarypy-enşa kylsaňyz,
Gaýyby biçäräni hem sähwi-enşa kylmaňyz.

## ❧ 172 ☙

Kim ki aşykdyr, jahanyň mülki-malyn gözlemez,
Zikri-pikiri ýar olup, haýry-webalyn gözlemez.

Hany-man terkin kylyp ýaryň hyýaly şowkundan,
Hem watan terkin kylyp, gürbetde halyn gözlemez.

Her ne gelse, Taňryga eýlär töwekgel ruzy-şeb,
Halatym ne bolgysydyr diýp, mejalyn gözlemez.

Kim goýar başyn bu ýolda, ol girer yşk ýoluna,
Razydyr Hakdan ne gelse, kim zowalyn gözlemez.

Gaýyby, aşyklygyň merdanalykdan halaty,
Aşyk olan dünýäniň hijri-melalyn gözlemez.

## ❧ 173 ☙

Bir ezelden yşk ile meýdana gelmişlerdenüz,
Hak ýolunda baş goýup, merdana gelmişlerdenüz.

Pakyr dowasy bile terki-enaýatlar kylyp,
Gulluga boýun sunup, imana gelmişlerdenüz.

Taňrynyň gudratyn göre bile bilmez üçin,
Biz bu älem mülküne seýrana gelmişlerdenüz.

Barça ruhy-kuddus idiň, Hakdan habar bermegil,
Kim bu weje suraty ynsana gelmişlerdenüz.

Gaýyby, saýdy-ruhsary-jemaly ýar üçin,
Dembe-dem «Ýa, hüw!» diýiban gurbana gelmişlerdenüz.

**174**

Aryzyňdyr, eý, nigar-a, jenneti-ryzwanymyz,
Hyzyrdyr hattyň-lebiňden çeşmeýi-haýwanymyz.

Aýaty-meshap jemalyň dilde tekrar etmişüz,
Waspy-husnuňdyr hemişe aýaty-Gurhanymyz.

«Lowhy-el-mahwuzy» okyram, dilber, jemalyň niçesin,
Hak kelamydyr oňa çün jenneti-burhanymyz.

Salmaýyn göz äleme, didara eýlär bir nazar,
Ruhy-kuddus bize ol älemdedir seýranymyz.

Küpri zülpüňden jyda, eý, şahy-älem, eýle bil,
Küpür olam ger bolsa dagy dinimiz-imanymyz.

Müňkür oldy ahsany-tegwime ol nadan pekge,
Gelmedi tasdyk olup, ykrara ol soltanymyz.

Gaýyby diýr, musebba enfasy mugjyz ýadyna,
Ruhy-kudduslar gelip, bolmuş biziň myhmanymyz.

### ❧ 175 ☙

Dilde ýar aldar meni, köňlünde çün tartar imes,
Bolmady köňlünde tili, güftar berhurdar imes.

Geltire alman tilime yşk derdin ýazmam,
Halatym aňlap, neteý, kim köňül bil gamhor imes.

Eýle kim dilinde bolan, neýläýin, köňlünde ýok,
Köňli syry bu dili remzi kimi yzhar imes.

Ýar oldur kim, dili köňlünde hemdemlik kyla,
Bolmagaý erdi köňülsiz, her kişiler ýar imes.

Köňlüne gam salmaýyn diýgen dilini saklasyn,
Her kişi saklar dilin, köňli onuň efgär imes.

Eý, ki diýr: «Sen söýle derdiň til bile, ýa dil bile,
Bu tiliň lalmy imes, ýa bu köňül naçar imes?».

Men niçik köňlümi onuň ýolunda katyg eýläýin,
Ondan özge hatyrama hemdemi hem ýar imes.

Gaýyby, gençhana bolmuş ýar waspynda köňül,
Onuň üçin bu dilimde özge hiç güftar imes.

### ❧ 176 ☙

Gerçe bardyr, eý, güneş, köňlümde yşkyňdan höwes,
Diýgeli hed ýok, ki aşyk men saňa diýp bir nepes.

Itlerim dek goý başyňy işigimde ger diýseň,
Ýokdur söz çyksa agzyňdan maňa maksat bes.

Çekeli ýok takatym jebri-jepaňy, wah, ne ýüz,
Birle-birle kylmak tama mähr-u wepaňy dilemes.

Nala tartar men, neteý, eý, şah, pazlyňdan jyda,
Niçe perýat eýlesem, ýokdur maňa perýady-reýis.

Şemgy-ruhsaryňmydyr köňlüm içinde kim ýakar,
Ýogsa yşkyň odundan mundag tutaşmyşdyr gefes.

Gaýybyýam waslyňy bu hal ile kylmak tama,
Pikri-batyldyr maňa, eý, şah, hyýalymdyr hebes.

**177**

Hak seni söýmüşdir, şah-a, habybymdyr diýmiş,
Bendeleriň derdine kylan tebibimdir diýmiş.

Ýa, Habypylla, seni her kim ki söýmez sydk ile,
Haktagala rehmetinden binesibimdir diýmiş.

Çün ýaradyp men mutahhar zaty-päkimden ony,
Aýry ermes menden ol ne ankarymdyr diýmiş.

Onsuz müň älemi men gülgüzar etdim saňa,
Bamisl gül men weli, ol andalybymdyr diýmiş.

Haktagala guluna, eý, Gaýyby, kylmaz helaf,
Her kişi söýse jismimi, habybymdyr diýmiş.

## ❧ 178 ☙

Eý, nigär-a, bolaly mestana aýnyň meýfuruş,
Bolmuşam meýhanaýy-ähl birle daýym jurga noş.

Bu wujudym ojagynda ýanaly yşkyň ody,
Kim gazan dek gör ki köňlüm kylar her lahza joş.

Suw bolup bagrym meniň her lahza ah eden saýy,
Dem bile aheňi suw kylan kimi etgeş noş.

Çekseň, eý, dilber, ýüzüňden perdäni refg eýleban,
Bir pygan etgeç ol jan birle tenden akyl-huş.

Wasla wasl bola bilmän, jan edip, eý, Gaýyby,
Niçe kim hijran çiriki birle eýlär men tokuş.

## ❧ 179 ☙

Men kibi her kim düşüp, yşk oduna gaýnar imiş,
Dowzah onuň gaşynda bir jenneti-gülzar imiş.

Men kibi ýaryň isin gülden alyp ýüz dert ile,
Natuwan bilbil dagy perýat edip, ýyglar imiş.

Yşk derdinde onuň dek zary-mejruh olmuşam,
Görse Perhat ile Mejnun halatym diňlär imiş.

Nägehan düşdüm, kylyp meýdany-yşk içre hyýal,
Bilmedim aldymda kim mundag belalar bar imiş.

Aryzyň şemgy gara zülpüň içinde, eý, nigar,
Bir garaňky gije içre şöhleýi-enwer imiş.

Halka ýaýlardyr gaşyň, salmyş ony iňňä kim,
Gözleriň yşk ähliden jan algyjy jellat imiş.

Telbe köňlüm her haçan köýüň sary azm eýlese,
Hassa janym hem onuň birle bararga ýar imiş.

Gaýyby, her niçe hasrat çekdi, hergiz lutp edip,
Diýmediň: «Hijran era halyň ne hary-zar imiş?»

## 180

Dostlar, dünýäde köňlümiň höwesi galmamyş,
Ähli dünýä birle asla iltimasy galmamyş.

Galmady emkanym, ölüm söwdasy düşmüş başyma,
Derdinden ömrüm tanapynyň rahasy galmamyş.

Barça bu döwran belasyn mende jem etmiş durar,
Imdi menden soňkulara hiç belasy galmamyş.

Şerh kyldym ähli dert alnynda köňlüm halatyn,
Ýar jana kylmagan jebri-jepasy galmamyş.

Aglamak birle hemişe kim suwa dolmuş gözlerim,
Eýle akmyş, ornunda agy-garasy galmamyş.

Ýar gaýyp bolaly gözden bu dünýä mülkünde,
Hassa janyň ile bil hiç mutdagasy galmamyş.

Gaýyby, aldyrma köňlüňi bu dünýä aýyşyna,
Hiç kime bu dünýäniň zowky-sapasy galmamyş.

### ❧ 181 ☙

Düşgeli ýardan jyda ömrüm öter zary-heraş,
Wah, ne müşgildir kişi hijran era kylmak magaş.

Zahyr olgaç garşydan kim ol ýüzi gül dilberim,
Gitdi bu gam zulmaty, kim saýa dek çykgaç kuýaş.

Yşk derdinden hemişe ýyglaram ýere düşüp,
Ýokdur emkanym neteý ýerden götermeklige baş.

Diýdi: «Katlyň istediň kim, yşkyma basdyň gadam,
Ýok nesibiň wysalatymdan, durma indi jan talaş».

Näwikinden zehm olan bagrym ganydyr, kim akar,
Salmaňyz, eý, dostlar, bolmuş gözümden beýle ýaş.

Niçe diýsem: «Ber lebiňden jana kuty-la-emut!»,
«Noş kyl, eý, Gaýyby—diýr—hijran agysyndan noş».

### ❧ 182 ☙

Gideli ýarym, maňa hijranda gan ýutmakdyr iş,
Göz tutar men, ýagny kim barana bolar seýri-geliş.

Bu gury olmagyna jismim sebäp ondan erer,
Yşk ody ýakdy, gör, kim her ýana urdy erse niş.

Yşk era otly köňül birle, sowuk ah ile,
Ötürer men ömrümi bu nowg ile men ýaz-u gyş.

Reňňi ermesdir gyzyl ol don ki geýmiş serwi-kaddy
Gan ýaşymdan suw içip, datmyş meger ol perweriş.

Rastlykda ok kimi bol, egrilikden ýaý, gör,
Tutmuş ol iki ýakasyn, boýnuny eýlegeç kiriş.

Tirizer jan, aşyk ol waslyna ýetgeç berse jan,
Mundan artyk bolmagaý hergiz jahanda ýagşy iş.

Nala tartmakdan çeker ýar elimden, taň görme kim,
Nefheden tartyp pygan, gör, kim niçe ýarylar gamyş.

Yşkynyň täsirinden göýä şikaýat eýledim,
Ol sebäpden boldy kim ýarym garaýyp söýlemiş.

Gaýyby, gitmez köňülden ýar yşky bir zaman,
Katg edip her niçe kim menden köňül terk eýlemiş.

**183**

Tenimi yşk dagy tygy-hijran lälezar imiş,
Meger köňlünde ýaryň eýle kylmaklyk güzar imiş.

Oňa meňzär tenimni gan akyzgan zehim peýkany,
Ýagyp ýagmyr, niçük kim lälezary äşgär imiş.

Söýmegim birle köňlüm yşk odunyň şöhlesi içre,
Ýanar odun kimi, jismimi ol oda hysar imiş.

Meýi-gülgün içip, ruhsary bolmuş eýle kim gül-gül,
Meniň, gör, har hijrany niçük halym pukar imiş.

Lebiňden janyma düşen ot içre eýle kim emri,
Kylyp her lagl dek niçük ki ýyldyz dek şerar imiş.

Ajap ýok göge sowursam, ýakyp yşkyň oduna janym,
Bu ýolda men kibi ýüz-müň ýakyp jismin, gubar imiş.

Çykyp köşk üzre ýegdir halkdan çekinçä derdeser,
Baryp weýranalara kim ki mesgeni-ygtyýar imiş.

Wepasyz dünýäde gülüň wepasy ýokdugyn bilmiş,
Onuň çün natuwan bilbil pyganyn set-hezar imiş.

Salyp zülpi duzagyna, görüň, ol çeşmi-saýýadym,
Bu hile birle köňlümiň guşun ahyr şikar imiş.

Gel indi ýara tesellim et, berip jan, Gaýyby, dünýä
Seniň dek ýüz tümenler bu wadyda hezar imiş.

**184**

Ýar zülpün ruh açyp, görkezdi subhy-şam has,
Gördi erse çün ony, haýran boldy aam-has.

Däneýi-hal üzre saçyp anbary-efşan sünbülin,
Ýagny tutmaklyk üçin köňlümi kyldy dam has.

Görkezer janlar guşyn perwaz kyldyrmak üçin,
Açyp altyn halka dek her lahza lagl fam has.

Geldi ýarym lutp edip, bir jurga tutdy näz ile,
Hamdulla boldy hasyl bize imdi kam has.

Rendi-ryswa eýledi, yşk adymy Mejnun kylyp,
Nije boldy düşdi erse oda ýanyp ham has.

Ýar köýünde besi ryswaýy bolmaklyk durar,
Aşyk ähline jahan mülkünde niki-nam has.

Gaýyby, ýarym güneş dek husnun ara eýlemiş,
Kim düşüpdir aşyk ähli içre baýram kam has.

## 185

Bolmadym bir gün belaýy-derdi-hijrandan halas,
Jan dagy çykmaz nedir bolsam men ol ýandan halas.

Ýar pyrakyndan gözüm ýaşy akar her dembe-dem,
Kim pyraky ýar ile bolman bu girýandan halas.

Yşka düşen, dostlar, jandan umyt üzmek gerek,
Haýsy aşyk yşka düşdi, boldy [ol] jandan halas.

Eý, köňül, kylma şikaýaty-enduh kim döwran üçin,
Bolmamyş hiç kimse bu döwrany-enduhdan halas.

Gaýyby, ol gün öldüň, yşka düşdüň ne üçin,
Kişini yşk eýlemes bu yşky janandan halas.

## 186

Dostlar, jan berenimden lagly-handandyr garaz,
Suwsamyş jan leblerinden aby-haýwandyr garaz.

Hajat ermes ýar waspyn söýlemek tekrar edip,
Yşk ilinden ruýy-zerdi, çeşmi-girýandan garaz.

Diýmegil her ýüze bakmalykda haýran sen bu gün,
Her jähtden maksat ol husnuňa haýrandyr garaz.

Hijr oduna sabyr kyldym, dowzah odundan ne gam,
Ikisi hem bolsa bize, dagy-hijrandyr garaz.

Hijr şamyn şuglaýy-ahym çykyp röwşen kylar,
Kim garaňky gije içre şemgy-tabandyr garaz.

Bagrymy gan etdi peýkan dek ötüp müjgänleri,
Zahym urmakda tiken peýkandan ýegsandyr garaz.

Kylanym, eý, Gaýyby, ýaryň lebinden arzuw,
Pyrkat içre hasta bolan jana dermandyr garaz.

## 187

Dost, yşkyň derdini çekmek bolupdyr bize parz,
Hasratyňda ede almas bize edeý hal arz.

Niçe, kim kylsaň jepa, bizden wepadyr, eý, nigar,
Çünki her işe kasas bilgil, erer älemde karz.

Gijeler çekem pygan hijrinden, eý, jan parasy,
Nala eýlär derdime mülki-semawat ile arz.

Ha jepaga tut meni, hahy wepa kyl, lutp edip,
Her ne kim köňlüň ryzasy bar, oňa boldum parz.

Gaýyby aýdar, derdiň ýara söýle mugteser,
Ýagşy ermesdir kişige sözi kylmak tul-arz.

**188**

Eý, köňül, jan bermediň ol ýar üçin, kyldyň galat,
Ömrüňi sarp eýlediň agýar üçin, kyldyň galat.

Munça mähnetler çekip, gam jurgasyn noş eýlediň,
Bu wepasyz dünýäde murdar üçin kyldyň galat.

Bir ýola görgeç neden perwana dek köýdürmediň,
Jany-dili şuglaýy-enwer üçin kyldyň galat.

Pygly-şeýtan birle kyldyň gije-gün meşgul olup,
Haky batl eýlediň, nigar üçin kyldyň galat.

Ýüz tümen, müň nowhaýy-perýady-zary eýlesem,
Biler eken güli goýup, har üçin kyldyň galat.

Nur ýanmakdan özüňe manyg bolduň ne üçin,
Eýlediň sagy besi ol ýar üçin kyldyň galat.

Gaýyby, mähnet çekip, özüňi har etdiň neden?
Bu ýalançy çarhy keç reftar üçin kyldyň galat.

## 189

Eýläp owsapyňy, şah-a, ýazaram birniçe hat,
Galaý ol hat ýadygär, olaý bu älem içre gat.

Iştiýak wasly-didaryň bolup men, eý, nigar,
Aglaram hasrat ile aýnymdan akar eşki-met.

Ol rakyp rahzen goýmas meni didaryňa,
Ýetmegim müşgil saňa bolmyş haramy fi-weset.

Derdi-hijranyň meni öltürgisidir akybet,
Kyldygyňça zulmuny hijriň maňa kyldy şitdet.

Guş kibi saýrap hyýalyň, köňlüme salar höwes,
Hem çykar ýüz-gözüm derýasynda fi-l-misl bet.

Jany-dilden remz yşkyňa itagat eýlärem,
Her ne kim höküm eýleseň men jany-dilden boldum et.

Gaýyby biçäräniň geçgil günäsin afu edip,
Patyşadan lutp olar, guldan geler jürmi-galat.

## 190

Eý, kuýaş, andag ýaraşmyş husnuň üzre tende hat,
Niçe kim taryp kyldyň, bolmagaý hergiz galat.

Hattyň üzre hallar düşmüş mynasyp ne ajap,
Hat üze mälim olar her harp üze bolsa nokat.

Tün sowadan eser bolmasdyr kuýaşyň ornunda,
Ne ajapdyr gün ýüzi hun garaly haly-hat.

Serwi kaddyňdan görüp tagzym üçin goýmuş
«Sydky-owwal haýrul-umur» diýmiş nebi-ulla wasat.

Her tarapa rud akyzdy iki ýandan gözlerim,
Göýä biri erer Jeýhun, ýene birisi Şet.

Älemi-panyny, rehmeti-rahş birle gaty kyl,
Ýogsa bu çöl ýolda bolar köp pelek rahşy-seget.

Meýi-betn, eý, Gaýyby bezm-ähli birle nagl kyl,
Her haçan kim meý suwy içinde peýda bolsa bet.

**191**

Arzy-hal edende ýara sözlerim lafyz,
Ýagny rehm eýläp, maňa kylaý diýrem bir ýar lafyz.

Bir enaýat lafyzyňy ger dilde tekrar eýlese,
Sözlerim her bir sözünden ýüz tümen tekrar lafyz.

Mejlis içre sözlese, köňli parhdan açylyp,
Gunçaýy-handan agyzdan saçylar gülzar lafyz.

Derdi şerh etmek nedir ol lafzy-şirin gaşynda,
Daş durar ol bu köňüle salgyjy enwer lafyz.

Eýle kim şirin lebin bir tekellum başlady,
Totynyň nutky tutuldy, boldy hoş bikär lafyz.

Diýdi halyň, Gaýyby, köňlümde, bildim, aňladym,
Öpsem ol her lahza kylma diýdi köp ezhar lafyz.

### 192

Dostlar, şowky-muhapbetden ýetişdi jana hez,
Şükür, kim berdi hudawendim weli weýrana hez.

Kaýys adyn Mejnun kyldy besi husny şowkydan,
Ýetgeç özün bilmedi ol aşyk haýrana hez.

Munça kim perýat eder men, diýmez ismim ol,
Göýä dertli pyganymdan ýeter janana hez.

Nury-zulmatdan berip reň, eýlemiş bertaplar,
Hak nigarym husnunda zülpi ger efşana hez.

Ataşyn ýüz görkezip, güllere salmyşdyr nazar,
Nar ýüzüň tabyndan ýetmiş güli-bostana hez.

Taňla ýetirse gadam döwleti-sagadat birle ýar,
Ýetgisidir mömün ähl-u musulmana hez.

Gaýyby, ýarym eger jennetde jöwlan eýlese,
Husny-tabyndan ýetişgeý hüýr ile gulmana hez.

### 193

Gel imdi eýlegil, şah-a, ýüzüňden perdäni refig,
Münewwer eýleban kylgyl jemalyň lemgasyn lafyg.

Jahan halkynda hiç ýokdur jemalyň misl manendi,
Ýaratmyş subhy-päkinden seni çün ol şahy-sanyg.

Hudaýym ger ata kylsa ki pazly-rehmeti bilen,
Wysalyňa ulaşsam, diýrem ýary kylyp talyg.

Hyýalyň yşkyna düşmüş köňlüm, eý, serwi-näzim,
Mugeýet men, oňa kylman dagy hiç saňa bir rajyg.

Beladan ýüz öwürmez men, besi mäkäm hesar almyş,
Eger ýüz müň bela gelse, ony yşkyň kylar dafyg.

Günähim çoh durar, şah-a, kyýamat howlyndan, ýa, Alla!
Ne bolaý diýp meniň halym,düşüpdir köňlüme talyg.

Egerçe, Gaýyby çekdiň jepa-ýu derdi-mähnetler,
Gam ermes aşyk, işler munuň dek kim bolar wakyg.

**194**

Wah, ki ol dilber imes derdime muttaleg,
Kim urar tygy-jepa boýnuma kim langeteg.

Yşka zahyr eýleban çekse habyby perdeden,
Aşyk ähli̇n gamza tygy birle eýlär mongateg.

Dür dişi lagl hadysyn söýlesem her kanda kim,
Çün sadap bir göwheri-sirap bolgaý mostemeg.

Lutp idim bir gün meniň halyma bakmymy eken,
Kim bolarmy bu pyrak eýýamy bir gün mortefeg.

Gaýyby, daýym perişan mal istär sen neden?
Bolmady bir gün perişanlykda malyňdyr jemeg.

## ☙ 195 ❧

Kişi yşk içre hergiz bolmagaý efgar men ýaňlyg,
Ýene dert bile, mähnet bile bimar men ýaňlyg.

Sema üzre köwkepler birewiň köýünde heman,
Gözlärmi sabah olgunça kim bidar men ýaňlyg?

Görer men bilbili-şeýda kylar daň atynça efgan,
Meger ol dagy gül yşkynda eýlär zar men ýaňlyg.

Oşol Leýli bile Mejnun ötüpdir yşk jepasyndan,
Meger düşmüş olaryň başyna müşgil kär men ýaňlyg.

Kemine Gaýybyýam, gelmişem, şah-a, işigiňe,
Seniň köýüňde hergiz bolmagaý awara men ýaňlyg.

## ☙ 196 ❧

Sungy-hakdan kaddyň, eý, dilber çekilmiş bir elip,
Ol elipdir jana kuwwat, köňlüme şowky-herip.

Kuwwaty-tenler kaddyň, janlar jany husnuň eger,
Bolmasa janlar heläk, olaý idi tenler keýip.

Katra suwdan beýle surat, beýle nakgaş eýlemiş,
«Alla! Alla!» beýle hatalar, beýle husny-şerip.

Barça tertip üzre, dilber, hup ýaratmyş Hak seni,
Bu kemaly akyly-halyk, aramy owrak-zagyp.

Janyma otlar düşer, görsem ýüzüň müşgil erer,
Bu dagy hem görmesem, halym bolar esr-u zagyp.

Wagty-owkatym ýanyp bu yşk otyna jany-dil,
Mähnetiň döwranynda mundag öter zary-nesip.

Gaýyby, söwdaýy bolmyş köýi-yşkyňdan seniň,
Akyl gitmiş eýle kim, bihuş olmuşdyr lafyp.

**197**

Ötdi çemen beýle bu täze gülgüzar, haýyp,
Galdy muňalyp onda bilbili-zar, haýyp.

Andag ki gyş ileri saldy hazan çapawulyn,
Şejer ilinde goýmady hiç berg, bar, haýyp.

Panydyr, bu dünýäniň ahyr wepasy ýok idi,
Bäş günden artyk bolmady hiç kime ýar, haýyp.

Munça jahan içinde kime kim bady-ajal,
Ýetdi, sowurdy ömür harmanyn bimydar, haýyp.

Gaýyby, gel indi köňlüge tut, ýakyn
Ahyr gider bu dünýäde her ne ki bary, haýyp.

## ❧ 198 ☙

Wah, ne ötürdim bu ömrümi perişanlykda, haýyp,
Şat olup hiç bolmadym bu zary-girýanlykda, haýyp.

Ötdi ömrüm, wah, ne hasyl geçdi gapyllykda, haýyp,
Bolmadym her lahza Hak emrinde permanlykda, haýyp.

Kylmadym bir Haka laýyk iş ki, magşarda maňa
Kim rapyk olgaý idi, bidest haýranlykda, haýyp.

Dünýäge bent oldum-u aldandym onuň alyna,
Näzenin ömri beýle berdim bu nadanlykda, haýyp.

Düzmedim Hak emri birle bu wujudym mülküni,
Zaýa oldy akly-jan, bu mülki-weýranlykda, haýyp.

Gaýyby, indi puşeýman bolmagyňdan ne yssyg,
Biakyllykda bolar her iş puşeýmanlykda, haýyp.

## ❧ 199 ☙

Haktagala sungy birle gudraty-yzhara bak,
Rag˙adan gerdun ýüzünde günbedi-dowwara bak.

Dirizip bahryl-haýýatyň suwy birle dünýäni,
Ýer ýüzünde zahyr eden läleýi-gülzara bak.

Ter çemenler deşt üze peýda kylyp derýalara,
Ýagdyran ol katra senden lülü˙ýi şehwara bak.

Gijeler bidar olup, eşgin döken köwkeplere,
Subhy demde açylan hem şuglaýy-enwere bak.

Reňbe-reň donlar geýip, dünýä bezendi şowk ile,
Now arusana ajaýyp suraty-gülnara bak.

Saýraşar her birisi bir dil bile wagşy tuýur,
Bag era efgan eder, ol andalyby-zara bak.

Gül dagy handan olar, bilbile açdy gül ýüzün,
Mutdagylyk kylmak üçin gül gatynda hara bak.

Yşk tugýany bile kaknus ýanmak başlady,
Toty hem hoş hal boldy, lagly-şekerbara bak.

Hem melewşe mest olar, egri tutar boýnun mydam,
Çekdi bu mestlikde hanjar sowsany-aýýara bak.

Bag açyldy, gül saçyldy, nura gark oldy jahan,
Deşti-sähraýy tomaşaýy-dürri-diwara bak.

Gaýyby, sungy öküşdir sanygyň, goý sunguny,
Lutpy-rebbanyga ýüzlen, halyky-jepbara bak.

**200**

Meniň dek kimse ermesdir saňa, eý, simi-ten, aşyk,
Bu ýaňlyg kim bolar men kaddy-ruhsaryňa men aşyk.

Oş andag aşyky-zaram seniň şirin dodagyňa,
Ki bolmaýdyr eken Şirine şaýed kuh mekan aşyk.

Ezelden çün seniň ýoluňda jan bermäge äht etmiş,
Berer janyn saňa, janan, imesmi men şeken aşyk.

Eger istär iseň köňlümi kim ram edeli göýä,
Howaýy-wasyl edip, dildar goýnun kyl watan aşyk.

Şu ýaryň yşkyndan ýokdur kararym, Gaýyby, ýa, Alla!
Bolup men hassaýy-mejruh, zary-telbe men aşyk.

### 201

Ýary wysalyňdan pelek döwri meni saldy yrak,
Wah, kim öldürmekdedir ahyr meni derdi-pyrak.

Rehm edip halyma mähri-eltefatyň bar eken,
Bildim kim ne jähtden çekdiň özüňi gyrak.

Şahy-hajyp olmuş idim paýyzy-husnuň birle, ýar,
Bilmedim kim kança gitdi munça dag temterak.

Mähri-yşk aldy köňlümden sabrymyň aramyny,
Derdi-yşkyň hesretiňden bolmuşam mala ýatak.

Refg kyl zulmat hyjabyn, görkez, eý dilber, ýüzüň,
Arzuw çekmekligimden hetden aşdy iştiýak.

Niçe perýat eýlesem: «Bergil myradymy!» diýip,
Lutp edip arzyma, bilmen, niçe salmaz sen gulak,

Ýara jan eýläp pida, eý, Gaýyby, jan oýnagyl,
Çün ezelden aşyk ähli kyldy mundag ittifak.

## 202

Ýakdy ahyr pyrkat içre men gedany päk yşk,
Ýere deň kyldy meniň jismimi eýläp häk yşk.

Katl etmeklik üçin her dem jepa tygy bile,
Jan çykara kyldy bul göksümni päk-päk yşk.

Natuwan köňlümi her lahza esiretmek üçin,
Yhtyýarymy alyp, bolmuş durar çäläk yşk.

Ýok bary zerreçe sudy-zyýanymdan meniň,
Bir şehi-hodraýdyr, kylmaz neteý owrak yşk.

Hijr wadysynda bizi zary-sergerdan kylyp,
Köp ýügürder wasl umydy birle hoş, bipäk yşk.

Ýar pikirin hatyrymga saldy ýüz gowga bile,
Çeşmeler dek kyldy iki aýnymy nemnäk yşk.

Gaýyby, ýaryň jemalyn görkezip ýüz husn ile,
Eýledi Mejnun kibi men hastany gamnäk yşk.

## 203

Haly ermesdir başym bir lahza ez gowgaýy-yşk,
Tagna geltirgeý ýar işige akybet söwdaýy-yşk.

Jümle älem bolsa ger zir-u ziber bir katl kim,
Biz amal urgusy, biz bir terem aglaýy-yşk.

Aly hümmet zindeleriň işidir baş oýnamak,
Kim ýaraşmaz donlaryga halaty-walaýy-yşk.

Akyl, yşk ikisi bir suratda nämümkin durar,
Ikisin sygarça ýokdur başda taby jaýy-yşk.

Hümmeti-aşyk belent tutmuş weş, emma ne sut?
Gysgadyr çün kim gabaýy-ömri, bir balaýy-yşk.

Her kimiň bir özgä meýli bar, bize meýli-dost,
Her kişige kim jahanda raýsyza raýy-yşk.

Eýle kim mundag jahanda yşk galdyrmyş eliň
Gaýybynyň kim başydyr kim dagy zir paýy-yşk.

### 204

Jan pida kylmak gerek didara bolan iştiýak,
Salmagan göz äleme gije garadyr, gündiz ak.

Kim mozaregdir diýdi bu dünýäni ol Mustapa,
Dünýäde hasyl gazanyp, ahyrete kyl ýarak.

Dünýäde iş kyl, bolsun ahyrete hem refik,
Jürmi-yslam eýleban, sen düşme Alladan yrak.

Aýşy-rahat birle jennet istemek ömri-mehel,
Rahata hergiz ulaşmaz, çekmeýin jebri-pyrak.

Gaýyby, sen rehmete gerçe ulaşmak isteseň,
Kim ryzaýy-hak üçin sen dünýäni kyl üç talak.

## ❧ 205 ☙

Dilruba, hijriňe janym niçe ýandyrmak gerek,
Dili-muhapbet nesnesidir, wasla gandyrmak gerek.

Pyrkatyň köňlümden almyş takat-u sabry-karar,
Ýetgirip waslyňa fi-l-misl ony dyndyrmak gerek.

Hup huraman içre galmyşdyr köňül lutpuň bile,
Wasl umydyndan habar eýläp ökündirmek gerek.

Galdylar gam birle yşk ähli jemalyň arzuwlap,
Ýüz açyp, dilber, gedalary guwandyrmak gerek.

Diýdiler aşyklaryn ýarym jepa birle kowar,
Jan berip, eý, Gaýyby, indi ynandyrmak gerek.

## ❧ 206 ☙

Kyldyň erse göwsümi, eý, ýar, gamzaň birle çäk,
Gül ýaňlyg et, bagrymyň ganyn içmeden eýle päk.

Aňladym-u ne jähtden bagrymyň gan oldugyn
Mutdagynyň gussasyndan bolmuş erdi zehnemäk.

Rehgüzary köýüň içre eýle bu gabrymy rast,
Gähi-gähi ötende diýgeý sen: «Şehit olmuş bu päk».

Terk edip taglyty-takwalykny indi, dostlar,
Hemdemi-meýhure olmuşdyr, ýerim dürri-megak.

Ýaşagan Lukman ýaşyn sen bu kemaly-husn ile,
Janyňa bolsun, nigärim, jism ile janym pidak.

Jan bererde wesýetim budur saňa, eý, dilruba.
Köýnegimden kyl kepen, eýlärde bizni depni-häk.

Eşkim ermesdir akan her dem ýüzüm sährasynda,
Yşk içre möwjuddyr gözümden urar her dem gulak.

Gaýyby, senden jyda bolgaç, bolar jandan jyda,
Misl jan bergeý onuň dek suwdan aýrylan semek.

## 207

Eý, senem, yşkyň ýanar janymda misl nar dek,
Hem döker ýaşyn gözüm, hesret bile bimar dek,

Ne güneşdir, ýa, Reb, eý, dilber, jemalyň lemga,
Şeb legabynda görüner şuglaýy-enwer dek.

Wah, niçe tiri-kazadyr heşm ile kylgaç nazar,
Sanjylar müjgänleriň bagryma her dem har dek.

Gijeler şol hylgaty-gülzar husnuň arzuwlap,
Nalaýy-perýat eder men andalyby-zar dek.

Zehm edip yşkyň ajap awylar içirdi maňa,
Tolgunar men gijeler serkefde bolgan mar dek.

## ☙ 208 ❧

Daglar kim, dilberim, göwsümde goýmuş läle dek,
Her biri bir asy bolmuşdyr garasy hala dek.

Ol hararata nyşan budur güwähim, dostlar,
Çeken efganym ýalyn bolmuş bu dudy-nala dek.

Katra-katra kirpigim içinde duran ýaşymy,
Baglady çün eýle serdi-ahym tüşgeç jale dek.

Eý, güneş, bu suratyň nagşyn ýazar kelek sanyg,
Nuktalarydyr daman ol ýüzüňde dam-dam hala dek.

Heýl-hijranyň era bir şah dek, men dek imes,
Her bela gelse, alar tekrar bolmuş gala dek.

Gaýybyýam, eý, senem, her dem dikilmeklik bile,
Eýlemiş jismimi hijran oklary gyrbala dek.

## ☙ 209 ❧

Dilber-a, ýandym düşüp aýry wysalyňdan seniň,
Wah, ne pertow eýläýin hijri-melalyňdan seniň.

Bu hararatdan haçan tesgin tapgym, eý, nigar,
Gerçe içsem jurgaýy-lagly-zülalyňdan seniň.

Hatyryma gelmez, eý, dilber, ýoluňdan barsa jan,
Eýle esrikdir köňül şowky-hyýalyňdan seniň.

Gör zehm boldy ýaňňy aý dek bolup kaddym zagyp,
Arzuwy owwal iki gaşy helalyňdan seniň.

Gaýyby, diwanyýem maksadym oldur dünýäde,
Istärem her dem guwanaý men jemalyňdan seniň.

## ❧ 210 ❧

Ne hoş göwher sen, jan-a, habybulla zaty-päk,
Seniň üçin diýdi Hak aýat: «Hala katyl-arz we al-aflak».

Salatynlar erer gul dek musahhar hekime perman,
Bolupdyrlar topugyňy kylara barçasy çalak.

Jemalyň nurundan tapmaý eser her şam alar tire,
Ýene bisabyr olup, gör, kim ýakasyn subh eder ýüz çäk.

Gadam arş üzre goýduň, tä erişdiň Kaby-köwseýne,
Besi gudrat dili birle ajap sözleşip gürbi, bak.

Niçe tahryr kyldy erse sözi ähli wasplar,
Eger müňden birin şerhiň kyla almadylar owrak.

Melaýyklar bolup çeker aýagyň aldyna, gör, kim,
Düşer oldy deremler dek bolup enjum has-u haşak.

Howa bady huruş eýläp, kylar perýat hyýalyňdan,
Döker hesret bile ýaşyn, kylyp ýeriň ýüzün nemnäk.

Dile kim, Gaýyby şah-a ki taňla ruzy-magşarda,
Medet kylaý şapygyň, bolmagaý hatyry hiç gamnäk.

## ❧ 211 ☙

Jana ot salan mohebler yşky-şahymdyr meniň,
Ýüregimi köýdüren ol mähri-mahymdyr meniň.

Ýagmyr ermes suw dökerler gözlerimden nem alyp,
Ebr imes tutan howany, dudy-ahymdyr meniň.

Ýar jemaly gaýyp olmaz gözlerimden bir zaman,
Her ýaňa bolsam teweçjoh kyblagähimdir meniň.

Käbeýi-wasl istemekden, wah, ki zähmetler çekip,
Wadaýy-yşk içre düşdüm, güzargähimdir meniň.

Ger bu ýolda ýüz bela gelse başyma, päk imes,
Çün töwekgel kylma gamdan, Hak penahymdyr meniň.

Nasyh-a, pent etme kim: «Yşkyň goýup, zahytlyk et!»
Bil muny, biyşk zahyt olmak günähimdir meniň.

Gaýyby, yşk ähliniň resmiçe kylgyl adaty,
Barsa baş, bu ýolda bolmaklyk alajymdyr meniň.

## ❧ 212 ☙

Perdäni refg eýle imdi aç, nigar-a, gül ýüzüň,
Arzuwlap görmek üçin her lahza jany-dil ýüzüň.

Çyk güneş dek, aryzyň nuryn kylyp äleme paş,
Görsün ony, şat bolsun ähli älem il ýüzüň.

Gülşeni-husnuňy hindi saçlaryň kylmyş nahan,
Taňryň üçin tartyp aldyň, näz ile imdi syl ýüzüň.

Nowbahar husnuňa andag ki zynat eýlediň,
Gördi erse, aşyk ähli boldular bilbil ýüzüň.

Işigiňde zar bolmuş Gaýyby dek set hezar,
Görmek üçin hyzmatyňda boýny bagly gul ýüzüň.

**213**

Başga döwlet saýaýy-kaddy belendiňdir seniň,
Jana peýwent halkaýy-zülpi kemeňdiňdir seniň.

Barsa köňlüm köýüňe, eý, dilruba, Taňry üçin,
Goýma, eý, aşyk ony ryswaýy-rindiňdir seniň.

Sen şehi-aly kerem sen, kahr ile azar edip,
Ýykmagyl köňlümi, dilber, şähri-bendiňdir seniň.

Diýmenem: «Kylgyl wepa, kylma jepa», kim isteseň
Eýle kylgyl, haýsy işi keşbiň sandyňdyr seniň.

Öwliýäňge öwliýä, agdaňa agda, Gaýyby,
Çün ezelden bir jepakeş dermendiňdir seniň.

**214**

Dostlar, bermäň köňül, ýokdur wepasy huplaryň,
Her niçe kim çekseňiz, çohdur jepasy huplaryň.

Akybet jan ile dilni bermäýin gurtulmady,
Kim ki ýar erdi ezelden mübtelasy huplaryň.

Rehm kylmaklyk çü gelmez hatyryma olaryň,
Ýok durar aşyklara gaýyr ez belasy huplaryň.

Huplara mähr ile her kim ki boldy iştiýak,
Boldy andan oýnamak jan iltimasy huplaryň.

Sözleban ajyg ýylan dek zehm urarlar jana kim,
Ýagşy söz efsun birle ýok senasy huplaryň.

Aşna boldum ise, ýüz müň belaga uçradym,
Bolmagaý idim käşki kim aşnasy huplaryň.

Kylmadylar, Gaýyby, bir gün enaýat niçe kim,
Bolmuşam men niçe wagtdan binowasy huplaryň.

**215**

Ähli yrfan olmaga bu jany-dil hemdem gerek,
Yşk odundan bagry biryan, gözleri pür nem gerek.

Ähli yrfan aryfydyr köpi bilip, az sözlemek,
Özüni aryp bilen köp sözlemekden kem gerek.

Akyla sözle sözüňi her ne arzyň bar ise,
Sözleme pendi-nesihat, jahyla isim gerek.

Jahyl ähli birle bolmak isteme bir dem, köňül,
Akyl ähli birle bolmak isteseň her dem gerek.

«Aşygym!» diýp, lap urar merdudy-jahyly gördüň,
Akylyň derdine akyl hem ýene merhem gerek.

Jahyla hemsöhbet olmak akyla bir dert durar,
Akly kämil aşygyň hem köňli sadyk jem gerek.

Gaýyby, ýaryň jemalyn görmek istär sen weli,
Dost jemalyn görmäge senden gowy mährem gerek.

**216**

Gaşlary ol dilberiň mahy-helalymdyr meniň,
Şerbeti suwyn lebi aby-zülalymdyr meniň.

Halklar egnine geýen kim haryry-atlas ol,
Geýdigim yşkynda ýaryň esgi şalymdyr meniň.

Dostlar, artar besi bu kyl-u kalym yşk era,
Äleme ryswa kylan bu kyl-u kalymdyr meniň.

Many kylma, nasyh-a, ryswalygymy aýyp edip,
Telbelik aşyklyga düşen mahalymdyr meniň.

Köňlüm aýdar: «Gaýyby, geç bu belalyk yşkdan!»,
Kim bu pikiri eýlemiş, ol ham hyýalymdyr meniň.

**217**

Gamdan, eý, dilber, bu köňlümi garamy kylmadyň?
Hijr tygy birle bagrymy ýaramy kylmadyň?

Kast ile her lahza, eý, dilber, jepalar eýleban,
Hasta janymy hemişe mübtelamy kylmadyň?

Görkezip ýüz köňlümi sen zary-sergerdan kylyp,
Aýryp ten mülkünden gülli-jelamy kylmadyň?

Sen ki diýr sen «Ne üçin bolmuş durar halyň zaýyp?»
Sen maňa her lahza ýüz müň hem jepamy kylmadyň?

Bir zaman köňlümde, eý, dilber, perişan eýleban,
Gaýyby biçäräni sen binowamy kylmadyň?

**218**

Aşyk olan bu melamat donuny geýmek gerek,
Her ne gelse kim bu ýolda, janyna gyýmak gerek.

Sen selah ähli bilen bolmagy istär sen weli,
Şadymanlygy goýup, din gaýgysyn iýmek gerek.

Dünýäniň jebri-jepasyny noşdary eýleban,
Älemi alowyna ýetmäge besi köýmek gerek.

«La-ilaha!» zikri birle nebis şowkyn öldürer,
Yşk çarhyn çöwürip, jan gullasyn söýmek gerek.

Jürmi-usýandan wujudyň päk kylmak isteseň,
Ýanyban yşkyň oduna, kül kibi köýmek gerek.

Bakyban ybrat gözi birle bu älem ýüzüne,
Her jähtden bir misl öz mülküdir diýmek gerek.

Gaýyby, ger bendeýi-makbuly bolmak isteseň,
Sydk ile Hak emrine imdi boýun goýmak gerek.

## 219

Eý, köňül, bu dünýäni sanma mekanyňdyr seniň,
Ol hyýaly etme kim külli zyýanyňdyr seniň.

Dünýäde katyg köňül kyl kim howaýy-la mekan,
Dünýä mähnethana, ol daryl-amanyňdyr seniň.

Gaýry-hakdan her ne söz kim dilde tekrar eýlediň,
Älemi-manyda bil, ol hem ýalanyňdyr seniň.

Pikriň oldur şah bolup, tutsaň jahany serbeser,
Gaflat içre bir höwes batyl gümanyňdyr seniň.

Her ne kim zulum eýlediň sen bu garyplar şanyna,
Dowzahy zikriňde şol ataşy-zyýanyňdyr seniň.

Gije-gündiz dünýäniň sudy-zyýany, hesreti.
Kim diliňde zikriň-u şerhi-beýanyňdyr seniň.

Eýle bolduň dünýäniň aýşy-sururyna gurur,
Zynaty lowhaýy-tarap bagy-jananyňdyr seniň.

Bir nepesdir tende janyň, kim ki barsa garyşar,
Çün alar sen dembe-dem kim gelse janyňdyr seniň.

Kineýi-gebr gudratyndan sen içiňi haly kyl,
Eýle bil jismiňde ol derdi-nahanyňdyr seniň.

Ýagşy görme her ne kim nebsiňe geleý sudment,
Her ne kim nebsiňe hoş geleý, zyýanyňdyr seniň.

Gaýyby, gaflatda galmyş sen, howaýy hyrs ile,
Aç gözüň, indi oýan, ahyrzamanyňdyr seniň.

**220**

Akyla aşyk olan janana hoş gelmek gerek,
Akly taşlap, yşk ile diwana hoş gelmek gerek.

Aşygyň maksady Hakdan ýar waslydyr mydam,
Kimde bolsa bu hez, meýdana hoş gelmek gerek.

Aşyk olan maly-mülk, hanymanyndan ötip,
Top edip başyn bu ýolda, jana hoş gelmek gerek.

Magrypatdan lap urar sen, ähli yrfanyýem diýp,
Älemi manyda bu yrfana hoş gelmek gerek.

Kim ki soltan olmak istär Müsür tagtyna çykyp,
Gul bolup Ýusup kimi, zyndana hoş gelmek gerek.

Aşyk erseň yşky-bipaýana gark olmak üçin,
Bir ýoly guwwas bolup, ummana hoş gelmek gerek.

Jäht kyl her demde sen hyzmat bile şaýysta bol,
Kim ýar edip gul bolan, soltana hoş gelmek gerek.

Dembe-dem köýmek üçin yşk oduna perwana dek,
Aşyky-takyk olan merdana hoş gelmek gerek.

Zahyda tesbih aýtmak, dilde tesbih eýlemez,
Jany-dilden yşkyda imana hoş gelmek gerek.

Ah eden zulmatda gam birle pena deşti era,
Yşk içinde şowk ile seýrana hoş gelmek gerek.

Gaýyby, şygryňy andag sözle, huplar diňleýir,
Many sözdür döwlet, erkana hoş gelmek gerek.

### 221

Ýar bilen sen, eý, köňül, bir aşnalyk kylanyň,
Patyşalykdyr munuň dek hoşnemalyk kylanyň.

Dähr zalyn ogd kylmyş sen howaýy hyrs ile,
Ýüz garasydyr saňa bu kethudalyk kylanyň.

Gulluk üçin istegil dünýä bile ömrüňi sen,
Ýogsa nedir munça zulum, biadyllyk kylanyň.

Yşk suzydan köňlüňde dert peýda eýlegil,
Kylma zaýa ýoksa munça patyşalyk kylanyň.

Akybet jan çekmäňiz ajylyga degmegeý,
Heşmeti-jah ile müň ýyl patyşalyk kylanyň.

Zahyd-a, jan köýdürip, yşk ile takat kylmasaň,
Tebgi-şeýtandyr bu kim ryska ryýalyk kylanyň.

Bolmagyňdyr kapyr Pyrgun, Hamun birle sen,
Haktagala gullugynda biryzalyk kylanyň.

Ataşy-dowzahda daýym ýanmagyňdyr hary-zar,
Zynaty-dünýä bile bu hudnemalyk kylganyň.

Hak gaşynda şah ile ýokdur gedanyň parhy hiç,
Belki afzaldyr jahanda bu gedalyk kylanyň.

Çünki pygamber diýmiş: «El-fakr-u fahri» bir hadys,
Kim sagadatdyr saňa binowalyk kylanyň.

Gaýyby, gaýybyňy terk et, dagy halka wagyz et,
Munça gaýybyň birle nedir bihaýalyk kylanyň.

**222**

Dostlaryňa dünýäde jebri-jepalar eýlediň,
Ahyrynda kim weli mähri-wepalar eýlediň.

Eý, hudawendim, seniň hiç kimse bilmez syryňy,
Munça dürlülik halk era çün jeralar eýlediň.

Yşk ilin yşk şeraby birle serhoş eýleban,
Görkezip ýüz olara zowky sapalar eýlediň.

Dünýäde her kimsäni bir işde sergezdan edip,
Onuň ilen her birisin merhabalar eýlediň.

Kimsin yşk ataşyňda köýdürer sen hary-zar,
Kimsin magşuk edip, hoş dilrubalar eýlediň.

Birligiňle barlygyň bildirmek üçin halk era,
Enbiýalar, öwlüýäler, elgabalar eýlediň.

Kimlere berdiň jahanda mülkiýet hem yzzy çah,
Her birisini dünýä içre patyşalar eýlediň.

Birnäçäge dünýäde derdi-bela kyldyň nesip,
Birnäçäniň derdine merhem şypalar eýlediň.

Niçäni mahrum edip, dergahyňdan sürdüň ýyrak,
Kimlere gürbetde ýer berdiň, allamalar eýlediň.

Niçelerni matlabyňa wasl eýläp lutp ile,
Niçelerni gahryň ile hem jydalar eýlediň.

Gaýyby dek set-hezar natuwan misginleriň,
Köýdürip pyrkat odunda kim penalar eýlediň.

**223**

Ölmegimden gam ýaman janymy makbul eýleseň,
Istärem emma ýüzüň, eý, ýar, makbul eýleseň.

Masewa Alladan köňül şowkuny külli katg edip,
Derdi-yşkyň birle istär maňa meşgul eýleseň.

Ol ki natuwan ölümden köňlüne gam geltirer,
Ne gam olaý wasla wasyllykda makul eýleseň.

Ýara bolmagan pida jany neter sen, eý, köňül,
Jan söýüner dünýäde bir işe makul eýleseň.

Hajatym oldur jemalyň nury bilen örteban,
Kim wujudym mülküni bilgil mejhul eýleseň.

Towtamaz köňlüm guşy yşkyň hyýalaty bile,
Kim meger durgaý seri-zülpüňle maglul eýleseň.

Gaýybyga ýüz açyp magşuklyk resmi bile,
Wah, ne bolaý Gaýybyny waslyňa mowsul eýleseň.

## ❧ 224 ☙

Her zaman ýanmaklygym perwanalykdandyr meniň,
Kylganym serkeştelik diwanalykdandyr meniň.

Bozulyp köňlüm binasy hesret ile, eý, nigar,
Tartyp efgan aglamak gamhanalykdandyr meniň.

Halkdan men eltefat ülpetim kem kylanym,
Köňül üzüp dünýäden biganalykdandyr meniň.

Şowk ile her dembe-dem ol ýara jan tabşyranym,
Yşk söwdasy bile merdanalykdandyr meniň.

Köý urup her dem hyýalat serhoş oldugym,
Ýar şowky birle bu mestanalykdandyr meniň.

Özümi meşhur edip halk içre ryswa bolanym,
Wah, ki bu etwar ile rindanalykdandyr meniň.

Hal edip, eý, Gaýyby, her lahza raks uranym,
Kim bu paýyz rehmeti jananalykdandyr meniň.

## ❧ 225 ❧

Daň ýelini kylan mugattar gülzarymdyr meniň,
Röwşen eden älemi ol nury-narymdyr meniň.

Zülpi, ýüzi döwründe tün birle gündiz asman,
Zülpi ýüzi onuň leýl-u naharymdyr meniň.

Şehwarym segredip çykanda meýdan üzre at,
Atynyň tozunda jim-u häkisarymdyr meniň.

Göre menmi diýp ýüzün delmirdi gözim ýara köp,
Kim galan haýran bu çeşmi-intizarymdyr meniň.

Ol bahar-u husny görgeç gözlerim gan aglady,
Läle açylmaklyk üçin ebri-baharymdyr meniň.

Gök ýaşyn owwal kuýaş bezminde taryp eýlediň,
Gaýrysyn ýat eýlemek neçün ki arymdyr meniň.

Aty çapanda bulut kim taglydyn zahyr bolar,
Yşka ýanan köňli ýaňlyg bikararymdyr meniň.

Yşkynda göz göwherin, jan jöwherin eýläp pida,
Gaýybyga diýse ol dilber nesarymdyr meniň.

## ❧ 226 ❧

Eý, maňa lutp et ki ýary-mähribanym sen meniň,
Köňlüm içre fi-l-misl jism içre janym sen meniň.

Ger jepa birle meni bir derde kyl gahr eýleban,
Ger wepa kyl mähir ile, şahy-jahanym sen meniň.

Jilwe eýläp, dosty ragnaýy-kad bile reftar kyl,
Saýa sal başyma gel, serwi-rowanym sen meniň.

Ahy-efgan eşidip, gahar ile kylma atap,
Çünki özüm bagysy ahy-efganym sen meniň.

Jan ýanar yşkyň bile, halym saňa mälim erer,
Mähremi-danaýy bu syrry-nahanym sen meniň.

Huplar içre sen meni diwana kyldyň, eý, senem,
Onuň üçin huplar içre tanlaganym sen meniň.

Gaýyby yşkyňda oldy, sen wepasyzdyr diýdiň,
Çün ezelden şeýle tondy-hut gümanym sen meniň.

### 227

Aryzyň güldür, nigar-a, müşki-anbar käkiliň,
Rumdur husnuň beýazy, Çini-tatar käkiliň.

Garet etmeklik üçin gelmiş ýüzüň owragyna,
Kasdy-iman eýlemiş şol şowky kapyr käkiliň.

Aryzyň owragynda andag görner göze kim,
Ýazylypdyr fi-l-misl «Allah ekber!» käkiliň.

Husnuň, eý, jan, patyşahydyr onuň kim kalbynda,
Hassa köňlümde perişan haly-ebter käkiliň.

Genji-husnuň üzre ýasanmyş mussawwar salynyp,
Baş goýup jany zenehdanyňda aždar käkiliň.

Gaýyby, aldy ise boldy damagy pur huzur,
Kim açylgaç turradan boýun mugattar käkiliň.

**228**

Bahar oldy, açyldy gunçasy bagy-gülüstanyň,
Göründi her tarapdan sungy-nakgaş päk Ezganyň.

Behiştiň eksini salmyş jahanyň reňňine göýä,
Açylmyş her tarap güller, açylmyş ebri-neýsanyň.

Ýene huplar kylyp seýran, boldular her tarap nazar,
Ki geldi möwsümi-eşret jahanda hüýri-ryzwanyň.

Belent jahy-nazargahe çykyp erkany-döwletler,
Tomaşa kylaly ermiş sapasy köşgi-eýwanyň.

Diýdim dünýäge pikr eýläp: «Ajap nagşy-müsewwer sen»,
Weleýkin ýok durar ahyr wepa kylmaga peýanyň.

Wepa babyňda ýok asla seniň çün ygtyýaryň hiç,
Gaşyňda zerreçe ýok gadry pakyry, mir soltanyň.

Hany bu munça pygamber, ki Zülkarnaýyn Isgender,
Jahana höküm eden ýekser hany Şahy-Süleýmanyň.

Mugeýýet bolma, eý, gapyl, jahanyň reňňine maýyl,
Ötermiş ýaz ile, durmaz gider ýok bu döwranyň.

Behişti hüýr ile ryzwan dilärmi sen, sen eý, zahyt,
Hany barmy oňa laýyk jahanda haýr-u yhsanyň?

Kemine Gaýyby, her dem hudaýyňa kylyp nalyş,
Dilegil öz günähiňi ýene barça musulmanyň.

**229**

Ot salan janyma her dem mähri-mahymdyr meniň,
Hem tutaşan ýüregimde suzy-ahymdyr meniň.

Gullugyňda bulaşmyşam topraga ýegsan olup,
Patyşalyk birle kim bu yzz-u çahymdyr meniň.

Yşkdan dönmen eger başyma gelse ýüz bela,
Pazyl eýesidir hudaý, bihet penahymdyr meniň.

Magsyýet bazarynda söwdaýy-usýan eýledim,
Älemi weýran kylan çün günähimdir meniň.

Munça işler kim meni gümrahdan zahyr bolar,
Afuw eder ol hoş habar bu patyşahymdyr meniň.

Gaýyby, her lahza kim yşkyň oduna ýana sen,
Bilseň üşbu iş saňa pazly-allahymdyr meniň.

**230**

Köňlümin gaýgysyny dep etmäge pazlyň gerek,
Serferaz etmeklige men hastaga lutpyň gerek.

Men ki bir egsikli mazlum, maňa pazyl eýlegil,
Wah ki zulum ähline, şah-a, daýyma adlyň gerek.

Her zaman, Allahym, gaýybyňdan atap etme, maňa
Men kimi bedele hoş şepagatly bir gylygyň gerek

Ygtyýar eliňdedir kylsaň ne, kim diýseň eger,
Bize häkimdir eger goluň, eger pyglyň gerek.

Gaýyby asy guluňdyr zaty-päkiň Hak üçin,
Gul hassa kylaý ise, senden ata pazlyň gerek.

**231**

Dilber, Mejnunlyk hal aýry adymdyr meniň,
Gözlerim ýaşy gamyňda syly-matamymdyr meniň.

Wah ki bu wadyda ýol görkezmeseň men telbäge,
Bilmenem seýir edenim şahana älemdir meniň.

Salmasyn göz diýp jahan ähline basdyň gözüme möhür,
Didäm içre bu garalar nakgaşy-hatymdyr meniň.

Yşkyň içre mal-u mülk janymy kyldym sepil,
Hemdemi-ähli-sahawat içre hanymdyr meniň.

Men seniň yşkyňda men, bilmen jahan ähli tamam,
Sagynarlar köňlüm alan nesli adamdyr meniň.

Tapman waslyň sary ýol jäht edip her niçe kim,
Köýi-hijriňde ýügürmek rahy-jadymdyr meniň.

Her niçe şygrym beýan etdim ise yşkyňda ýar,
Gaýyby diýp äleme düşmüş owazymdyr meniň.

## ❧ 232 ❧

Dilber-a, jan çykdy yşkyňda, habardar olmadyň,
Zulum kyldyň bu işi, ahyr wepadar olmadyň.

Niçe kim men özümi kaýda ýesiriň eýlediň,
Sen salyp göz özgelere, maňa hiç ýar olmadyň.

Jan çykyp erdi hyýalatyň bile, eý, mahweşim,
Ölenim pähm etmediň, emma ki hüşýar olmadyň.

Gam bile hijran era sarp eýledim ömrümi men,
Şat edip bir gün meni, bir lahza gamhor olmadyň.

Gaýybyga diýmediň: «Eý, aşyky-misgin gulum!»
Kylmadyň köňlüme raýat derde timar olmadyň.

## ❧ 233 ❧

Eý, zahydy-hudbin hany şemgy-hedaýet tapdygyň?
Yşykdan eser ýok janyňa diýr sen rowaýat tapdygyň.

Diýr sen ki «Aşyk men Haka», derdi-bela ýetgeç diýdiň,
Sabyr etmän halk ähline munça şikaýat tapdygyň.

Yşk ähline derdi-bela kylmyş nesip ol patyşa,
Bu işe razy bolmasaň, ýokdur enaýat tapdygyň.

Was-wasy şeýtan erer halka nesýäni kylanyň,
Towpyky-hak ermes bu kim pend-u hekaýat tapdygyň.

Bil, Gaýyby, bu söz meniň şanyma mazel boldy kim,
Takyk imesdir ýanmasaň yşkdan seriýet tapdygyň.

## ❧ 234 ☙

Eý, sagadat merdumy, döwlet çyragyňdyr seniň,
Halyma kyl bir nazar, lutp et ki çagyňdyr seniň.

Göwsüm üzre bu tikenler kim goýup men, eý, nigar,
Derdi yşkyňda goýan synamda dagyňdyr seniň.

Eý, kaddy serwi-huraman, bir gadam renjide kyl,
Ondadyr başym ne ýerde kim aýagyňdyr seniň.

Eýle kim düşmüş mynasyp gül ýaňagyň üstüne,
Iki zülpüň bagbandyr, husny bagyňdyr seniň.

Eý, ki diýrler: «Zulmat içre bar durar aby-haýat»,
Sordum ony men bu gün şirin dodagyňdyr seniň.

Eý, güneş, kylman pisint, billah eremniň bagyny,
Gülşeni bagy-erem, dilber, ýaňagyňdyr seniň.

Gaýybynyň synasyga sanjylyp düşmüş karar,
Kirpigiň oklary bu kim bes sagdagyňdyr seniň.

## ❧ 235 ❧

Kazy-ýa, höküm eýle kim ganymny döksünler meniň,
Men «Anal-Hak» söýlär men, jismimni söksünler meniň.

Jüzbeden gör kim ajaýyp hetden aşyrdym sözi,
Imdi gelsinler, başymny dara çeksinler meniň.

Örteban jismimi, ýagny ýele bersinler külüm,
Bir nyşana küşte ýerde eýle diksinler meniň.

Läleler açan ajaýyp ruýy-sährala üze,
Katra-katra bagrymyň ganyn eksinler meniň.

Gaýyby, Mansur ýaňlyg jan pida kylgyl Haka,
Aňlaban sermesteligim yşkymy öksünler meniň.

## ❧ 236 ❧

Bahar oldy, nigärim eýlemiş seýr edeli äheň,
Açylmaz şat olup köňlüm, bolup bu nowgdan dilteň.

Içip bilbil gülüň jamyn, ki tapdy maksat ol kämin,
Watan eýläp gül endamyn, çeker efgan bolup pür heň.

Dilese tebg ger hylwat, parahat tapaý ol rahat,
Düzüp mejlis, kylyp eşret, içip hunaba meý gül reň.

Ajaýyp açylypdyr gül ki saýrar şat olup bilbil,
Mynasyp jamalar mul-mul, içere eşret üçin giň.

Eger ol saky tutsa meý, ölüleri kylar ol heý,
Salar gowgalary haý-haý, muzeýýen eýleban öwreň.

Bu çyn gözgüsi lap olmaz, muhapbetde hylat olmaz,
Köňül gözgüsi sap olmaz, gudrat bile tutsa zeň.

Gel, eý, Gaýyby biçäre, ki janyň bermeýin ýara,
Ýete almaz sen bu didara, ki ýüz ýyl dagy ýüwürseň.

### 237

Adama hoşdur jahanda halk ile bu häklik,
Hoş geler mahluga hem Allahu hulky päklik.

Öwdi Hak Gurhanda hulky päkni, kim öwmedi,
Patyşalar geçdi köp bu mal-mülk-u emläklik.

Hulky betleriň jepasyndan ajap ýok taňlama,
Ahy-zarym eşidip gögsümi görseň päklik.

Ujb ile bolgunça serkeş şatlyk birle gurur,
Ýagşydyr misgin bolup çekseň eger gamnäklik.

Wah, ne hupdur päklik birle hudaga ýalbaryp,
Häklik kylmak, ýene hem du gözin nemnäklik.

Hüýi-hulky päklere jan pida kylgyl mydam,
Kylmagaý sen olara zynhar sen şekgäklik.

Jany-dilden, Gaýyby, sen Haka gulluk eýlegil,
Bendelikden ýagşydyr kylmak kişi çalaklyk.

## ❧ 238 ☙

Pyrkatyň tupanydan gutulmady başym meniň,
Wah, ki tupan dek akar hem dembe-dem ýaşym meniň.

Gussa ýutmakdyr rakyplar elinden daýym işim,
Mähnet agysyndan etmişdir huda işim meniň.

Şugla çekgen saýyma yşk ody ýüregim her zaman,
Hes kimin tutaşyban ýanar içi-daşym meniň.

Wada-ýu hijriňde gam birle giriftar olmuşam,
Diýgeli ýokdur, neteý, älemde syrdaşym meniň.

Gaýyby, bu ýaşyryn derdim meni kylmyş kebap,
Dudum äleme çykadyr, gözdedir ýaşym meniň.

## ❧ 239 ☙

Yşk iline ýetmegeý köýüňde azarym meniň,
«Syrry-yşkym paş kyldyň» diýse ol ýarym meniň.

Ger ýeter bolsa zerer köýüňde bolanlara kim,
Bolmasyn hergiz dagy ömür wepadarym meniň.

Ger melamat ýetse, ol pakyr ähline kylsam pygan,
Kim pida bolsun olara jany-bimarym meniň.

Wah, ki näzikdir, nigärim, köňli bolsa menden teň,
Nişe toprak olmaz uşbu jismi-efgarym meniň.

Niçe bir eşkim akyp, il sabry-binýadyn ýykar,
Käşgi bolgaýdy akyp jismi-hummarym meniň.

Derdi-mähnetler çekip ger wasly-ýar el bermese,
Ne bolar älemde indi ýok ile barym meniň.

Eý, ajal, kylgyl pena tygy bile jismimi çäk,
Galmasyn asla jahan mülkünde esarim meniň.

Gaýybyga tutma, saky, bu zaman eşret meýin,
Çün katyg esrikdir ol mahbuby-humarym meniň.

## 240

Dawy-yşk eýleban yşk ile zar olmak gerek,
Ýaryň derdi bile ol bikarar olmak gerek.

Her niçe eýläp jepa, magşuk ony eýlär serwer,
Ýüz öwürmeý köýünden umydygar olmak gerek.

Gije-gündiz armaýyn matlubyn istäp elmydam,
Arzuwy-wasl tartyp intizar olmak gerek.

Ýaryň şemgy-jemalyn hatyryňda sagynyp,
Yşk oduna ýanmaga perwanawar olmak gerek.

Ýar wejhin her jähd-u jahanda eks eýleban,
Ýüz goýup sähralara Mejnun şygar olmak gerek.

Aşyky didar olan her ýüze maýyl olmasyn,
Jan berip didar üçin biygtyýar olmak gerek.

Gaýyby, ýar arzuwynda aşyky-takyk iseň,
Baş goýup meýdana ähli yhtyýar olmak gerek.

**241**

Zahyrym ger gunça dek il içre handandyr meniň,
Leýk bagrym hijr ilinden dop-doly gandyr meniň.

Üzmedim bir gunçasyn, duş oldy janym oklara,
Zulmaty hijranda işim ahy-efgandyr meniň.

Söýle, eý, hemdem, maňa her niçe zaryň bar ise,
Hiç meni dyndarma kim derdim perwandyr meniň.

Kyldylar senden jyda ahyr çü mekr-u al ile,
Diriligim hijriňde, eý, mah, sanma asandyr meniň.

Hijr era gam bile işim ahy-efgandyr meniň,
Esri-bimar olmuşam derdim perwandyr meniň.

Tartyp efgan ýyglamakdyr işim her ruzy-şeb,
Köňlüm andag boladyr, halym perişandyr meniň.

Muddagydyr waslyna hemdem şeraby-yşk ile,
Kim nesip gussa ýutmakdyr weli gandyr meniň.

Hesretim ýar oldy, halym boldy gün-günden beter,
Arzuwdan gözlerim lahza giryandyr meniň.

Takatym tak oldy, yşk odunda janym ýandy päk,
Bu hararatdan ýüregim, gör, ne biryandyr meniň.

Kyl nazar, eý, dilruba, müjgänleriňiň zähminden,
Hasta jismim zerre dek hem zähmi-peýkandyr meniň.

Zulum tygyn alma ele Gaýybynyň kasdyna,
Bir yşarat eýle kim işim asandyr meniň.

## 242

Niçik köýüňe, eý, Leýli, atap eýläp meni sorduň,
Ýene diýdiň ki «Mejnunym!» başymy göge ýetirdiň.

Pyrak oduna örtenen wujudym gap-gara görgeç,
«Ne bendedir bu gul baryp-geler kaýdan?» diýp sorduň.

Töwekgil galkanyn tutdum başyma saňa her niçe,
Bela daşyny gahr eýläp, başym üzre ki ýagdyrdyň.

Hyýalyň birle köňlümiň guşy hergiz howalanmaz,
Meger kim hijr ody birle ganatymy köýdürdiň.

Köňül bagyňda men niçik güli-wysal arzuw kylgum,
Ýykyp diwaryny niçik ki umydymy syndyrdyň?

Pelek jebri, gamy-hijran ýene enduh döwrany,
Salyp ýüz dürli, eý, aşyk, belalar başyna getirdiň.

Meni kowma, gel, eý, piri-mohegeg bada içdiň diýp,
Ki döndüm, toba kyldym, bu işlerden ki ýazgardyň.

Jahan bagynda hiç bir gül açylmaýdyr wepa bermän,
Niçe, eý, bilbili-nadan, pyganyň hetden aşyrdyň.

Sapar kyl, Gaýyby, jäht et, gadamdyr jan, baş oýnaban,
Galar sen bu uzak ýolda ki tagjyl etmeýin durduň.

### 243

Eý, ki tutmuşdyr diýer sen saky jamy mal-mal,
Çün eşitdi uşbu sözi, geldi köp bize hyýal.

Girdik oş meýhanaýy-yşk içre, olduk bir semag,
Boldy bu meý nyşanasyndan köňlümiz hoş, bimelal.

Ýar pazyl etse kerem birle onuň elindedir,
Jurgaýy-gaýeti-nemadan bize bir aby-zülal.

Ne ajapdyr kim eger bolsam pida bir jam üçin,
Jan bermek arz eder, ol meý kime bolgaý halal.

Göwheri-maksad istär bolsaň, eý, haýran köňül,
Şişeýi-emgegi başyga çek, dagy derýaga sal.

Her kimiň ýok durar bu dünýä birle ülpeti,
Birdir onuň gaşynda ger bolsun atlas, hah şal.

Sopy iseň, tutgyl sapa ähli etegin sydyk ile,
Söhbet ähli sapadan tapdy tapganlar kemal.

Her kim Eýup dek sabyr etse ýaryň jebrine,
Lajerem hoşnut bolup, tapgysydyr ahyr wysal.

Aryp olsaň, bir sowala bere sen ýüz müň jowap,
«Ýa, hüw!» Bu söz birle kylaý sen eda ýüz müň sowal.

Kylmagyl sen aşyky-ýaryň jemalyndan heder,
Hak Rahymdyr eýlegeý kylsa jelalyna jemal.

Isteseň ýaryň jemalyn, bize kim ýok irse jan,
Bermeýin ýaryň wysalyn istemek emri-mahal.

Gaýyby, bilgil, bu sözler her kime kylmaz eser,
Çün biler bu sözleri her kimde bolsa şowky-hal.

**244**

Eý, ki diýr sen köňlüňe her lahza köp örtenmegil,
Gözi huplar saryga salmakga köp öwrenmegil.

Imdi kim düşdük birewiň yşkyna, bişdik ýanyp,
Her zaman eýläp şikaýatlaryna küňrenmegil,

Isteseň ger ýaryň waslyna wasl bolgaý sen,
Her bela gelse başyňa yşkdan tebrenmegil.

Ýar eger ganyň dökere alsa eline tygy-tiz,
Sen boýun nägah puşeýman bolmasyn, güýmenmegil.

Ýara ýetir, Gaýyby, jandan seni eýleý halas,
Derdi-hesret birle köp zähmet çekip emgenmegil.

**245**

Eý, meni yşk içre bisabyr-u karar eden, köňül,
Ygtyýarymy alyp, biygtyýar eden, köňül.

Hatyrymy wadaýy-wasl ile hursant eýleban,
Bu umyt üstünde bihed intizar eden, köňül.

Yşk destanyn kylyp bilbil kimin äleme sen,
Gije-gündiz derdi-gamdan ahy-zar eden, köňül.

Nala çekmekden özün ryswaýy kyldy äleme,
Il gaşynda bizi ahyr şermisar eden köňül.

Gaýyby, ýüz müň höwesleri geltirdi başyma,
Bizi salyp oda, özün bir kenar eden köňül.

**246**

Bolmagyl zalym sen, eý, akyl, mazlum bol,
Goýma şeýtana wujudyň, mülküne mähkum bol.

Pähm kyl sen dünýäde ýagşy, ýamanyň baryny,
Ylym içinde belli sen bir alymy-mälim bol.

Halka ýetir many dehlinden kylyp nepi-nowa,
Her kime kim duş bolsaň, döwlete hem ýom bol.

Ömrüňi ötürme it dek pasyky-pasyklyk bile,
Hak ýolunda toba kyl, päkize hem mahsum bol.

Menligi-kebir tekepbir birle bolma, Gaýyby,
Aşyky-misgin, hem derwüş, hem mazlum bol.

## 247

Düşmesin gözüne, eý, zülpüňi ham-ham eýlegil,
Şana eýläp sen ony ýüzüňe derhem eýlegil.

Gül ýüzüň üzre saçyňy kim çemene meňzedip,
Sep ýene gül suwuny, üstüne şeb-nem eýlegil.

Senden aýry ýok durar sabrym, kararym, eý, senem,
Aşyky bidilni hem gül ýüzüňe hemdem eýlegil.

Derdimi yşkyň gamy, eý, ýar, her dem artdyrar,
Şerbeti-laglyň bile derdime melhem eýlegil.

Eýledi hijri-pyrakyň köňlümi mahzun, ýar,
Waslyna wasl kylyp, aşygy bigam eýlegil.

Wagdaýy-waslyňa jan berdi, nigarym, Gaýyby,
Seýr edip üstüme gel, gabrymy horram eýlegil.

## 248

Janyňy ber ýara sen, bolma bahyl, eý, köňül,
Yşk ile bolgul azyzy, zar-zelili, eý, köňül.

Syrry-hakykatda bol, syrry mähekler bile,
Söhbeti-janandan bolma katyl, eý, köňül.

Çün, kim almazlar, biliň, hylgaty hem abyda, şükür,
Kylmasa Eýup kimi sabr-u jemil, eý, köňül.

Her nepese eýlegil müň şüküri hem, eý, merdi-hak,
Berse saňa her dem lutpy-Jelil, eý, köňül.

Kyl kepaýatyň manysyny hem pähm edip,
Barça iş içinde bil Hakyň wekili, eý, köňül.

Kyl sapar esbabyny göçdi bu kerwen öňi,
Çekmez ajal diýdi diýp göwsüni rehili, eý, köňül.

Gähi harabat ile, gähi mynajat ile,
Gaýybyny eýlegil ibni Esbili[1], eý köňül.

**249**

Mähnet-hijriňde, dilber, zary-girýandyr köňül,
Eýle köýmüş yşk oduna, wah, ki birýandyr köňül.

Pyrkatyňdan gijeler perýat edip, gan aglasam,
Gözlerimden sili-eşk akdykça weýrandyr köňül.

Goýmaz ahwalyma diýr diwanaýy-hudraý erer,
Her ne istär bolsa öz başyna soltanydyr köňül.

Gunçaýu kim meýl eder, tartar köňül ol ýana kim,
Kim diýmes kim uşbu iş müşgile asandyr köňül.

Jemgy zülpüňi tapyp, her ýan kylyr bil topraga,
Reşkiden ony görüp haly perişandyr köňül.

[1] Esbil — Ýunus pygamberi göz öňünde tutýan bolmagy mümkin.

Yşk soltany muazzamdyr hyýaly ustuwar,
Hyzmatyňda akly-sabrym bende-permandyr köňül.

Kast eder almak üçin janymy jady gözleriň,
Wah jellatlar jelalyňdan hem asandyr köňül.

Gaýyby, geldikçe köňlüme höwesi ýarymyň,
Kim hyýalat içre şat olmuş huramandyr köňül.

### ❧ 250 ☙

Eý, köňül, tugýan et, yşk ile perwaz etmegil,
Kakma janym dert ile her dem nowa saz etmegil.

Lamekanyň burçuna seýr etmek istär sen eger,
Ýara jan tabşyrmaýyn, ol ýere perwaz etmegil.

Göwher istäp hijri-bipaýana kim bolduň garyp,
Bu many genjine sen her ne hemraz etmegil.

Derd ile perýat kyl gadry-günähiňni kylyp,
Dembe-dem artar pyganyň gadryňy az etmegil.

Jepaýy-nebis ile galmyş, sen giriftar, eý, köňül,
Kim howaýy-nepes ile özüňi şahbaz etmegil.

Çek başyňdan bu temenna birle gaflat perdesin,
Bu gurura ile özüň her dem serperaz etmegil.

Hesretiňde, Gaýyby, jan çekse töhfe oturar,
Sen kabul eýle nyýazyn, dilberim, näz etmegil.

## ❧ 251 ❧

Ger kabul etseň, ýoluňda jan pidadyr, ýa, Resul,
Ýetmek istär waslyňa köňül gedadyr, ýa, Resul.

Hak gaşynda egsigim çohdur, günähim bihet,
Kim dilär men şepagatyň pazly-hudadyr, ýa, Resul.

Derdi-yşkyň janyma ýüz müň beladan ýeg durar,
Her ne yşkyňdan jepa gelse wepadyr, ýa, Resul.

Her kişi kim jan ile dilden seni söýmez ise,
Dünýäýi-ukbyda ol ýüzi garadyr, ýa, Resul.

Şepagatyňy, ýar, kylgyl ruzy-magşarda maňa,
Jürm ile bu hasta janym mübteladyr ýa, Resul.

Gaýry-yşkyňdan ýakyn bildim her iş kylsam talap,
Zerreçe kylmaz esef külli ryýadyr, ýa, Resul.

Saçyňy «Wa Leýl!» diýmiş, Hak ýüzüňi «Wazzyha»,
Hatty-halyň şanyna arşy ustuwardyr, ýa, Resul.

Şerh kylmaklyk seni çün parz-u wajypdyr bize,
Niçe kim şerh eýlesem «Ýa Alla!» rowadyr, ýa, Resul.

Hak söýüp öz nury-päkinden ýaradar seni,
Iki dünýä bir saçyňa kem bahadyr, ýa, Resul.

Kapyryň müňkürlerine munça mugjyza görkezip,
Dine geltirmek saňa çün muntahadyr, ýa, Resul.

Haýsy kapyr zalymyň köňlünde bagzyň bar ise,
Ýer bilen ýegsan oşol tepbetidedir, ýa, Resul.

Azmy-magraç eýleseň, hezreti-wysalyňdan ýaňa,
Çagyraňda Jebraýyl kemter gedadyr, ýa, Resul.

Gördi bolmaga lega hem köýdi Musa, Tur hem,
Ýüzbe-ýüz sözleşmäge takat sendedir, ýa, Resul.

Derdi-yşkyňdyr hemişe hajatym Hakdan meniň,
Çün günähim renjine derdiň şypadyr, ýa, Resul.

Gelmedi ykrar edip saňa Ebujähl Lagyn,
Tä ebet ýedi tamug aňa sezadyr, ýa, Resul.

Her kimiň köňli guşy yşkyň bile eýlär howa,
Menzili mä˙wasy onuň bil gulladyr, ýa, Resul.

Menziliň çün Käbeýi-kowsun ile owaza durar,
Desti-gudrat birle eliň merhebadyr, ýa, Resul.

Hiç närse dünýäde dagy kefaýet eýlemez,
Aşyga görkez jemalyň, kyl kefadyr, Ýa, Resul.

Barmagyň şakkyl-kamar diýban yşarat eýlegeç,
Müňküre daýym işiň mugjyznamadyr, ýa, Resul.

Otuz üç müň leşgeriň, eshap dört ýar seniň,
Bir «elip», üç «aýn» kim şol murtuzadyr, ýa Resul.

Rehm kylgyl bu şikeste Gaýyby, biçäräge,
Işigiňde bir gedaý binowadyr, ýa, Resul.

## ❧ 252 ☙

Eý, köňül, gelgil ki bu diwanalar dek bolmagyl,
Ýara hemdem bolawer, biganalar dek bolmagyl.

Nebsi zalymdyr saňa, jebri-jepalar köp çekip,
Yşk oduna ýanyban perwanalar dek bolmagyl.

Kim bizi yşk oduna jananalar dek salagör,
Ýan bu gün yşk oduna, nefsanalar dek bolmagyl.

Dembe-dem zowky-sapa birle özüň magmur kyl,
Mähneti-dünýä bile weýranalar dek bolmagyl.

Gaýyby, sen nebis ile şeýtana berme köňlüňi,
Lap edip bihuda hem efsanalar dek bolmagyl.

## ❧ 253 ☙

Eý, köňül, şowk ile jandan bir nowa saz eýlegil,
Lamekan burçuna imdi azmy-perwaz eýlegil.

Jan guşun hemrah edip, ol ýere teýran eýleseň,
Yşk tupany bilen uçmagy demsaz eýlegil.

Jan içinde sakla pynhan syryny ol dilberiň,
Aşyky-sadyklary özüňe hemraz eýlegil.

Gizlin derdiň ýara arz eýle, mynajat eýleban,
Hezretiňde kim nyýazyna ýene näz eýlegil.

Wujut içre ger wujudyň mülküni seýr eýleseň,
Älemi-magnyda özüňi serperaz eýlegil.

Mähneti-derd ile matamda ki galmyş sen eger,
Gülşeni-husnuň açyp, älemi gülzar eýlegil.

Gaýybyga gaýyp mülkün keşp edip, eý, dilruba,
Gülşeni-husnuň açyp, älemni gülzar eýlegil.

## 254

Saldy başyma hazan mülkünde gowgasyn köňül,
Zahyr etdi ýara bolan barça söwdasyn köňül.

Tartyp efgan derdine, çäki girýan aglady,
Hatyrynda sagynyp ol serwi ragnasyn köňül.

Tä şah ol gün yşk binýadyny agaz eýledi,
Terk edip, külli jahandan açdy arasyn köňül.

Çün hyýaly bu durar kim ýara jan kylgaý pida,
Baglamyşdyr yşk era bu işe yhlasyn köňül.

Gaýyby, pany wepasyzdyr, takyk aňlamyş,
Onuň üçin eýlemiş terki-teberrasyn köňül.

## 255

Eý, köňül, gam ýetdi jana, tartyp efgan aglagyl,
Düşdüň ol ýardan jyda, bolduň perişan, aglagyl.

Eý, göz, ol ýüze meýl kylmak bile röwşen idiň,
Boldy gaýyp indi kim ol mahy-taban, aglagyl.

Gam tünüdir ol gülüstany jahanyň sagynyp,
Eý, köňül, bilbil kimin her dem perwan, aglagyl.

Eý, bulut, dürli pyganymy eşit sen dagy,
Eýleban hem dertlik biheddi-paýan aglagyl.

Pyrkat eýýamy mütewwel boldy hijran derdinden,
Galmady takat saňa, eý, hasta jan, gan aglagyl.

Gaýyby, çeşmiň akdygynça gözüň ýaşyn döküp,
Muňlanyp her dem pyganlar birle çendan aglagyl.

**256**

Dilruba, halym görüp, ahy-efganym diňlegil,
Hesretiňden ruzy-şeb aglaganym diňlegil.

Bir ýana jebri-pelekden, bir ýana jebri-rakyp,
Müşgül olmuş halym, eý jany-jahanym, diňlegil.

Çoh jepalar görmüşem yşkyňda, eý janana, kim,
Men saňa arz eýläýin şerhi-beýanym diňlegil.

Hatyrymda derdi-gam mesgen tutup, eý, dilruba,
Tä kyýamat çykmaz ol derdi-nahanym diňlegil.

Gurady jismim eger laglyň suwun içirseň,
Ýandy yşkyň ody birle çykdy janym, diňlegil.

Ilni ýyglatmyş pyganlar kim çeker men gijeler,
Rehm edip halyma sen, eý, mähribanym, diňlegil.

Gabyr içinde bolmagaý täsiri-yşkyň bir tarap,
Toprak olsam nalaýy-ruhy-rowanym diňlegil.

Sudum oldur, waslyňa ýetsem, zyýanym ýetmez,
Uşbudyr bu kim diýdim sudy-zyýanym diňlegil.

Gaýyby, derdin beýan etsin, kerem kyl, nazm ile,
Birniçe beýti gazal, eý, gülüstanym, diňlegil.

### 257

Sopulyk lapyny uran gel içiňni sap kyl,
Sap edip içiňi, ondan soňra ondan lap kyl.

Tagatym Hak hezretinde ger kabul olsun diýseň,
Bir pakyryň köňlün al, şepagat bile eltap kyl.

Aryp bahry-magany bolmak istär sen eger,
Göwheri-maksadyň istäp aklyňy serrap kyl.

Hak diýdi perwerde kyl, nebsiňi endaza bile,
Diýmedi kim iýip-içip, haýwan kimin isrip kyl.

Akyl ile köňlüňi sen ylym içre mizan eýlegil,
Parh edip ýagşy-ýamany, adlyň bile ynsap kyl.

Isteseň garyşmak ol ähli weliler sapyna,
Yşk ile berhak bol, nebsiňe estelap kyl.

Gaýyby, şägirt olup, ustada kim çekdiň jepa,
Gel, eý, hünär harç edip, many sözün esnap kyl.

### ❧ 258 ☙

Bir jepaçy ýar üçin bolmuş durar gurban köňül,
Istäp onuň waslyny ýetmez, neteý, her ýan köňül.

Diýmäňiz kim «Munça perýat kylmaklyk nedir?»,
Yşk ody içre bolupdyr her biri bir ýan köňül.

Wasly-bagy içre girmeklige kylmyşdyr höwes,
Başlamyş bilbil kimin destan düzüp efgan köňül.

Gije-gündiz ýar diýip her ýan ýüwürmekdir işim,
Wäh, ki boldy wasly-umydy birle sergerdan köňül.

Geldi hijran leşgeri, kim kyldy tarajy esir,
Düşdi teşwüş içre, boldy akybet weýran köňül.

Yşk was-wasynda aklym jem ede alman hyruç,
Eýleban boldy perişan biseri-saman köňül.

Gaýyby, her niçe istäp, derdine tapmaz dowa,
Galdy ýüz müň derdi-mähnet birle biimkan köňül.

### ❧ 259 ☙

Oda düşmüş ýanadyr her lahza janansyz köňül,
Eýle kim biçäredir, dert ile dermansyz köňül.

Hatyrynda sagynyban ýar waslyny elmydam,
Bolmady paryg ýene mähnetde armansyz köňül.

Yşk tartyp şuglalar synamy ýakmadyr işi,
Şeýle kim bir lahza bolmaz ahy-efgansyz köňül.

Ýalkydypdyr il gulagyn nalasyndan ruzy-şeb,
Nala kylmaz her haçan bil bagry biryansyz köňül.

Diýip imiş «Sen wasl umydyn kylmasyn menden tama,
Kim ki bolmyş bolsa dünýä içre hijransyz köňül».

Bermişem köňlümi sen soltany-älemge bu gün,
Bolmasyn hergiz jahan mülkünde soltansyz köňül.

Gaýyby, derdiň perwandyr, gözüňden ýaş akar,
Aglamaz älemde, bil, derdi perawansyz köňül.

**260**

Diňlemez her niçe dilber tartyp efgan aglasam,
Rehm edip aglar meniň halyma döwran aglasam.

Ahym odundan heder eýläp, çekip ýüze nykap,
Gök ýüzünden suw seper hurşydy-taban aglasam.

Nalaýy-dil suzyma daşlar erir Mejnun dek,
Kuhy-deşt içre eger nagah perawan aglasam.

Hesretiňden köý urup başyma ah etsem gaty,
Diýme paş etdiň syrym, taglyty-janan aglasam.

Göz-ýaşym akmakdan eýlär iki ýanymy şikaf,
Ýyglaşar Ýakup dek hem Beýtilhazan aglasam.

Ýusubymy sagynyp, perýat kylsam dert ile,
Derdi-bitakatlygymdan sili-müjgän aglasam.

Paş eder yşkyň junun birle ki gözýaşym akyp,
Ýar syrryn, Gaýyby, her niçe pynhan aglasam.

**261**

Ne ažapdyr ýar eger görgeç ýüzün «Ýa, Hüw!» diýsem,
Gaşlaryňy Aýa meňzetsem, gözüň ahuw diýsem.

Arzuwy lebleriňden teşneem, halym harap,
Jan geler agzyma, laglyň hesretiňden suw diýsem.

Köýdürer pyrkat odunda janymy yşkyň gamy,
Taň imes hijriň azabyn nar eger tamug diýsem.

Wah, ki gizlär sen kaddyň nahalyn gözümden elmydam,
Her niçe kim seýr diýsem, mesgen kenary juw diýsem,

Gaýybyýam bolmuşam bimar, bilmez sen weli,
Şerbeti-laglyň bile kyl derdime däru diýsem.

**262**

Aglamyşdyr dözmeen derdime çendan gözlerim,
Dolduryp ýeriň ýüzüne sili-müjgän gözlerim,

Gark edipdir suw tutup, älem ýüzün tupan dek,
Ança kim dökmüş durar eşkin perawan gözlerim.

Akybet paş etdi syryn yşk tugýan eýlegeç,
Aglar erdi daýyma ahysta pynhan gözlerim.

Boldy yşkyň derdinden bagrym ezilip suw kibi,
Katra-katra delmirip doldurdy peýman gözlerim.

Çeşmelerdir, Gaýyby, gör kim ýüzüm sährasynda,
Akyzar ýaş dagyndan suwlary her ýan gözlerim.

**263**

Dilruba, yşkyň gamy bisýar ekendir bilmedim,
Men diýdim asan imiş, duşwar ekendir bilmedim.

Gülşeni-husnuň tama eýläp, besi kyldym jäht,
Güle deger-u sed-hezeran har ekendir bilmedim.

Jan guşun mähir tanapy birle peýwent eýledim,
Aldy janym ahyr ol fiddar ekendir bilmedim.

Sagynyp yşkyňy kim kyldym ýene hem bir nepes,
Kasdy-janym alyjy aýýar ekendir bilmedim.

Gaýyby, pyrkat odunda ýandy janym, neýläýin,
Munça mähnet alnymyzda bar ekendir bilmedim.

## ☙ 264 ❧

Hijr era gam birle işim ahy-efgandyr menim,
Esr-u bimar olmuşam derdim perwandyr menim.

Tartyp efgan aglamak durar işim her ruzy-şeb,
Köňli andag natuwan, halym perişandyr menim.

Mutdagydyr waslyna hemdem şeraby-aýyş ile,
Köňlüm andag natuwan, halym perişandyr menim.

Hasratym ýar oldy, halym boldy gün-günden beter,
Arzuwyndan gözlerim her lahza girýandyr menim.

Takatym tak oldy, yşk odunda janym ýandy päk,
Bu herardan ýüregim, gör ne birýandyr menim.

Kyl nazary, eý, dilruba, müjgänleriňiň zähmiden
Natuwan jismim zerre dek zehmi-peýkandyr menim.

Zulum tygyn alma ele, Gaýybynyň kasdyna,
Bir yşarat eýlegil kim işim asandyr menim.

## ☙ 265 ❧

Men diýmez men kim hakykatda müjella-owwalyem,
Ýarymyň itleriniň iti, gulunyň gulyem,

Dilberim keşweri-husn içre erer şahy-azym,
Men onuň tabgy-ýu permany içinde iliem.

Çün hytap içre «Elbüsti-bi- rebbikum» diýdi Hak.
Yşk ili nä ki diýdi, men anlary jeliliňle jeliýem.

Akly-huşumny, ýene janym ýesir eýlemişem,
Derdi-yşkyň bile söwdazada men bir weliem.

Gaýybiýem, senem-a, boldy tenim häk ile teň,
Käbeýi-waslyň üçin gülni çekip ölgen ölüem.

### 266

Wysalyň aşraty zowkyn gamy-hijrana degşirdim,
Bozup binýady-aýşym külbeýi-yhsana degşirdim.

Şeraby-lagl istäp, gussadan ganlar ýutar men kim,
Ki ýetmeý aby-haýwany, görüň, kim gana degşirdim.

Jigerden gan akyp, gülgün edipdir gözlerimi gör,
Düzüp lülüýi çeşmim rişteýi-merjana degşirdim.

Salahy-zahyd birle aşraty-meý birle işim ýok,
Ötüp meýhana, mesjit nepini weýrana degşirdim,

Ýüzün enwardan şebgüwne saçyn refg edip göýä,
Açyp küprana zülpün, Gaýyby, imana degşirdim.

### 267

Pyrkat içre, eý, senem, ýokdur gamyňda rahatym,
Derdi-hijranyň bile bir ýyl geçer her sagatym.

Arzuw kylmakda husnuň jan ýetipdir agzyma,
Bir nazar kyl Taňryň üçin, aşufta bolmuş halatym,

Kylma pynhan perdeýi-geýip içre özüň, eý, nigär,
Aç ýüzüň, görkez jemalyňy, rowa et hajatym.

Merhemet eýläp, nazar kylgyl enaýat babyndan,
Kim diläp waslyň ýügürmekdir hemişe adatym.

Köýi-yşkyňdan berip elden serenjam ile,
Ferudeýi-ahad galmyşam, gitmiş bu jümle-alatym.

Şyh Pany dek başym ýerden götere almanam,
Eýle kim yşkyň ýüki kylmyşdyr ham kamatym.

Gaýyby, derdi-efganym eşidip andalyp,
Nala eýlär ol dagy diýmişdir aňa apatym.

**268**

Çün sagyndym pazlyňa, eý, patyşah zülkerim,
Saklagyl pazlyň ile men şerri-şeýtan errajym.

Ýa, ilaha, rehmet eýläp, towpygyň ýar eýlegil,
Kim seniň ismi-sypatyňdyr ki towaby-err ahym.

Beşeri ki biweziri lem-ezel sen la ezal,
Entehadan enteha sen der ezel haýýul-kadym.

Ger hüjüm eýläp hyýalyň gelse köňlüm şährine,
Ol maňa ýegräkdir hem hüýri-jennet el-nagym.

Her kimi bir köý ile gark eýlemişdir serbe-ser,
Älemi-yşkyň tutup fi-l-misl derýaýy-azym.

Köňlüme zowky-sapa hem janyma rahatça bar,
Niçe kim düşse başyma köýi-yşkyňda elim.

Gaýyby, biçäräni, şah-a, penahyňda tutup,
Sen halas et men azaby-elkebir men nary jehim.

### 269

Serwi-ragnadyr kaddyň, husnuň gülüstany erem,
Mesendiň jennet, jemalyň hüýr, özüň şahy-kerem.

Çün rekabyň semagy Hakdan temenna eýledi,
Tapdy ol dürri-hazany şükür edip mülki-horram.

Arzuwlar idi pelek daýym aýagyň topragyn,
Totyýa kyldy gözüňe arş üze basgaç gadam.

Ne pelekden ýokary çykdy, kylyp keşfi-hijap,
Merheba eýläp besi razyňy suzy-şeddiň bu hem.

Hak seniň hoşnutlygyň çün eýledi bu älemi,
Ýogsa hergiz bu wujuda gelmegeý erdi adam.

Ýer ýüzünde zahyr etdiň bu şerigat ylmyny,
On sekiz müň älem ählin tutdy hökmüň dek galam.

Gaýyby, şah-a, şapygyňdan umyt ýowmy-haşr,
Hoş eder köňlüni bu umyt ile her dembe-dem.

## ❧ 270 ☙

Eý, senem, görkez ýüzüň, men aşyky-haýran şewem,
Ýüzüňi görkeztmeseň, men natuwan girýan şewem.

Gül ýüzüň görmek üçin, bilbil kimiň gan aglasam,
Wah, ki men der yşky-tu misuzemu-birýan şewem.

Lutp ile rehm eýlegil men natuwan biçäräge,
Sed bar şükri-tu kunem, ez şowky-tu handan şewem.

Älemil-gaýpdan çykyp, gün dek tulug etse ýüzüň,
Ferýad kerde ber zemin hudra ze gam galtan şewem.

Görkez hedaýet ýoluny ez fazly hud, ýa, Reb, mera,
Der mejlisi hasany-tu ýek aryfy yrfan şewem.

Ger zahyrarlyk kylyp, halka özüm rysk eýleban,
Men der lybasy-keswedi, fakry-tu çün pynhan şewem.

Dürri-hakykat Gaýyby, men laf ra keý mizenem,
Ta ez muhabbet çend suhan, eý, güfteýi-janan şewem.

## ❧ 271 ☙

Gam çiriki jem bolup başyma dözmezdi mydam,
Galmasaýdy yşk ody ýanyp köňülde müstedam

Ýetir beýik saba gülzar-u waslyndan habar,
Getirip ondan habar, menden oňa ýetir salam.

Halatym duşwarlygyn bir-bir oňa arz eýleban,
Söz kyl derdimi gaşynda onuň mä lä kelam.

Yşk wadysy era öldüm bela meýdanynda,
Ol Mesiha dem edip, kylsyn meni ýahýaýy-elagzam.

Wasyla bolgaýmy hem bilmesin şeýtan rakyp,
Ýolumyzy urmasyn, tartyp köňülden entegam.

Paş edip syryn, köňül perýat eder äleme kim,
Her niçe pend eýlesem paş etmegil diýp ehtemam.

Gaýyby, bolduň onuň dek yşk oduna kebap,
Zahyra bolgaý wujudyň dowzah oduna haram.

## 272

Tejelli aryzyň eksin görüp Musa sypat köňlüm,
«Myradym ber!» diýer, her dem dilär senden hajat köňlüm.

Pyrakyňdan bolup hassa, çeker men mähneti-hijran,
Weli husnuň hyýalyndan, dilber, tapar sehhet köňlüm.

Kim ol hijriňde gutulmak selahyn tapmaýyn indi,
Seniň yşkyňda ölmäge edipdir maslahat köňlüm.

Belaýy-yşk biderman bolup, men çün biler erken,
Ýene yşkyňy kylmyşdyr höwes, sen eýläp galat köňlüm.

Bu gün jan howluna ýetmiş şikeste, Gaýyby, jana,
Dilär senden, eýa, dilber, ýene bir merhemet köňül.

## 273

Aryzuwy lebleriňden köňlümi hoş eýlerem,
Ol sebäpden derdi-hijriň şerbetin noş eýlerem.

Derdi-hijranyň şeraby birle bir meslik kylyp,
Özümi her dembe-dem biakyl, bihuş eýlerem.

Yşk ody her dem ýürekden şugla ger çykan saýy,
Neýläýin sabrym gidip, ah eýleban joş eýlerem.

Waslyňa wasl olaý diýip pyrkat içre, eý, nigar,
Her zaman hijr oklaryna özümi duş eýlerem.

Isterem şirin hadysyň kyly-kalyn, eý, habyp,
Kaýda huplar tutsa mejlis, men ony noş eýlerem.

Terki-tejrit olmuşam, ýokdur pena birle işim,
Köýi-yşkyňda özümi, ýar, uçar guş eýlerem.

Gaýyby, bu halk era ýok ülpetim bir dem meniň,
Her zaman şermendeler dek özümi kaş eýlerem.

## 274

Gije-gündiz, dost, yşkyňda ýüwürmekdir işim,
Ondan özge dünýäde ýokdur dagy hiç teşwişim.

Düşeli yşkyň başyma şat olup hiç gülmedim,
Hesretiňde ýyglamak birle geçer ýaz-u gyşym.

Ýar diýp her lahza ýüz katla minneti eýlerem,
Ili ýatyrmaz gijeler ah birle nalyşym.

Galmyşam yşkyňda awara bolup, halym zagyp,
Soraly älemde ýok derd-u elemi bir kişim.

Hup kylypdyr men pyrakyň oduna ýakmaga jan,
Derd çekmekdir hemişe pyrkatyňda werzişim.

Ýar işigiňde maňa her dem bolar manyg rakyp,
Kim oňa ýetgisidir bir gün jepalyk gargyşym.

Gaýyby, kyl enaýat muntazaryn Taňry üçin,
Aç ýüzüňi, gözlerim görsün jemalyň, mehweşim.

**275**

Men jemaly ýar üçin her lahza haýran galmyşam,
Tapmaýyn köýünde daýym zary-girýan galmyşam.

Yşk oduna dembe-dem ýüz derdi-gam birle ýanyp,
Jismi urýan, çeşmi girýan, bagry birýan galmyşam.

Ahy çekdikçe pyrkatdan bolup halym era,
Hiç durmak ýok eser jismimde, bihal galmyşam.

Yşky zagyfdan gidip takat wujudymdan tamam,
Eýle düşmüş men gara topraga, ýegsan galmyşam.

Mutdagylar howpundan köňlüm gelip ýol başyna,
Kim mähetdel etdi hem mundag herasan galmyşam.

Her bela okyn pelek ýaýy bile atdy maňa,
Men aňa garşy tutup özümi, galkan galmyşam.

Bardylar yşk ähli bolanlar jepa çekmek üçin,
Gaýyby, birnäçe gün dünýäde myhman galmyşam.

## 276

Eý, nebi, halyň bile men ruhlaryň şeýdasyýem,
Mähneti-hijran çekip derdi-gamyň eflasyýem.

Mähri-yşkyň tutaly misgin wujudym lutpuňy,
Barça dünýä ähliniň men terki-biperwasyýem.

Şerhi-husnuň sözledikçe, dat kim kylman meger,
Ýa sadapdyr waspy-husnyň, men onuň derýasyýem.

Ýüklenipdir niçe kim geldikçe başyma bela,
Derdi-yşk içre galan biçäreler ragnasyýem.

Laýyk waslyňa aýnym ýok ki görgeý men seni,
Ol gadar bar kim şükür binalaryň aglasyýem.

Şepagatyňdan bar umydym ruzy-magşar, eý, habyp,
Her niçe kim men günäkär ähliniň aglasyýem.

Gaýybyga bir nazar kylgyl enaýat babyndan,
Hesretim aşuftasy, biçäre galan asyýem.

## ❧ 277 ❧

Çykdym özlükden, özümden, ol Hudany istedim,
Tapdym ol dembe-dem Hudany, kim Hudany istedim.

Çünki dogdum iki keret, çykdym ol arş üstüne,
Seýr edip arş üstüne, şahy-şahany istedim.

Butparaslyk kyldym adaty, perest olup mydam,
Çün halaly-nebis edip, Hakdan nyşany istedim.

Olmuş idim kim gelip şöwhedi bu galyp mülküne,
Mülk ile maldan ötüp, men zindegany istedim.

Hak biledir barlygym, Hakdan jydadyr ýoklugym,
Ne biledi dost-ýarlygym, Hak birle ony istedim.

Eý, daryga, bu şerigat milleti-ragnaýydyr,
Çün bu syrry-milleti-tersiýa käni istedim.

Küffara iman ruýy-zülp, ýar puşesidir maňa,
Men bu ýolda ikisin-bir dürli nyşany istedim.

Bes howaga bermedim men, ten myrady bolmadym,
Ten myradyn terk edip, jany-jahany istedim.

Diýdi Hak, eý, Gaýyby, «Rahman-alal-arşi istewa»,
Men bu umyda çykyp, arşy-ustuwany istedim.

### 278

Her haçan kim jany-dilden ýara «Ilaha-illalla!» diýdim,
Köňlüme şowk indi ondan, wah, ne fazlulla diýdim.

Şahyma kyldym nazar, gördüm ajap nur alla,
Hoş göründi gözüme budur ki dehlulla diýdim.

Mähnetde jany-dil mähfuz olup, tapdy huzur,
Zulmaty-gam refg olup, açyldy keşfulla diýdim.

Bu howaýy nepesden köňlümi hem gaty eýledi
Gör ne soltandyr elinde, ýar bu seýfulla diýdim.

Gaýyby, bu dünýäde hemtasy ýokdur şahymyň,
Ahyrynda hem diýgeýler barça şeýdulla diýdim.

### 279

Pazyl era kylmak amal babynda mizan olmuşam,
Garky-haýrat men tomaşa içre haýran olmuşam.

Wujudy-halat zahyr oldy bihabarlyk halynda,
Men mehelden gäh oftan, gäh haýran olmuşam.

Şowk ile seýran eýledim kim kebriýa meýdanyda
Mahuw olup zat ile görgünçe bijan olmuşam.

Paýzy-Rahman, paýzy-Subhan jümle enwary-ulum,
Keşf olup, mutlak penaýy şemgy-suzan olmuşam.

Gäh uçup janym guşy, perwazy-lahut eýlerem,
Gäh berip bihud, özümden mesti-seýran olmuşam,

Gäh jelalyýet otagyndan ýanyban kül olaram,
Gäh jelalyýet bile bagy-gülüstan olmuşam.

Açylyp, ýagny tejelleýi jemaly-magnawy,
Zowky-şowky penasy birle janan olmuşam.

Gäh olup kül dek, özümi sataram bir jögä kim,
Gähi şowk ile hyýalat içre soltan olmuşam.

Gaýyby, munça hyýal içre gurur olmak nedir?
Goý, bu sözlerni ki men syr ile pynhan olmuşam.

**280**

Ýanmyşam yşk oduna men, zary-bimar olmuşam,
Ki pyrkaty-hijran çekip, dert ile azar olmuşam.

Men Haka ýaram bu gün, Hak dagy maňa ýar erer,
Imdi ki Hak ýarym bolar, fi eljümlä men ýar olmuşam.

Aşyklaryň Mansuryýem, yşk «Enel-Hakdyr» sözüm,
Asylmyşam bir dara kim men fi Alla är olmuşam.

Aryp öňünde tapmyşam taryp berdim eýleban,
Älemde, gör, destan olup bir dilde tekrar olmuşam.

Gördüm jahanda her kişi kim noş edip serhoş olar,
Men noş edip yşkyň meýin, sermesti-humar olmuşam.

Bagy-behiştiň gülşeni, dilber, jemalyňdyr seniň,
Perýat edip, yşkyňda men bilbil kibi zar olmuşam.

Gebir saçyň, buýun alyp jism ile janym boldy attar,
Buýy ýetip, gökjek fukan, gör, kim ne attar olmuşam.

Gördüm jemalyň gülşeni, gül-gül açyldym şowk ile,
Manyda pür nur oluban, zowk ile gülzar olmuşam.

Şirin lebiň elfazydyr dilimde söhbetim meniň,
Toty kimin guýa bolup, gandy-şeker bar olmuşam.

Ol zülpi ýüzüň syryny Hak açdy, lutp eýläp maňa,
Ýüzüňde gizli genç olup, zülpüňe esrar olmuşam.

Nerkesleriň hummar dek söwdaýy-meýinden esredim,
Gaflat meýinden eýleýup bu dem ki huşýar olmuşam.

Mähriň bile sap olmuşam, kalby-salamat mendedir,
Yşkyňda men her dem ýutup, aýryça dinar olmuşam.

Ragna boýuň serwi kimi älemde azar oluban,
Müşkin saçyň zynjyryna leýkin giriftar olmuşam.

Yşkyň hyýalyndan gözüm lülü˙ merjan akyzar,
Men bähri-yşkym, ýagny bir lülü˙ şehwar olmuşam.

Çün, Gaýyby, tapdy meni kendi-wujudyňda ýakyn,
Boldy ki bu gaýybyndan ol dem ki bizar olmuşam.

## ❧ 281 ☙

Gam tygydyr hem mesgenim, hem wagşylardyr ülpetim,
Marlar bolmuşdyr ynsym, murlardyr hem söhbetim.

Sap tutup guşlar ganaty saýabanymdyr meniň,
Jismime geýen perişan saçlarymdyr keswetim.

Yns bolup zikrimde, wagşy ähli bary jem olup,
Meňzeder ýagny ki ol Mejnunça bardyr nisbetim.

Enjumen kahry jepadan köp tutup etgin aleýik,
Jana rahatdyr niçe hijranda bolsa mähnetim.

Akly-huşum ýene bir ýere niçik jem olunar?
Hak ezelden topraga kylmyş muhammar tenim, etim.

## ❧ 282 ☙

Gözleriň jan algyjy kasdymdadyr her dembe-dem,
Dembe-dem çün kasdyň ol maksadyň etmekdir adem.

Ger meni kylmak adem köňlüňde kasdyň bolmasa,
Ne üçin kyldyň başyma derdi-hijranyňy hem.

Bu ölüm ermesmi kim eýläp rakyp hemdemiň,
Bize gün-günden beterräk iltipatyň boldy kem.

Dam eken saýýady-yşkym elgide deh tarapa laýyg,
Nä jähtden bu ile kim ol saýdy-waslyň boldy dam.

Pyrakyň derdi elemler ýetirip her sarydan,
Bir zaýyf eýläp niçe peýweste kaddym kyldy ham.

Düşmüşem sähralara Mejnun kimin yns eýleban,
Wagşy ähli jem olup, zikrimde bolmuşlar heşem.

Suzy-yşkym derdini, eý, Gaýyby, ýazaý diýdim,
Şerhi-derdimden tutaşyp kagyz-u ýandy galam.

## 283

Ryswaýy-jahan boldum aşyklyk üze adym,
Tä kim nazarym düşdi ziba ýüzüňe şadym.

Tä yşka gadam basdym, sabyt gadam olmuş men,
Perhad ile Mejnundyr bu wadyda ustadym.

Ol ne sebäpdendir perýadyma ýatmazlar,
Ýedi pelege ýetdi efgan ile perýadym.

Iman ile yslamym ruhsaryň erer, janym,
Pikiri syrry-zülpüňdir tesbyh ile öwradym.

Bagrym doly gan boldy, hunaba rowan boldy,
Başym üze geleými ol serwi-gül azadym.

Baş goýdum aýagyna serwi ile senuber hem,
Seýr eýledi bag içre nurus kaddy şemşadym.

Aklymy tamam almyş pähm ile hered-huşum,
Diwana bolupdyr men, eý, hüýri-perizadym.

## ❧ 284 ☙

Ryswalyk ile çykdy äleme meniň adym,
Rehm etmezmi bir görse bu halda meni şadym.

Yşkyňda meniň mundag kämilligimi görse,
Perhat ile Mejnun hem diýrler maňa ustadym.

Ýa, Rep, ne üçin ýetmez perýadyma ol mähweş,
Halk ähliní ýatyrmaz daň atýança perýadym.

Köňlümde meniň sen-sen din ile imanym, ýar,
Tarypy-jemalyňdyr her dembe-dem owradym.

Turdy aýak üstüne tagzym ediban serwi,
Bag içre gadam goýgaç ol kamaty-şemşadym.

Akly-ähl diýmiş Mejnun, eý, Gaýyby, bolmuş sen,
Aklymy neteý almyş ol hüýri-perizadym.

## ❧ 285 ☙

Jan berer men her haçan ol dilrubany görmesem,
Murgy-ruhym togtamaz jismimde jany görmesem.

Gan eder köňlümi her dem sanjyp peýkanlar,
Oklaryň peýkanyndan zehm eýleban gany görmesem.

Gözni istär men onuň yşkynda eşkim akyzar,
Ýogsa hergiz hem oşol ýüzi garany görmesem.

Görmemiş hiç kim wepa älemde huplardan wepa,
Neýläýin men bolmaz ol kim biwepany görmesem.

Kim jepany çekme diýp halk ähli maňa tagn eder,
Haýsy kim halk ählinden ýüz müň jepany görmesem.

Serw ile şemşada bakman, ýar gözüme aýylmasa,
Tä kim ol kim ragna kaddy serwi-rowany görmesem.

Gaýyby, gaýgy bile bakman, göz açyp äleme,
Her zaman gaşymda ol şowky-belany görmesem.

**286**

Çykypdyr äleme yşk içre ryswalyk bile adym,
Maňa rehm etmegeými görse, ýa, Rep, gaýgyda şadym.

Kylar men janymny gurban diýse ol lagly-şeker ýar:
«Men ol Şirin Hysrow men, sen ol biçäre Perhadym».

Diýse: «Yşkyňda sabyr etmeý neçün özüňi öldürdiň?»
Ezelden goýdy sed mundag owwal, neteý Perhat ustadym.

Ne bolgaý saýaýy-kaddyn salyp, lutp-u kerem kylsa,
Sorara gelse halymy meniň ol serwi-azadym.

Gyýak bakyp her lahza men Gaýybyga ýar,
Döker ganymy ýüz müň jilwe birle çeşmi-jelladym.

## ❧ 287 ☙

Yşk era çekdim jepa, köp eser kyldym jana hem,
Bir ýoly kyldym özümi halykdan bigäne hem.

Ýetmeýin bul waslyna köňlümi sergerdan kylyp,
Kim beebanlara ýüz goýdum, bolup diwana hem.

Gerdişi-döwran gamy her dem jepalar ýetirer,
Neýläýin rehm eýlemez, halym görüp janana hem.

Men kimi şemgy-jemalyň arzuwlap, eý, dilruba,
Köýdürer yşk ataşynda özüni perwana hem.

Pyrkatyňdan kim jiger pür hun boldy hijr era,
Ýyglamakdan, gör, ne gark etdim özümi gana hem.

Zahyr-u waslyn höwes eýläp, köňül bazyn salyp,
Gözýaşymdan akyzyp, her ýere dökdi däne hem.

Gaýyby, köňlümi garet kylmyş erdi oklary,
Kast eder kapyr gözi, almak üçin imana hem.

## ❧ 288 ☙

Kuýaş dek subh görkezdi jemalyn ol gülüstanym,
Ki şam olynça çürkendi ýanyp perwana dek janym.

Meniň dek subh waslynda perişan bolsa ahwalym,
Niçik bolaý meger bolsa meniň bu şam hijranym.

Güneş dogynça köňlümden dogup Aý dek garaşanym,
Ki röwşen eýleseň, şoldur meniň şemgi-şebistanym.

Niçik pynhan eder derdi-gamyn köňlümde ol her ýek,
Ýa gar ýagmyr kibi eşkim, tutar älemi efganym.

Ne ýaňlyg saýd eder sahypgyran ol wagşy şahbazym,
Pyganymdyr gider geçen köňülde syrry-pinhanym.

Boýuň dek serwi ragnasy gözümde nakgaş baglapdyr.
Ki gorkar men goparmagaý ony bu sili-müjgänim.

Diýdim: «Gan boldy bagrym hesretiňden, eý, mahy-taban»,
Diýdi: «Kär eýlemiş oňa ýetip bu zehmi-peýkanym».

Pena mülkünde bolmuşdyr nesibim gussa, aşa meý
Kim içmekdir bu şerbeti hemişe, bilgil emkanym.

Meý gülgün neden jamy oldur jan berip, Gaýyp,
Harabat içre bezmide eger lutp etse soltanym.

**289**

Eý, ki diýr sen kyl alajyň derdiňe ýar elgiden,
Wah, ki ermesdir ol kim bu sütemkär elgiden.

Refgi-çeşmi-beýt üçin ýazyp dogaýy-hezreti,
Boýnyna saldy okyp gol birle tumar elgiden.

Köňlümi zar etdi hem ol kalby-azar ile.
Başlady ol jepakeş bes meni zar elgiden.

Hakdan istär men tasarryp bolsa janym elgide,
Döwleti-jawyd erer, sarp olsa dildar elgiden.

Istärem derdinden onuň zerreýi-kem bolmagaý,
Dertden müşgil maňa kem bolsa azar elgiden.

Gam iýer men içmişem ýar elgide bir jurga men,
Tä maza agzyma her derdi-hummar elgiden.

Gaýyby, gördüm belany yşk köňlüden weli,
Jan imiş her näge bolsa ol jepakär elgiden.

**290**

Janan-a meniň janym içinde söwerim sen,
Husn içre açylan ýaňy gül bergi-terim sen.

Aýnymy pyrakyňda ehzeme şu hasaba,
Bu bergi-hazan üzre döküp sim-u zerim sen.

Guwwas oluban bähri-hyýalyňa dalyp men,
Jan içre dilär men seni düri-göwherim sen,

Köňlümde hyýalyň bile yşkyň doludyran,
Hem pikrim-zikrim, ýene dilde sabrym sen,

Yşkyň oduna saldyň-u sen, ýanaram men,
Her lahza bu jan ile dilime bakarym sen.

Bu ýolda niçe gelse bela hiç dönerim ýok,
Hem puşty-penahym sen-u golda söwerim sen.

Sensiz görüner gözüme bu dünýä garaňky,
Hem rahaty-janym ýene nury-beserim sen.

Lutp ile enaýet nazaryn sal bu gedaga,
Eý şahy-kerim, sahypnazarym sen.

Şowkuň geliban hatyrymy kyldy münewwer,
Görkez ýüzüňni näz ile şems-u kamarym sen.

Bilmeýin şöýle giriftar ediban dost,
Tutdyň bu rakyplar hoş reh-güzarym sen.

Gel, Gaýybyga kylma nahan, gül ýüzüňi aç,
Gel, didesine bas ki gadam täji-serim sen.

### 291

Gel, eý, lap eýleýän owfy degil sen
Erer sen haryjy jowfy degil sen

Köňüller öýüni ýykmakdyr işiň,
Zyýarathanaga towfy degil sen

Reja birle bolup magrur özüňe,
Weleýkin neýläýin howary degil sen.

Erer sen jameýi-suratda sopy,
Weli manyda bil sopy degil sen.

Kylar sen Gaýyby pikir içre dawa,
Bu dawa berse magrupy degil sen.

## ❧ 292 ☙

Yşk era, eý, dostlar, dilber hyýaly birle men,
Sanaram ýagny hyýalyn kim wysaly birle men.

Hatyrymda güft-u guýy ýar pikirimdir mydam,
Özlügim ile sözlener men kyl-u kaly birle men.

Ýyglamak görmekligim her lahza taň görmek ýene,
Çünki şowky-wasl ile hijran melaly birle men.

Görseňiz ne taň ýüzüm reňin, gulagymy çü ker,
Käş hijran çirgi geçirigi şemal birle men.

Mim agzy, dal zülpi pikri-perýadymdadyr,
Meý hyýaly-hamy gör kim mim, daly birle men.

Gel meni gamdan halas et lutp kyl, eý, piri-deýr,
Kim perişan akly was-wasy mejaly birle men.

Gaýyby, özge sary men eýlemen  hergiz rojug,
Bolmuşam diwana yşky la-ezeli birle men.

## ❧ 293 ☙

Çykarda jan, hudawend-a, medet senden, medet senden,
Aman bergil, iman onda, medet senden, medet senden.

Menem bir asy gul bende, seniň gaşyňda şermende,
Dilär men seni her kanda, medet senden, medet menden.

Kerem kylgyl, Allahym, sen, ýarylykagyl günähim sen,
Eýa, puşty-penahym sen, medet senden, medet senden.

Bu misgin janym alanda, ki eltip göre salanda,
Ki ýalňyz onda galanda, medet senden, medet senden.

Soragym onda sorasalar, iman pyglymy görseler,
Ki haýbat birle ursalar, medet senden, medet senden.

Çü bilmez onda halymy, görüň bu kyly-kalymy,
Ki sorsalar sowalymy, medet senden, medet senden.

Işim ruýy-ryýa bolsa, ne kylaý men heba bolsa,
Tenim oda seza bolsa, medet senden, medet senden.

Elim birle berim ýokdur, hiç iş birle serim ýokdur,
Sygynmaga ýerim ýokdur, medet senden, medet senden.

Bolup men lerza ten-janym, ki bilmen men ne kylanym,
Afu kyl sen, ýaradganym, medet senden, medet senden.

Ne kylanym bina boldy, tamam işim günä boldy,
Kime sensiz pena boldy, medet senden, medet senden.

Ýarylyka kyl, eýa, Gapbar, geçir menden günähim bar,
Ki her ne kylsaň erkiň bar, medet senden, medet senden.

Guluňdyr men seniň kemter, perişan olmuşam ebter,
Kemine Gaýyby istär, medet senden, medet senden.

## ✤ 294 ✤

Yşk oduna ýanmaýanlar dagy tamgalanmasyn,
Ýara gurban olmaýanlar zary-şeýdalanmasyn.

Kim ki bu ýolda penaýy-mutlak olmaz şowk ile,
Dawaýy-yşk etmesin, halk içre ýagmalanmasyn.

Niki-namyn terk edip, ryswaýy-älem bolmagan,
Yşk lapyn urmasyn, taglyt ryswalanmasyn.

Kim ki zünnary-hakykaty bilige baglamaz,
Ol bolup yşky-howaga geýdi tersalanmasyn.

Haýsy öwlady nesip tapmaz aýta manysyny,
Bihuda lap urmasyn, älemde balalanmasyn.

Wahdat içre kimse kim seýrany lahut etmese,
Kim uçup Kap hyýalat içre Ankalanmasyn.

Ýar görkez ýüzüňi, yşk ähline şeýda bolup,
Özge sary ýüz açyp, hergiz tomaşalanmasyn.

Bag era seýr eýlär ragna kad bile reftar edip,
Aýagyňa sežde eýläp serwi ragnalanmasyn.

Kim temennaýy-wysal eýlese, kylsyn jan pida,
Kylmasyn janyn pida, weslet temennalanmasyn.

Kim gazanmaz iki dünýäniň ýüzi garalygyn,
Hyrkaýy-tesbyh dek bent ile pakyrlanmasyn.

Gaýyby, perýat edip hijran era köp aglama,
Gözýaşyň sil dek akyp, her lahza derýalanmasyn.

### ❧ 295 ❧

Hany älemde, eý, dilber, seniň dek bir dagy-elem,
Seniň yşkyňda haýrandyr, jemalyňy gören adam.

Seni her kimse kim söýmez meniň duşmanym oldur,
Seni söýenlere janym pidadyr, eý, şahy-älem.

Çykar gün subh burçundan ýakasyn çäk edip her gün,
Ýene tapmaz seni, her gün gara geýmiş, tutup matam.

Nebi Adamga sen bolduň bahana bolaly mowjud,
Eger sen bolmasaň, kaýda gelerdi äleme Adam.

Kuýaş dek subh görkezdi jemalyny gülüstana,
Egerçe barça serwerler jahan içre erer Hatam,

Berip perahy jismiň, melamat çekdiň özüňden,
Saňa kimdir ki deň geleý sahawat içre bir Hatam.

Nebüwwetdin zuhur olgaç ajap söwdaýa düşdüler,
Tamamy Mekge şährinden kuraýyşy hem nebi Haşym.

Sen ol şahy-jahandyr sen, çykyp arş üze magraja,
Mekany-lamekanda sözleşip esraryňyzy hem.

Seniň yşkyňda serhoşam, jahan mülkünde serhoşam,
Uçar men şowk  ile guşam, ne hoş saýýary-eflagam.

Menem bir, Gaýyby, zaty dilimde medhi-esbaty,
Bolup ähli harabaty, görüň, bir rindi-kellaşam.

## 296

Eý, köňül, diwana sen, yşk oduna perwana sen,
Bolmasaň diwana sen, bu oda neçün ýana sen?

Ýaryň şowky-hyýalyn hatyrymda sagynyp,
Artdyryp derdi-gamyň, otlar saldyň ne jana sen?

Ýüz belaýy-mähnet bile ganlar ýutar men elmydam,
Berekella, kim jepakeşlikde hoş merdana sen.

Yşk odunyň hem daşyndan suwsady jany-dilim,
Wah, haçan bolaý kim ol ýaryň lebinden gana sen.

Gaýyby, sen niçe bir köňül giriftary bolup,
Kim öter sen zar olup, bir telbe sergerdana sen.

## 297

Eý, jahanda her kimi bir köýde sergerdan kylan,
Sen degilmi sen meni yşk oduna birýan kylan?

Ýaradan jümle jahan halkyny gökjek husn ile,
Olary sen-sen ýene bir-birine haýran kylan.

Hem jepa kylmak bile, kylmak wepa elindedir,
Pagly-mutlak ki sen-sen dert berip derman kylan.

Patyşah-a, älem ählin hökmüňe kyldyň eser,
Ýok seniň dek älem ählin hökmüne perman kylan.

Gaýybiýem, bes ki müşgildir jemalyň görmegim,
Lutp edip görkez ýüzüň, eý, müşgilim asan kylan.

### 298

El-a, eý, saky jan-a, meni gandyr şerabyňdan,
Şerabyň içirip, kylgyl meý mesti harabyňdan.

Niçe gizlär sen özüňi, meni haýrany-zar eýläp,
Güneş ýaňlyg tulug eýläp, ýüzüň görkez nikabyňdan.

Meni yşkyň ody birle ýakar sen, eý, şahy-älem,
Jepalar birle mähnetden gutarmaz sen azabyňdan.

Saňa halymy arz eýläp alajyma sowal etdim,
Kerem lutpuňdan üzmez men, umydywar jogabyňdan.

Gözüm ýaşyn rowa eýläp, ýene janyma ot saldyň,
Ajaýyp jilweler birle ýene näzi-atabyňdan,

Meni yşkyň harap etmiş, ýüregimi kebap etmiş,
Köňlüme ehtesap etmiş, salyp subhy aby-tabyňdan,

Kylyp zahydlaryň tagat, hemişe jennet istärler,
Dilär aşyklaryň ähli jemalyň apy-tabyndan.

Ötüpdir, Gaýyby, jandan seniň yşkyňda, gam iýmez,
Hudawend-a, niçe kylsaň jepaýy-bihasabyňdan.

## ☙ 299 ❧

Niçe kim görkezip dünýä açyp reňňin güzaryndan,
Nyýaz ýüz müň jepa jaýy wepasyz gülgüzaryndan.

Ki halka görkezip husnuň, açarsa läle ruhsaryň,
Geler ýüz matam efgany çemende murgyzaryndan.

Eger eşret üçin dünýä kişige jamy meý tutsa,
Çeker ýüz derdeser onuň içip zähri-humaryndan.

Niçe kim nygmatyn iýr sen, onuň hem gaýgysyn iýr sen,
Geç onuň nygmaty birle gamy-enduhy-zaryndan.

Bolup aşyk oňa, buýy-wepa göz tutmagyl ondan,
Geler buýy-wepasyzlyk onuň müşki-neşaryndan.

Wepasyzdyr ýakyn bildiň jahany, Gaýyby, indi,
Köňül umydyňy üzgül onuň bu ruzygärinden.

## ☙ 300 ❧

Hasratyňdan, eý, senem, ýüz dürli derdi-gamda men,
Kimse halym aňlamaz, gör, kim ne peç hamda men.

Neýläýin indi puşman kylmagymdan ne asyg,
Hasta janym bermedim waslyňa ýeten demde men.

Gözýaşym sil eýleban gark oldy jismim serbe-ser,
Kim ezilmiş men kesek dek, gör, bu aby-nemde men.

Baglanyp ehram yşkyň Käbeýi-waslyň üçin,
Bolmak istär men diläp maksat oşol mähremde men.

Gaýyby, jem oldy külli-gam çirigi başyma,
Ýüregim lerzan eder her lahza külli älemde men.

## 301

Eý, saba, köňlümi görseň, diý melamat bolmasyn,
Kim ýügürsin köýünde, ýaryň, paragat bolmasyn.

Ýetmesin hupbyl-watan diýp bu wujudym mülküne,
Görgeç ondan ot düşüp, janyma apat bolmasyn.

Yşk ile ot içre düşmüş men Semender dek karar,
Hiç kişide men kibi derdi hararat bolmasyn.

Gorkaram ahym ody güli hazan dek solduryp,
Bilbili-biçäre birle bir adawet bolmasyn.

Jan berer men, Gaýyby, yşk içre pynhanlyk bile,
Ýagny yşk ähline mundag resmi adat bolmasyn.

## 302

Eý, senem yşkyňda janym niçe gurban bolmasyn?
Ýandy janym, yşk odundan niçe birýan bolmasyn?

Eý, ki diýr sen kim tahaýýyry-din bolunmaz gözleriň,
Eýle ýüz kim görkezer, sen niçe haýran bolmasyn.

Şükür, kim husnuň çyragy köňlüme saldy pereh,
Açylyp gamdan bu köňlüm niçe handan bolmasyn.

Genji-bipaýan bolupdyr köňlüme yşkyň gamy,
Syly-eşkim birle jismim niçe weýran bolmasyn.

Derdi artar her zaman bu Gaýyby biçäräniň,
Pyrkatyň döwranynda, wah, niçe girýan bolmasyn.

### 303

Gap-gara bolmuş köňlüm bu yşky-dilber ýasyndan,
Neýläýin misgin köňül baglandy bu gam pasyndan.

Dostlar, gark olmuşam her lahza bu hijran era,
Dolduryp suwlar döker bu iki aýnym tasyndan.

Ne ajap reňňi gararmyş dilberimiň aryzy,
Manfagyl bolmuş görüp gül, läle humrasyndan.

Rube-ruý bolgaç maňa bakdy, «Sowul-diýdi-birýan,
Jan alar, gorkmazmy sen bu gözlerimden-alasyndan?»

Görgeç ol esruk gözleri hem gaşyndan howup eýledim,
Kim görüp kylmaz heder esruklaryň ok bäsinden.

Gaýyby, diýp her kişi, görse sorar halym meniň,
Heýrat eýlärler sargardan ýüzüm walasyndan.

## ❧ 304 ☙

Eý, senem, sensiz maňa älemde bu jan bolmasyn,
Sen ki janlar janany sen, senden jyda jan bolmasyn.

Jan eger senden jyda älemde janan istese,
Isterem hergiz aňa älemde janan bolmasyn.

Kim ki waslyňy dilär, waslyňa wasl ol bolar,
Aýrylyp waslyňdan oňa dagy-hijran bolmasyn.

Jan olara kast eder türkana katl gözleriň,
Wah, giriftary onuň hiç bir musulman bolmasyn.

Hasratyňda ili efganym ýatyrmaz gijeler,
Hiç kimiň derdi meniň ýaňlyg perawan bolmasyn.

Her kişi yşkyňda gam tartyp perişan bolmasa,
Derdi-gam birle hemişe şady-handan bolmasyn.

Tyg tartyp ýar eger ursa seni katl eýlerem,
Gaýyby, sen eýle bu işden puşeýman bolmasyn.

## ❧ 305 ☙

Ki oldum teşneýi-leb men hem seniň yşkyň hyýalyndan,
Gelip gandyr meni indi lebi-şähdiň zülalyndan.

Niçe many eýleban diýsem gel indi terki-yşk etgil,
Köňlüm her lahza daş goýmaz seniň yşkyň hyýalydnan.

Çemen içre girip, bir-bir jemalyň şerhini kylsam,
Eşidip waspyňy güller, uýalar reňňi-alyndan,

Bu hupluk möwsümi içre kylawer aşreti-döwran,
Ki husnuň wagtyny näge ötürmegil mahalyndan.

Tahaýýyr içre galmyşdyr görüp hem gije-gündiz,
Kim ol şemsi-kamar, dilber, seniň husnuň kemalyndan.

Nedendir lutp edip, halym sorap, bir gelmediň, dilber,
Ölüm halyna ýetdi, Gaýyby, hijriň melalyndan.

**306**

Men ki gam deştide sergerdan gezen diwana men,
Pyrkat odunda ýanyp, birýan olan perwana men.

Hatyrym aludalykdan eýle bolmuşdyr melul,
Zagypydan ölmäge ýetdim, men gelip imana men.

Kim maňa bolsa bolar hemdem perişanlykda zar,
Tepbetim gam birle ýugrulan, meger gamhana men.

Gözlerimden ýagdygy saýy melamat ýagmyry,
Kim ýykar köňlüm binasyn siliden weýrana men.

Neýläýin görgül tutaşypdyr wujudym harmany,
Yşk odunda kül bolar men, ýana, ýana, ýana men.

Kesmişem bu dünýäden indi umydym riştesin,
Niçe bir gatlanyban dert ile ýetdim jana men.

Gaýyby, derdi-beladan ganly eşkini döküp,
Gark olup men ýyglamakdan lülü˙ merjana men.

## 307

Mekanyň bolmagaý, dilber, ki yşkyňda gedalykdan,
Süleýman höküm kylan dek jahanda patyşalykdan.

Kylyp bigänelik bizden egerçe terki-mähr etdiň,
Galypdyr dagy-hijranyň maňa ol aşnalykdan.

Eger ölsem aýrylyp düşende waslyňdan ajap görme,
Jyda bolmazmy, jan-a, jandan aýrylgaç jydalykdan.

Bolupdyr mübtela janlar kemendi zülpüňe bagly,
Ki ölmekdir halas olmak, biliň, bu mübtelalykdan,

Şeraby-yşk içip her dem ýarytmaz köňlümi ondan,
Ýarytmas ýüz tümen kylsa jahanda parsalykdan.

Niçe kim zahytdan istäp ýetişmes, gör, ki röwşenlik,
Ryza boldum ki saky berse zäher ol göz garalykdan.

Imes gül üzre düşen jale eşki-çeşm, bilbildir
Eden perýadyna gül hakda kylmyş biwepalykdan.

Pena dünýä arusyny özüňe ogd kylmyş sen,
Ne perzend eýlediň hasyl meniň dek kethudalykdan.

Nowa asly ki ýetirmeý nowany binowalara,
Zyýada isteme Gaýyp nowaýyňy binowalykdan.

## ☙ 308 ❧

Kuhken Şirin üçin sarp etdi ömrün dag ilen,
Men goparsaýdym bu dag bir demde bu dyrnak ilen.

Barsa Perhat ile Mejnun, galsam olardan ne taň,
Syrdyň diýmez ýaragy ýola girse sag ilen.

Gözlerim eşgin aýagyň tozy togtamazyndan
Çeşmeýi-tupanydyr, bent olmaz ol toprag ilen.

Ömür ötürmez ruzgäri ömrümiň nokadyn kesip,
Sut kylmaz eýleban sudy-iman ortag ilen.

Niçe kim men mähremi-esrary bolmak istärem,
Kylmady mährem özüne niçe ýalbarmag ilen.

Tike-tike yşkynda jismimde goýdy daglar,
Ýagny hursand ony guly dil berip barmag ilen.

Gaýyby, ýaryň makamy-menzili agladadyr
Ýetmegeý janyň guşy ýüz ýyl uçmag ilen.

## ☙ 309 ❧

Eý, dost, jemalyňdan bir ýan kite almas men,
Waslyňga ulaşaý diýp her çend ýete almas men.

Hümmet elin gör kim her niçe uzadar men,
Owwalda men waslyňy, wäh, kim tuta almas men.

Her niçe işigiňe jähd ile talatup men,
Ýolumny tutar aýýar oluban, öte almas men.

Döwran elemi birle yşkyň höwesi başdan,
Asla göterip ony birýan ata almas men.

Men, Gaýyby, derdimge her niçe alaç istäp,
Hiç çäreýi-tedbirim, gör, kim ete almas men.

### 310

Eý, köňül, nebsiň atyna her zaman atlana sen,
Her ne kim nebsiň buýursa jan ile gatlana sen.

Ruhy-päkiň şahy-älemdir wujudyň mülkünde,
Nebsiň gyl etme, ony ýol berip şeýtana sen.

Munfagallar görkezip nebsiňe hasar bolma kim,
Düşmegil napyg ýola, nebsiň üçin haýrana sen.

Ger gadam goýsaň hakykat sary jany-dil bile,
Görgül geçen erenler ýolundan merdana sen.

Magsyýet zeňgaryny towpyky-hak birle erit,
Toba talygyn gel ýalbar oşol Subhana sen.

Ol ki müşgil ruhy kaddyň oda ýakar sen neden,
Nebis ile şeýtan uýup sen, meger diwana sen.

Ger bu gün meýhanaýy-yşk içre bol mesti-harap,
Içen ol wahdat meýinden Sermedi[1] mestana sen.

Nebis ile ruhuňy sen edges-mogeddes eýleban,
Gel tomaşa eýlegil görgül ki ne janana sen.

Diýmedimi Hak saňa ol gün «Elestu birebbiküm!»,
Näge jan kylmaz sen pida şol ähd ile peýmana sen.

Seýrler kyl, gör uly Müsür welaýatydyr köňül,
Isteseň kylmak teperrüç Ýusuby-Kengana sen.

Ötdi ömrüň, Gaýyby, bu pikri-batyllar bile,
Her zaman çarhy pelek dek niçe bir aýlana sen.

## 311

Yşk era ölsem pyragyň deştinde, ýa zul-minen,
Eýlegil Mejnun mazary birle gabrym hem bir watan,

Olgaç oka hijr beebanynda urýany-defn onuň,
Hajat ermez kim şehit olsa oňa kylmak kepen.

Derdi-mähnet okyny ýagdyrdy başyma pelek,
Pota kylmyşdyr meni göýä bolup näwüge pen.

Köýnegiň her tary bir jan riştesidir göýä,
Kim ýaraşmyş eýle kaddyňa, eý, näzik, beden.

[1] Sermedi – baky, müdimi. Hudaýyň bir ady.

Kaddy-ýüzüň göreli gözüme ilmez, eý, habyp,
Älem içre bag era gülzar ile serwi, semen.

Bilbili geýd etme köp özüň pena gülzaryna,
Her güli görseň gaşynda bar imiş ýüz müň tiken.

Kerbela deşti kibi galmyş pyragyň deştinde,
Gaýyby, misli Huseýni, husn içinde sen Hasan.

## 312

Eý, şahy-älem, nazar kyl halyma Allah üçin,
Jan berer men nazar kylsaň meni gümrah üçin.

Işiginiň topragydyr gözlerime totyýa,
Günde ýüz müň baş goýar men topraga dergäh üçin.

Yşkyň, eý, dilber, imes köňlümde bil yşky-howa,
Kim hakykatdyr ýakyny haly san lillah üçin.

«Jismiňi häk etmeýun, waslyma ýetmes sen» diýdiň,
Kişi sözlärmi bolar bir ile baran gäh üçin?

Istärem, şah-a, seni daýym Hudaga ýalbaryp,
Resmdir eýlär dowa daýym gedalar şah üçin.

Gaýyby, görgeç jemalyň husnuňa jan tabşyrar,
Kem bola kim bermegeý janyn seniň dek mah üçin.

## ❧ 313 ☙

Suw bolan köňlüm ära görse hyýalyňy sudan,
Eýle röwşendir ki röwşendir, görüň, ol gözgüden.

Zahyr olgaç Gün kimin röwşen jemalyň talygy,
Subh dek ýarytdy köňlümi, gutaryp gaýgydan,

Ýyglasam hijriňde, eý, jany gamyňdan suwsadyp,
Wadaýy-wasl isteseň hem suw isteýip men golgydan.

Kylmyş idiň wada kim gelgum seni öltüreli,
Kül kibi ýakmagyl, gutulman üşbu ölgüden.

Gelmişem jellat gözüň alnyda gurban olgaly,
Dök rowan ganymny, sen ötgür itiňni gapydan.

Isterem wajyp nazar gerdin gözüme tartyga men,
Bu gara bagtym neteý bir dem göz açmaz ukydan,

Gaýyby, agýarlaryny görsem ol ýar alnyda,
Arz edere derdi-halymny dem urman gorkydan.

## ❧ 314 ☙

Gark olup men, dostlar, bu yşk derýasynda men,
Göze alman dünýäni terki-teberrasynda men.

Eýle kim gördüm jemalyny kemalyn ýarymyň,
Boldum ol demde pena nury-tejellasynda men.

Yşk şowky ile galypdyr köňlümde, biliňiz,
Seýr eder men şowk ile arşy-magallasynda men.

Kapry-yşkym mekanymdyr meniň deýri-mugan,
Tutmuşam hoş kuşeýi-mesgen külli ýasynda men.

Ne atap kylsam nazargähimde bilbil dek pygan,
Görmüşem ýüzüňi bu husny tomaşasynda  men.

Kamatyna tuby-jennet erer kemteri-gulam,
Gudraty-kämiliňi gördüm serwi ragnasynda men.

Özgeler, eý, Gaýyby, söwdasy mülki-hanyman,
Men bolup men zary-şeýda yşk derýasynda men.

### 315

Bir zaman ýok ol güneş yşkynda perýat ile men,
Kim bu perýadym bile tä çarhy-berbat ile men.

Husn ile ragna buýy şowky meni kylmyş serwer,
Seýri-gülzar eýleban men meýli-şemşat ile men.

Ýok durar nalam ki halkyň köňlümi kylmaz hazyn,
Nowha kylmaklykda dagy halky-näşat ile men.

Öwme wagyzy-jenneti, hüýr ile gulmanlary kim,
Men kabul gaýry-waspy ol perizat ile men.

Akyl ile jürimni alyp, bozdy köňlümiň öýün,
Akyl hem sabyr ile ol öýümi binýat eýlemen.

Köp wepa kyldym zaman birle zaman ähline kim,
Ýetmedi hergiz wepa, men olary ýat eýlemen.

Gaýyby, gutar meni, terk eýlemen aşyklygy,
Indi men hem köňlümi hiç kime munagat eýlemen.

**316**

Göz-göz oldy zary-jismim näwük dildaryndan,
Jümle ten göz oldy, emma doýmadym didaryndan.

Bilbili zar oldy, emma yşkynyň şeýdasyndan,
Wah, ne hasyl bolmasa buýy-wepa gülzaryndan.

Her niçe kim rahaty-raýet temmenna eýlerem,
Neýläýin her dem ýeter jebri-jepa agýaryndan.

Yşk sabrydan çykyp jan, nokada gelmeý durar,
Eýle kim gelmez wujuda suzy katyg bimaryndan.

Söýleýir hal ähli derdin kim zybany-hal ile,
Ne biler ol dili her dil söýleban tekraryndan.

Suratyn gözlär, ne bilsin syratyn nadan kişi,
Ne habary bardyr ol gapyllaryň hüşýaryndan.

Kim besaratdan besiriň bolmasa, eý, Gaýyby,
Göz açmyş şöhle bermeklik bile enwaryndan.

## ❧ 317 ☙

Gel, indi lutp kylgyl bize, janan,
Seniň yşkyňda daýym hastadyr jan.

Ýüzüň, dilber, ol Aýyň odundandyr,
Halylulla üçin boldy gülüstan.

Eger görse jemalyňy, nigärim,
Uýalar gökdäki ol mahy-taban.

Seniň ol genji-husnuň hesretinden,
Bu köňül külbesi çün boldy weýran.

Ki sormazlar gözüňiň gany nedir?
Meger bolmuş kamar döwründe tarhan.

Çe lutpyň kim meni gutardy gamdan,
Bolaýyn men seniň lutpuňa perman.

Kemine Gaýybyny eýlegil şat,
Ony hijriňde köp kylma perişan.

## ❧ 318 ☙

Bu husn ile sen, eý, dilber, ajap soltany-älem sen,
Saňa diýmek rowadyr jenneti-ryzwany-älem sen.

Diliňde dert kylmyşlar bu jümle ähli älem kim,
Seniň waspyňy, jananym, ki sen imany-älem sen.

Hyýalyň birle aşyklar besi hoş hal horramdyr,
Tefehhos eýlemişler kim seni janany-älem sen.

Köňlümiň guşlary buýy-hyýalyňy alyp her dem,
Pyganlar eýleýirler gülşeni handany-älem sen.

Jahanyň huplary sensiz perişan haly etberdir,
Ki sen bir patyşah serweri hubany-älem sen.

Bu müşgil yşwalar birle ki aşyklary katl etdiň,
Ýakyn bildim ki sensiz pitneýi-döwrany-älem sen.

Çekip jebri-jepa, älemi görkezmedi hergiz,
Niçe, eý, Gaýyby, sen bendeýi-permany-älem sen.

**319**

Yşk oduna men kimin hiç kimse büryan bolmasyn,
Ýar waspyn arzuwlap, hijr ile giryan bolmasyn.

Hiç kişi örtemesin ömrün meniň dek zar ilen,
Takaty bitak olup, haly perişan bolmasyn.

Muddagylaryň jepasy bagrymy gan eýledi,
Hiç musulman bendäniň duşmany şeýtan bolmasyn.

Eý, rakyby-ruýy-syýah, git ýar işiginden nary,
Ikimiziň  aramyzda, wäh, nägehan gan bolmasyn.

Gaýyby, sen tizräk janyňny gurban eýlegil,
Senden owwal hiç kişi ol ýara gurban bolmasyn.

## ❧ 320 ☙

Yşk şerabyn içmişem älemde bir serhoş men,
Bilmenem asla özümi eýle kim serjuş men.

Dagylypdyr akyl-huşum her birisi bir ýaňa,
Eýle kim ol ýaryň yşky birle men aguş men.

Mestler biakl gezer, men ýar şowky birle hoş,
Bolmuşam Mejnun kimin diwanaýy-bihuş men.

Bilbil biçäre ýanlyg men kylar men ahy-zar,
Ýagny ol gül ýüzli dilber köýünde medhoş men.

Gaýyby, saky gadah tutdy, äleme berdi meý,
Eýledim ony harabat ähli birle noş men.

## ❧ 321 ☙

Jan bersin, dost, köňlümden hyýalyň gitmesin,
Jan, bir niçe sabyr kyl, gözden jemalyň gitmesin.

Istihan, kim şat bolaý men ki yşkyny goýup,
Tä ki ömrüm bolynça, dilber, melalyň gitmesin.

Murgy-dil hursant idi şol däneýi-halyň üçin,
Isterem jismim öňünden hatty-halyň gitmesin,

Patyşahym, görmesin husnuň güli bady-hazan,
Tä jahan bolynça bolsun, hiç kemalyň gitmesin.

Içmişem hijran şerabyn, laglyňy köp arzuwlap,
Kämi-talhymdan ilahy lagly-balyň gitmesin.

Tut ganymat bir zaman husn ile döwrany-şah sen,
Nägehan çarh öwrülip huplyk mahalyň gitmesin.

Gaýyby, Hakdan ýene ýüz müň nyýazmendlik bile,
Hysrow sahyp kerem şirin makalyň gitmesin.

## 322

Tutaly köňlüm guşun zülpüňi daraklapmy sen?
Ýa meni öldürmäge özüňi ýaraglapmy sen?

Gördüm, eý, dilber, besi müjgäniň üzre katralar,
Müşgil ahwalym görüp, rehmiň gelip ýyglapmy sen?

Şem dek barmaklaryň andag ki gülgün eýlediň,
Aşygyň ganymydyr, ýogsa hyna baglapmy sen?

Gaşlaryňy kim çytyp, kirpikleriň dikdiň maňa,
Ýa nyşan eýläp meni, oka atgaly çaglapmy sen?

Tike-tike daglar aşyklaryň jismindedir,
Belki eýläp bendeýi-tabyglaryň daglapmy sen?

Yşk köýünde görüň bu Gaýybyny tebyh edip,
Itleriňe tugma kylmaga tenim çaglapmy sen?

## 323

Eý, köňül, neçün aýyr sen janyňy janandan?
Kim ne hasyldyr saňa janansyz bu jandan?

Yşkynda eýläp pida bu jismi janyň bir ýola,
Sen halas et ýüz müňi bu mähneti-döwrandan.

Hileýi-wasl eýleýip, ýüz hile birle al edip,
Jan alypdyr ol senem ýüz men kimin çendandan.

Yşky-tugýan meniň halym perişan eýledi,
Kim ýeter her dem bu apat janyma tugýandan.

Ol güni düşdüm ise aşyklygyň söwdasyna,
Wäh, ki düşdi başyma ýüz müň bela her ýandan.

Gam iýme döwran belasyndan ki aklyň dagydyp,
Gaýyby, jem et özüň, aýrylmagyn imandan.

## 324

Kim kabul etseň ýoluňda, eý, hudaweňdi-jahan,
Jan pida bolsun saňa hem maly-mülk-u hanyman.

Tutmuşam baş ýoluňa şükrana-ýu waslyň üçin,
Lutp kylsaň wagtydyr, eý, patyşahy-mähriban.

Ne bola ki rehmetiň näzyl kylyp, rehmiň gelip,
Perdäni refg eýleban, alsaň ýüzüňden nägehan.

Eýlegen efgany-bedkerdar üçin sen tutmagyl,
Kim sagyňdym hezretiňe elamany-elaman.

Towpykyň ile hatyrym zeňgaryny röwşen kylyp,
Gel gaşyndan tä ki kyl köňlüm üçin, eý, mestan.

Gelse ger yşkyň hyýaly bu köňül mülküne, şah,
Dalmynyp her dem kapasdan çykmak istär hasta jan.

Gaýyby, asy guluň, derdin nahan eýläp saňa,
Arzy-ahwalyn diýsin, sen hem gulak tut bir zaman.

**325**

Bolmuşam wala nigäriň kaddy-ragnasyna men,
Eý, refikler, jan berer men husny-zybasyna men.

Ger, ne söwdaýy bolup, ryswaýy-älem bolmuşam,
Kim düşüp men ol perişan zülpi-söwdasyna men.

Derdi-mähnetden neteý bir lahza paryg bolmadym,
Eýle kim düşdüm belaýy-yşk gowgasyna men.

Ahy-waý ile görüň häkisar oldum, neýläýin,
Ýana-ýana yşk odunyň dagy-tagmasyna men.

Ýar sagyngan zaman bu gözlerimniň merdemin,
Gark eder men ýaş döküp şuraba derýasyna men.

Eýle kim müjgän oky bagryma sanjyldy gelip,
Aperin tahsyn okadym gaşlary ýasyna men.

Haly-zarym kyssasyn enşa kylarda nusgada,
Ýazmyşam takryr edip bir niçe tugrasyna men.

Gaýyby, şamyl degilmi husny-kämilge bu söz?
Düşmesin diýp sözledim bu sözni imlasyna men.

**326**

Ýene ne hal oldy kim, eý, dostlar, bihal men,
Takatym gitmiş, dilim öwrülmez andag lal men.

Maly-mülk her ne barym ýolunda kyldym sepil,
Tutmuşam yşk içre ýaryň köýünde abdal men.

Yşk era bolan serenjamyny elden aldyryp,
Barça işden paryg olman bolmuşam ahmal men.

Häki-dergähine jismim buladym toprak olup,
Ýagny ýarym köýide bilsin ne taň paýymal men.

Eýle kim hijr ataşy ýakmyş tenimni gap-gara,
Kim jepa ähli üçin älem ýüzüňde hal men.

Gaýyby, ýarym eger soltanlaryň soltanydyr,
Men dagy hem gullaryň gullugynda kal men.

**327**

Wahdat içre görsem ol ýary besi asuda men,
Pyrkatda oýanar bolsam, ýene gaýgyda men.

Arzuwlap ýaryň jemalyn hasrat ile ruzy-şeb,
Gyýnaram jan-u köňlümi köýünde bihuda men.

Köňlüm her dem umydy-wasl ile şat eýlerem,
Niçe bir hijran era gam birle aluda men.

Gije-gündiz ýatuwda yhlasy-zahyr, gör, görüp,
Ýüz şükür kim itleri birle onuň gapyda men.

Telbeýi-ahwalyma gör älem güler äleme kim,
Men dagy yşkym junuby birle bu gülküde men.

Eý, rakyp, güman köňlüme was-was eýleme,
Ýaryň heýl-hyýaly birle gufte-guýde men.

Wasla ýol tapman niçe gerçe bu pygly-hal ile,
Elbetde bir nowg ile bir işde jenneti-hüýde men.

Gaýyby, yşk içre ýetdi kapyr ähli dek mydam,
Deşti-hijran içre onda ýanaram gapyda men.

**328**

Suwsadym, eý, ýar, laglyňy dilär men sormagyn,
Öleli diýdim dilär men aby-haýwan aparmagyn.

Eýle kim akdy gözümden ebri-neýsan dek ýaşym,
Tutdy älemi sera-ser suwa gark etdi ýagyn.

Göýä ustad diýp tälim alyp köňlüme kim.
Şiweýi-din ömrüňe esr-u köňüller almagyn.

Eý tejellada jahanyň Hysrowy-Şirin lebi,
Hasratyňda dyrnagym birle gazar men gam dagyn.

Gam dagy ermesmi göwsüm kim çekip men rişler,
Ýogsa Perhat dek külüňi kylmadymy dyrnagyn?

Sökmesin diýp kyldy göýä ol güneşi bu güneş,
Saldy ýüzüne dagydyp gör kim bulut dek gulpagyn.

Guradypdyr deşti-hijranyň gubary gözlerim,
Ýetireý il rehim indi aýagy topragyn.

Ger sagynyň kim gany gözümde ger awaralar,
Men gedany hem oşol biçäreler birle sagyn.

Tygy-hijriň zehim getirmiş gurutmaga ýakyn,
Nahly-kaddyma nazar kyl sarartmyş topragyn.

Bu çemen içre eşitdi dürli efganymy gül,
Kim unutdy bilbili-biçäräniň saýratmagyn.

Gaýyby, ýarym muhapbet terkin eýläp köňülde,
Kast edip gün-günden artdyryp jepalar kylmagyn.

## 329

Jahany garky-ap etdim gözümiň aglamagyndan,
Neteý kim sabyr ede alman ýüregim derdi-dagyndan.

Gidipdir sabry-aramym, nigärim, iştiýakyndan,
Diläp namy-nyşan tapman onuň wasly-soragyndan.

Hyjap ardyna gizlenmiş, niçe kim eýlesem perýat,
Gulak salyp, habar tutmaz bu misginniň ýyragyndan.

Maňa ol ýardan başga görünmez jüwjeýi-hüýr ile.
Tomaşa eýle kim olar bu jennetiň gyragyndan.

Saçyňdan müşki-anbar hem bolupdyr ol alyp derhem,
Uýalar aby-köwser hem onuň şirin dodagyndan.

Pelek burçunda Gün ermes jahany gark eden nura,
Bir uçgun syçramyş göge onuň husny-ýaňagyndan.

Imesdir halkaýy-zerrin ýaňagy şeýda zip üçin,
Iki dürri-nejipler kim salynmyşdyr gulagyndan.

Kaddyn görgeç aýak üzre goýupdyr sedreýi-tuby.
Erem bagynda güller kim hejeldir gül ýaňagyndan.

Onuň yşkynda terk eýläp, jahana iltipat etmes,
Geçipdir dünýäniň, Gaýyp, garasy birle agyndan.

**330**

Eý, meni yşk içre her dem zary-giryan eýleban,
Men kimin barmy saňa bagryny biryan eýleban?

Gül ýüzüne dagydyp ol anbary-efşan käkilin,
Gözlerimiň eşkini fi-l-misl baran eýleban.

Eý, pyrak içre özün Ýusup kimin pynhan edip,
Wäh, ki kim Ýakup ýaňlyg beýtil-ahzan eýleban.

Dembe-dem, eý, derdi-hijranyň bile aglatma köp,
Gunça agzyň açyban, eý, lagly-handan eýleban.

Köňlümi mähnet garaňkysynda goýduň hary-zar.
Ruzy-röwşen dek ýüzün älemge taban eýleban,

Tygy tartyp gel rowan üstüme jöwlan eýleban,
Aýdy-ruhsaryň üçin janymy gurban eýleban.

Gaýybynyň köňlüni garet kylar sen näz ilen
Eý, senuber kat, çykyp bag içre seýran eýleban.

**331**

Içmişem, eý, ýar, laglyň jurgasyndan bada men,
Göze ilmez men eger älem bararsa bada men.

Ýar imesdir bize älem, barsa barsyn bada kim,
Näge ýar olmak dilär men ol wepasyz ýada men.

Saky mahbup elinden içmek istär meý köňül,
Zahyda kylman nazar, ol zahydy-bibiniýada men.

Älemi manyda gördüm suraty zybalary,
Berdim ol älemde jan sung eýleýän ustada men.

Men ezelden gelmişem Isa kimin tejrid olup,
Dost yşky birle bu deýri-harabatda men.

Ol kaddy näzik nahaly-serwi-näzim barynda,
Eýlemen bir dem nazar ol serw ile şemşada men.

Gaýybyýam, eý, ajal, janym alardan paryg ol,
Senden owwal bermişem ol gözleri jellada men.

## 332

Ne sut bolgaý maňa göknüň wysaly apytabyndan,
Ki waslyň waslydyr nepi maňa Aý, Gün hasabyndan.

Belent jahy nazargähe çykypdyr ol sebäpden gün,
Ýüzüň nazzarasy çün kim düşer ýere şitabyndan.

Hyjaplanmyş pelek ýüzüň uýaljyndan ýapyp çarhy,
Dilär ahym ody ýaňlyg çykarmaklyk hyjabyndan.

Pelek lowhuna Gün ermes jemalyň barkydan çykyban,
Şapagydyr düşer kim ýüzüňniň şemgi-tabyndan.

Jahan mülkünde gam iýmez, şükür kim, Gaýyby, hakda,
Bu gün bir mesti-serhoşdyr içip yşkyň şerabyndan.

## 333

Eý, dilberi-sahypjemal, hoşhal men, hoşhal men,
Yşkyň ajap berdi hyýal, hoşhal men, hoşhal men

Ýakdyň meni nuruň bile, jübt eýlediň höwrüň bile,
Şuwaralyk şuruň bile, hoşhal men, hoşhal men.

Baglap bu zülpüň sünbülin; açdyň ajap husnuň gülün,
Saýratdyň, eý, jan bilbilin, hoşhal men, hoşhal men.

Jepaçy katl gözüňe, jan bermişem men özüňe,
Haýran olsam men ýüzüňe, hoşhal men, hoşhal men.

Yşkyň oduna köýmüşem, kül bolmuşam, sowrulmyşam,
Synamda dagy goýmuşam, hoşhal men, hoşhal men.

Ýüz kim açar sen, ýa, Allah, perýat eder men ah-ah!
Bitakat olup herçe gäh, hoşhal men, hoşhal men.

Yns olmuşam enwaryňa, ol jenneti güzaryňa,
Eýläp meni didaryňa, hoşhal men, hoşhal men.

Külli-penaýy-mutlagym, hijran hoş mustagragym,
Hoş hülleposh estebragym, hoşhal men, hoşhal men.

Yşkynda jandan geçmişem, şowkyň şerabyn içmişem,
Many kitabyn açmyşam, hoşhal men, hoşhal men.

Men Gaýyby efgalyma, egnimde geýen şalyma,
Bu telbe syrry-halyma, hoşhal men, hoşhal men.

**334**

Ne serkeş sen bilmez sen jahanyň ylmy-tabyndan,
Köňüli niçe gizlär sen, çykarmaz sen nykabyndan.

Köňül gözgüsini sap edip, jahanda pertüw-ahat bol,
Gel imdi Hak jemalyn gör, çykyp zulmat hyjabyndan.

Mynajat eýlegil her dem diläp Hakdan günähiňi,
Ýarylakagaý seni şaýed gaýeti-ruýy babyndan.

Hakykat ähline ýüz goý ki bol hyzmata şaýeste,
Dilegil sydk ile hyzmat olaryň şeýhi-şabyndan.

Jahanyň mekri-alyna mukaýýyt eýleme özüň,
Wepasyzdyr pena dünýä, umyt üzgül tanabyndan.

Jahanda niçe gam gelse, özüňe noşy-jan eýle,
Halas et sen özüň, diňle, jähennemiň azabyndan.

Bolup howpy-reja birle töwekgel eýlegil Haka,
Bolup müňkür, umyt üzme onuň pazly-sogabyndan.

Mejazy-remzini bildiň ryzaýy-hak üçin indi,
Özüňe ber hasabat aňlap hakykat ehtesabyndan.

Kemine Gaýyby, Hakdan tama didary-ýar eýläp,
Köňlüňi kes, ne üzmez sen şu dünýäniň harabyndan?

**335**

Barçalar ýagşy bolsalar, men barçalardan men ýaman,
Ýagşylar gaşynda hem ýagşy durar bolsa ýaman.

Barça ýagşy bolsa, parh bolmaz jahanda näge bet,
Boldygynça parh olupdyr dünýäde ýagşy-ýaman,

Barça ýagşy bolsa, men bolsam ýaman hiç päk imes,
Ýagşylar gaşynda hiç ýokdur ýamanlara zyban.

Hasy-amyň Hak gaşynda parhyn etmişler weli,
Ýagşy pikir etseň, bu hasy-älem ile hoşdur jahan.

Haktagala hiç kişi bihikmet etmiş dünýäde,
Ýagşylyk bile, ýamanlyk bile bolar bil aýan.

Berdi akly-hak saňa ýagşy-ýamany bil diýip,
Bilmeseň ýagşy-ýamany kim, çeker sen tire jan.

Bu ütelg-u garyçgaý, saryça guşlardyr gara,
Şunkar-u tugun alar gaşyndadyr sahypkyran.

Gaýyby, ýagşy-ýamanyň hikmetin oldur bilen,
Özi danadyr bu işe ol ýaratganym ogan.

**336**

Dat, kim bir dilberi-nämähribanyň elinden,
Apaty-ten, garaty-jan dilistanyň elinden.

Derdi-halymy niçe kim arz kylsam diňlemez,
Jana ýetdi ol sütemkär dilrubanyň elinden.

Wadaýy-waslyn kylyp köňlüme saldy ýüz höwes,
Tapmadym bir akybet ol biwepanyň elinden.

Bilbili-biçäre dek perýat kylmakdyr işim,
Gijeler daň atynça ol gülüstanyň elinden.

Pyrkaty-enduh ile ýanmakdyr işim elmydam,
Ot düşüpdir janyma bir melikäniň elinden.

Zulm ile ganym dökere pitneýi-eňňiz eýlese,
Wah, ne iş gelgeý meni bidil gedanyň elinden.

Gaýyby, bilmen kime derdim şikaýat eýläýin,
Ol rakyp atly gara ýüzli belanyň elinden.

**337**

Iki sünbül kimin zülpüň düşüpdir, dost ýaňagyňdan,
Ki ýel uran saýy egilip, öper şirin dodagyňdan.

Boýuň serwi-huramanyn görüp, eý, dilberi janan,
Gözüme sürterem tozuň, öpüp her dem aýagyňdan.

Wysalyňdan jyda bolsam, ki her lahzaýy pygan eýläp,
Ki bir biçäre bilbildir, ony ürküzme bagyňdan.

Jemalyň bagyna girip, köňül guşy pygan eýlär,
Ki durmaz gije-gündiz, akar ýaşym pyragyňdan.

Münüp at segredip çyksaň, kemine Gaýybyny sen,
Kerem kyl, manyg edip goýma jylawdary Byragyňdan.

**338**

Görkez, eý, dilber, jemalyň kim çykyp seýran üçin.
Goýmuşam ýoluňda janym men saňa gurban üçin.

Eýle bimaram pyrakyň içre men, eý, dilruba,
Isterem laglyň şerabyn derdime derman üçin.

Istegim Hakdan meniň ziba jemalyňdyr seniň,
Söýlemez aşyklar ol kim jenneti-ryzwan üçin.

Lutp edip gelseň gaşyma, güle-güle garşyma,
Bir gadam renjide eýläp bendeýi-perman üçin.

Gaýyby, aşyk iseň, ýaryň wysalyn istegil.
Hyzmata gaýym gerek gulluk kylan soltan üçin.

## 339

Ne hasyl menzile ýetmeý galyp bir zary-sergerdan,
Pyraky hijr ile girýan gamy-mähnet bile çendan.

Geçirdik ömrümiz zaýa ýaman işler kylyp şaýyg,
Kylypdyr özüne tabyn ýolumyzy urup şeýtan.

Gerek gaýyp, gerek häzir, gerek pasyk, gerek pajyr,
Gidipdir dünýäden ahyr eger derwüş, eger soltan.

Bu ýaşyň sany ne bolgaý, onuň paýany ne bolgaý,
Durar imkan, ne bolgaý eger bolsa kişi myhman,

Zamana bir suw içinçä, bu ýan, o ýana geçinçä,
Gözüňi ýumup açynça, bu älemden öter döwran.

Bu gün Hak didaryndan asyl, ki bol didaryna wasyl,
Myradyň eýlegil hasyl, kylyp bu jany-dilden gurban.

Saňa diýr, Gaýyby, eý, şah ki towpygyňy kyl hemra,
Enaýat eýle, ýa, Alla, kyl indi müşgülim asan.

## ❧ 340 ☙

Men ki derdi-gam bile her dem esiri ýar men,
Şükür ýene her ne bolsa köýi içre bar men.

Nala tartyp köýi-yşk içre ki perýat eýlerem,
Deşti-harman içre galgan natuwan bimar men.

Gülşeni-bagy-bahary husnuny men sagynyp,
Bilbili-bimar ýaňlyg gijeler aglar men.

Aşyky-didar olanlar ýara jan kyldylar pida,
Wah, ne aşyk men ki kylman janymy esir men.

Gullugynda gerçe nägabyllygym bar durar weli,
Emiri-permanlar Haka meger kem erer men.

Isterem kim talaby-didaryna jan oýnasam,
Wah, ne hetdim bar ki diýmek talaby-didar men.

Gaýyby, maksadym oldur ýar waslyna ýetip,
Derdi-halym hasratynda eýlesem yzhar men.

## ❧ 341 ☙

Eý, dost, jemalyňdan bir ýan gide almaz men,
Waslyňa ulaşaý diýp her çend ýete almaz men.

Hümmet elin her niçe, ýa, Reb, uzadar sen,
Ol damny waslyňy, wah, kim tuta almaz men.

Her niçe işigiňde jähd ile talatop men,
Ýolumy tutar aýýar oluban, öte almaz men.

Döwran elemi birle yşkyň höwesi başdan,
Asla göterip ony bir ýan ata almaz men.

Men Gaýyby, derdime her niçe alaç istäp,
Hiç çäreýi- tedbirim, gör, kim ete almaz men.

**342**

Niçe gizlär sen özüň, eý, ýar, men biçäreden,
Maksadyň nedir, eýa, bilmen meni awaradan?

Niçe kim kylsam nazar didaryňa hasyl bolup,
Lemge-lemge ot salar sen janymy her aradan.

Mest oldur şowkyň gamy-wahdatda meýi içen kibi,
Aşyky-sadyk gullaryň meýhanasyz hummarydan.

Eýle tagat kim açar sen, jilwe eýläp näz ile,
Söýlemez hergiz kişi şemsi-kamar saýýaradan.

Şöhle salmyş äleme husnuň tejellasy bile,
Köýdürer men her kimi bir zerre ataşy-paradan,

Eýlegeç täsiri-yşkyň janyma, suw dek erär,
Ger gatylyk bolsa köňlüm hem bu seňňi-haradan.

Gaýyby, her niçe kim waslyňa köp jäht eýledi,
Goýmady ýüzi gara agyýar çykdy aradan.

## ❧ 343 ☙

Jan çykar halatdadyr, eý, nury-çeşmim bir zaman,
Kyl towakkyp bola sen üstümde tä çykynça jan.

Ol zaman kim janymy yşkyňda teslim etgeç,
Wah, meni depin eýleban gitgil soň ondan her kaýan.

Wah, neden kim iltipat eýlär sen, eý, janana kim,
Munça kim men natuwan, hijriňde tartar men pygan.

Gözlerim gan aglamakdan çykaly gelmiş ýakyn,
Bir diýmes sen: «Natuwanym, näge eşkiň boldy gan?»

Eý, şahy-älem seniň aşyklaryň köpdür weli,
Jan pida eýläre ýokdur Gaýyby dek mähriban.

## ❧ 344 ☙

Ýüzüňi görkez maňa, eý, serwi-kaddy-ragnaýy men,
Görmäge muştak men ýüzüňi, eý, zybaýy men,

Her niçe diýsem saňa arzy-halymy aýan,
Kim neden salmaz gulak, eý, ýar, biperwaýy men.

Başyma zülpüň hyýaly düşeli diwana dek,
Bolmuşam söwdaýy, älem içre men ryswaýy men.

Tut elim pazlyň bile, galdym eýle meýdanda,
Eý, şahy-älem, kerem kyl, kim teni-tenhaýy men.

Göreli Leýli sypat husny-jemalyňy seniň,
Gör, niçe bolmuşam Mejnun kimin söwdaýy men.

Bolaly ryswa, ýaýyldy şerhi-destanym meniň,
Mutdagylaryň dilinde äleme gowgaýy men.

Köýünde galdym gara toprak ile ýegsan olup,
Gaýyby, gelgeými diýip üstüme ruhy-efzaýy men.

## 345

Gel, eý, saky, getir indi bize jamy-mürewwekden,
Bolup men möwji-gamdan, gark derýaýy-magallakdan.

Egerçe barça çagyrsaň neşaýy senden bolsa serhoşlar,
Meni ýaryň gözi mest eýledi, mestanaýy barmakdan.

Ki jan içre negah etgil ki ýaryň syryny, dara
Asyldy, syrryny zahyr kylyp Mansur «Enel-Hakdan».

Biliňi yşk ile bagla, gadam goý, jan, baş oýnaban,
Ki bul Hak zikrine zäkir, aýyrma özüňi Hakdan.

Içip yşkyň şerabyndan, hemişe şady-horram bol,
Niçe gam birle sargardyň wepasyz biwepalykdan.

Kemine Gaýyby, indi miýan ähli ile akyl bol,
Bolup jahyl ähline hemdem, özüňi sanma akmakdan.

## ❧ 346 ❧

Penadan bakyga bir gün göçer bolsaň, ne kylaý sen?
Bu dünýäniň myradyndan geçer bolsaň, ne kylaý sen?

Ýetip permany-Hak janyň alara gelse Ezraýyl,
Ajal jamyn tutup garşy içer bolsaň, ne kylaý sen?

Çykyp tenden azyz janyň, gara topraga bulanyp,
Girip göre, gara ýeri guçar bolsaň, ne kylaý sen?

Eger Müňkür-Nekir sorsa, sowalyna jowabyny
Bere almaý, alaç istäp, gaçar bolsaň, ne kylaý sen?

Gylyçdan kesgin, ol gyl dek Syrat üzre gadam goýsaň,
Aýagyň taýyp ondan sen gider blsaň, ne kylaý sen?

Terezige salyp haýry-şeriňi tartsalar, Gaýyp,
Çekip agyry günähiňe duçar bolsaň, ne kylaý sen?

## ❧ 347 ❧

Utanmyş Gün, ýene Günden görüp ýaryň jemaly belendin,
Özün pynhan eder her şam onuň çün ynpygalyndan.

Kylarda jennetiň syrryn, görüň, tagzym üçin tuby,
Aýak üsüne durmuşdyr goýup ol kaddy-dalyndan.

Behişt içre akar daýym oşol Tesnim ile Köwser,
Alyp şehd onuň şirin lebi aby-zülalyndan.

Ýasanmyş zip ile, gör, kim hyýalat içre hüýrüler,
Sapaly sydk hem sydkyň besi ol şowky-halyndan.

Omary gör ki adyl içre niçik ogluny katl etdi,
Ýaýyldy äleme ynsap onuň dady-adylyndan.

Hiýa we ylmy-helim eýlegen erer Osman-Zülennurdan,
Görüp gül, munfagyl bolmuş ýüzüň reňňi-alyndan

Alydyr sakyýy-köwser kime kim kylsa Hak ruzy,
Içgirgeý ruzy-magşarda behiştiň hamry-balyndan,

Olardan soňra baky bil ymamy-rehnemalardyr,
Köňüli şady-horram tut olaryň hoş hyýalyndan.

Kemine Gaýyby, Hakdan jemal istär iseň zynhar,
Ki bol merdana her işden, heder etme jelalyndan.

**348**

Ýetir, eý, bady-saba, ol mahy-Kengan habaryn,
Ýene eltip menden oňa pyrkaty-yhsan habaryn.

Kyladyr aryzyny, gör, kim ne açylmyş gül eýle,
Beredir düşen oşol başyga hijran habaryn.

Ýarasyn aldy köňül senden aýdy jünbüşi-nutk,
Bes ki eýlär hereket, alsa kişi jan habaryn.

Gul-gula düşdi ajap şähri-wujudyma besi,
Aldy bolaý meger ol sahyby-döwran habaryn.

Eý, nesimi, barsaň ol käbeýi-maksada sary,
Diýgeý sen halyny men hajy biiman habaryn.

Yşk gowgasy goýmaz kim kyla men güfti-şenewet,
Ýok eşitmekde gulak, soraly janan habaryn.

Gaýyby misgin, onuň hiç kimse bilmez niçedir,
Kim bere bileý oşol suraty Rahman habaryn?

**349**

Kim ki yşkyň diňlemez hergiz oňa guş olmasyn,
Kim ki yşkyň pikrin etmes, köňlüňde huş olmasyn.

Köňlüň istar bolsa köňlümiň eger nähoşlygyn,
Isterem hergiz jahanda köňlüme hoş olmasyn.

Jurgaýy-laglyň meýinden noş janym bolmasa,
Bolsa eger aby-haýýat ol janyma noş olmasyn.

Kylmagan serhoşlyk yşk şeraby birle kim,
Yşk ile towryda ol taglyt serhoş olmasyn.

Derdi-halymy meniň älemde hiç kim aňlamaz,
Gaýyby, hiç kimde kim bir derdi-serhoş olmasyn.

**350**

Dert elinden ruzy-şebler daýyma paýy-mal men,
Aňlamaz derdimi hiç kim munça men bihal men.

Düşmüşem yşkyna ýaryň biseri saman bolup,
Çeşmi girýan, jismi urýan, telbeýi-abdal men.

Mahuw olupdyr hatyrymdan jünbüş nukdeýi-höwes,
Ýar husnun göreli agzym açylmyş, lal men.

Raýeti-didar üçin mosehhefi yşarat eýlerem,
Len terany geldi aýyt kim açylmyş pal men.

Dünýäniň sudy-zyýanyn satmyşam bir jöwgä kim,
Dost yşkynda geýip egnime esgi şal men.

Gaýyby, ýaryň jemaly hasratyndan gijeler,
Eýlerem peýmana çeşmimi ki mala-mal men.

**351**

Eý, senem, ýüz görkezip janymy oda ýaka sen,
Kasdy-jan etdiň meger her lahza egri baka sen.

Wah, ki kapyr gözleriň birle kylyp janym esir,
Bent edip jürmi-ähli dek boýnuma zülpüň daka sen.

Köýüm içre syrrymy paş eýlediň äleme kim,
Tagna edip her dembe-dem yşkyň başyma daka sen.

Eý ýürek yşk odundan her dem demir ýaňlyg erip,
Neýläýin kim suw bolup, her dem gözümden aka sen.

Gaýybyýem, başyma hijran çirigin jem edip,
Hasta janymy bela soltanlaryna çaka sen.

## ☙ 352 ❧

Eý, köňül, çekgil jepa ýar iştiýaky bar eken,
Ol gadar bu gylça janyň tende baky bar eken.

Muntazyr bol ýar didaryna daýym elmydam,
Gözlerim akmaý garasy birle agy bar eken.

Çün rakyplar birle ýaryň katlyna berdi selah,
Bul pidasy bar onuň bu eltefaty bar eken.

Ýyglamak pikirinde bol kim ýary görgünçe sen,
Aýyp bolmaz aglamak kimiň  pyraky bar eken.

Noş kyl hijran şerabyn, Gaýyby, wasl olynça,
Yşk atlyg žurgakeş elinde baky bar eken.

## ☙ 353 ❧

Ne soltan oldy aşyklar seniň gökjek hyýalyňdan,
Ne misgin oldy soltanlar seniň hijri-melalyňdan.

Güneş çäk eýleban subhuň ýakasyndan tulug eýlär,
Ýügürmekdir işi daýym gije-gündiz hyýalyňdan.

Sema üzre köwkepler hemişe intizar olmuş,
Ýumulmaz gözlerim hergiz döküp şebnem melalyňdan.

Temenna eýledi Musa jemalyň lemgesin görmek,
Hytaby lemen terany gör jogap oldy makalyňdan,

Tejella eýlediň ol dem bakyp Tury-jebel sary,
Eridi, suw bolup akdy, ýanyp şemgy jemalyňdan.

Ýykyldy mahuw olup Musa, kylyp perýat oşol demde,
Pena boldy ýene kyrk gün jemal ile jelalyňdan.

Seniň zatyň nehaýatyn kişi bilmeýdir hergiz,
Ki çoh yrfanda aryplar ki pikir eýläp kemalyňdan.

Allahy-Repbena, bizni ki pazlyň birle şat eýle,
Guwandyr bähre eýläp ki wysaly-elkemalyňdan.

Aýyrmaz ýüzüni yşkyň ýolundan, Gaýyby hergiz,
Eger ýagsa bela her ýanymy hem şemalyňdan.

**354**

Eý, güneş, neçün pyrakyňdan bu jany ýaka sen?
Ne jähtden bilmenem men natuwany ýaka sen?

Görkezip bir wejeden sanyg kemalyň äleme,
Kim salyp yşkyň odun külli jahany ýaka sen.

Şuglaýy-şowk hyýalyňdan salyp janyma ot,
Her ne kim bar erdi köňlümde gümany ýaka sen.

Bag era bildim neden bolmuş gülüň humralygyn,
Görkezip ýüz men pyglydan gördüm ony ýaka sen.

Hiç kişige aýda alman syrry-yşkyň, eý, nigär,
Bar durar janymda köp derdim nahany ýaka sen.

Zarby-yşkyňdan niçe Perhatdan katyl kylyp,
Hasratyndan ýüz tümen şirin zybany ýaka sen.

Gaýyby, biçäräni köýüňde sergerdan edip,
Sed hezeran aşyky hem hany-many ýaka sen.

### 355

Tartaram, eý, dostlar, ýaryň jepaýy-zähmetin,
Enşalla ruz kylgaý ahyretde rehmetin.

Müňküre bermiş jahanda mal-u mülk yzza çah,
Aşyga derdi-bela kylmyş jahanda kysmatyn.

Yşk odun salmyş gara gaýgy bile jan başyma,
Görkezer ýüz müň nedamat birle hijran mähnetin.

Akybet dünýäde Karun dek ne gün sar eýledi,
Kime kim berdi hudawendim bu dünýä hormatyn.

Patyşah-a kim hesar etmiş özüňe, Gaýyby,
Dergähinde ýalbaryp her dembe-dem pazlyň kystmatyn.

### 356

Pyrkat ody, ýakma janym wasla ýetmezden burun,
Pany kylma maksadymy hasyl etmezden burun.

Köýi-sährasynda saýd etdiň köňlümi, eý, nigär,
Gül bogup olturma ony, besmel etmezden burun.

Eýle kim heýli-hyýalyň aldy köňlüm takatyn,
Kim uçurdy bala guşun kämil etmezden burun.

Yşkyň bährine gark olmaý ajala kyl peýam,
Tizräk alsyn janymy iş müşgil etmezden burun.

Eý, horda eýläp nesihaty-akyl bol görkezme köp,
Yşk ony diwana kylmyş, akyl etmesden burun.

Bu zaman kim açdy ýüz perwana dek her ýan köňül,
Ol güneş ýüzüňe nykabyn kabul etmezden burun.

Gaýyby, özüň pida kyl isteseň ömri-baka,
Bu pena ähline özüň dahyl etmezden burun.

## 357

Yşkdyr kim, derd ile halym perişan eýleýän,
Yşkdyr kim, ot salyp janymy birýan eýleýän.

Yşkdyr kim, örtegen bu janymy perwana dek,
Yşkdyr Mejnun kimin jismimni urýan eýleýän.

Yşkdyr sabrym alyp, bu köýde sergerdan kylan,
Yşkdyr mundag meni biser-u saman eýleýän.

Yşkdyr kim artdyryp derdimi, efgan kyldyran,
Yşkdyr hesret bilen aýnymy girýan eýleýän.

Yşkdyr kim görkezip, bul köýünden hijran sary,
Yşkdyr kim tartyban ol ýüze haýran eýleýän.

Yşkdyr kim her zaman salan höwesler başyma,
Yşkdyr gül dek açyp, köňlümi handan eýleýän.

Yşkdyr söwda salyp başyma getiren bela
Yşkdyr pida edip derbendi-hijran eýleýän.

Yşkdyr kim, yhtyýarym güýç bile menden alan,
Yşkdyr, gör, kim meni her işde haýran eýleýän.

Yşkdyr kim, kime ol soltanlary kylan geda,
Hem gedalary ýene yşkdyr ki soltan eýleýän.

**358**

Haýsy bir endazdan köňlümi mahzun eýläýin,
Haýsy bir jebri-jepadan bagrymy gan eýläýin?

Haýsy bir Leýli sypat dildar üçin ah eýleban,
Haýsy bir köý içre özüm zary-Mejnun eýläýin?

Haýsy bir çarhy-pelek gerdişinden eýläp gäle,
Haýsy mähnet şitdetinden özümi mugaýyp eýläýin?

Haýsy bir ýaryň pyragyndan akyzyp gözýaşym,
Haýsy ah odun çekip, wahasrata, çün eýläýin?

Haýsy bir näkes rakybyň tagnasyndan gan ýutup,
Haýsy bir hijran belasyn jan-mäjun eýläýin?

Haýsy bir bihuda gamdan halymy zagyp ediban,
Haýsy gammazyň sözünden derdim efzun eýläýin?

Gaýyby, kaýsy ajyg dil zährinden perýat eder,
Hany bir şirin tekellum derdim efsun eýläýin?

## 359

Ezel nakgaşy ýazmakdan meger kim suratyň nakgaşyn,
Damypdyr güle gudratdan lebiňniň anbary-müşkin,

Ýok erse gunçaýy-agzyň görüp şirinligin andag,
Gonupmydyr lebiň üzre sorara şehdi-Çin.

Meni köýünde öltürseň ne taň Perhat, Mejnun dek,
Ki mundag resim goýmuşlar kim ol Leýli bilen Şirin.

Meni diwanany bent et, baryp sähraga ýüz goýmaý,
Saçyň zynjyryna baglap, gerek boýnuma sal berçin.

Sararan aryzym reňňin gamyňdan bilmesinler diýip,
Bolup men ganly eşkimi ýüzüme eýleban reňňin,

Karary ýoga jismimde ki takat eýleban berdim,
Sorup halymy berseňdi eger bu köňlüme reşkin.

Jepakeş natuwanyňdyr, seniň ukbyňdyr bu, Gaýyp,
Kerem et, lutp kyl, tutma yrak özüňi sen ondan.

## 360

Haçan bolaý görüp ýarymy köňlüm şat kylaý men,
Kylyp janymy töhfe, alnynda perýat kylaý men.

Aýagy tozyna sürterde başymy kylyp uzurym bar,
Akyzyp gözýaşymy, nowhalar binýat kylaý men.

Açyp agzyn ybadat birle şirin kelam aýytgaç,
Goparyp hatyrymda gam dagyn berbat kylaý men.

Nädeý bu wadyýy-hijran era ýok kimse destgirim,
Belaýy-derdi-mähnetden özüm azat kylaý men.

Muhapbetde kylyp janym pida ol mähribanyma,
Salyp yşk ähline gowga özüme at kylaý men.

Towakga eýlemez eýläp ki sorsa derdi-halymy,
Ne kim geçenleri başdan gaşynda ýat kylaý men.

Diýse ger, Gaýyby, ýarym jepa babynda sabyr kyl.
Ne işde bolsa ol razy oňa mugtad kylaý men.

**361**

Dostlar, hijran oduna gije-gündiz ýana men,
Ýagny kim şemgy-wysal arzuwynda perwana men.

Leýli weş dilber jemalyn göreli günden bäri,
Düşmüşem sährалara, Mejnun kimin diwana men.

Tygy-hijran zehminden ýuwdum wujudym zagyp edip,
Takatym gitmiş, ýylan dek gijeler tolgana men.

Yşk mähr-u meýi meni teşne leb kyldy, nädeý,
Ýaryň lagly gerek içe men ondan gana men.

Ýüz kim açdy dilberim jahy-zenehdanyn görüp
Taşladym urýan köňülni baglap ol zyndana men.

Arzuwlap Ýakup dek şahy-azyzym husnuny,
Pyrkat içre kim jepalar kylmadym janana men.

Toba meýi syndyrdy, içirdi maňa piri-deýr,
Saýma, eý, zahyt, seniň sary men indi ýana men.

Gaýyby, biçäreem waslat sary ýol tapmadym,
Düşmüşem, eý, dostlar, bir köýi sergerdana men.

**362**

Haýsy bir egsikligimi aýdaýam ol ýara men,
Galmyşam usýaňda ömrüm sary ýüzi gara men.

Lutp edip jürmümi ötgürmek onuň elindendir,
Men hud erdi gamda galgan natuwan awara men.

Çekmişem köp hasrat enduhlary sed hezar
Kim esir olan pyrak awarasy, biçäre men.

Nebse berdim köňlümi, uýdum şeýtan ähline,
Gaflat içre gel diýban çekdim jepa hara men.

Gaýybiýem hyrs odun köňlüm içinde seýr edip,
Güýç bile, eý, dostlar, saldym özümi nara men.

## 363

Eý, hudawendim, egerçe asyýy-gümrah men,
Tutmuşam umydymy pazlyňa hajat hah men.

Iki aýnym delmirip, her dem döker ýaşyn ýere,
Arzuwlap görmäge husnuň aşyky-dergäh men.

Kim hyruç eýläp köňül, her dem çykar arş üstüne,
Gerçe usýan içre jismim birle gahry çah men.

Hem rejug nebsi-murdar ile itden men beter,
Yşk köýünde eger görsem özümi şah men.

Derdi-köýüňde ömür zaýyg geçirdim, neýläýin,
Jähl ile şeýtana hemra olmuş iýdim ah men.

Hijr wadysynda serkeşte galyp men hary-zar,
Tapmadym waslyň sary her niçe istäp rah men.

Gaýyby, biçäreem eýläp töwekgel pazlyňa,
Taşladym yşk oduna perwana dek nägäh men.

## 364

Köňlüm guşy perwaz eder kylmyş howaýy-lamekan,
Diwanawar eýläp özün «Hüw!» diýp çeker dem pygan.

Ýagny muny eýlär höwes, perýat ile synaý kapas,
Şowk ile tartyp nepes, çykmak dilär ruhy-rowan.

Köňlüm hyýal etmişde, ýar, köýüň sary gitmişde, ýar,
Waslyň sary ýetmişde, ýar, janym gerekmez ol zaman.

Eý, şah, sen pazlyň bile, şat et bizi waslyň bile,
Barsyn ýoluňda jan bilen bu mal-u mülk, hanyman.

Janym guşy bu ýaradan, çykmak dilär bu aradan,
Bu badyýe hunhordan jäht eýleýip tapmaz aman

Yşkyň ody misl sakar, janyma düşmüşdir, ýakar,
Her dem bozulmyşdyr akar gözden bolan bagrymda gan.

Men, Gaýyby, haýranyňam, lutp eýlegil gurbanyňam,
Bir bendeýi permanyňam, eý, patyşah mustagan.

**365**

Huruç etmek dilär janym seniň sary, eýa, Subhan,
Jeset mülkündedir dagy, nädeý, kim bent edip zyndan.

Köňül perwaz eder ýetmek ulaşyp hezrete kim,
Bu haly-zar ile tapmaý galyp men ajyzy-haýran.

Meni geýd eýledi gör kim howaýy hyrsy dünýä çün,
Goýarmy gideli indi saňa bolsa iki derman.

Meger pazlyň bolup destgir meni ol ýana tutaý sen,
Bela meýdanynda galdym, ýok erse zary-sergerdan.

Kyýamat gün meniň halym niçik bolgusydyr, ýa, Rep,
Ki ýok menden saňa laýyk, beraýet  haýr ile yhsan.

Kyýamata dagy goýma, ýakypdyr jismi-janymy,
Wysalyňdan jyda her dem meni bu mähneti-hijran.

Kerem eýläp hudawend-a meni dergähiňe çekgil,
Halas etgil belalardan, berip derdime bir derman.

Bu dünýäge gelip gitdiň, hany bizi neýlediň, nätdiň?
Bolup ahyr pena tutdyň, erermiş barçasy, ýalan.

Kyýamatyň gününde halk griftar bolsa halyna,
Bolar aşyklaryň diýrler seniň didaryňa haýran.

Oşol gün göz tutup men tutar men umyt pazlyňdan,
Gopargaý sen meni dagy olar birle sen, eý, janan.

Muhammet hormaty üçin onuň ummatlaryna kim,
Afu eýläp, nesip etgil enaýat birle sen iman.

Allahy rehmetini sen maňa şaýeste kylaý sen,
Eger çyksa diýip wada demi ahyr tende jan.

Meni, Gaýyp, görüp häzir saňa derdi-dilin diýdi,
Rowa kylgyl mynajatyn keremi kän, eýa, Rahman.

**366**

Ýar, bir iş kyl ki bu derdime derman tapa men,
Ýogsa bir ömür ile kim teslim perman tapa men.

Jan bererde bu dagy bes ki kefaratdyr maňa,
Lutp kylsaň, ol gadar kim iman tapa men.

Jana çün düşmüş herarat kim alaç edem oňa,
Kaýda bir laglyň suwy dek aby-haýwan tapa men.

Eý, senem, men Gaýyby, gul bolaly hata bere men,
Kim seniň dek kaýda bir älemde soltan tapa men.

### 367

Ýandy janym hasratyňdan, ýar görkezmez özün,
Öleli diýdim dagy dildar görkezmez özün.

Takatym gitdi jemalyn görmek üçin ruzy-şeb,
Saklaram gözi niçe bidar görkezmez özün.

Diýdi kim: «Jan ber dagy, ýaryň jemalyn kyl tama,
Ýogsa asanlykda hiç didar görkezmez özün»,

Bilbili gör kim niçe perýady-efgan kylmaýyn,
Gunçadan hem gül açyp gülzar görkezmez özün.

Hiç görünmez göze kim örteý diýsem birah olup,
Jany-dilni bir ýoly enwar görkezmez özün.

Tutdy zeň aýnasyn wel kaýda görgimdir ony,
Baglady göz ýoluny zaňňar görkezmez özün.

Gaýyby, jan ýetdi agzyma, öler men bigüman,
Jilwe eýläp, ol beti aýýar görkezmez özün.

## 368

Kaýda tapgymdyr seni, jan-a, bu halym birle men,
Kim sary etmeý ýüzüm bu reňňi-alym birle men.

Baglamyşdyr ýolumy şeýtan bile hemdem bolup,
Wah, ne tedbir eýläýin bu nebsi-zalym birle men.

Älem ähli zib-u zynat birle atlas geýseler,
Hoş gezer men köýüň içre esgi şalym birle men.

Jany-dili goýmuşam ýoluňda gurban eýleban,
Terk edip dünýä myradyn mülki-malym birle men.

Gaýybiýem waslyň tapmaý bolup mahrumy-zar,
Gije-gündiz ýyglaram hijran melalym birle men.

## 369

Lutpuňy medet kyl kim biçäre bolupdyr men,
Hijran elemi bile awara bolupdyr men.

Bildim ki neden bolmuş gan ýaş gözüm reşki,
Gamza tygy bile bagry sed para bolupdyr men.

Yşkyň esiri bile äleme salyp gowga,
Ryswalyk ile halka äşgäre bolupdyr men.

Her gije daň atynça gelmez gözüme uky,
Fi-l-misl göz açmakda saýýara bolupdyr men.

Diýmäň ki jahan ähli, Gaýyp, kime aşykdyr,
Men aşyky-haýran ol didara bolupdyr men.

## ❧ 370 ☙

Hejer-hejer oldy bu bagrym meniň agýardan,
Kim görüpdir men kimin jebri-jepany ýardan.

Niçe kim men intizar oldum jemaly-ýar üçin,
Kylmady perwa maňa, şat etmedi didardan.

Aşyk jebri-jepany dil ne kylsyn çekmeýin,
Bolmasa lutpy-kerem ol dilberi-dildardan.

Gijeler perýat edip ger nalalar kylsam eger,
Kim ýeter ahym ýetip ol günbezi duwwardan.

Yşk wadysynda yşk ähli jepa köp çekdiler,
Görmedi men dek jepany kimse bu sergerdan.

Şowk açylmaz köňlüme ýar bolmasa menden eger,
Bilbil efgan eýlemez açylmasa gülzardan.

Saçlary pikrinde söwdaýy bolup kapyr sypat,
Baglanar men bilime zülpün salyp zünnardan.

Dostlar, tarypy-manend rast gelmez ýar hiç,
Niçe taryp etseler güftary bu eşgardan.

Gaýyby, yşky-hakykatdan dem urma, lap edip,
Kim «Anal-Hak!» diýmeseň Mansur ýaňlyg dardan.

### ❧ 371 ☙

Zülpiden köňlümi hergiz aýyrsa bolmaz, neýläýin?
Bu-da müşgil küpr birle bolsa bolmaz, neýläýin?

Laglyndan kam isterem, bolmaz miýesser sagta ile,
Kim kişi döwleti tartyp alsa bolmaz, neýläýin?

Günbe-günden derdim perawan boldy, halym zaýyp,
Yşk derdiniň alajyn bilse bolmaz, neýläýin?

Köňlüme diýr men weli ülpet tut özge ýar ile,
Göze ondan özgäni hiç ilse bolmaz, neýläýin?

Nala birle köňlüm aldy, saldy kim ot janyma,
Diýmedi ondan ýanyp gutulsa bolmaz, neýläýin?

Gaýyby, ýüz mähneti- derde griftar olmuşam
Wah, bu dert ile öleý diýp, ölse bolmaz neýläýin?

### ❧ 372 ☙

Dergähiňde galmyşam, dilber, gara gaýgyda men,
Ýetmedim bir gün wysalyňda bolup asuda men.

Ýetdi menzile bary eshablar hoşhal olup,
Galmyşam gaflatda bihudalyk bile ukuda men.

Niçe kim jan gyýnadym bu dünýä-ýu pany üçin,
Bermedi ahyr wepa, çekdim jepa bihuda men.

Barsa başym ger bu ýolda ýüz urar men ýar üçin,
Baglanyp bu äht ile yşk bile kalguda men.

Gaýyby, ýaryň hyýaly birle Mejnun dek bolup,
Ýetmişem yşk içre sergerdan olup ölgüde men.

## 373

Çün jepadyr, dostlar, gelen nepesler jandan,
Her nepes Hak birle bol, aýrylmagyl janandan.

Gulluga şaýeste bolsa, bes biliň azat eder,
Razy bolsa hajesi ger bendeýi-permandan.

Sydk ile gel bu ýola, kyl Hak gullugyn,
Bir gadam daş goýmagyl sen hyzmaty soltandan.

Bu wujudyňda günähiňdir katyg derdiň seniň,
Eýle bu derdiň alajyn tobaýy-dermandan.

Delmirip her demde sen azary günähiňi kylyp,
Haly kylma gözleriňi bir zaman girýandan.

Aby-köwserden haçan içeý, eger zähmet çekip,
Jan berip ger içmese bu şerbeti hijrandan.

Sen bu gün merdana bol Hak gullugynda sydk ile,
Özüňi aýyrmagyl, eý, Gaýyby, imandan.

## 374

Lybasy-hup ile, dilber, bezenip, Aýa meňzär sen,
Kemaly-çine mostegreg boluban ýaýa meňzär sen.

Gyzyl köýnek, ýaşyl don, aryzy gülgün ile göýä,
Bahar eýýamynda andag güli-humraýa meňzär sen.

Gähi ak sada halatlar geýip, kim jilwe eýlär sen,
Letafet magnyda bir dürri-ektaýa meňzär sen.

Çykyp gel keşti-gülzar eýleseň huplar bile her ýan,
Ki hüýr ony behişti jennetil-mä˙wa meňzär sen.

Eger reftar kylsaň görkezip bir kamaty-mowzun,
Erem bagynda biten serwi-ragnaýa meňzär sen.

Kylyp uşşak ähligе sütem, katl etmek istär sen,
Rehimsiz bimürewwet kim şehi hudraýa meňzär sen.

Jepaýy-jebir kylmakda musulmanlara rehmiň ýok,
Bu ýüz ile görer men kapyry-tersaýa meňzär sen.

Döker sen gamza tygy bile her dem aşykyň ganyn,
Ne zalym sen ki älem mülkünde jellaýa meňzär sen.

Düzüp gülzary-husnuň Gaýyby tarypyn eder sen,
Misilde eýledir kim bilbili-şeýdaýa meňzär sen.

## 375

Nädeý, eý, natuwan köňlüm, ýanyp gamdan gararyp sen,
Çekip jebri-jepalary hazan ýaňlyg sararyp sen.

Salyp näzikleriň yşk höwesi başyňa gowga,
Rakyplar tagnasy birle sähra ýaňlyg guwaryp sen.

Gözümden gan akar ýaşym, nigärim, pähim kyldyňmy?
Kylarda jilwe bagrymy ki gamzaň birle ýaryp sen.

Kuýaşym, aryzyň gülgün lybasyň hem teniň üzre,
Meni öldüreli göýä meger mundag gararyp sen.

Gel imdi, Gaýyby, kylgyl mejazy yşkyň terkin,
Besi serkeşte bu ýolda gezip köp, indi aryp sen.

## 376

Eý, köňül, aldanmagyl dünýäde mülki-mala sen,
Kim ýeter bir gün ajal, misgin, ajyz gala sen.

Çün ötürdiň ömrüňi gaflat bile, eý, natuwan,
Gör bu gün panyda sen magrur mutdagy gala sen.

Hyrsy-şehwed bile köňlüň berme dünýä şowkuna,
Niçe maýyl bola sen her ýüzde hatty-hala sen.

Nezg wagty ýetip endam janyňa tiz eýlegeý,
Uçragaý sen dembe-dem duşwar müşgil hala sen.

Jan çykan soň, ýene sen gussala gusluňy berip,
Don geýip nurdan çolangaý sen hem esgi şala sen.

Gazdyryp gabryňy goýarlar gardaşyň seniň,
Bulaşyp haýry-şeriňe onda ýalňyz gala sen.

Gelse ol demde saňa Müňkür-Nekir haýbat bilen,
Ne diýr sen kim jowaplar soragan sowala sen?

Ger günähiň çyksa agyr, çekseler agmallaryň,
Utanyp eden işiňden baş aşaga sala sen.

Gije-gündiz ötedir, ömrüň tanapyny kesip,
Gel ynanma, Gaýyby, indi bu mülki-mala sen.

**377**

Eý, dilberi-dildar-a, seni kaýda tapaýyn?
Eý, aryzy-gülzar-a, seni kaýda tapaýyn?

Ýadyma geler wagtynda, geler bu jan damaga
Ýa, Rep, ki diläp men-ä seni kaýda tapaýyn?

Hijran elemin çeke-çeke galmady janym,
Wasl eýesi sen enwar-a seni kaýda tapaýyn?

Bu ýolda ýügürdim besi tapmadym, janym,
Boldum çü talapkär-a seni kaýda tapaýyn?

Ryswaýy-jahan boldum äleme düşüp, eý, dost,
Paş oldy bu syrry-pynhana seni kaýda tapaýyn?

Sen Gaýybyga lutpy-kerem kylmasaň, eý, ýar,
Eý, halyky-jepbar-a, seni kaýda tapaýyn?

## 378

Yşk era diwanalyk peýda kylar wagtymda men,
Jany-dili yşk ile şeýda kylar wagtymda men.

Gizlin derdim ýene-de ýüz şerhi-destan başlaban,
Bilbili biçäre dek gowga kylar wagtymda men.

Bir nazarda kylaly şükranalar waslyň üçin,
Jan berer men yşkyňa söwda kylar wagtymda men.

Halk iliden eýle kim men yzzat eýläp ygtyýar,
Misginem sähra üçin tenha kylar wagtymda men.

Gaýyby, ol dilberiň yşkynda Mejnun dek olup,
Diýmenem hupbul-watan sähra kylar wagtymda men.

## 379

Pyganyň artar, eý, bilbil, öter pasly-bahar elden,
Hazan ýeli öser nägah, gider bu gülgüzar elden.

Köňül jan köýdürip bilbil pyganyna erip akmyş,
Ýakyn bilgil bararlar hem çemen, hem murgyzar elden.

Diýdim köňlüme pikir eýläp: «Bu gowgalar ne gowgadyr?»
Hyýaly-ham ile ötmüş bu munça ruzgär elden.

Ynanma mal, mülküňe, ýene jany-jelalyňa,
Ýeter bir gün ajal, erkiň alar hem biygtyýar elden,

## 380

Eý, köňüller rahaty, eý, jümle janlar janany, Hüw!
Aşyklar maksady, hem matlaby, hem janany, Hüw!

Bir gedaý natuwanam, kyl meded pazlyň bilen,
Goýma bu mähnetde men dil hasta sergerdany, Hüw!

Tapar menmi istesem, gitsem beebanlar sary,
Kaýda tapar men seni, eý, derdimiň dermany, Hüw!

Gebirge men bihut bolup hijriňde her kim «Hüw!» diýse,
Göz açar men sümüsgenip ýüz gaýta diýr men jany, Hüw!

Eksini yrfanda gördüm bilbili biçäre dek,
Yşk iliniň pikri-zikri, nalasy, efgany, Hüw!

## 381

Kim ýüzüň bir güldür düşmüş behiştden daşary,
Aşyky ol ýüz durar kylan bu işden daşary.

Aç ýüzüňi, kyl garanky köňlümi röwşen meniň,
Sap bolmaz kim howa beýle kuýaşdan daşary.

Aryzyň üze, nigär-a, halyňy gör baş çekip,
Ruma gelmişdir gaçyp mülki-Hebeşden daşary.

Hamdylla muntazyr men husnyňa, eý, serwi näz,
Gözlerim ermes bu döwletli bakyşdan daşary.

Yşk çün bar eýlemiş, hem jümle bilmişler meni,
Bolmuşam hem ýat eýle jümle bilişden daşary.

Eýle kim bir dert ile owaz, efgan eýlerem,
Fi-l-misl owazy hoş çykaý gamyşdan daşary.

Gaýyby, her niçe ýaryň syrryny kylsam nahan,
Zahyr eýlär çykgaç ol bir ah işden daşary.

**382**

Wah ki öldürdi meni hijranda ol mah ruý,
Halym sormaz gelip, diýmez: «Niçik sen gaýgylu?»

Boldy kämile talh mähnetden gamyň sährasynda,
Gussa aşyma meger Hakdan gatylmyşdyr agu.

Derdi-gam gozümi äleme garaňky eýlemiş,
Çykmaýyn ondan göz ol şemgy-wysalym ýandymu?

Göz tutar men bähreýi-husnuňa, wah, goýmaz rakyp,
Çyn diýmiş diýrler bolar olar geda birle gulu.

Ýetire kim elem bolupdyr göze ýyglardan meger,
Ornyndan akmyş boluban her ne bolgaý, ýar, suw.

Yşk soltany sypahynyň sypahydyr bu kim,
Zähminden olan tenimde guşlar ermesdir guluw.

Gaýyby, ölen teniň aludadyr usýan era,
Gözlerim eşkin döküp üstüne onuň bir ýolu[1].

## ❧ 383 ❧

Alan aşyklaryň sabryn hoş ziba gözeldir bu,
Görenler jan berer ajaýyp bibedeldir bu.

Gözden döküp ýaşyn derdi-nahanym eýledi zahyr,
Bolar bolsa kimiň derdi nahan galmyş misildir bu.

Meni yşkynda Mejnun dek gören ähli halaýyklar,
Diýdiler: «Yşk şerabyny içen mesti-ezeldir bu»

Kemalat içre ol dilber ganydyr husny mülkünde,
Eger lutp etse aşyga zekewatyn hoş mahaldyr bu.

Ki nazmy-guýine görä aýdan, Gaýyby, mowzun,
Düzetmiş türki nazmyna ki bu türpe gazaldyr bu.

## ❧ 384 ❧

Eý, nigaraýy-şaham, men aşyky-bihal tu,
Tu ne miporsy ke «Çünest, eý, fakyry-ahwal tu?

Eşki-tu oftadeem der hak hemçün hars,
Ber seri-men tu kadam neçün şodem paýy-mal tu.

---

[1] Gazalyň kapyýasyny saklamak üçin, «gaýgyly, agy, ýandymy, ýoly» diýen sözleri golýazmada bolşy ýaly «gaýgylu, agu, ýandymu, ýolu» görnüşinde ýazmaly boldy.

Berdan ruhsareýi-gülzar tu jan mera,
Morgy-dil ra saýd kerd hem an syýahy-hal tu.

Ger kabul hezreti-hud misgini, eý, padşah!
Her çe fermaýy mera ustadeem ykbal tu.

Gaýyby, biçäre çün haýrany ustada est,
Çün şitdeti Mejnun syfat döwri-yşk güng-u lal tu.

### 385

Haýran gözler yşkyňda girýan bolsun, ýa, Alla!
Hasta janym ýoluňda gurban bolsun, ýa, Alla!

Men bir asyýam gümra, lutpuňy kylgyl hemra,
Kyl bendäge nazargäh, soltan bolsun, Ýa, Alla!

Sen-sen älem soltany, ýarylyka ber jana,
Mömünlere imany arzan bolsun, ýa, Alla!

Döndüm saňa okanyp, rehmetiňden uşanyp,
Janym yşkyňda ýanyp, birýan bolsun, ýa, Alla!

Görkez bize ýollaryň, çohdur bize çölleriň,
Gamgyn bolan gullaryň handan bolsun, ýa, Alla!

Hem aşyk, hem derwüş, salma köňlüme teşwüş,
Berjaý bolan müşgül iş, asan bolsun, ýa, Alla!

Gaýybyýam, günähi kyldym, geçir, Allaha,
Ahyr demde hemrahy iman bolsun, ýa, Alla!

## ❧ 386 ☙

Gör ki ýagdyran pelekdir bu belalar başyma,
Geldi bir ýandan ýetip jebri-jepalar başyma.

Wah, ki başymdan hyýaly serwi kadlar çykmady,
Her niçe şyh ählisinden derdi-gussalar başyma,

Ýüz belalyk zehm eger bolsa başymdan ne ajap,
Ançа tyg urmyş gazapdan dilrubalar başyma.

Görmese erdi gözüm, başyma gelmezdi bela,
Saldy ýüz söwda oşol ýüzi garalar başyma,

Girmese yşk era halk ähliniň pendine kim,
Geldi ýüz müň tagna birle majeralar başyma.

Kim rakyplar jem olup başymda gowga kylguça,
Ýagşyrakdyr ýagsa bu tiri-kazalar başyma,

Gaýyby, öldüm pyrakynda ol Aýnyň hary-zar,
Jem bolmaslar bu ýary-aşnalar başyma.

## ❧ 387 ☙

Aglamakdan gözlerim janym uçurdy bu gije,
Ýar pikirin köňlümde zahyr geçirdi bu gije,

Ýagdyryp döwran mähnet daşyny, hijran köýdürip,
Yşk kim, gör, ne belalary getirdi bu gije.

Gözlerim ýaşy wujudyň mülküni ferg eýledi,
Sil geldi, hany-manymny suw urdy bu gije.

Ýar didary waslydan tamalar göz ýumup,
Subha deger-u her tarap köňlüm ýügürdi bu gije.

Takatym ýok munda, wah, ki barsam rakyp goýmaz meni,
Bu jepalaryny niçik indi geçirdi bu gije.

Köýünde bijan jismimi öli diýp sagynyp,
Her sümegim başyndan itler gemirdi bu gije.

Daň bile katlym salahyň geňeşin kylaly,
Gaşyma hijran çerikini öwürdi bu gije.

Gaýyby, ýar arzuwynda bardy janym akybet,
Bu idi maksat kim Hakdan ýetirdi bu gije.

**388**

Telbeläp menden köňül hoş boldy bizar özgeçe,
Ol peri hijrinde guýa boldy bimar özgeçe,

Galmagaý sabryma taňlaşmaň, eýa, ehbap, kim,
Ol periweş jilwe birle kyldy reftar özgeçe.

Özgeçe ger bolmasa bu halym, emma taň imes,
Zulum kylmakda ol Aý boldy sütemkär özgeçe.

Jan era syrryn onuň indi ne ýaňlyg ýaşyraý,
Ahy-zarym, gözýaşym köp boldy yzhar özgeçe.

Çekdi bagrymy onuň dek şiwe birle baş egip,
Kyldy ýüz şirin zybanlyk birle güftar özgeçe.

Indi katlym kylmaga ol nyşan görsetdi ýüz,
Geýdi gülgün don ýene zaňňar reftar özgeçe.

Gaýyby, geýd etme özüňi pena güzaryna,
Hardan ahyr ýeter janyňa yzhar özgeçe.

## 389

Çünki nowruz oldy, älem gülgüzar oldy ýene,
Gunçadan güller açyldy, gülgüzar oldy ýene.

Çykdy ýerden reňbe-reň her sebzeler kim bar idi,
Hoş muzeýýin oldy älem, lälezar oldy ýene.

Gül tomaşasyn kylyp, bilbil ýene kyldy pygan,
Meý içip gül jamyndan, mesti-humar oldy ýene.

Başlady guşlar hudanyň hamdyny eýläp pygan,
Her biri bir şah üze kim bikarar oldy ýene.

Saýa saldy her tarap serwi, çynary-serperaz,
Eşret ähli̇n jem edip, gör, ustuwar oldy ýene.

Huplar her ýan çykyp, seýri-gülüstan eýledi,
Yşk ili gördi olary, intizar oldy ýene.

Boldy kalby-şowky her köňülde kim bardyr höwes,
Gudraty-hak birle hoş pasly-bahar oldy ýene.

Dat, kim döwran berip munça çemenleri ýele,
Akybet zaýa bolup, gerdi-gubar oldy ýene.

Haýp kim, eý, Gaýyby, munça jahanyň huplary
Nakyl edip bu dünýäden ähli mazar oldy ýene.

## 390

Ömür kim ötdi zaýa, ýetmedi wasly-wysalyňa,
Galyp bu mähneti-gam birle ýüz derdi-melalyňa.

Amal ýok menden, eý, dilber, saňa sydk ile, eý, janym,
Diýseň lutpum bolar indi seniň ýagşy hysalyňa.

Oruj eýlär kylyp ruhum jesetden çykaly gähi,
Ýetip zowk ile yşkyndan ulaşyban hyýalyňa.

Seni her kimse kim istär, öter jan ile başdan,
Kişi kim jandan geçmez, ýete almaz jemalyňa

Jelalyň görmese aşyk, jemalyňy göre almaz,
Jemalyňy göreý diýen durar mäkäm jelalyňa.

Seniň husnuňa kim takat getireý, eý, şahy-älem,
Bu bir perwana dek kim ugrasa husny-kemalyňa.

Seniň jan bile dilden, Gaýyby, asy guluň, ýa, Rep,
Kylar ýadyň bile şüküriňi her dem güli jemalyňa.

## ❧ 391 ☙

Gül ýüzüňden, dilruba, salyndy sünbüller ýene,
Şükri husnuňdan meger dagyldy gombollar ýene.

Şeker efşan lebleriň açdyň ataby-lafyz ile,
Toty guýa dek açdyň ýüz tümen diller ýene.

Gül ýüzüňi görkezip yşk ähline saldyň pygan,
Saýrady perýat edip dert ile bilbiller ýene,

Derdi-yşkyň şerhi birle başladym bir destan,
Kim tahaýýyr galdy älem barça bu iller ýene.

Aglasam Mejnun kimin hijranda waslyň sagynyp,
Gözlerimden aryk-aryk kim akar siller ýene.

Lezzeti-yşkyň wujudym topragyndan çykmagaý,
Merged içre ýatsa az ýüz müň eger iller ýene.

Boldy görmez Gaýybynyň gözleri mähnet era,
Çekdi bu hijran gubary gözüme miller ýene.

## ❧ 392 ☙

Tutdyň, eý, dilber, köňüli, çeşmi saýýadyň bile,
Jana ýetirdiň meni her lahza bidadyň bile.

Gözlerim galdy tahaýýyr içre agzym açylyp,
Eýlegeç bir serwi kaddy, serwi azadyň bile.

Çün kowarlar, eý, senem, köýüňde itler dek meni,
Ýogsa emriň bolaýmy olar erşadyň maňa.

Rawyýa şerh etme köp Perhat, Mejnun kyssasyn,
Görse halym taňlaşar Mejnun Perhadyň bile.

Mahuw olupdyr hatyrymdan her ne kim älemde bar,
Pikrim oldur gije-gün bolsam seniň ýadyň bile.

Jenneti-hüýr ile gulmanlary göze almanam,
Eýle kim bar ülpetim hüýri-perizadyň bile.

Gaýyby biçäredir, nätsin, oňa gahr etme kim,
Paş kyldyň syrymy diýp ahy-perýadyň bile.

**393**

Sebzeden don geýdi dünýä, açdy ruhsaryn ýene,
Dökdi ýüz dürli kumajyn, açdy bazaryn ýene.

Bilbile düşdi pygan, perwaz edip ýüz derd ile,
Aldy ol hem daň ýelinden buýy-gülzaryn ýene.

Gizlin genjin turra dökdi ýer dagy tugýan edip,
Arz kyldy ýagny kim ýaryna esraryn ýene.

Gök dagy Hak emrinden perman tapyp kyldy nisar,
Katra-katra gözlerimden dökdi şehwaryn ýene.

Ýagdy erse gudraty Hak birle neýsan ýagmyry,
Kim munakgaş kyldy ýeriň husny-etwaryn ýene.

Dolduryp jamyn lebe-leb, turdy aýak üstüne,
Läläni gör kim gyzardyp çeşmi-humaryn ýene.

Düzdi bilbil şygryny tertip ile binýat edip,
Mejlisi-gül içre kyldy tebgy-yzharyn ýene.

Baglary içre çemenler jennete tagn eýleýir,
Görkezip tubyga ar-ar serwi-reftaryn ýene.

Gaýyby, Hak möwsümi-pasly-bahar olmuş durar,
Wagtydyr, ýarym eger görkezse didaryn ýene.

### 394

Tapmadym waslyň sary her niçe istäp rah-rah,
Wah, niçik bolaý meniň halym ki, ýa, Rep, ah-ah!

Men ol it men kim galyp men kerwenden ýol azyp,
Saçymy bula kim diýseň ki çözläp gäh-gäh.

Jürm ile her niçe kim dergähiňe ýokdur ýüzüm,
Tutmuşam pazlyňa men umydymy, eý, şah-şah.

Bardylar ahbaplar, waslyňa wasyl boldular,
Wah, ki men galdym nädeý kim ötdi sal, mah-mah.

Özgeleri hezretiňe getirip kylsaň nazar,
Gaýybyga gaýybana kyl nazaryňy gäh-gäh.

## ☙ 395 ❧

Ýitdi Mejnun weş köňül Leýli jemal arzuwynda,
Çykdy janym zaýyp olup mähri-wysal arzuwynda.

Pyrkat içre kim Aý oldy, kaddym ham bolup,
Ol kaddy-serwi-çemen ebr-u helal arzuwynda.

Takatym gitdi, nädeý, bardy kararym bimejal,
Kim görüngeç göze ol husny-kemal arzuwynda.

Görkezip murgy hyýalyn her tarap köňlüm guşy,
Awçy dek her dem ýügürder köp hyýal arzuwynda.

Aldy köňlüm al ile ýüz yşwalar zahyr kylyp,
Kyldy sergerdan meni hoş mekri ol arzuwynda.

Ýüz açyp, aşyklaryň gaýgyly köňlün şat kyl,
Aşyky ýyglatma köp zülp aç jelal arzuwynda.

Gaýyby, Perhat dek gam dagy gazmakdyr işim,
Hysrowy-sahyp kerem Şirin makal arzuwynda.

## ☙ 396 ❧

Eý, köňül, hoş tut özüňi dagy-hijranyň bile,
Arza kyl derdiňi ýara çeşmi-girýanyň bile.

Hijr wadysynda galdyň zary-sergerdan olup,
Ýalbaryp perýat kyl haly-perişanyň bile.

Diý kim: «Eý, şah-a, pyrak içre galyp men hary-zar,
Kyl medet halyma imdi pazly-yhsanyň bile!»

Wagyz-a-şerh etmeýin jennetde hüýrleri sen,
Jennetiň gözüme ilmez hüýri-ryzwanyň bile.

Gaýyby, bu lagyl-mynajat ile şaýet akybet
Hak enaýat eýlegeý, bargaý sen imanyň bile.

**397**

Her kişi gördi ýüzün ýaryň bolup haýranyda,
Özüni gamdan ýitirmiş köýi-sergerdanyda.

Zarlygyndan kim moganny dek bir ahyň eýlesem,
Halk köňlün bozgy dek ýüz şiwe bar efganyda.

Pyrkat içre men kimin her kim pygan tartsa ne taň,
Lajerem aglar kişiniň derdi bolsa janyda.

Rehm edip gäh güneş aşyklary ýat eýlegil,
Kim pakyrlary unutma aşratyň döwranyda.

Nawegin atanda jismimi esir kim eýlediň,
Gör ötüp peýkanlary suw boldy bagrym ganyda.

Şiwe birle reňbe-reň ýüz güller açdy aryzyň,
Şadylykdan hoş tebigat lebleriň handanyda.

Hallar kim aryzyň şeklin ýazarda kelek sanyg,
Nuktalardyr  göýä tutmyş durar her ýanyda.

Görgeç ony kim tahaýyrdan bu agzym açylyp,
Gözlerim pelek dek Rahşynyň jöwlanyda.

Gaýyby, derdiň nahany esremişdir jan era,
Bardyr ol derdim güwähi gözlerim peýmanyda.

## 398

Eý, köňül, kow nebsiňi, şitdetde galsyn çapyla,
Ýetmesin janyňa apat, bolma biynsap ile.

Nun içinde sen nukta sen, sanma kim nesýeýem
Hak ýaratmyş dünýäni «nundan» ýagin bil «kap» ile.

Gel bu gün merdana Hak yşkynda köýdür janyňy
Ýogsa okamak nedir munça namaz nap ile.

Nähelef, gör, masewa zikrinde bolma pikir ile,
Zäkri-hak bol hemişe, köňlüňi tut sap ile.

Gorkuban gaharyndan, tut rehmetinden köp umyt,
Kim nazar kylgaý saňa şahy kerem eltap ile.

Ýokdur yssyg kim rowa salmakda, geýmekde kelim,
Bolmasa köňli onuň Hak hezretinde hapyla.

Ähli yrfan şehi kylmaz syrryny afak era,
Görkezip taglyt takwalykda ony lap ile.

Daglar ýüklendi usýandan başyňa, eý, köňül,
Kaýda menzile ýetişgeý sen bu Nuh-y Kap ile.

Gaýyby, kim goýdy baş bu ýolda azyp bir zaman,
Galdy gaflatda ýangaç gördi göçmüş Kap ile.

## 399

Zehmlik köňlüm dek onuň sypaýy-handanynda,
Bu gara dagym dek onuň dagy haly ýanynda.

Köýide ýüz men kibi awaraýy-serkeştedir,
San bolar itlere, men bolman itler sanynda.

Eýle kim sekrir azyzym sebze gün ol dag era,
Gök gazaly sekrimez ondan sypahy eýwanynda.

Läle dek bolmuş gözümden bagrymyň gany akyp,
Sebzeler dek kirpigim batmyşdyr onuň ganynda.

Her ne kim derdi-bela bolsa meniň şanymdadyr,
Her ne rahat birle rehmet jümle onuň şanynda.

Saky-ýa, içgende aşrat jamyndan bizi sagyn,
Kim pakyrlary unutma aşratyň döwranyňda.

Gerçe ne permandyr dür dek sözün eýläp kabul,
Jümle bolmuşlar mutyg hekim onuň permanyňda.

Ähli dünýä çarh dek nadanlary aýlandyrar,
Wah ki ýokdur akly düz gelmez hered meýdanyňda.

Gaýyby, bilbil kimin erdi hoş elhanlykda bähr,
Nowhaýy-efgan ýügürter ki bu hoş elhanyňda.

## ❧ 400 ☙

Bolmagaý gan döküji, dilber, gözüň humaryça,
Höküm eder kirpikleriň jana mogilan haryça.

Dehri bagy açdy köp güller we leýkin reň ile,
Bolmady bir gül ýaňagyň reňňiniň gülzaryça.

Bilbili-bostan eşitdi yşkymyň destanyny,
Aldy tälim ol dagy kyldy pyganym zaryça.

Şekeristan içre toty kyldy şiringöýlük,
Kylmady ol hem tekellüm dilberim neggaryça.

Huplyk şah özüň, hoşhal köňlüň şat eken,
Bolmagaý aşuftalykda gözleriň bimaryça.

Dünýä bu ukba myrady aşyky dilhastaga,
Bolmagaý nazzaraýy bir ýaryň didaryça.

Aý, Gün tabandalykda älemi röwşen kylar,
Kim eser etmez weli jan ruhuň enwaryça.

Kim tamug haýbat bile ýüz şugla çekmiş kapyr üçin,
Saçgaý ol hem bu şerer bu ahym ataş baryça

Gaýyby, janym ten içre eýle inçelmiş durar,
Galmamyşdyr gamda ýaryň zülpüniň bir taryça.

## ❧ 401 ☙

Ýar kim bir hoş söz aýdar bolsa köňlüm tagça,
Ýene bir söz kim açyg aýdar, bolar topragça.

Çünki teň bolmuş köňlüniň şişesi gürbet era,
Galmamyş mähnetde gamdan sargaryp ýapragça.

Bolmagaý küpr ähline andag tamugyň zähmeti,
Şöhleýi-yşkyň wujudym içre tapan tagça.

Läleýi-humra sypat reňňin ýaňagyň şowkydan,
Soýmuşam dyrnak ile göwsümi ýüz ol çagça.

Dyrnagym birle gazar men Kap ýaňlyg gam dagyn,
Aňla Şirinim ýok ermiş ki Kuhken dyrnagça.

Pasybanlykda gubary ýetmesin diýip köňlüge,
Subha deger-u hyzmatda durmuşam bil bagça.

Gaýyby, köňlün ryzasyn isteýir erbapdan,
Sen dagy gähi nazar kyl, köňli bolsun sagça.

## ❧ 402 ☙

Çykdylar gülgün geýip ol kaddy-ragnalar ýene,
Kyldylar jan kasdyna ol şuhy-zibalar ýene.

Halka-halka aryzyn pür-nury müşki-efşan edip,
Garaty-din kyldylar ol zülpi tersalar ýene.

Aldylar aşyklaryň sabry-karar-u takatyn,
Düşdüler mähnet oduna zary-şeýdalar ýene.

Gül dagy başdan nykabyn aldy ýüzden näz ile,
Bilbili biçäräge kim saldy gowgalar ýene.

Baglar içre çemenler boldy jennet dek aýan,
Hüýri-gulman dek taryka girdi mirzalar ýene.

Gaýyby, at segredip meýdanda çäbik şuhlar,
Görkezerler özlerini, eýläp tomaşalar ýene.

**403**

Gel, eý, köňlüm guşy, her dem pygan etme, pygan etme,
Çykyp syrrymy äleme, aýan etme, aýan etme.

Maňa yşk içre ölmeklik besi döwleti-sagadatdyr,
Meni bu işde manyg eýläp, aýan etme, aýan etme.

Dilär men yşk era janym pidaýy-dost kylaý men,
Pida kylmaz diýban janyn güman etme, güman etme.

Gel, eý, köňlüm tokuş imdi belalara, jepalara
Çykaryp yşk dogasyn, ýalan etme, ýalan etme.

Bu wady içre men daýym salar men ýagşylyk terhin,
Kylyp ryswa meni halka ýaman etme, ýaman etme.

Ajap müşgil durar diýmäň köňlige derdi-gam birle,
Pyrak içre gözüň ýaşyn rowan etme, rowan etme.

Haýyp, yşk zor eýläp ne kylsyn natuwan köňlüm,
Gel indi, Gaýyby, derdiň nahan etme, nahan etme.

## ❧ 404 ❧

Her haçan kim göz açyp kylsam nazar jananyma,
Barky-husnundan düşüp otlar saladyr janyma.

Ger meni Mejnun kimin görse keýikler deşt era,
Jem olarlar ýyglaşyp, eşidip pyganym ýanyma.

Men tomaşaýy-jemalyn kylmak istär men weli,
Mutdagylar sapy eder dökmeklik üçin ganyma.

Akl ile jandan ötüp kylgyl watan terkin, köňül,
Dönme olardan ýaňa, dagy olary tanama.

Derdi-gam her niçe köňlüm mülküne hüjüm
Kylmady, garet hyýalyn kast edip weýranyma.

Gaýrat eýläp eşidip bu nalaýy-dil suzumy,
Saz edipdir nagmasyn bilbil meniň ahwalyma.

Yşk ody ýakar meni, hiç kimse bilmez ýandygym,
Wah, ne tedbir eýläýin bu derdi bidermanyma.

Zaýyf halymdan habar tutmaz özi ýarym eger,
Kim muhaýýadyr meniň ahwalym ol soltanyma.

Nowha kylsam, Gaýyby, perýadyma ýyglar pelek,
Neýläýin täsir kylmaz ol güli-handanyma.

## ❧ 405 ☙

Görkezer dilber özün her lahza ragnalyk bile,
Aşygyň janyn alar ahysta zybalyk bile.

Yşk gowgasy salypdyr başyma ýüz müň bela,
Wah, ne tedbir eýläýin men beýle gowgalyk bile.

Dawaýy-yşk eýledim, namysy, ary terk edip,
Gör, ne meşhur olmuşam älemde ryswalyk bile.

Käri-barymy ýele berdim serenjamym bile,
Galmyşam haýran olup aşufta tenhalyk bile.

Ýary diýmiş: «Gaýyby, waslym nesibi ýok saňa,
Kylmasaň diwanalyk yşkymda danalyk bile».

## ❧ 406 ☙

Munfagyldyr hüýrler, dilber, jemalyň barynda,
Müşk özün kylmyş gara gyl hatty-halyň barynda.

Seýr üçin çyksaň huraman görkezip özüňi, ýar,
Serwä göz salmaz kişi bu kaddy-dalyň barynda,

Gussadan her Aý görüpdir özüni eýlär heläk,
Geýret eýläp ol iki gaşy-helalyň barynda.

Köňlüme ýetmez pelekden zerreçe enduhy-gam,
Yşk ili hoş şady-horramdyr hyýalyň barynda.

Gaýybyga kyl jemal eýläp enaýat manzaryn,
Çekdi köp jebri-jepalarny jelalyň barynda.

**❧ 407 ☙**

Ol güneş ýakdy meni yşkynda şeýdasy bile,
Göçdi başdan akyl-danyş külli-söwdasy bile.

Ýüz kim açdy, şöhlesi janyma düşdi eýle kim,
Ýandy jismim serbe-ser ahgeri-beýzasy bile.

Seýr edere çykgaç ol perwaz eder köňlüm guşy,
Bardy janym jilwe kylgaç kaddy-balasy bile.

Aldy köňlüm al ile ýüz yşwalar eňňiz edip,
Ol humary gözlerin süzmekde alasy bile.

Tar-tar eýläp saçyn, saldy gül ruhsar üze,
Bizi nämährem görüp, örter ýüzün tasy bile.

Gaýyby, pähmimden ermesdir düzeden sözlerim,
Yşk salmyş köňlüme her sözi magnasy bile.

**❧ 408 ☙**

Kim kazadan her zaman ýüz ok dikilsin janyma
Oýnamaz bolsa eger başymy ol jananyma.

Yşk ile hijran meni lahza ýakmak kasdyma,
Çün tutaşyp ot salypdyr her biri bir ýanyma.

Çarhy hem jebr edeli eýlär bu keç reftarlyk,
Jem olup bary meniň göýä suwsamyş ganyma.

Görseler bu nowg halat içre men dilhastany,
Ýyglagaý Perhat, Mejnun taňlaşyp haýranyma.

Läle açaý dag dek bolmuş durar kylsaň nazar,
Tygy-hijrandan ýaralyk bu teni-urýanyma.

Ahgeri bildim meni öldürmeýin kylmaz halas,
Duş-duşumdan ýüzlenipdir ýüz belalar şanyma.

Gaýyby, derdi-älemlerden riýalyk tapmaýyn,
Galmyşam bidesti-pa bu haly sergerdanyma.

**409**

Eý, köňül, mundag ýene döwlet gele, ýa gelmiýe,
Halykdan hem gadyry-yzzat gele, ýa gelmiýe.

Döwletiň gadryny bil, yzzat dagy gelmezden öň,
Taňlasy gün bagt ile nusrat gele, ýa gelmiýe.

Garra bolma mal, mülk, yzza-çah nygmata,
Berdi Hak kim iç dagy nygmat gele, ýa gelmiýe.

Kim bu pursat barynda, eý, tuşeýi-hemrah ilen,
Tut ganymat bu demi, pursat gele, ýa gelmiýe.

Her ne kysmat ruzy kylsa Haktagala, şükür kyl,
Ruzy-ferda halk biler, kysmat gele, ýa gelmiýe.

Öwliýalar hyzmatyn berjaý getir, Gaýyby,
Özgelerden sen ýakyn, hyzmat gele, ýa gelmiýe.

### ☙ 410 ❧

Häsiýet kim sen maňa berdiň özüň, eý, patyşah,
Wah, ne tedbir eýläýin oňa men indi, ýa, Allah.

Ýokdur imkanym çykara daşara hökmüňden seniň,
Emrine perman erer çarhy-pelek hem çarhy-mah.

Eý, huda-ýa, sen ata eýläp bagyşlagyl maňa,
Ruzy-şeb kylmak durar işim meniň jürmi-günäh.

Gullugyňda kim durup, bilip hata kyldym besi,
«Toba! Toba!» — bilmedim — «Estagpyrylla! Ah! Ah!»

Hezretiňde kylan işim men niçik nahan edeý?
Ygtymat eýläp seniň pazlyňa tutmyş men penah.

Galmaýyn aluda asylyk bela gümrah olup,
Towpykyň ýar eýleban kylgyl meni sen rube-rah.

Sen kabul et, beýle saklagyl ryýalykdan meni,
Kylmagaý sen biselahymdan selahymy tebah.

Gaýybyga jürmiden hem eýleme sen ýazgaryp,
Kim mürewwet eýesi sen-sen keremli patyşah.

## ❧ 411 ☙

Neýläýin diýip, senem-a, derdime derman duw şepe,
Aýda alman nädeýin janym alyp men duw kepe.

Külli hem şiweli ol çeşmi gazalyňy seniň,
Ki ýügürmekdir işim awçy kimi her tarapa.

Gam çerigi başyma jem olup durmaz idi,
Bermese erdi eger şehneýi-hijriň alapa.

Atdygyça näwükiň oklary synam üze,
Dembe-dem rast gelip hoş dikiler bu hedepe.

Sözleseň dişleriňi, ýar, tebessomdan açyp,
Dişleriň düre kylar tagn, lebiň hem sadaba.

Rehm kyl Gaýybynyň dürli pyganyn eşidip,
Bolma maýyl sen oşol saz ile sytar, naý, depe.

## ❧ 412 ☙

Bir söz aýdar men saňa janymy alyp duw kepe,
Kylaly seni bigäne kiltiňi duw şepe.

Zülpüňi sünbül diýmişler ýar taryp eýleban,
Müşki-Çin diýr men weli, meňzetmen ony elepe.

Köňlüme andag ki hijriň leşgeri eýläp hüjüm,
Hajylardyr ýagny nepim misl kuhy-Arapa.

Rube-ruýyňda şana eýlärem synamy ýar,
Kirpigiň oklaryny atmak dilär sen hedepe.

Hatty-halyň nakgaş bolmaz çeşm ol günden jyda,
Niçe kim kylsam nazar gözi açyp her tarapa.

Köp nedametler çekip ahyr puşeýman ola sen,
Berme köňlüň, eý, peri bizden alyp nä helepe.

Gaýyby, efgan kylsam, nala başlap dert ile,
Kim gulak salmaz kişi awazy çaňňy ile depe.

### 413

Saky-ýa, getir kadah jamy-allahyndan bize,
Mužde ýetir rehmeti-eltafy şahyndan bize.

Tapmaýyn ýol galmyşam zulmatda Mejnun gijesi,
Subh görset jemalyň mähri-mahyndan bize.

Neýläýin perwana ýaňlyg ýanmaýun yşk odyna,
Dost salyp sen şemgy husnuň şöhlegähinden bize.

Eksi-ruýuňny görüp, Kaýys oldy gör Mejnun kim,
Galdy miras, ýetdi onuň dürli ahyndan bize.

Taşlady Nemrut oduna kim Halylulla özün,
Ýagny ahbar etdi yşkyň resmi-rahyndan bize.

Gullugyň çün istärem ömrümde zar olmaklygy,
Ýogsa nedir dünýäniň bu yzzy-çahyndan bize.

Durmuşam perman olup pazl ile makbul eýleseň,
Kaýda ýetir şowk ile yşkyň salahyndan bize.

Gaýyby diýr indi kim adymy Mahmud eýlediň,
Lutp ile bolaý rowa hem toba şahyndan bize.

## 414

Eý, nigärim, rehm kylgyl gözlerim gan ýaşyna,
Dagy yşkydan bolan bakgyl bu bagrym başyna.

Yşk ilen bu gussa ýutmaklykdan etmişdir heläk,
Kim gatylmyş pyrkatyň ajy şeraby aşyna.

Kim ki yşkyň şowky birle ruzgärin ötürer,
Dünýäýi—ukbyda onuň gondy döwlet başyna.

Ýetmeýinçä waslyňa köňlüm karar tapmaz, nädeý,
Aşyga bolmaz çü ýaryň ýetmeýinçä gaşyna.

Mutdagy diýr: «Bolmaz ol ýar, istegil bir özge ýar»
Şahbazam gonmazam her jäneweriň läşine.

Ne hetdim bardyr onuň waslyn tama eýläre kim,
Besdir ol kim degse başym ger işigi daşyna,

Ýar waslyn iste, ýaryň bile eşret eýle kim,
Diýdiler: «Bu dünýä kim bäş gün durar her aşyna».

Gaýyby, her kim pena birle magyşat eýledi,
Akybeti-döwran onuň saňsar urgaý başyna.

## ❧ 415 ❧

Eý, kerimi-lem ýezel, kyldym günäh,
Sen geçir lutpuň bilen eý, patyşah.

Ygtyýarym nebsi-şeýtana berip,
Ömrümi sarp eýledim men ruýy-syýah.

Kyl medet towpykyňy ýar eýleban,
Hezretiň sary meni sen rube-rah.

Dünýä yşkyn hatyrymdan mahuw edip,
Kyl meni yşkyň esiri, ýa, Allah.

Bolmasa pazlyň, medetkärim, eger,
Halatym duşwary müşgil, ah-ah.

Çün ki etrapyny tutmuşdyr eded,
Ýa, Allah-a, pazlyňa tutdym penah.

Gaýybyny wasl ile şat etmeseň,
Tut gulak gudratyna bara gäh-gäh.

## ❧ 416 ❧

Eýa, şahy-jahandarym, meni waslyňdan aýyrma,
Eýa, ýary-wepadarym, meni waslyňdan aýyrma.

Pyrakyň birle baky men, ki yşkyňla ýataky men,
Wysalyň iştiýaky men, meni waslyňdan aýyrma.

Haraby mesti-haýranam, pyrak oduna birýanam,
Seniň çün zary-haýranam meni waslyňdan aýyrma.

Ki sensiz jenneti-ryzwan gerekmez, eý, şahy-huban,
Myradym sen-sen, eý, janan, meni waslyňdan aýyrma.

Ezelden şeýle ýarym sen, ki şahy-ruzgärim sen,
Meniň perwerdigärim sen, meni waslyňdan aýyrma.

Ýanar yşkyň bile janym, pelege ýetdi efganym,
Gel indi şahy-hubanym, meni waslyňdan aýyrma.

Eger lutpy-ata kylgyl, eger jebri-jepa kylgyl,
Gerek mähri-wepa kylgyl, meni waslyňdan aýyrma.

Meni pazlyň bile güldür, mazasy ömrümi bildir,
Gamy-yşkyň bile öldür, meni waslyňdan aýyrma.

Gör indi ýüregim dagyn, keser men ömrümiň bagyn,
«Pakyr Gaýyby!» diýip sagyn, meni waslyňdan aýyrma.

### 417

Bolsun pida bu janym ol şuhy-dilrubaga,
Bir görsetip ýüzüni, saldy meni belaga.

Aldy köňlümi menden ýüz näz, yşwa birle,
Garet kylyp janymny, çekdi özün gyraga.

Meşşata geldi husnuň zibi-zynat kylara,
Janlary bada berip, zülpün salyp daraga.

Gerduna çykdy ahym, düşdi melege gowga,
Kim diýdiler: «Ne boldy bu hastaýy-binowaga?»

«Bergil lebiňden, eý, dost, bir posa» diýsem, aýdar:
«Görgül gedany düşmüş hoş pikir, ham tamaga!»

Şirin kylyp tekellüm derdim kylara zyýada,
Perhady-Kuhken dek tutmyş meni jepaga.

Haý-haý, bu janym aldy, eý, Gaýyby, bu aşup,
Andag ki pitne zülpün salmyş bu gül ýaňaga.

## 418

Gözýaşyndan her säher enjüm salar şebnem güle,
Ýagny bildirmek üçin aşyklygny bilbile.

Aldy ybrat bilbil ondan, başlady destan hezar,
Açylyp köňli gülüň ýagny pyganyndan gele.

Sen dagy aşyk iseň yşk içre bent ol sydk ile,
Düş bu ýola dogry kim budur hakykat silsile.

Kim ki aşykdyr düşer älem era owazasy,
Ol jähtden bilbiliň düşmüş sözi barça dile.

Bilbile nisbet durar gül şerhin etmeklik weli,
Gaýybyga ýok durar bu ýaryň şerhin kyla.

## ❧ 419 ☙

Dumandyr diýmäňiz ol kim ýaýylan kuhy-sähraga,
Ki ahymdyr diýar düşmüş pyganymdan çykyp aga.

Gäh bostany-jemalyna salyp iki gara saçyn,
Ki saýd etmiş meni dilber oşol hinduly duzaga.

Çemen içre girip kylsam pyganlar derdi-gam birle,
Demi-serdim hazan ýaňlyg salar gülleri ýagmaga,

Köňül gam birle bolmuşdyr giriftary belalara,
Ki salmyşdyr tahaýýyrdan meni ýüz müň tomaşaga.

Geler döwran ýeli bir gün, alar husnuň güli senden,
Ki magrur olma husnyna özüň salyp temennaga.

Ne kylsyn, Gaýyby, kylman pida ol ýar üçin janyn,
Düşüpdir eýle kim köňli onuň dek husny zibaga.

## ❧ 420 ☙

Mahbuplar derdi-halymy diýsem ol şahy-setdara,
Ki nägah rehmeti gelgeý men ajyzy dil efgara.

Günähim gerçe bihetdir, umydym pazlyňdan çohdur,
Eger soltan rehm etse, saçar jürmin günäkäre.

Eger adly bilen sorsa meniň bu pygly-kärimi,
Günähim Kuh-y Kap olaý, meni salgaý oşol nara,

Ikinji bir umydym ol habyby dost Ahmetdir,
Şapygy eýlär diýban bardyr umydym ol wepadara.

Biri Syddyk erer bil kim oşol gar içre girende,
Nebige niş uraý diýgeç özün tutmyşdyr oşol mara.

Küpürden din saçylsyn diýp Omar ogluny katl etdi,
Kim onuň adl dawyndan kapyrlar geldi ykrara.

Ýene üçünjisi Osman kim oldur jamygy-Gurhan,
Ylmy-müşgillerin asan oňa Hak kyldy äşgäre.

Jelalyýet bilen Haýdar ki münse erer Düldülge,
Bolardy zarbyndan gorkup ýüregi döwleriň para.

Hasan birle Huseýni, gör, niçe katl etdi zalymlar,
Bagyrlary gan bolup, çoh-çoh ýürekde galdy köp ýara.

Eger takyk aşyk sen, bu ýoldan, Gaýyby, dönme,
Eger başyňy çekseler oşol Mansur kimin dara.

## 421

Gelmiş, eý, dilber, gamyň leşger çekip jan üstüne,
Ýazylypdyr dud ýaňlyg şemgy-suzan üstüne.

Küpr zülpün dagydyp her ýan garakçy gözleriň,
Garetiden kylmak üçin geldi iman üstüne.

Gelgil, eý, dilber, gamyň bile heläk etme meni,
Şat edip basgyl gadam bu dide girýan üstüne.

Ganly ýaşlar gözlerimden döküler ol deşt era,
Läleler kim açylypdyr bu beeban üstüne.

Gaýyby ýaryň hyýaly geldi köňlüm mülküne,
Gondy bir döwlet guşy bu şähri-weýran üstüne.

### ❧ 422 ☙

Eý, köňül, syrry-nahanyň diýsem, ol paş eýleme,
Dökme nämährem gaşynda, içiňi daş eýleme.

Çün ki her nadan kişi syryny nahan eýleme,
Tutma söhbeti onuňla ony syrdaş eýleme.

Kim dilär ýüz köňli özge ähdi-pynhan syryny,
Akyl erseň zynhar özüňe ýoldaş eýleme.

Çün ki «Mömün mömüniň gardaşydyr» diýdi huda.
Degme birle Hakny sen özüňe gardaş eýleme.

Gaýyby, Haky bileý diýseň, bu nebsiň tanygyl,
Ýogsa bihuda sözüňi halka nakgaş eýleme.

### ❧ 423 ☙

Kaýda kim görsem ýüzün, köňlüm uçar ol ýanyga,
Ol sebäpden her ne gelse, noş eder men janyga.

Görgeli ol kamaty husny-jemalyňy seniň,
Gije-gündiz gözlerim galmyş durar haýranyga.

Lutp kyl, dilber, yşkyňda boldum hary-zar,
Rehm eder, her kimse kim derdin diýse soltanyga.

Sen maňa rehm etmeseň kim bu azap ile, hijr ile,
Men öler men, eý, senem, billah düşer sen ganyga.

Gaýyby biçäräniň janyna her dem ot salar,
Kim çykar sen näz ile her dembe-dem seýranyga.

## 424

Ýigitlik möwsümi ötdi, garrylyk geldi başyma,
Ne bolaý ygtybar imdi meniň kyrk, elli ýaşyma.

Wepasyz dünýäniň aýyşyn sürüp ne hasyl etdim men?
Günäler kim kylyp erdim, ýygyldy indi başyma.

Jahanda ýary-ýaranlar maňa kim hemdem erdiler,
Garaňky görüň içinde biri gelmez bu gaşyma.

Kylara gabyz ruhumy geler bolsa Ezraýyl,
Olara, gör, ki imanym geler şeýtan söweşime.

Azyz janyň çykandan soň görüň kim mur ile kirman,
Hüjüm eýlär et-u ganym iýmäge barça läşime.

Kerem kylsa hudawendim medet kylaý erenler hem,
Ýat imes gerdi-halyma dura almaý talaşyma.

Allahy, Gaýyby istär afu eýläp geçirgeý sen,
Niçe nebsim üçin işler ki kyldym öz magaşyma.

## ❧ 425 ☙

Eline aldy darak, açdy saçbagyn ýene,
Tartyp saldy güneş ýüzüne gulpagyn ýene.

Düwmeleri dargadyp, zulmaty ýarytmak üçin,
Subh dek görkezdi çendan göwsüniň agyn ýene.

Eý, senem, sür eşretiň döwran seniňdir üşbu dem,
Ol kim ötdi taňla tapmaz huplyk çagyn ýene.

Gördi husnuň şiwesin, köňlüm çekip ah oduna,
Telbeläp örtäre ýazdy dony-efzasyn ýene.

Ança ýaşyn dökdi aýnym, ýyglamakdan boldy kör,
Sürme kylaý erdi tapsam kuhy-topragyn ýene,

Gaýyby, ýar ile kim özüňe zynat eýlemiş,
Görgeý sen ýüz yşwa birle janyň almagyn ýene.

## ❧ 426 ☙

Bolmuşam, eý, dostlar, bir dilrubaga mübtela,
Bolmasyn hiç kim meniň dek bu belaga mübtela.

Yşk ile ýüz müň belalara giriftar olmuşam,
Kyldy ol dilber meni ýüz müň jepaga mübtela.

Men ryza berdim onuň her ne ryzasy bar ise,
Razy bolaý men oňa nä jepaga mübtela.

Hijr tygy, gör, bu jismimi ýara kylmyş durar,
Bolmuşam başdan aýak munça ýaraga mübtela.

Gaýyby, yşka düşen jandan umyt üzmek gerek,
Yşga düşenler bolar tiri-kazaga mübtela.

## 427

Gamzaýy-katl gözüň janyma bolmuşdyr bela,
Jismi-janyma meniň istär ki otlar ýene sala,

Görkezip ol ataşy ruhsary-zybasyn maňa,
Kasdy oldur kim meniň katl gözi janym ala.

Ýarylyka terhin salyp yşk ile derdim artdyrar,
Ýarylyka oldur kişiniň derdine merhem ola.

Ol zaman kim, eý, senem, yşkyň höwesin eýledim,
Boldy ol demden biri ýüz müň belaga mübtela.

Wah, ki bu ygtybar ile aşufta halymy görüp,
Lutp ile rehmiň gelip bir sorsaň ahwalym ne ola?

Bilmişem takyk ony jan bermeýin bolmaz halas,
Kim ki owwaldan seniň aşyklygyň peýda kyla.

Gaýyby, derdi-beladan özge ýokdur kysmaty,
Dünýäde her kim başyna yşk gowgasyn sala.

## ❧ 428 ❧

Pasyl geledir, bilbil nowasyn gözläli,
Nalasyndan çäk eden gülüň ýakasyn gözläli.

Läleýi-humra iştiýaky yşk odunyň tabyndan,
Kim garamyş göwsüne dagy garasyn gözläli.

Kim çykalyň seýr üçin her ýan tomaşa kylaly,
Gireliň bag içre gülşeniň ýakasyn gözläli.

Çün howaýy-yşk ile tutmuş melewşe kibi güle
Biz hem andag ýaryň yşk höwesin gözläli.

Eşretiň eýýamy geldi, misl söhbet kyldy ýar,
Bezm era hemdem bolup, ýaryň ryzasyn gözläli,

Näzeninler kylsalar hoş tebgylyk mejlis era,
Olaryň şowk bile söhbet gyrasyn gözläli.

Älemi-panyda sen mähri-wepa göz tutmagyl,
Eý, köňül, ol dilberiň mähri-wepasyn gözläli.

Aşyk takyk iseň, aldanma dünýä şowkuna,
Dünýäýi-panyny neýlär sen, bakasyn gözläli.

Bu mejazy huplaryň ýok wepasy, Gaýyby,
Ol hakykat ähli şahynyň ýakasyn gözläli.

## 429

Geliň, görüň, dostlar, mugjuzaýy-şahny,
Kim niçe gudrat bile eýledi bu çahny.

Sydky-talap birle siz Hak bile meşgul olup,
Zikr birle oturyň şam-u säher gähni.

Dünýä geçer, akybet ahreti kyl talap,
Tüni-gün Hak bile isteban Allany.

Tutma şeýtanyň sözün, uýma onuň pyglyna,
Her kişi uýdy oňa, tapmady dergähni.

Gapyl iseň nebsiňi tany, wujudyňy bil,
Kow bu şäherden oşol kapyry gümrahny.

Her kişi bu ýurda çün gondy, göçer akybet,
Gözle baryp sen oşol çahy-karargähni.

Gaýyby, sen bolmagyl bir dem imandan jyda,
Istemeýin bolmady ýola bu hemrahny.

## 430

Eý, hemme jümle jahanyň patşahy-serweri,
Ýokdur senden jyda älemde hiç kimiň ýeri.

Kyl ata lutpuň bile jürmümi menden kyl afu,
Sen şahy-älem, kerem sen, men gedaýy ser-seri.

Gullugyňda jümle söýmekden seni, bil baglamas,
Aşygyňdyr älem ähli, sen olaryň dilberi.

Rehmetiňden diýmenem mahrum men, eý, patyşah,
Perweriş eýlärler andag munça kapyr-Haýdary,

Towpygyň, şahym, erer nebsim çerkin gyrgaly,
Gabyzyňa kim hemaýat zülpikary-Haýdary.

Gerçe gümraham, Huda-ýa, sen kerem kyl pazl ile,
Gaýybynyň ýok durar pazlyňdan özge rehberi.

## 431

Gel, eý, soltanlaryň şahy, seniň yşkyň harap etdi.
Pyragyň ody köýdürdi, ýüregimi kebap etdi.

Alyp yşkyň wujudymy, köňüli eýleban şeýda,
Akyzyp gözlerim ýaşyn, jahany garky-ap etdi.

Bu mähneti-älem içre meni köp kyldy sergerdan,
Bu dawyda heläk eýläp, bu meni ahyr turap etdi.

Jepaýy-yşk hijranyda meniň dek kim ki jan çekdi,
Kylyp derdi-jepasyndan şerh ile ýüz kitap etdi.

Niçe kim heddi-paýanyn jemalyň söýledi wasyp,
Kyla almady bolup haýran, hasabyn bihasap etdi.

Nigar-a, eýle kim çekdim jepalar yşk hijriňde,
Saňa mälim erer dowzah kime mundag azap etdi.

Zehm suwun çekip derdiň seniň, eý, Gaýyby, şah-a,
Ulaşar waslyňa diýrler munuň dek kim sogap etdi.

### 432

Derdi-yşkyň, ýar, kim owrak edipdir men kimi,
Top edip ýoluňda başyn häk edipdir men kimi.

Läle, gör, kim deşt erasynda boýanmyş gana kim,
Tygy-hijran birle jismin çäk edipdir men kimi.

Ne ajapdyr läläniň sähradа urýan bolany,
Yşk ony eýläp galandar, päk edipdir men kimi.

Eýlemiş Mejnun kimi ger läle-mesgen deşt era,
Kuhy-gamny her tarap emläk edipdir men kimi.

Töhfe jan eýläp, tama bir posa diýdim, ýok diýdi,
Bu sypatda kim özün gamnäk edipdir men kimi.

Gapysynda şady-ýu hindi mübärek sed hezar,
Bi adat gullary hem heläk edipdir men kimi.

Awçy dek ýüz men kibi aşyklaryň başyn kesip,
Saýd edip olary hem fetrak edipdir men kimi.

Gaýyby, Gün dek özün ýarym nemaýan eýleban,
Niçäni yşk oduna haşak edipdir men kimi.

## 433

Bir ýüzüňi görkez, eý, dilber, ki gurbanyň bolaý,
Görgeç ol ziba ýüzüňi zary-haýranyň bolaý.

Çyk huraman kad bile, seýr eýle bu gülşen sary,
Örklenip men sadakaýy-kaddy huramanyň bolaý.

Şat bolmak istemen waslyňdan aýry, eý, habyp,
Tapmasam waslyňy men zary-perişanyň bolaý.

Bardy janym hasratyňdan diýmedi rehm eýleban:
«Eý, pakyry-natuwanym, indi jananyň bolaý»

Gaýybyýam, hyzmatyňda durmuşam çala ki çust,
Işigiňde tä ebed bendeýi-permanyň bolaý.

## 434

Jandan seni söýsem dagy, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?
Yşkyňda men köýsem dagy, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Derdiň bile bolsam dagy, hijriň bile solsam dagy,
Yşkyň bile ölsem dagy, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Bir dem sagynyp aglasam, köňlümi saňa baglasam,
Jany-dilimi daglasam, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Eý, dilberi şahy-jahan, husnuň güli çün her zaman,
Bilbil kimin kylsam pygan, söýmezmi sen, ýa, Rep meni?

Yşkyň etegin tutmyşam, yşkyň köýünde ýatmyşam,
Sudy-zyýandan ötmüşem, söýmezmi sen, ýa, Rep meni?

Aklym gidip lal olmuşam, bir telbe abdal olmuşam,
Bu işe hoşhal olmuşam, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Istäp seni sähralarda, düşsem beebanlar era,
Perýat kylsam, dilber-a, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Jany-jahanym gülberi, sen-sen jahanyň dilberi,
Eý, jümle-älem serweri, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

Gaýyp, akyzsa ýaşyny, ýoluňda goýsa başyny,
Sap etse içi-daşyny, söýmezmi sen, ýa, Rep, meni?

**435**

Meniň dek yşk era her kim özün diwanawar etgeý,
Baryp weýranalar içre hem watanlar ygtyýar etgeý.

Çykara natuwan janym ýakyp gelmişdir agzyma,
Haçan ol melike ýarym meni özüne ýar etgeý.

Goýup ýolunda başymy, özümi häki-rah etdim,
Diýdim: «Şaýet bu ýollardan gelip bir gün güzar etgeý!»

Jepalar kim kylar munça, ne bolaý rehim edip bir dem,
Wysaly birle şat eýläp, meni ol gamkär etgeý.

Yrakdan, Gaýyby, her çend diýseň ajyzlygyň ýara,
Ynanmaz görse halyňy, meger ol ygtybar etgeý.

### ❧ 436 ☙

Dostlar, hijran oduna kimse men dek ýanmady,
Şemgy-waslyýet tapmady, perwana dek ýanmady.

Eýle salmyş özüni näz ukusyna ýar kim,
Her niçe perýat kyldym, erse hiç oýanmady.

Laglyn etdikçe höwes, ölmäge ýetdim teşneýi-leb,
Arzuw birle kişi söý diýmek ile ganmady.

Munça kim çekdim jepasyn köýide, rehm eýleban,
Natuwanymdyr diýban bir gün goluny salmady.

Jan çykar azmyn kylyp, tenden göçerge boldy, ah,
Mähneti derdi-elemden dynmady, tä ýanmady.

Halatym duşwarlygyn her niçe kim arz eýledim,
Salmady asla gulak, bawer kylyp ynanmady.

Aýyp kylmaň Gaýybyny görseňiz meýhanada,
Hamdulla, zahydy-hudbin adyn gazanmady.

### ❧ 437 ☙

Kylmyş durar, eý, dilber, yşkyň meni söwdaýy,
Köýüňge düşüp bolmuş köňlüm guşy her jaýy.

Gudrat galamyn gör kim ýazanynda hatty-halyň,
Säher gözüň açylanda hoş syzmyş iki ýaýy.

Älemde gezip gördüm zybaýy gözeller köp,
Husn içre olaryň hem ýokdur saňa hemtaýy.

Ýüz perdeden açgyl kim älemi kylyp röwşen,
Haýrany-hejel bolmuş görgeç pelegiň Aýy.

Gel Gaýybyga indi rehmet nazaryn sal kim,
Ýyglatma jepa eýläp, eý, dilberi-hudraýy.

**438**

Temenna eýlärem, şah-a, lebiňden aby-haýwany,
Kerem kyl lutp ile ýetir gözüňden täze kyl jany.

Tirikler jan berer görgeç, ajapdyr arzuw birle
Ölükler tirile görgeç seniň dek şahy- hubany.

Ýüzüň nazzarasyn görgeç onuň dek wale bolmuş men,
Gara zülpüň höwesinden berip men ýelge imany.

Ne bolgaý, patyşahym, sen bize bir jilwe kylgaý sen,
Zamany kylsa aşyklar jemalyňa tomaşany.

Niçik sabyr eýläýin, dilber, saňa janym pida kylmaý,
Neter janyn kişi sen dek görüp älemde janany.

Garardy natuwan köňlüm bu mähnet gijesi içre,
Ki pazlyň birle şat eýle, dogup Gün dek perişany.

Nädeý kim mähneti-döwran meni bihet harap etmiş,
Allahym, sen öwürgeý sen meniň raýymça döwrany.

Taryky işigin açgyl, gamyňdan mübtela boldum,
Tenezzuldan halas eýle, kyl indi haýyr-yhsany.

Şikeste Gaýyby bolmuş pyragyň derdinden haýran,
Nigar-a, lutp eýle, kylgyl meniň derdime dermany.

**439**

Nätdiň, eý, dünýä, ne kyldyň munça serhoşlar hany?
Älemi kylan musahhar şahy-serkeşler hany?

Aşyk ählini köýünde haýrany-sergerdan kylan,
Hem melahatda zerafat ähli mähweşler hany?

Hak ýolunda jan berip, didar üçin baş oýnagan,
Bul ki mähnet şerbetin içen jepakeşler hany?

Haktagala gudratyny zahyr eden wejhide,
Husn içinde suraty ziba munakgaşlar hany?

Yşk içinde köňlüni gamdan perişan eýlegen,
Gaýyby dek hatyry bolan müşewweşler hany?

**440**

Wahdatyň peýmanasyndan içmişem bir jurga meý,
Tapdym ol meýden ýaňy jan, ölmüşdim, kyldy heýý.

Aşyk olsaň jurgadan bir katra meý noş edegör,
Ýogsa bu dünýä üçin Haka jepa kylmaz kireý.

Her kişi ol jurgadan bir katra meý noş eýledi,
Galdy ol meýhanada yşk içre tartyp ahy-waý.

Çün onuň täsiri aşyklary serhoş eýlemiş,
Ol höwes birle kylarlar munça bu älemi teý.

Gaýyby, iç ol kadahdan, tap haýýaty-jawydan,
Çün pena bolaý ne kim älemde bolan külli-şeý.

### ❧ 441 ☙

Göwsümi çäk et ki görünsin bu bagrym ýarasy,
Görsün-u bilsin nedir halym ol aýnyň parasy.

Mutdagylar heýl birle menyg ederler yşkyndan,
Kim weli kär eýlemez aşyklary mekkarasy.

Aňlasyn ne derde bolmuş sen giriftar, eý, senem,
Bad ez an kylsyn ne kim derdime bolsa çäresi.

Yşk bir soltan hudraýdyr ne kim diýse kylar,
Ygtyýarymy alyp, kylmyş onuň awarasy.

Kim ki batl diýp döner bolsa bu yşkyň ýolundan,
Tä ebed, eý, Gaýyby, gitmez ýüzünden garasy.

### ❧ 442 ☙

Mest olmagym dilär men, saky, getir şeraby,
Köňlüm hyýala çykdy, gamdan açyldy haby.

Köňlüm bahary yşkyň gülzaryna erişdi,
Bilbil kimin pyganlar kylmak dilär şogaby.

Jan riştesini andag peýwendi-mähriň etdim,
Ýa, Rep, ki mäkäm eýle, üzülmesin tanaby.

Dür dek sadap içinde bir söz ki zahyr etdiň,
Köňlüm gümana gitdi refg eýlegil hyjaby.

Yşkyň ody ýüregim ýakmakdan etdi bihal,
Galmaz mazasy oda köp çoýsalar kebaby,

Bu, Gaýyby, jemalyň gördügi, boldy haýran,
Ne hut sowaly bardyr dilde, ne hut jogaby.

**443**

Eý, güneş, yşkyňda boldy jan-u dil gurban iki,
Köýdüler ten birle bagrym boldular biryan iki.

Zarby-yşkyňdan bu jismim birle köňlüm külbesi,
Her biri bir mülk idi kim boldular weýran iki.

Wah ne döwlet erdi jan bir geze sorsam lebleriň,
Kim, ýa, Rep, bir jan hasyl bola berdi jan iki.

Çün hyýaly birle yşkyň ýykdy köňlüm mülküni,
Lajerem bolsa ýykylar mülk era soltan iki.

Gözleriň müjgänlerinden ahteraz eýläp ýene,
Goýdum iki dag çün synamdadyr galkan iki.

Agzyň içre dişleriň dürdänelerdir, lebleriň
Hokga üzre saz bolmuş fi-l-misl merjan iki.

Yşkyň almyş takatym, köňlüm esir eýläp gamyň,
Kim ki duşmuşdyr munuň dek derdi biderman iki.

Ber diýdiň janyňy bir wasly wysalym isteseň,
Diýmedim diýp ýene aýdar sen sözüň ýalan, iki.

Gaýybyny köýüň içre şat eder gähi helal,
Aýlanar bu nowg ile bu gerdişi döwran iki.

### 444

Eý, dahanyň lezzetidir aby-köwser şerbeti,
Kim bu şerbeti tapar janynda bolan lezzeti.

Gijeler bihudalygymdan, wah, meniň halym görüp,
Kim ýanar şem, örtener, perýat eder bilbil gaty.

Pyrkatyňdan niçe kim perýat edip gan aglasam,
Neýläýin kim bermez ol jana wysalyň döwleti.

Eý, ki gitmez hatyrymdan, ýar, laglyň arzusy,
Onuň üçin badanyň bar şişe birle nisbeti.

Ataşyn ruhsaryňa köňlüm meniň meýl eýlemiş,
Kim güwäh onuň diýse bu muddagaga şerigaty.

Yşk iline ömür imiş bady-nesim, eý, bagban,
Eýle kim diwanalaryň bolgaý oda ülpeti.

Gül ýaňagy halyndan dolmuş gözüm gan ýaş era,
Gaýyby, andag ki bolgaý läle dagy häsiýeti.

## ❧ 445 ☙

Eýlediň diwana, eý, dilber, hyýalyňdan meni,
Neýläýin şat etmediň hijri-melalyňdan meni.

Zulum kylmaklyk bile halymy kylmyş sen harap,
Hiç guwandyrmaz sen, eý, şahy, wysalyňdan meni.

Bir nazarda janymy almak üçin, eý, dilruba,
Mahuw kyl bir ýüz açyp, husny-kemalyňdan meni.

Bir zamanda näz üçin kylsaň jelalyňy maňa,
Bir zaman hem bährement etgil jemalyňdan meni.

Ýaňy jan bergil jemal açyp maňa katyla, ýar,
Wah, ki kyldyň katl ýüz görüw jemalyňdan meni.

Bu nedendir hatyrym şowky-kemala ugramaz?
Paýymal etdiň gamyň birle zowalyňdan meni.

Gaýyby, berdi oşol, şah-a, seniň pikriňde jan,
Kim heläk etdiň ahyr şowky-gazalyňdan meni.

## ❧ 446 ☙

Eý, güneş, yşkyňda bagrym tebbete gan baglady,
Gözlerimden akyp-akyp lagly-merjen baglady.

Lebleriňi kim, hudawendim, şypa kylmak üçin,
Yşk iliniň derdine ýagny ki derman baglady.

Taň imesdir kim seniň aşyklara geýd olmagyň,
Eýle kim Ýusuby talygyndan buzurgan baglady.

Ýüregim gan baglaban takdyr Hakdandyr weli,
Erada bolan sebäp budur ki hijran baglady.

Ah ki çarhy-pelek raýymça öwrülmez, nädeý,
Aşratym döwranyny bu çarhy-gerdan baglady.

Mutdagylar köňli bolmuşdyr näpäk, eýle gara,
Yşk iliniň köňli hem bu nury-iman baglady.

Yşk ile köňlüm seniň köýüňde sergerdan erer,
Wah, ki bu biçäräniň ýoluny birýan baglady.

Jany-dil yşkyň ýolunda niçe öwrülsin seniň,
Kim seniňle çün ezelden ähdi-peýman baglady.

Jan esiriň boldy köňlüm birle yşkyň elinde,
Bir garyby hile bile iki soltan baglady.

Eýle kim müşgänleriň janyma sanjylmak bile,
Tutdy köňlüm mülküni synamy peýkan baglady.

Gaýyby, şygyr ile, eý, dilber, bu owsapyň düzüp,
Ýazdy çoh depder waraklar birle diwan baglady.

## ❧ 447 ❧

Eýledi diwana yşkyň melikelerden meni,
Külli-paryg kyldy özge dilrubalardan meni.

Ýüz bela gelse heder kylman erer daryl-aman,
Eýle saklar, eý, senem, yşkyň belalardan meni.

Wamyk, Perhat, Mejnun kyldy ryswa özlerin
Syrry-pynhan hem diýmäň ol hudnemalardan meni.

Ýüz açyp enduhy-gamdan eýle kim kyldy halas,
Säher dek dönderdi şöwkuň aşnalardan meni.

Zülpleriň söwdasyny şirin tekellümler kylyp,
Kim çykar başdan gutargyl aždarhalardan meni.

Aşyka ýoldur ezelden ýar üçin baş oýnamak,
Kylma manyg, eý, zahyd-a, hüýrilikgalardan meni.

Şekuh kylmaz, Gaýybyga ýüz jepa kylsaň mydam,
Sanmagaý sen, eý, nigärim, biwepalardan meni.

## ❧ 448 ❧

Saldy janyma bir ot ýaryň jemaly müşgili,
Geldi ýanmakdan garyp köňlüm karyn dek teşgili.

Ýanaly jismim odun dek nala başlap derd ile,
Kim çykar her dem ýylan dek hem ki göge jezbeli.

Diýr imiş ýarym ki: «Esrikdir halym şowkundan,
Kim ki aşyk bolsa, bolmaz keýfiýet ondan haly».

Eý, bolan magrur äleme, sapaly şal geý
Ajap eýle geýgençe zynat bile atlas, mahmaly.

Eý, howaýy hyrs ile ukuda sen, gözüňi aç,
Toba kyl ki içre zaýa geçdi ömrüň owwaly.

Gaýyby, janlara Hak kyldy jepa, sözden hytap,
Yşk ili bu işde ähd eýläp diýdi: «Kalu beli».

**449**

Seýr üçin ýar atlanyp çykdy gülüstanlar seýri,
Bardy köňlüm hem onuň birle beýabanlar sary.

Arz aýdara halyny biçäreler kyldy pygan,
Salmady asla gulak bu çeşmi-girýanlar sary.

Natuwan köňlüm guşy tapmady wysalyndan habar,
Jugda dek perýat edip, azm etdi weýranalar sary,

Yşk ili bolmuş kurug laglyň zülalyn arzuwlap,
Sebze kyl laglyň tutup bir dem kury janlar sary.

Gaýyby, göz ýum jahanyň huplaryndan zynhar,
Çün wepasy ýok durar, kylma nazar olar sary.

## ❧ 450 ☙

Hazandan soňra, eý, döwran meniň ol ber kemalymy,
Zulala hergiz ugratma oşol näzik jemalymy.

Nahaly kaddy-dalyndan hejeldir serw ile şemşat,
Ki tagzym edeli goýmuş görüp ol kaddy-dalymy.

Nedendir bilmen ol ýarym meni misgine rehm etmez,
Pyraky-hijr deştinde görüp aşufta halymy.

Ýolunda hany-manymny goýup jan terkini kyldym,
Pida eýläp ne kim bolaý jahanda mülki-malymy?

Salyp janyma ot, ýykdy ki näz ile maňa bakdy,
Ki yşkynda bilip, ýagny meniň mundag hyýalymy.

Eger aşyk diýseň, diýmiş jemaly ba kemalyma,
Ki minnetler tutup görgül diýdi haly halymy.

Gel, indi, Gaýyby, jany-teniňi eýlegil gurban,
Sagadat burçunda görgeç oşol mahy-melalymy.

## ❧ 451 ☙

Jan alar näz ile, dilber, gözleriňiň bakyşy,
Ol sebäpdendir hemişe gözýaşymyň akyşy.

Yşk ody ýandykça bu taky wujudymdan keser,
Jan galarmy beýle bolsa yşk odunyň ýakyşy?

Zülpi-haly-hatty bile zyýnat berip, sanyg ala,
Wah, ki ziba görüner husnuňa ziwer dakyşy.

Derdi-gam ýetgeç bulut dek eýle kim perýat edip,
Ot salar älemlere bu bargy-ahym çakyşy.

Jan berer sen, Gaýyby, diýdi kabul etmän dagy,
Çün wepasyzlykda neýlär beýle bolsa sakyşy?

## 452

Bolmuşam bir dilberiň şeýdasy ol diwanasy,
Ataşy-yşkynda ýanan natuwan perwanasy.

Yşk ile her niçe kim janym pida kyldym weli,
Kylmady bir dem nazar ol janymnyň jananasy.

Näz ile bagrym kesip her dembe-dem janym alar,
Kim gyýa bakmak bile şol gözleriň mestanasy.

Yşkbazylyk biliň namartlaryň işi degil,
Yşk jany oýnaýyr aşyklaryň merdanasy.

Piste agzyňy açyp, laglyňy handan eýlegeç,
Takatymy garet elär dişleriň dürdänesi.

Älemi eýlär mugattar müşki-anbarlar saçar,
Tar-tar eýläp saçyň her subhy-demde şanasy.

Gaýyby, yşkyň hararatynda ýandy jany-dil,
Wah, haçan tapam içip lagly-şerabyň ganasy?

## ❧ 453 ☙

Eý, senem, zülpüň gamy söwdaýa salmyşdyr meni,
Eýleban Mejnun kimin sähraýa salmyşdyr meni.

Gamzaýy näz-kereşmäň pitneler eňňiz edip,
Her tarapda ýüz tümen gowgaýa salmyşdyr meni.

Tapmaýyn dergahyňa ýol, garky eşk etdim özüm,
Pyrkatyň tupan kimin derýaýa salmyşdyr meni.

Lebleriňiň şerbetinden galmyşam ýüz dert ile,
Suwsadyp janymy gör ýüz raýa salmyşdyr meni.

Haktagalla, Gaýyby, köňlüm meni eýlär heläk,
Dade, heý, haýratda müşgil jaýa salmyşdyr meni.

## ❧ 454 ☙

Dilber, ýyglatma hijriňde meni gamnäkini,
Kylma näbinýat akyzyp dideý-nemnäkini.

Mähri-yşkyň eý, senem, salmyş hararat janyma,
Köýdürer ahym ody çeksem ýedi efläkini.

Eýleban tugýan yşkyň hatyrymdan, eý, nigär,
Kim çykarmyş her ne bolgaý pähm ile owrakyny.

Diýr idim usýany-jürmiden ýykar ýarym meni,
Köýdürer menden beter hem zahydy-bibakyny.

Al nykabyňy ýüzüňden şuglaýy husnuňy açyp,
Bir ýola perwana dek köýdür meni haşekini.

Ýagdyryp rehmet suwun, sabyr et guragan janymy,
Salma gözden bir ýola köýüňde bolan hahekini.

Päk eder yşkyň ýakyp misl zeri-hars kimin,
Gaýyby dek sed hezeran pasyky-näpäkini.

## 455

Dökdi ýarym ýüzüne zülpi-ebir efşany,
Saldy söwdaýa meni köp haly-perişany.

Yşk derdin çekip, ölmäge ýetip men leýkin,
Istärem lagly besi şerbetiden dermany.

Ah eýlär isem çekip, efläke düşer ahym ody,
Gorkaram ýakmyýa häke bu ýedi Keýwany.

Bermese janyny jananyna aşygyny søýüp,
Diýme aşyk oňa kim bihuda saklar jany.

Kyldy afzal mülkiň mertebesinden bes ulug,
Haktagalla beriban yşk bile ynsany.

Baýram aýy kimin ol perde ýüzünden aljak,
Bolar ony görüban halky-jahan haýrany.

Wah, ne tedbir ile tesgin berelim çäre kylyp,
Eýlemek müşgil imiş dert weli suzany.

Päk edip köňlümi yşkynda hyýalyn getirip,
Saklaram jan öýünde yzzat ile myhmany.

Gaýyby, ýaryň eger köýüne azm eýlär isem,
Ýadyma gelmez oşol bagy-behişti seýrany.

**456**

Ondan açylmaz köňlüm, ýar, etmeseň handan meni,
Paýymal etmiş gamyň, eý, dilberim, çendan meni.

Ger munuň ýaňlyg meni gamda griftar eýleseň,
Kim ýakyn bildim ki eýlär sen heläk jan meni.

Rehm edip halyma sen ger lutpy-yhsan etmeseň,
Tyg tartyp bir ýoly kyl ýer bile ýegsan meni.

Bildiler aşyklygym keýpiýetin ähli rakyp,
Kyldylar paş eýleban älemlere destan meni.

Gaşy-gözüňi süzüp her lahza paýymal etmegil,
Takaty-sabry alyp, eý, gözleri mestan meni.

Gel perişan halyma bir lutp ile kylgyl nazar,
Niçe zar etdiň gamyňdan sen, eýa, janan, meni.

Gaýybyga ol güni bir ýüze zahyr eýlediň,
Tä oşol günden kylypdyr biseri-saman meni.

## ❧ 457 ☙

Akybet rehm eýlemeý halyma ýar öltürgisi,
Bilbili-biçäre dek hijrinde zar öltürgisi.

Katyl eýlärge meni, gör, kim gyzyl halat geýip,
Kim ýasanyp läle dek pasly-bahar öltürgisi.

Aklymy taraç edip, köňlümi sergerdan kylyp,
Takatym, sabrym alyp hem bikarar öltürgisi.

Ýagny pettanlyk bile köňlüm alara näz ile,
Gaş kakyp, kirpik süzüp, biygtyýar öltürgisi.

Rehm edip waslyna hemdem kylsa hem bostan era,
Ter çemen, aby-rowan bolsa kenar öltürgisi.

Jilwe eýläp näz ile hem serwi reftar eýleseň,
Tündlik birle oşol çäbik suwar öltürgisi.

Gaýyby, derdiň alajyn kylmyşam bildim besi,
Ýüz belaýy-dert eýläp zülpükar öltürgisi.

## ❧ 458 ☙

Salan janyma otlar, eý, köňül, bildiňmi sen ony?
Erer bu yşk täsiri, ýakar janymny pynhany.

Bolupdyr tygy hijriňden bes eşkim lälegüw andag,
Akar bu gözlerimden hem damanmyş bagrymyň gany.

Kaddyň görgeç gözüm ýaşyn rowan etmek dilärem kim,
Ki suwsuz ýerleriň dek ýok bolar serwi-huramany.

Köňlümden derdi-yşkyňnyň hyýaly haly bolmaz kim,
Nedendir beýle bu öýnüň ki gelmez hiç myhmany.

Garaňky köňlümi röwşen kylyp, Gün dek dogup gelseň,
Näderem, eý, habyp, men o şol şemgy-şebistany.

Hemişe mest olup, yşkyňda hem serhoşlyk istär men,
Diläp laglyň şerabyndan içere rahy-reýhany.

Talap içre, gör, meni kim hemişe nala tartar men,
Ki ýetmez, etmese maksada, bil, kim aşyk efgany.

Haçan wasl bolar sen, Gaýyby, bolgul özüňden kim,
Geçip pany jahandan bolmaz erseň sen eger pany.

## 459

Isterem her dembe-dem, eý, dilberi-janan seni,
Tapmaýyn haýran galyp men biseri-saman seni.

Älemi-gaýyp çykyp, özüňi zahyr kylmasaň,
Kaýda tapsyn bu gedaýyň suraty-Rahman seni.

Jemyg bolmaz akyl-huş birle hyýalyň şowkydan,
Yşk ile her dem kylyp men jan era myhman seni.

Janyma gelgeç gamyň, ten mülküne gowga salar,
Akybet bir gün kylar sen mülk ile weýran seni.

Leşkeri-yşk oldy galyp düşdi söwda başyma,
Taşlaram indi ýakyn bil, eý, çehar erkan seni.

Kim, köňül, aldanmagyl, peýany ýokdur dünýäniň,
Wäh, ne kim hasyl kylar ahyr edem weýran seni.

Eý, meniň janym, jenanym, kaýda kim tapman seni?
Zahyryň peýda bolar diýip istärem nahan seni.

Dünýäden terki-tejerrit boldy, istär Gaýyby,
Waslyňa wasl bolaý diýip, eý, gözel Subhan, seni!

## 460

Görkezip ýarym ýüzüni, diwana kylmaşdyr meni,
Kim salyp janyma ot, perwana kylmyşdyr meni,

Çün hyýaly-yşkyndan ýüz müň höweslerini salyp,
Köňlümi magmur edip, janana kylmyşdyr meni.

Ýüz öwürmen köýünden her niçe kim görsem jepa,
Ýaryň yşky şeýle hoş, merdana kylmyşdyr meni.

Hoş gezer men dehr era diwanaýy-ryswa bolup,
Yşk bu gün halk ählinden diwana kylmyşdyr meni.

Kim hyýaly-şerbeti laglyn içer men, Gaýyby,
Içgeli serhoş kimin mestana kylmyşdyr meni.

## ❧ 461 ☙

Huda-ýa, sen kerem eýläp, bir ýalkagyl günähimi,
Afuw kyl jürmümi menden, bir ýalkagyl günähimi.

Jepalara meni tutma, günäkär ähline gatma,
Tamugyň oduna atma, bir ýalkagyl günähimi.

Günähim köp durar bihet, meniň halyma sen rehm et,
Ki pazlyň birle kylma ret, bir ýalkagyl günähimi.

Eger sudy-zyýan kyldym, ki bilmedim ýaman kyldym,
Saňa derdim aýan kyldym, bir ýalkagyl günähimi.

Seni her ýerde istär men, ki bahry-barda istär men,
Ne ýerde, gökde istär men, bir ýalkagyl günähimi.

Eger jebri-jepaly men, eger mähri-wepaly men,
Bir egsikli, hataly men, bir ýalkagyl günähimi.

Ger mälik patyşahym sen, ýakyn jelil Allahym sen,
Eýa, puşty-penahym sen, bir ýalkagyl günähimi.

Kylan her dürli kärim sen, monezzeh päkdarym sen,
Meniň perwerdigärim sen, bir ýalkagyl günähimi.

Seniň zaryň bolupdyr men, günäkäriň bolupdyr men,
Giriftaryň bolupdyr men, bir ýalkagyl günähimi.

Eýa, älemleriň şahy, çeker men dert ile ahy,
Nazar kyl halyma gähi, bir ýalkagyl günähimi.

Seni bildi eýse Gaýyp, saňa döndi, bolup talyp,
Habyba, dostlaryň saýyp, bir ýalkagyl günähimi.

**462**

Görüň köňlüm hyýalaty ýene joşdy, huruş etdi,
Ajaýyp sopy deý meýden bize bir jurga noş etdi.

Şükür kim lutp ile durdy, biziň ahwalymyz gördi,
Wysaly wadasyn berdi, bizi yşkyna duş eýledi.

Ezel sakylary sunyp bize jamy el astydan,
Onuňla köňlümiz şowkyn ýene artdyrdy, joş etdi.

Kerem käni hudawendim höwesi birle yşkyndan,
Muhapbet şowkuny salyp uçurdy, ne guş etdi.

Ne älemdir bu kim açmyş bize zowky-parh babyn,
Ki hoş hallyk bile, gör, kim meni biakyl-huş etdi.

Görünmez gözüme jöwçe jahanyň mülki-esbaby,
Tutaşyp yşk ody andag, ýüregime talaş etdi.

Ötüp bul külli özüňden, ýola düş Gaýyby, jäht et,
Ýeter maksadyna her kim munuň dek kim tokuş etdi.

**463**

Gözi açyp her haçan kylsam nazar huplar sary,
Kim tutaşyp jana ot köňlüm ýakar ondan nary,

Uzr kylmaga ýüzüm ýokdur ki ykbal ola men,
Çün salar men ol ýan kim bu ähdim ilgeri.

Işigimde baglamyş sap rehmeler bolgaý köňül,
Şükr kim gam gelse goýmaz akly-huşum içgeri.

Baryp al jismimi ölmeslikden, eý, çarh, ah, kim,
Gunça dek bolmuş ýürekde sanjylyp peýkamlary.

Zahyd-a, salyk era gamdan köňül açylmady,
Ýüz goýup sen çykmagyl meýhanadan indi bäri.

Jem olup yşkyň hyýaly köňlüm içre gelgeç ok,
Akly-danyş azm eýläp, çykdy başymdan ary.

Gaýyby, zaýa geçirdiň bu ýigitlik möwsümin,
Toba kyl, yhlas eýle indi bolmuş sen kary.

**464**

Ahym ýelidir ser-ser, dildarym erer «Hüw!» diý,
Ol hasedi-agýarym hem dert ile şemşady.

Bezm içre eger mejmer owdy ile talap kylsaň,
Kyl synamy mejmerden janymny onuň ody.

Dag näge duryp mähkäm yşk bährine gark oldy,
Yşk ile, görüň, ýetmiş Nuh kiştisine judy.

Açyldy köňül gül-gül gülzary jemalyndan,
Hak lutp kylar gülşen, gör, ataşy-Nemrudy.

Kyldym höwes eýlär men keşti-çemeni-gülzar,
Hoş nygmat - saz etmiş bilbil ýene durudy.

Gögär diýban aýnymdan nalan çekiban ýaşlar,
Leýli weşimniň gelmez hiç ýadyna mowgudy.

Ýüz katl jepa kylsa, ondan dönerim ýokdur,
Ne kylsyn onuň bolsa her niçe ki maksady?

Ýüz yşwa bile näziň köýdürdi meniň janym,
Barar-da erer halyň, saçlaryň onuň dudy.

Gan ýaşyň akyz Gaýyp, ýagny ki bu magnyda,
Ukuda görüpmi sen lagly meýi aludy.

**465**

Dostlar, köňlüm hyýalat eýledi,
Kim hyýalat birle halat eýledi.

Ýetmedi maksada aşyk bolmaýyn,
Zahyt ähli köp itagat eýledi.

Zahyda päkizelik bermiş durar,
Hak meni ähli-harabat eýledi.

Haslar Haka jepa birle gaýnap,
Yşk ile ähli-kemalat eýledi.

Yşk içinde oturyp aşyklaryň
Wasl didaryn jenaýat eýledi.

Gaýyby, derdi-gamyňa dözmeýin,
Şygyr ile bir niçe ebýat eýledi.

**❧ 466 ☙**

Huda-ýa, bilmedim, kyldym günähi,
Tutup men pazlyňa indi penahy.

Eger jebir eýleseň, ger lutp kylsaň,
Ýerim ýok senden özge, ýa, Allahy!

Meniň bilmezligim köp hezretiňde,
Afu kyl, tutmagyl men ruýy-syýahy.

Ne kim ýagşy-ýaman kyldym jahanda
Durup sen janym üstünde güwähi.

Seniň hamdyňda dil guýadyr hemişe,
Howada murg, derýa içre mahy.

Pyrak içre ýakar janym gamyňdan,
Çeker men gijeler derdi-allahy.

Seniň hökmüňdedir barça halaýyk,
Ki sen-sen jümle-älem patyşahy.

Şikeste-hasta men biçäre-asy,
Nazar kyl halyma sen gähi-gähi.

Alajyn tapmaýyndyr fanda, Gaýyp,
Seniň eliňde asandyr Allahy.

### ❧ 467 ❧

Ýagdy neýsan ýagmyry, älemi gülzar eýledi,
Saýrady bilbil dagy, derdini yzhar eýledi.

Haktagala gudratyndan ýagdy neýsan ýagmyry,
Ýer ýüzüni serbe-ser lülüýi-şehwar eýledi.

Dürli-dürli don geýip, älem ýene zynat bile
Görkezip özün jahan halkyna yzhar eýledi.

Läleýi-hamra melewşe, nerkesi-reýhany gül,
Açylyp her ýan çemenler içre bazar eýledi.

Jamy-eşret tutdy gül, saky bolup bilbile kim,
Jurgaýy-laglyndan ony mesti-humar eýledi.

Şowk ile älemlere gowga salar wagşy tuýur,
Her biri bir dilde zikri-hamdy bisýar eýledi.

Gaýyby, gördüň ajap sunguny Allahyň bu gün,
Hatyryndan joş edip, bu nagşy tekrar eýledi.

### ❧ 468 ❧

Dembe-dem perwaz eder bu ruhumyň perwanasy,
Şugla bermez neýläýin bu janymyň jananasy,

Guwwas eýläp ele girmez bähri-yşkyň pakyryny,
Her niçe jan oýnaban ol göwheriň ýegdänesi.

Kaýda istär sen mekan lamekany, eý, köňül,
Lamekan burçy imesdir köňlümiň weýranasy.

Waslyň umydyna ýüz müň jepa tartaý idim,
Goýsa erdi dünýäniň bu doýmaýan peýmanasy,

Waslyna ýetmäge goýmaz paýy-bent etmiş meni,
Kim ýykylsyn dünýäniň binýady, mäkäm hanasy.

Berseler iki jahany aşyga, almaz, biliň,
Bolmagaý ol ýarymyň bir waslynyň şükranasy.

Yşk bähri joş edip köňlümi möwç uran zaman,
Ebri-neýsan dek döküler gözýaşym dürdänesi.

Kim ki bu yşkyň  oduna eýlemez bagryn kebap,
Ruzy-magşarda hemişe ýanasydyr ýanasy.

Zahydyň merdanasy ferdöws-aglany dilär,
Jan berer didar üçin aşyklaryň merdanasy.

Aşnaýy-aşyk bile aryp berer Hakdan habar,
Aňlamaz ýerden niçik bergeý habar bigänesi.

Gaýyby yşk ähliniň akyllary diwanadyr,
Ýok ise makul imsedir, halk onuň diwanasy.

**469**

Ýüregim ýandy gamyň hijrinde, jananym, nädeý?
Bu hararatdan suwsady, çykdy bu janym, nädeý?

Ýar, laglyňdan ki kylsalar tebip ähli alaç,
Kim ki bilmez dünýäde derdime dermanym, nädeý?

Diýr idim waslyga ýetip sergüzeştim arz edeý,
Bardym ahyr, galdy bu janymda armanym, nädeý?

Lutp edip husnuň tomaşasyn süpürge eýlegeý,
Sen gany sen, men gedaý, eý, şahy-soltanym, nädeý?

Depe-depe gan baglady hijriňde bagrym gap-gara,
Gelmediň halym sorap, eý, lagly-handanym, nädeý?

Sadakaýy-didaryň hem, ýa, Alla daryg ýetmän daryg,
Kim pidadyr ýoluňa, ger bolsa ýüz janym, nädeý?

Gaýyby, bu yşk tugýan etdi, syrym kyldy paş,
Kim ýaýyldy äleme bu şerhi-destanym, nädeý?

**470**

Dilruba, senden jyda halym perişandyr, nädeý,
Wah, ki halymdyr perişan, ýüregim gandyr, nädeý?

Ger seniň ile dowzaha barsam, gülüstandyr maňa,
Sensiz ol jennet maňa janyma zyndandyr, nädeý?

Haýsy bir derdi-pyragyň şerhini tekrar edeý,
Depderi-diwana sygmaz, şeýle handandyr, nädeý?

Eýle kim bir tyg alyp, açdyň ýüzüň enwaryny,
Şol zamanda gözlerim husnuňa haýrandyr, nädeý?

Hasratyňda aý ýyl bolup, seretan gyş bolar,
Ýaz bolar şowkuň bile andag ki gülzardyr, nädeý?

Ýar, şowkuň natuwan jismimde peýda bolaly,
Mähneti-derdi-bela okuna galkandyr, nädeý?

Gaýyby, görgeç ýüzüň, janyn niçik tabşyrmasyn?
Kim jemalyň biheder, ol hurşydy-tabandyr, nädeý?

## 471

Eý, köňül, yşk mejazy bile ah etme dahy,
Taňrynyň gullugyn indi günäh etme dahy.

Sarp edip ömrüňi sen gaflaty efsana bile,
Ruzygärim geçirip, häki-syýah etme dahy.

Düşmegil nebsi-howa urgusyna, şeýtana uýup,
Her zaman özüňi merdudy-alah etme dahy.

Diýmiş kim, saç, sakal agaryp günä eýlemegil,
Toba kyl akybeti ömri tebah etme dahy.

Gaýrat et, howpy-reta era şeýda tut özüňi,
Taňrynyň pazlyndan özgäge penah etme dahy.

Ýüzlenip ukbaga ahyr kim sapar kylsaň eger,
Ýagşylykdan oňa düşe rah etme dahy.

Gaýyby husny-jemaly-ruhy zybalara sen,
Pida olduň hyrsy-howa ile nägah etme dahy.

## ❧ 472 ❧

Eý, mahbuplar, hatyrym hoş etdi derýalar kibi,
Sözlärem Hak sözlärin ol mesti-şeýdalar kibi.

Jurgaýy-gam aldy, sundy Hak lutp eýleban,
Lezzeti-gül-şerabym «Aýnatun-Nesimi» kibi.

Gitdi köňülden gam-u bekülli refg oldy,
Şişeýi-saf olmuşam jamy-Muzaffarlar kibi.

Hüýri-aýn oldy bu köňlümde eşahedi-halymyň,
Açylar köňlüm hyýalat içre bu zybalar kibi.

Okaram yşkyň kitabyn men lepbek tekrar edip,
Söýlerem her dembe-dem şerhimi mollalar kibi.

Wah, ne gözlerdir bu kim aşyklaryň ganyn döker,
Wah, ne gaşlardyr gurulmyşdyr iki ýaşar kibi.

Jilwe birle Gaýyby yşk ähline gowga salar
Azmy-meýdan eýlegeç ol serweri gulnalar kibi.

## ❧ 473 ❧

Köýdürer yşk oduna ol husny-zibalar meni,
Paýy-mal eýlär gam içre zülpi-tersalar meni.

Kyldylar kerwen ajap hijran beebanyda, gör,
Eýledi Mejnun kibi diwana söwdalar meni.

Kehruba dek sargaryp galdym gam-u mähnet era,
Gör ne zagyp etdi oşol hurşydy-ragnalar meni.

Yşk derdini çekdigimi gördi erse ähli-yşk,
Rehm etmezmi görüp ol zary-şeýdalar meni.

Gaýyby, derdi-pyrak içre gözüm gan aglaban,
Garky sil-aby kylar her dem bu derýalar meni.

## 474

Eý, ajaplar, geňkeş olar älemde gowgaly kişi,
Jemyg kylmaz hatyrym başynda söwdaly kişi.

Ahyret pikirni kylmazlar neden bu magnydan,
Mal, mülkiýet jem eden dünýäde dünýäli kişi.

Telbedir kim özüni kylmaz melamatdan jyda,
Bolmasa diwana ger eýlärmi ryswaly kişi.

Aşyk ermesdir jahanda kim ugrasa gaýry ile,
Ýara jan eýlär pida yşk ile şeýdaly kişi.

Akyl ile hoşdur jahanda kim urarsa gury lap,
Biakyl lap urmasyn husun ile zybaly kişi.

Zülpünden zünnar baglap, dinini terk etmese,
Yşk içinde kylmazdan küpür ile tersaly kişi.

Şygyr aýtmak Gaýyby hoşdur bedöwran hubyda,
Näge ýagşy eýlemek bu demde şugaraly kişi.

## ❧ 475 ☙

Niçe, eý, dilber, gamdan köňülni men fekar eýleý,
Diýmes sen ýüz açyp bir dem ony umydywar eýleý.

Nije majez pyrakyň üçin ki gyýnaý hasta janymy men.
Nije näzikliginden men özümi berkarar eýleý.

Talap eýläp wysalyňa ulaşmaga ýok imkanym,
Men indi pazly lutpyňdan umup jan intizar eýleý.

Gije daň atyşynda subh wysalyň gözlerimi, gör, kim,
Çekere bes ýakyn gelsin ony andag humar eýleý.

Gözümden ýüzime ganly ýaşymy akyzyp ýagny,
Ki ýüz sarylygyn ondan bul reňňini azar eýleý.

Diýseň, eý, Gaýyby, köňlüm nowany heň owaz istär,
Düzüp bilbil kibi elhal pyganym sed hezar eýleý.

## ❧ 456 ☙

Eý, köňül, ýat et hudany dembe-dem «Allah» diý,
«Derdi-halymdan habar tut, eý, keremli şah!» diý.

Sagynyp her dem günähiňi köňülden derd, ile
Delmyryban köýdürip jan ile bagryň rah diý.

Asylyk birle ýitirdim ýoluny, sergezdan bolup,
Pazly-yhsanyň birle görkez maňa bir rah maňa.

Men niçik pynhan kylaý senden günähimi diýban,
Ýalbaryp barça işime sen özüň ägäh diý.

Gaýyby, Hakdan diläp her dem mynajat eýlegil,
Jan çykar halatda kyl imanymy hemrah diý.

### ❧ 477 ❧

Aýnym ki meniň lagly-meý jamyna düşdi,
Janym suwsady içeli gül famyna düşdi.

Şah huda we baz oldy Muhammet.
Saýd oldy mömünleriň damyna düşdi.

Her kime huda ruzy-ezel eýledi kysmat,
Ol kysmat ile akybet öz kämine düşdi.

Her kim ki saýd oldy, saýd oldy saýd,
Her kim ki şeki namyna düşdi.

Perwana sypat ýandy wujudym, edem oldy,
Şemgy ezeliň şuglaýy-elwamyna düşdi.

Mahuw oldy düşüp bähri-tejellide bolup gary,
Dem urdy leka subhy bu dil şamyna düşdi.

Eý, Gaýyby, ebjetden okyp harpy wujudyň,
Bak, fatyhydan gör, bu elip lamyna düşdi.

## 478

Niçe tygy-zulum urdy, köňlüme kär etmedi,
Kim garaň ki, eý, ýoluny kimse eýle ýar ötmedi.

Top edip başymy tä yşkyda ýere goýmady
Girmedi meýdana ýarym ablagyny segretmedi,

Ýar, eýle hemdemligimde dem ura almaý rakyp,
Ýyganym dehl etmedi bu köňlümi agratmady.

Gül pyragynda ýanyp bilbil niçe kim ýyglady,
Men kibi iliň gulagyn üýn çekip horlatmady.

Yşk mugýary melamat daşyndan beliýat diýip,
Gam çerkin ýygmaýyn köňlüm öýün berkitmedi.

Çün şeraby-meý içip, köp bolduň mesti-haýran,
Şerbeti-yşkyň meniň dek hiç kimi esretmedi.

Tyg çekdikçe suw  eýlär, köňlümi aldykça gan,
Hiç musulmany bu ýaňlyg kimsäni ynjytmady.

Göz ýaşym bähri era salyp galdym men eýle kim,
Möwç urup gulagyňdan kişti seni tebretmedi.

Gaýyby, her çendan pelek jebrinden ösüp bady-serd,
Sen oňa kyldyň tahammyl, ol seni titretmedi.

## ❧ 479 ☙

Mütdetidir göz tutar men beti çälekini,
Zahyr olmaz örtesem ahym bile efläkini.

Tygy-hijran bile bagrymy kim çäk eýlemiş,
Çäk olar bagry kimiň kim görseler ol çäkini.

Yşk ody tutmuş wujudym içre, ýakar elmydam,
Ýanmagyn bes eýlemez kül etmeýin haşekini.

Azmy-jöwlan ile ýarym mesti-serhoş atlanyp,
Kim näler kylaý görüň mestlikde ol bibakyny.

Yşk ody birle ýakyp, köňlüm öýün päk eýledim,
Gözýaşymdan suw salyp düşmek üçin ol päkini.

Mähneti-döwran ölüm halyna ýetirmiş durar,
Saky-ýa, bir jurga tut, gutar meni gamnäkini.

Gaýyby, ölse pena deşti döwür yşk ile,
Ýar zikri bile atyň gabrym üze häkini.

## ❧ 480 ☙

Azmy-seýr etgeç öňümden ýar fi-l-hal uçrady,
Eýle bihuş oldum andag şeýle bihal uçrady.

Bilmeý özümi ýykyldym, saýa dek kaddyn görüp,
Bardy janym eýle kim ol çeşmi-kattal uçrady.

Sordy halym toty dek şirin tekellümler kylyp,
Bir ýüzi gül, agzy gunça, lebleri bal uçrady.

Diýdi: «Janyň ber dagy, laglymdan al bir posa kim»,
Wah, ki bir aýýar, bir mekkary-dellal uçrady.

Hany malym kyldy ýagma şol garakçy gözleri,
Gutularmy kim haramylara çün mal uçrady.

Gaýyby, köňlüm ýitip, awara boldy köýüne,
Eýle kim ol suraty-ziba, kaddy-dal uçrady.

**481**

Şükür kim gül açyldy, bakjada pasly-bahar oldy,
Ýene perwazy-efgan başlady bilbil şygar oldy.

Ýasanyp geýdi halatlar ýene dünýä arusana,
Ýagyp neýsan rehmetinden jahan hoş gülzar oldy.

Ýene şahy-şejerden gül özün görkezdi bilbile,
Görüp güllerni bilbiliň pygany sed-hezar oldy.

Sabadan hoş öwsüp ýeller demi Isa kimi her dem,
Köňülleriň açar zeňin, ajap besi bahar oldy.

Agaçlar sebzeden don geýmiş, dönüp seýran, bolup horram,
Ki guşlaryň nezirinden şejerler murgzar oldy.

Gurup eşret üçin mejlis, pyýala tutdy sakylar,
Içip sakylar ol meýden ýene mesti-humar oldy.

Kemine Gaýyby, Hakdan enaýat iltimas etgil,
Ki möwsüm baby-rehmetdir, görüň, rehmet ýagar oldy.

### 482

Görkezip ýüz dilberim, haýrany-zar etmiş meni,
Ot salyp janyma andag häkisar etmiş meni.

Geýret içre yşk alyp aklym maharyn güýç bile,
Bent edip ähli junun birle hatar etmiş meni.

Geleli ýaryň hyýaly käri-baryn dünýäniň,
Kim çykaryp hatyrymdan bir kenar etmiş meni.

Aýyp kylmaň eýlesem weýranalar içre hem watan,
Köý urup Behlul kimin diwanawar etmiş meni.

Diýmäňiz kim: «Ne üçin ýokdur kararyň bir zaman?»,
Şowky galypdyr köňlümde, bikarar etmiş meni.

Ýary diýdikçe hyýalym, joş urup ah eýlerem,
Zikri-paýyz şeýle hoş bikarar etmiş meni.

Ýar diýmiş: «Gaýyby, pazlyma tut köňlüňi hoş!»,
Bu ki iş birle besi umydygär etmiş meni.

### 483

Eý, nigär-a, kylmadyň wasyl wysalyňa meni,
Saldy ejri-mähneti-hijr melalyňa meni.

Aý weli ýüz görkezip, perwana eýledi köňlümi,
Örtediň, eý, dilruba, şemgy-jemalyňa meni.

Şükri-yşkyň kylyp her dem başym üzre gollaw,
Südreban elter höwes birle hyýalyňa meni.

Gam garaňkysy era ýüz müň jepalar görkezip,
Wah, ki muştak eýlediň lagly-zowalyňa meni.

Gaýybiýem, köňlümi aldyň kylyp ýüz al ile,
Akybet saýd eýlediň lagly-zowalyňa meni.

**484**

Ýüregimden ot düşüp, janymy ýakmak istedi,
Göýýä men hastaga bir ýoly bakmak istedi.

Mähneti-Perhady derdime nesip eýlemäň,
Men ýakar men janymy, o dagy ýakmak istedi.

Ýüregim zaýyp oldy, hem ol zähminden hunap olup,
Katra-katra gözlerimden suwlar, ah, akmak istedi.

Kysmat etdi Haktagala bu jepalary maňa,
Boýnuma yşkyň ýüpün ol demde dakmak istedi.

Gaýyby, her kime kim yşkyn howala eýledi,
Hak oňa eltapy gözi birle bakmak istedi.

## ❧ 485 ❧

Ýele berdiň, eý, köňül, bu yşk dek döwranyny,
Bilmedim hijran gamy mundag ajyg bolanyny.

Haýrat algaý kim görüp Mejnun, eger Perhat ise,
Wadyýy-yşk içre men dilhastanyň girýanyny.

Geldi ýaryň yşky sil dek, bozdy köňlüm şährini,
Tutdy mesgen genç edip, bolan onuň diwanyny.

Yşka diýsem her niçe «Gel, goý, özümiň halyma»,
«Gutula almaz maňa düşen — ki yşk diýr — janyny».

«Çün döker men ganyňy — diýr — neçün owwal bilbiliň?
Bes boýatmyşdyr gyzyl gül köýnegine ganyny».

Pyrkaty-hijran era ne nowg öter bu mahy-sal,
Bu pyrak eýýamynyň hiç bilmen asla sanyny.

Köňlüm aýdar, Gaýyby, üzmen köňüli ýardan,
Berseler jümleýi-Süleýman mülküniň esbabyny.

## ❧ 486 ❧

Ýüzüňi gören, eý, huplar nigary,
Eder ol gülşeni bagy-bahary.

Seniň husnuň höwesinden köňüliň
Zamany galmady sabry-karary

Ýüzüňi serwi gördi, lal boldy,
Ýaýyldy, tutdy bir genji kenary.

Açyp zülpüňi, ýuwsaň gül ýüzüňi,
Dökülen dek bolar ebri-bahary.

Eger çi gelmeseň gündiz güneş dek,
Dogup gel Aý ýaňlyg gijäniň ýary.

Kemine Gaýybynyň hasratyňda
Ki ýokdur janydan özge tebary.

**487**

Mohebbalar, boldum ol ýaryň ýene men zary-şeýdasy,
Ýene düşdi höwes birle başyma yşk gowgasy.

Hyýal ile görüň her dem gadam ýar üstüne gelgeç,
Olar janymy tartyban onuň näzik temennasy,

Bolar men döwlete wasl humaýun serwi-ragna dek,
Başyma saýa salgaç nigaryň kaddy-balasy.

Meni Mejnun zar etdi ýene ol Leýli weş ýarym,
Çü aldy akly-huşumy, düşüp başyma söwdasy.

Ne hoş döwletli ýaglykdyr ony ýar agzyndan, gör, kim,
Dolanyp başyna çekmiş hyýalydan şanalasy.

Meni goýmazlar itler dek zamany gaşyna barsam,
Kylar ryswa meni her dem rakyplaryň al-alasy.

Nazar husnuňa kylmasam, meni hijr öldürer, Gaýyp,
Salar janyma otlary, eger kylsam tomaşasy.

### ❧ 488 ☙

Eý, köňlümniň röwşeni, köňlüm seni istär seni,
Eý, eremiň gülşeni, köňlüm seni istär seni.

Munça al ile köňlümi alyp, eý, çeşmi-humar,
Niçe öldürdiň meni, köňlüm seni istär seni.

Çykmaýyn janym meniň görkez ýüzüňi, eý, senem,
Sen-seni jan mesgeni, köňlüm seni istär seni.

Uşbu älem içre köňlüm istemez, Alla, eger,
Senden özge kimsäni, köňlüm seni istär seni.

Gaýyby biçäräniň köňli saňa peýwent erer,
Üzmegil kim riştäni, köňlüm seni istär seni.

### ❧ 489 ☙

Ýara söýläň arzymy, dildara söýläň arzymy,
Ýyglap aýdyň derdimi, didara söýläň arzymy.

Bilbili-şeýda bolup, perýat eder men dert ile,
Her säherler wagtynda gülzara söýläň arzymy.

Derdi-hasratyňa ýyglaban mynajat aýtdygym,
Älem eýesi şehi-setdara söýläň arzymy.

Ah-u suzum ýetişgeç ol ýedi pelek üze,
Arş ile ol künbezi-duwwara söýläň arzymy.

Ol weliler hezretinde derdi-halymy diýiň,
Şeýle diýip, Gaýyby, biçäre söýläň arzymy.

**490**

Sözlemekden lebleriňden eýle kim pen bolmady,
Galdy nahan dürli-many käni röwşen bolmady,

Istedi jismim öýi röwzen okundan, eý, nigar,
Hijr okundan boldy, ondan, wah, ki röwzen bolmady.

Il wysalyň birle hoş hem keşti-gülzary-çemen,
Maňa gam deştinden özge seýri-gülşen bolmady.

Hyrka taşlap, silk etek, ryzky-ryýadan bol halas,
Silkmeýin mundan etek ol päki-daman bolmady.

Ger diýseň duşanymda, alman baha janyň seniň,
Kylma söwda näge miady-muaýýan bolmady

Aşyk olsaň ataşy-yşk içre tutgaý sen karar,
Çün semendere bu otdan özge mesgen bolmady.

Gaýyby, her niçe dostuň bolsa, syrryň kylma paş,
Kim bola älemde, kim dost boldy, duşman bolmady.

## 491

Ýüzüňi görset, eý, dilber, maňa kim bir nazar bolgaý,
Görüneý jümleýi-älem tomaşada kamar bolgaý,

Geçip jandan seniň yşkyň höwesin eýlesem, eý, jan!
Gözüme ilmegeý älem, eger ziru-ziber bolgaý.

Eger bolsa zyýan, ger sudy, älemden geçip, yşkyň
Höwesin eýledim men, kim jahanda derdeser bolgaý.

Garakçy gözleriň, janym, düşüpdir yşky-rahyňa,
Gutulmak bes ki müşgildir, bu ýolda köp hatar bolgaý.

Ýüzüň görende ne taň kim diýsem sen-sen jemaly-alla,
Ki bişek nury-hak diýgeý seni, kimde bu syr bolgaý.

Atyp näwük okun, gözüm ýaşyn rowan etdi,
Birewi ursa ok birle, tikilen bir demir bolgaý.

Mynajat eýlerem Haka ki: «Maksadymy didar et!»,
Diýdi: «Eý, Gaýyby, her ne ki istär sen, meger bolgaý!».

## 492

Taňrynyň pygamberi dünýäni bir sagat diýdi,
Ötüriň ol sagaty durman kylyp takat diýdi.

Rahat istär bolsaňyz, tartyň riýazat dünýäde
Kim riýazat tartmagan tapmaz biliň rahat diýdi.

Il-halklar Taňrynyň gullugyna dagwat kylyň,
Eýleban bäş wagt namaz, okap azan-kamat diýdi,

Gije-gündiz jäht edip, din ylmyny tälim alyň,
Hak buýurmyşdyr amal kylmaga bir aýat diýdi,

Gaýyby, gutar bu gün magşar azabyndan özüň,
Kylmagan galgaý kyýamat kynyna takat diýdi.

**493**

Men bir asy guluňa, ýa, Reb, rehmiň gelmezmi?
Munça zary kylanym, hezretiňe irmezmi?

Hezretiňe ýazdym men, ýolsuz ýerde gezdim men,
Günä kylyp azdym men, hiç bir alaç bolmazmy?

Her kim günähin bilse, gaýdyp ol toba kylsa,
Haka ýarylyka diýse, Hak bir ýarylykamazmy?

Gullugyňda duranlar, mejalynda tartganlar,
Menzil sary kylanlar, nazaryna gelmezmi?

Tirik eken ölenler, pyrak içre galanlar,
Ýyglap Haka gowuşanlar, onda hemrah kylmazmy?

Aşyklar janyn gyýnap, yşkyň odunda ýanyp,
Hak ýolunda jan oýnap, gije-gündiz durmazmy?

Yşk ýolunda ýörenler, baky döwlet sürenler,
Didaryny görenler, janyn pida kylmazmy?

Gaýyby, yşkyňda gitse, masewa Alladan ýetse,
Gapyl gün towpyk etse, gaflatdan oýatmazmy?

**494**

Jahany şury-şer tutdy, ajap döwri-zaman geldi,
Göterildi mähri-şöwket, pelek döwri ýaman geldi.

Pakyrda galmady hormat, ki ýok derwüşlere yzzat,
Kylarlar zalyma hyzmat, ki soltandan nyşan geldi.

Jahany tutdy zalymlar, tükendi barça alymlar,
Ki gün-günden beter günler, ki ýyl-ýyldan ýaman geldi,

Haýyrdan halk elin tartdy, zulum günden güne artdy,
Bereket galmady gitdi, zyýan üzre zyýan geldi.

Kemine Gaýyby, halyň niçik bolgusydyr, ýa, Rep?
Zamana huplary ötdi, ýakyn ahyrzaman geldi.

## MURAPBAGLAR

**1**

Eý, habybym, suratyň misli mahy-tabandyr,
Şöhlesinden jany-dil ýanmyş, jiger birýandyr,
Bolmuşam haýrany-wale, işimiz efgandyr,
Halymyz yşkyňda şeýle, köňlümiz weýrandyr.

Güfti-guýuň halk içinde gije-gündiz ýadymyz,
Hem jemalyň şerhi dilde zikrimiz, owradymyz,
Suzy-yşkyňdyr hemişe nalaýy-perýadymyz,
Halymyz yşkyňda şeýle, köňlümiz weýrandyr.

Başyma çarhy-pelek getirdi ýüz derdi-bela,
Ýagny jebir eýläp, wysalyňdan meni aýry sala,
Akybet kast eýledi, kyldy diýarymdan jela,
Halymyz yşkyňda şeýle, köňlümiz weýrandyr.

Gök ýüzüni tutdy bulut dek dut-ahy-nalalar,
Dökdi neýsan ýagmyryn, göz açdy ýagny läleler,
Läle ermesdir, jigerden gopmuş ol pür gäleler,
Halymyz yşkyňda şeýledir, köňlümiz weýrandyr.

Şuglaýy-hijrana düşgenimi bilgil, ahdyr,
Hesretiňden sargarypdyr, reňňi-roýum gähdir,

Ýalan ermez Haktagala syryma agahdyr,
Halymyz yşkyňda şeýledir, köňlümiz weýrandyr.

Eýle kim yşkyň ody bu hasta janymny ýakar,
Çeşme ýaňlyg delmirip, her dem gözüm ýaşy akar,
Kapyryň hem janyna andag azap imes Sakar,
Halymyz yşkyňda şeýle, köňlümiz weýrandyr.

Gaýyby biçäreem, köňlüm hyýaly sendedir,
Istesem tapman seni, bilmen mekanyň kandadyr,
Mähri-yşkyň hanjary meýl etse, janym andadyr,
Halymyz yşkyňda şeýle, köňlümiz weýrandyr.

## 2

Gije-ýu gündiz, dostlar-a, işim pygan-u zardyr,
Ne üçin kim ki ýary bolmuş, hemdemi agýardyr,
Kimde meniň dek derdi-gamdan dagy-hijran bardyr,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Subha deger gijeler perýady haý-hoý ile,
Düşdi işim, bilmedim bir dilber bet hüý ile,
Hanjar-u azm eýläýin bu belalyg köý ile,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Ýüzüni gördüm, weliken tapdym aram-karar,
Akyl-huşum kelleden çykdy, elden ygtyýar,
Ölgüsi men akybet her lahza aýdyp «Ýar! Ýar!»,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Eý, senem, yşkyň bile hijran belasy bir ýaňa,
Bolmadym men bu belalardan halasy bir ýaňa,

Mutdagylar tagnasy hem majerasy bir ýaňa,
Haýsy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Eýledi täsir yşkyň, köňlümi kyldy hunun,
Halatym zaýyf oldy, gün-günden ýüregim boldy hun,
Talygym ýar olmady, bagtym garardy, sernegun,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Her niçe kim ýandym-u yşk odundan gutulmadym,
Ýygladym biçärelik birle, hemişe gülmedim,
Jan berdim ýar diýp, waslat makamyn tapmadym,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

Geçdi ömrüm, bolmadym bir hemdemi-janan ile,
Wah, ne tedbir eýläýin bu gerdişi weýran ile,
Gaýyby, öldüm nädeý bu mähneti-hijran ile,
Haýysy işime pelek kylmyş meded hem ýardyr.

**3**

Tün gije gulagyma geler şowk ile bir üýn,
Yşkdan bar erse sende eser, gapyl oturma.
Ýagny ki Leýli kimin bolup aşyky Mejnun
Yşk ile guşan biliňe kemer, gapyl oturma.

Dünýäge nazar salma, ondan güzer eýle,
Hem hile-mekrinden onuň çoh-çoh heder eýle,
Kim niçeleri kyldy pena, bak, nazar eýle,
Bir gün seni hem hara çykar, gapyl oturma.

Her kim ki haýýat oldy, erer akybet elmöwüt,
Akyl-ähli erseň pursatyňy eýlemegil fut,

Her günde saňa garşy geler ol melekil-möwt,
Janyňy diläp egri bakar, gapyl oturma.

Kyl roza, namazyň özüňe hajat beriban,
Hem malyňy kyl Hak ýoluna haýyr ile yhsan,
Pazyl ile kyl jümle işiň Hak saňa asan,
Hoşluk ile işiň jemle, biter, gapyl oturma.

Bu dünýäýi-pany kim erer köne haraba,
Sen oňa neçün geýd ola sen üşbu hasaba,
Çün wasl eder seni bu ýer kagry turaba,
Heýl heşmiň jemle gider, gapyl oturma.

Görgil ki ajap dünýä seni mekir ile ala,
Kaýd eýledi hyrs bile seni mülk ile mala,
Her lahza çykarar seni, gör, niçe hyýala,
Imanyň alyp jöwgä satar, gapyl oturma,

Ol dem ki ajal gelse saňa ähli aýalyň,
Bir zerre asyg eýlemez ol mülki-malyň,
Ol demde kişi bilmez kim ne bolar halyň,
Kim jebri-jepa saňa ýeter, gapyl oturma.

Ne peýda eger eýleseň ol ryzk ile takat,
Takat bile doldursaň eger arzy-semawat,
Imanyň alagör eliňe hezrete sowgat,
Şeýtany-lagyn onda ganar, gapyl oturma.

Eý, gapyl, özüň tur dagy indi ýarag ile
Bu derdi alajyň ne durar bes sorag ile,
Ol köýi-horramda watan eýläp sen durag ile,
Bihuda ajap kylma sapar, gapyl oturma.

Urdum elim etegine şahy-zamanyň,
Haýry ile şeri ýadyma gelmez bu jahanyň,
Irguzmak üçin daryna şol daryl-amanyň,
Pazlyndan erer lutpy-kerem, gapyl oturma.

Ýüz jilwe kylar äleme kylsaň nazary kim,
Otdur ki düşer janyňa bu sim-u zeri kim,
Dadyrsa pelek imiş ile gandy-şekeri kim,
Dert ile ýene awy gatar, gapyl oturma.

Ol gün ki gonup sen, göçüban uşbu saraýa,
Ugrap sen oşol mähneti-dert ile belaýa,
Her kim ki geler panyýa, ol gider daryl-bakyýa,
Azm eýleban taňla göçer, gapyl oturma.

Pany jahanyň nygmaty köp bary bitipdir,
Ömrüň nowgan dagy kemalyga ýetipdir,
Görgül, ki ajal tiz oragyn elde tutupdyr,
Ömrüň ekinin orar bir gün,  gapyl oturma.

Çarhy-pelegiň gerdişi döwranyn görgül,
Ýüz mähneti-gam birle perişan görgül,
Bu munça ymaratlar bile weýranyn görgül,
Şol ybrat hut saňa ýeter, gapyl oturma.

Eý, Gaýyby, derdiňi seniň kim diýesidir?
Öz derdiňi özüň diý, kim ol pazl eýesidir,
Çün erki ýeter äleme rehm eýleesidir,
Çohdur lutpy-keremi dest tutar, gapyl oturma.

## ❧ 4 ☙

Didar üçin höwes bolmuş bu köňlüm,
Tartar gözüm intizara ol ýara.
Bala guş dek howalanar jesetden,
Uçaýyn diýr, ýete almaz didara.

Bagrym gandyr rakyplaryň jebrinden,
Dady-perýat bu pelegiň döwründen,
Ýete alman uşbu ýoluň döwründen,
Diýsem derdi-halym oşol dildara.

Gözüm bolmuş ol dildaryň haýrany,
Mejnun kimi boldum onuň urýany,
Ýa, Reb, oşol älemleriň soltany,
Rehm etmegeý men aşyky-humara.

Peýgam etmiş gelsin diýban ýar maňa,
Bildim indi ýardan wepa bar maňa,
«Rakyp gitsin!» diýe salmyş jar maňa,
Rakyp indi çeksin özün kenara.

Dogry gider uşbu ýola sermestler,
Bolar wasl ýary jana peýwestler,
Men neýlärem pida janym, eý, dostlar,
Ýarym bilen kylan kowul-karara.

Aşyk oldum ol huplaryň şahyna,
Sabrym galmaz, gider köňlüm rahyna,
Salmyş meni yşkyň ataşgähine,
Ýakar her dembe-dem meni ol nara.

Gaýybyýam, çeşmi girýan olup men,
Görüp ýaryň ýüzün, haýran olup men,
Bilbil kimi ahy-efgan olup men,
Baryň aýdyň ol aryzy-gülzara.

## 5

Dilber, meniň artdyryban joşumy,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.
Aldyň ýene akyl, sabyr, huşumy,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

Açyp ýüzüň nurun yzhar eýlediň,
Jümle aşyk ählin bimar eýlediň,
Süzüp gözüň, gaşyň humar eýlediň,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

Mutyg kyldyň meni yşkyň köýünde,
Boldum saňa boýny bagly bir bende,
Mejruh oldy hasta janym bu tende,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

Her dem meni haldan hala dönderdiň,
Şol şerbeti—hijranyňla gandyrdyň,
Yşk oduna saldyň, meni ýandyrdyň,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

Gaýybyny her dem yşkyň jepasy,
Bihal etdi, gitdi zowky-sapasy,
Rehim eýlegil, eý, huplaryň zibasy,
Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

## 6

Eý, nebizat mutahha engerip Alla sen,
Bendeleriň jürmi derdine tebip Alla sen.
Hak gatynda hem dowasy müstejap Alla sen.
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Hak seniň hoşnutlygyň çün eýledi bu älemi,
Jümle bu wagşy toýur hem yns, jyns-u adamy.
Kim durar kim söýmegeý sen patyşahy-älemi,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Gün ýüzüňiň yşkyndan her gün tulug eýlär saba,
Aý dek her gije daň atynça eýlär rube-ruýa,
Gelmedi hergiz jahana sen kim bir patyşa,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Çün saňa boldy miýesser bu sagadat hemçenin,
Elitdi göge ol alyban Byragy Ruh ul-emin
Tut diýdi ýüpi ki bolgul indi hezrete ýakyn,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Sen ki geldiň dünýäge, butlary kyldyň sernegun,
Kapyr ähline heläket düşdi, boldular zebun,
Döwletiň günden-güne artdy, besi boldy puzun,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Kapyra kylaý jähennemde azaby-şitdeti,
Mömüne kylaý ata eýläp behişti-jenneti,
Barçalar diýende nepesin diýeý sen ummaty,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Hak saňa magrajy berdi ol makamy-agla ile,
Seýir kyldyň, arşa tekrou ol kaddy-ragna ile,
Käbe kowsuna ýakyn ýetirdi o ýana ile,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Çün hejabyn refg kyldy, çün seniň ilen sözleşip,
Çün muşerrep bolduňyz didaryňyzy gözleşip,
Kyldyňyz peýda muhapbet zaryňyzy aýdyşyp,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Senden açyldy jahanda ylym ile imany-din,
Hem günäkär ähline sen-sen şefigi el-müznibin,
Söýdi Hak diýdi saňa kim rahmatulla emin,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Hem ýene kylmyş ata ol çaryýary mugtaber,
Atlary Bekr-u Omar, Osman, Haýdar şiri-nur
Her biri ser halka boldy öwliýalara bular,
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

Kim saňa guldur jahan mülkünde bolan asy-am,
Nesli zatyňdan nur imiş hem şol on iki ymam,
Ýete almaz, Gaýyby, biçäre waslyňy tamam.
Hoş mugazzam Taňrynyň dosty Habypulla sen.

## 7

Eý, nigär-ä, ýüregimde dagy-hijriň bar-heý,
Yşkyň ile ýanadurgan kim meniň dek bar-heý,
Ýok durar älemde men dek pyrkatyňda zar-heý,
Köňlüm alyp kaýda bardyň, ýar-a, ýar-a, ýar-heý.

Geldi yşkyň janyma, kär eýleban öltürgeli,
Kyldy ryswaýy-jahan, älemlere gültürgeli,
Derdimi, dilber, saňa ýokdur kişim bildirgeli,
Köňlüm alyp, kaýda bardyň, ýar-a, ýar-a, ýar-heý.

Her haçan kim ýüz açar sen gudrat ile äşgär,
Ot salar sen yşwa birle jan-u dile set hezar,
Ýana-ýana kül bolar men hasratyňda bikarar,
Köňlüm alyp, kaýda bardyň, ýar-a, ýar-a, ýar-heý.

Men kibi yşkyň oduna kimse janyn taşlamaz,
Köňlüm yşkyň ýolunda hiç özge sary başlamaz,
Derdi-gamdan pyrkat içre gözlerini ýaşlamaz,
Köňlüm alyp, kaýda bardyň, ýar-a, ýar-a, ýar-heý.

Bolmady hergiz gamyňdan hatyrym bir lahza şat,
Sen dagy hiç kylmadyň men telbäni bir lahza ýat,
Gaýybyýam, geçdi ömrüm hijr elinden dat, dat!
Köňlüm alyp, kaýda bardyň, ýar-a, ýar-a, ýar-heý.

**8**

Amalymdan menden maňa umyt ýok,
Sen ýarlyka pazlyň birle, Allahym!
Ýarylga diýp men tutar men umyt çoh,
Sen ýarlyka pazlyň birle, Allahym!

Bu gün howa şehwet birle gezdim men,
Günä kylyp dergähiňde çoh ýazdym men,
Nebis ardyna düşüp ýoldan azdym men,
Sen ýarlyka pazlyň birle, Allahym!

Ne ýüzüm bar dergähiňe gelesi,
Ne dilim bar seniň zikriň kylasy,
Ne gözüm bar seni gözläp göresi
Sen ýarlyka pazlyň birle, Allahym!

Bendelerde bir asy men günäkär,
Senden özge ýalbarasy kimim bar.
Bir adyňa diýrler seniň, ýa, Gapbar,
Sen ýarlyka pazlyň birle, Allahym!

Gaýybiýem, hesretiňde derdim çoh,
Senden özge ýalbarmaga ýerim ýok,
Rehmet kylyp, men şikeste gula bak,
Sen ýarlyka pazlyň birle Allahym!

### 9

Saz bilen söhbedi ýaman diýmäňler,
Adam Ata, Howa bolanda bardyr.
Habyl bile Kabyl ene goýnunda,
Olar bu dünýäge gelende bardyr.

Mollalar jem bolup tapmady delil,
Men saňa sygyndym, ýa, Repbim Jelil,
Ysmaýyl pygamber, Ybraýym Halyl,
Mekge binýadyny salanda bardyr.

Mollalar jem bolup geldiler heme,
«Hazar ente» diýmäň manysy näme?
Patyşa bolup ötdi şahy Jüm-jüme,
Dünýäniň lezzetin dadanda bardyr.

Bu dünýäni kimse tutdy serşite,
Adam ogly her haýsysy bir işde,
Harut, Marut atly iki perişte,
Babyl çah içine düşende bardyr.

Şiri-Haýdar diniň gapysyn açdy,
Bilal azan aýtdy, kapyrlar gaçdy,
Abubekir, Omar, Osman uruşdy,
Aly din gylyjyn çalanda bardyr.

Igne üçin Isa asmanda galdy,
Isgender Zülkarnaýyn dünýäni aldy,
Musanyň hasasy aždarha boldy,
Nesiminiň postun soýanda bardyr.

Şeýtany kowdular jennet öýünden,
Her kim tapar öz pyglyndan, küýünden,
Özüň sakla,  huda, azap suwundan,
Nuhuň gämisine münende bardyr.

Daglaryň başyndan gitmez dumany,
Bir gün bolar ýaradanyň permany,
Mäti gelip alar ýagty dünýäni,
Dawydyň kyrk ogly ölende bardyr.

Molla Gaýyp aýdar, Hydyrdyr pirim,
Pirim Şahymerdan-Aly destgirim,
Soltan Söýün Mürze Mir-Aly şirim,
Dünýäniň toýuny tutanda bardyr.

## ❧ 10 ☙

Magrupy:

— Bizden salam bolsun molla Gaýyba,
Dünýäniň binasy haçan tutuldy?
«Küntü kenzen mahfiýýenden» habar ber,
Kelemeýi-şahadat nirde bitildi?

Gaýyby:

— Gaýry salam bolsun molla Magrupa,
Hak «Kün!» diýdi, şol gün bina edildi.
Tuby agajynyň ýapraklaryndan,
Kelemeýi-şahadat şonda bitildi.

Magrupy:

— Hak owwal namany kime okatdy,
Ol kim idi okaban özün unutdy,
Adamdan ileri niçe kowum ötdi,
Dergada haýsynyň sözi tutuldy?

Gaýyby:

— Hak owwal namany Adam okatdy,
Okaban Ezraýyl özün unutdy,
Adamdan ilgeri Benijan ötdi,
Dergada Resulyň sözi tutuldy.

Magrupy:

— Haýsy günde bina etdi ol guşy,
Niçedir ganaty, guýrugy, başy,
Höregi nämedir, niçedir başy,
Niçe müň ýyldan soň başy ýetildi?

Gaýyby:

— Penşenbe gün bina etdi ol guşy,
Dört bolar ganaty, guýrugy, başy,
Höregi darydyr, elli müň ýaşy,
Elli müň ýyldan soň başy ýetildi.

Magrupy:

— Suwdaky balygyň puşty nä çenli?
Üstündäki gäwiň göşti nä çenli?
Ol arşy agzamyň hyşty nä çenli?
Niçe melek hasabynda bitildi?

Gaýyby:

— Suwdaky balygyň uludyr puşty,
Ýedi müň ýedi ýüz batman ol gäwniň göşti,
Gudrat bilen salyndy agzamyň hyşty,
Dört melaýyk hasabynda bitildi.

Magrupy:

— Bilermi sen haly nedir, boş nedir?
Jeset nädir, menzil nedir, guş nedir?

Ol ne bazar, gymmat baha daş nedir?
Kimiň daşy kembahaga satyldy?

Gaýyby:

— Eger bilsem, haly budur, boş budur,
Jeset menzil, janyň gerek, guş idir,
Ol imanyň gymmat baha daş idir,
Şeýtan daşy kembahaga satyldy.

Magrupy:

— Magrupy diýr ne kysmata ýazyldy?
Ol ne zynjyr bir-birine düzüldi?
Niçe ýylda wagty ýetip üzüldi?
Aý bilen Gün haýsy wagtda tutuldy?

Gaýyby:

— Gaýyby diýr gurbat bilen ýazyldy,
Gije-gündiz bir-birine düzüldi,
Sansyz ýylda wagty ýetip üzüldi,
Aý bilen Gün harasatda tutuldy.

**11**

Adam ogly, ömrüň bolsun zyýada,
Gel indi haramdan çekgil eliňi.
Taňla-magşar güni galma uýada,
Gel indi haramdan çekgil eliňi.

Munda özüň kast eder sen janyňa,
Taňla garyş ýylan geler ýanyňa,

Ezraýyl çeňňelin urar janyňa,
Gel indi haramdan çekgil eliňi.

Halal kesbden ýyggyn bogan meşigiň,
Münen atyň, galar donuň, guşagyň,
Üstüňde ýyglaşar oglan-uşagyň,
Gel indi haramdan çekgil eliňi.

Gaýyby, sorarlar hesbi-halyňy,
Bihuda ötürme mahy-salyňy,
Terekä salarlar galan-malyňy,
Gel imdi haramdan çekgil eliňi.

## 12

Hoş gudratly Allahym,
Ýokdan bizi bar etdi.
Gunçadan gülün tirip,
Şahasyna har etdi.

Köpleri bardyr ulfy,
Sözleri şeker-tulfy,
Çyn halka düşer zülpi
Zülpüni gara mar etdi.

Ýanymga gelip durdy,
— Halyň nedir? — diýp sordy,
Bir nikte bilen urdy,
Bes, meni bimar etdi.

Diýr Gaýyby, söz gatsak,
Yşkyň ýakasyn tutsak,
Ikewmiz bile ýatsak,
Bir uky bimar etdi.

## MUHAMMESLER

### ❧ 1 ☙

Dostlarym, her kimde ol ýaryň höwesi bar imiş,
Köňlünde mähri-muhapbetden haýasy bar imiş,
Tebgiden bilbil sypat nakgaş nowasy bar imiş,
Şöhleýi-nury-hedaýetden zybasy bar imiş,
Hem sagadat mülkünde neşwi-nemasy bar imiş.

Şöhle çekmiş köňlüme, yşk ody ýapyşmyş durar,
Ýüregim gaýnap, muhapbet odundan bişmiş durar,
Sanjylyp bagrymy hijran oklary deşmiş durar,
Yşk wadysyna men dek kimse düşmüş durar,
Başynda söwda ile ýüz müň jepasy bar imiş.

Aşygyň maksady Hakdan dilberi-jananadyr,
Duşmüş onuň oduna, perwana dek kim ýanadyr,
Her niçe çekse jepany, dünýä mähnethanadyr,
Akybet her nowg görüň kasdy onuň janadyr,
Bu bakasyz dünýäniň kime wepasy bar imiş.

Gaýyby, sen bolmadyň ol ýar üçin şeýda, nädeý,
Eýlediň köňlüňde ýaryň mährini peýda, nädeý,
Düşdi başyňga ajap ýüz müň ýene söwda, nädeý,

Kylmaz ahwalyma şefget birle ol perwa, nädeý,
Köýünde ýüz müň seniň ýaňlyg gedasy bar imiş.

**2**

Bu bakasyz dünýäni bildim bakasy bar imiş,
Al edip her kimsäni, bir nowg ile aldar imiş,
Mähribanlyk birle ýarym diýr weli, agýar imiş,
Şowky-hyrsy köňüli algyjy nekgar imiş,
Der ezel magmarsyz galan bozuk diwar imiş.

Ahyry weýran erer, her kim ki abat eýlese,
Dünýäniň bilgeý kişi mukdaryny ýat eýlese,
Zulum bihetdir weli, hiç adyl ýok, dat eýlese,
Aýşy-aşrat birle her kim köňlüni şat eýlese,
Akybet bir gün ýetip jebri-jepa, aglar imiş.

Aryp olan yşk ile gan ýutdy, bagryn daglady,
Tanady Rebbin, hakykat bildi, nebsin baglady,
Dünýäýi-ukbynyň ol bildi, mekanyn çaglady,
Köňlüni kesdi jahandan, gülmedi hiç, aglady,
Ferd-u ahad galdy, bigam dünýäden bizar imiş.

Sen dagy aldyryp köňlüňi jahata, ýar imes,
Ýok tutgyl sen ony, bilgil, hakykat bar imes,
Müşderi bolma magnytyna, ki bu bazar imes,
Bilbili-zar olma reňňi alyna, gülzar imes,
Janyňa niş urgujy zehmi gaty bir har imiş.

Gaýyby, diwanaýem, azm edenim bilmen kaýan,
Aglaram her dem alajym tapmaýun, tartyp efgan,
Neýläýin ýakdy wujudym şöhleýi-ahy zyban,

Akybet öltgürgisidir ýar, derdi biiman,
Eýle kim, eý, dostlar, halym gaty duşwar imiş.

**3**

Dostlar, bir dilberi-jany-jahanym bar meniň,
Aryzy-gül, kamaty serwi-rowanym bar meniň,
Pyrkatynda ruzy-şeb ahy-efganym bar meniň,
Ah, kim aşyftaýy-hal natuwanym bar meniň.
Suzy-yşkynda besi dagy-nahanym bar meniň.

Her gyýa bakdykça kim janyma otlary salar,
Rişteýi-janym üzüler, wah, ki ömrüm gysgalar,
Takaty-sabrym tükener mähu olup, köňlüm galar,
Yşwalar zahyr kylyp, andag ki janymy alar,
Wah, ne zalym dilberi-nämähribanym bar meniň.

Jan bererler yşkynda ýüz men kimin awaralar,
Bolmamyş älemde men dek kimse bagty garalar,
Tygy-hijrandan ýüregim ýüz müň ança paralar,
Gan rowan gitdi jigerden, para bolan ýaralar,
Şeýle dert bikarary-biimanym bar meniň.

Ýüz ýene haýran erer yşk ähli bolan janlar,
Waleýi-şeýda bolupdyr hem oňa jananlar,
Älem ähli geçer daýym bendeýi-permanlar,
Gulluk eýlär hyzmatynda hanlar-u soltanlar,
Hoş mahzum mähweş sahypkyranym bar meniň.

Husn açar bolsa köňüllerden garalyk açylar,
Aşyga şowky-muhabbetden sapalyk açylar,
Hyşmat jahy-jelal patyşalyk açylar,

Gaýyby, gör, kim ne husny-dilrubalyk açylar,
Kim meniň dek şahy-älem destanym bar meniň.

## 4

Köňlüm içre, dostlar, şerhi-beýanym bar meniň,
Aýda almaz neýläýin, syrry-nahanym bar meniň,
Bir sebäpden çeşme dek eşki rowanym bar meniň,
Bir jepaçy dilberi nämähribanym bar meniň.
Rehm kylmaz niçe kim ahy-efganym bar meniň.

Eýle kim görkezdi ýüz äleme ol şahy-jahan,
Düşdi aşyklara ýüz müň dert ile ahy-pygan,
Zülp açyp, hal ählini aşufta kyldy her zaman,
Pertüwi-husnyn salyp janlary köýdürdi rowan,
Bir ajaýyp melike sahypgyranym bar meniň.

Joş urup yşkym hyýalaty ýene hyz eýledi,
Gamçy urdy yşk atyna, ýagny myhmyz eýledi,
Ýakmak üçin janymy hem gözleriň tiz eýledi,
Gamza tygyn ýar hem katlym üçin niz eýledi,
Wah, ne haly-müşkilaty natuwanym bar meniň.

Perdeden ýüz açsa, köňlüme sapalyk açylar,
Hem sapalyk şowky birle kebriýalyk açylar,
Älemi-manyda, gör, kim patyşalyk açylar,
Wah, ne ziba suraty hoş dilrubalyk açylar,
Aňlaňyz indi ne ýaňlyg destanym bar meniň.

Çykdy zulmatdan hyýal ile tejelleýi-jemal,
Geldi köňlüme ýene dürli ajaýyp şowky-hal,
Hal edip ol demde andag tutdy köňlümi hyýal,

Gerdi howluma ýat imes, gördüm ol hijri-melal,
Ol zaman diýdim ne gökçük yzz-şanym bar meniň.

Isterem ýarym jelal ile meni ýat eýlese,
Hem jemala ýetmek üçin köňlümi abat eýlese,
Janyma öltürgeli ger zulum peýda eýlese,
Köýdürip nury-jemalyňdan ki berbat eýlese,
Sanmaňyz kim dünýäde namy-nyşanym bar meniň.

Gaýyby, bilmän nedendir zary-haýranlyk saňa,
Ne jähtden boldy, bilmen, çeşmi-girýanlyk saňa,
Lutp eder bilseň eger boýnunda permanlyk saňa,
Dünýäde ýetmezmi indi uşbu soltanlyk saňa?
Rahymy-rahman heýýi-jaduwanym bar meniň.

## 5

Yşk ile, şowk ile, gör, kim bu ne zatam, eý, köňül,
Nederem men bu jähtden hoş sypatam, eý, köňül,
Gerçe suratda anasyr, şeş jahytam, eý, köňül,
Älemi-manyda külli-ymtyhatam, eý, köňül,
Keşf syrr-la ezelem binýatam, eý, köňül.

Serperazam älemi-aludadyr syrrym meniň,
Mahuw yşkym bir olupdyr şer ile haýrym meniň,
Mesti-hak men äleme takyk erer diýrim meniň.
La mekanyň burçuna seýran eder teýrim meniň,
Gör ne aaly kadr-u, sedr-u käniýatam, eý, köňül.

Ýere indim aýrylyp men asly-zat-u päkden,
Munda geldim, surat oldum ab-u ataş, häkden,
Çekmişem dokuzdan ötüp, hem ýedi pelekden,

Dem çeker men hümmet istäp ol şehi-bulakdan,
Hezretiňde patyşanyň makbulatam, eý, köňül.

Men çe agahem, jahanyň syrry-halyn bilerem,
Hem şerigat şerti, hem remzi-tarykat bilerem,
Sanma, eý, nadan, meni pany jahanda ölerem,
Suraty tenden gidip, jan suratynda gelerem,
Diýme kim jan çykdy gitdi, men meýitem, eý, köňül.

Eý, sagadat ähli bolan men ezelden bar idim,
Ol ezel şahy bile men hem ezelden bar idim,
Dünýäge gelmişlige pyglynda çün derkar idim.
Zerre-zerre emir ili toprak olanda çar idim,
Jüz-u diýanatynda onuň bu külliýatam, eý, köňül.

Men hudanyň hamdy ile towhydydan ezber kylmyşam,
Hatyrymda kim hyýalyn yşky-dilber kylmyşam,
Küll-u ganyda emri-magruf nehi-müňkür kylmyşam,
Yşkynda tartyp saparlar haçjy-ekber kylmyşam,
Abdam kim yşk il sowmy-salatam, eý, köňül.

Bu jahanyň egdi, negdi, çarhy-oragy biziz,
Haýry-şeri hem garasy birle hem agy biziz,
Hoşlygy bizdendir onuň, çünki rownagy biziz ,
Gaýyby, her kim içer meý sagy-ýu aýagy biziz.
Bu sypat kim bizdedir daýym haýýatym, eý, köňül.

**6**

Eý, açylgan huplar içre läleýi-gül zar gel.
Kim kylar men bilbili biçäre ýaňlyg zar gel-gel,
Gelmişem Musa kimin muştak olup didar gel,

Gam bilen boldum ýoluňda ajyz-u efgar gel,
Şat edip gutar meni gamdan, eýa, gamhor gel.

Jilwe eýläp näz ile, eý, ýar, seýran eýlediň,
Bir göründiň, dagy özüň ýene pynhan eýlediň,
Kim meni Mejnun kylyp, sährada urýan eýlediň,
Çeşme ýaňlyg gözlerim her lahza girýan eýlediň,
Köp meni aglatma, eý, Taňryň üçin, dildar gel.

Dilruba, aşyk ýoluňda bikarar olmuş durar,
Ygtyýaryn yşk alyp, biygtyýar olmuş durar,
Ýana-ýana yşk oduna, häkisar olmuş durar,
Görmäge ziba jamalyň intizar olmuş durar,
Subh olunça gözlerim bolmuş durar bidar gel.

Haktagala sungydan, dilber, seni mah eýlemiş,
Kim bu husn ile seni älemde bir şah eýlemiş,
Barça aşyk ähli bolan husnuňa ah eýlemiş,
Derdi-yşkyň reňgi-roýymny meniň käh eýlemiş,
Derdime eýläp alaç, eý, lebleri, timar gel.

Gaýyby, eý, dilruba, bir natuwanyňdyr seniň,
Kim söwer jandan seni, ol mähribanyňdyr seniň,
Çün ezelden aşyk olan, bir gedaýyňdyr seniň.
Diňle, bu sözler kim ol şerhi-beýanyňdyr seniň,
Indi sen tutma güman aşyklygyma, ýar gül.

## 7

Dostlar, bir suraty zibaýa aşyk bolmuşam,
Ýüzi gülgün, kamaty ragnaýa aşyk bolmuşam,
Gaşlary hem gözleri şöhlaýa aşyk bolmuşam,

Wah, kim ol bimisil bihemtaýa aşyk bolmuşam,
Diýse bolmaz aý ony, bir aýa aşyk bolmuşam.

Garet eýlär janymy her dembe-dem ahu gözi,
Ot salar äleme, jilwe kylgaç ol şahym özi,
Meng kylman yşkyda, eý, zahyd olanlar bizi,
Dünýe-ýu ukbada maksadymdyr onuň gül ýüzi,
Sanmaňyz kim jennetil egmaýa aşyk bolmuşam.

Neýlerem, eý, dostlar, dünýäde mülki-maly men,
Yşkynda ötürmeýin bu ömür mahy-saly men,
Kesmişem köňlümi dünýä gullasyndan haly men,
Ýola düşdüm yşk ile, pir oldum usta haly men,
Wah, ki men bir katraýam, derýaýa aşyk bolmuşam.

Hasta janym gatlanar, her dem wepa tohmun eker,
Hem muhapbet köňli dehkany bolup zähmet çeker,
Sabry-hijran neýläýin kim bendi bendimi söker,
Rehm kylmaz ýar hem, kastym kylyp ganym döker,
Wah, ki bir batyl gözi, jellaýa aşyk bolmuşam.

Käşki wasyl kylyp, waslynda öldürse meni,
Yşkynda ryswa kylyp, älemde güldürse meni,
Kim Nesimi dek kesip başymy, soýdursa meni:
Paş edip, bu jümleýi äleme bildurse meni,
Dönmenem andag kim ol asmaýa aşyk bolmuşam.

Ýanmak, örtenmek durar işim meniň her subhy-şam,
Galmamyş asla tenimde ýanmadyk bir zerre ham,
Bildiler ryswalygymy her ne bolan hasy-am,
Terk kyldym yşkynda namys-arym neňňi-nam,
Goýdum oş imruz men perdäýe aşyk bolmuşam.

Kim Halylulla dek yşkynda oda atsalar,
Ýa tutup Jirjis kimin ýüz para-para etseler,
Isterem Ýusup kimin yşkynda gul diýp satsalar,
Gaýyby, men razyýem her ne jepaga tutsalar,
Yşk bazarynda bir söwdaýa aşyk bolmuşam.

## 8

Geldim, eý, şah-a, seniň dergähiňe kylyp selim,
Sen afu eýläp, ýar, ýalkagyl, eý,günähim rehim.
Zahyr batynda sen-sen hem ylym, hem hekim,
Kim mynajat eýlärem men hezretiňde, eý kerim.
Hajatym sen kyl rowa, Alla zülfazyl el-azym.

Sen gapur, sen ýarylyka, kim men durar jürmi-günäh.
Afu eder bolsa günähi-bendäniň her niçe şah,
Kim towazyg eýlärem men jany-dilden, ýa, Allah.
Rahnemalyk eýleban görset maňa bir dogry rah,
Bendäni sen-sen ýalkagujy Gapbary-rahym.

Bu ýykylan köňlümi sen şat kyl, ýa, Rebbina,
Barça eşýany kylan magmur edip sen-sen bina,
Bizde ýokdur saňa laýyk tagat-u zikri-sena,
Fatyh kyl rehmet işigin bize, çün kyldyk günä,
Eý, kerim, ber kerem lutp eýesi şahy-agzam.

Enbiýalar birle kylan ol muhapbetiň haky,
Anlara kylan jepalar birle şepagatyň haky,
Hem şerigat, hem tarykat, hem hakykatyň haky,
Ýetmiş iki milletiň şahy Muhammediň haky,
Pazl edip, sakla meni gutar men elnar hajym.

Çekmişem köp dünýäde jebri-jepaýy-mähneti,
Çoh durar janymda ol howpy-rejäniň zähmeti,
Ýa, Alla, lutp kyl, senden dilär men rehmeti,
Sen ýarylyka barça söýen dostlaryňyň hormaty,
Gaýyby, biçäredir gerçe günähkäri işim.

## 9

Jan gurban edeliň, eý, şahy-hubanymyza,
Görüban gül ýüzüni ot düşedir janymyza,
Güle gelsin diýeliň hylwat ile ýanymyza,
Boldy ham kaddymyz ol serwi-huramanymyza,
Lutp kylaý görüban dideýi-girýanymyza.

Jan baş ýolunda goýduk, ýene gyýdyk jana biz,
Görermizmi ýüzüni şat oluban bir ýana biz?
Düşedir jana hararat, tutaşyp hoş ýana biz,
Ýa, Rep, ol gün bolamy lagly-lebinden gana biz,
Ot saldy gamzalary synaýy-urýanymyza.

Neýlerem hesret bile ot saladyr derdi-pyrak,
Pelegiň döwri bizi saldy wysalyndan yrak,
Hem zaýyf oldy, köňül galmady hiç tende ýarak,
Akybet beýtil-hazan boldy bize çünki durak,
Üzüler janymyz ol Ýusuby-Kenganymyza.

Gyzaryp gül kibi hoş ol ýüzi nar olmyşy gör,
Dökülip üzresine synaýy-sünbül tar olmyşy gör,
Içiban lagly kimin aýny-hummar olmyşy gör,
Öledir hesretinden, aşyky-zar olmyşy gör,
Bikine kast ediban hoş giredir ganymyza.

Hejel olmyş gyzaryp gül ýüzüniň lälesine,
Heder olmuş janymyz ol gözleriniň alasyna,
Kapyryň rehmi geler bu ýüzümiň walasyna,
Biz niçik sabyr edeli uşbu jepa arasyna,
Niçe bir gatlanalyň gurbaty hijranymyza.

Ol diýsin, eşdeliň bize hekaýat sözüni,
Biz wehi hoş tutalyň garşy rowaýat sözüni,
Goýalyň biz wehi imdi, bu şikaýat sözüni,
Bize diýgeý geliban rehmi enaýat sözüni,
Bu umyt ile jepany tutalyň şanymyza.

Gaýyby, jäht ediban yşk atyna atlana gör,
Düş hyýalyna hyruç edip, ýene gurplana gör,
Mest olup magrypet aç, bezm ile söhbetlene gör,
Erişe lutpy onuň bir gün owwal gatlana gör,
Gyýmaýa görse biziň haly-perişanymyza.

**10**

Hak seni serwer ýaratdy, patyşahym, ýa, Resul.
Enbiýa ser depderi nury-allahym, ýa, Resul,
Zulmat tutdy jahany dudy-ahym, ýa, Resul,
Sen geçir magşar güni köpdür günähim, ýa, Resul,
Baş goýup ýatsam hemişe, kyblagähim, ýa, Resul!

Barçadan owwal ýaratdy asly nury-päkini,
Kaddyňa kyldy mynasyp hylgaty-lülü-käni,
Ol mübärek gullaryňa hem ol asa Musa käni,
Ummatym diýgeý synaýyp, asy bibakany,
Sen eşitgil nala-ýu perýat, ahym, ýa, Resul.

Fahry-älem sen-sen-u, özge nepler bir zil,
Wazzehadyr ýüzleriň hem tary-muýuň walesil,
Ol Hatyjaga idi imany-arza getirdi meýil,
Sureýi-bakara saňa müžde, getirdi Jebraýyl,
Hatmy-dem erwahyňa köpdür günähim, ýa, Resul.

Jümle-älem serweri, sen şuglaýy-şemgi-çyrag,
Leýletil-magraç tününde Taňry mündürdi Byrag
Ýedi asman işigin açdy melaýyk bisorag,
Dört don indi saňa: ýaşyl, gara, sary, ag,
Ikisin aldyň söýüp, şol boldy rahym, ýa, Resul.

Täji-lulak enaýat boldy Hakdan hylgatyň,
Asy-jafy ummatyňa ruzy kylgyl şepagatyň,
Şafygy ruz jüza-magrajydyr sen jennetiň,
Hem hudaýyň parzy bile dert kylsam sünnetiň
Aryşy, kürsi soltanatlyk bargahym, ýa, Resul.

Diýdiler soltany-älem adyňa esdak bilen,
Mugjyzatyňyň baryn kylsam beýan ol şak bilen,
Aý bölündi kim yşarat eýlediň barmak bile,
Arşnyň üstüne çykyp, raz aýdyşar sen Hak bile,
Ruzy-magşar jümläge puşty-penahym, ýa, Resul.

Gaýyby diýr, munda arz etgil, meni gallaçy,
Şefgetiňden binesip etme meni muhtaçy,
Ol huda söýgeninden goýdy başyňa täji,
Hyzmatyň kyldy melaýyk seýr edip magrajy,
Künbedi-huzrada çiltenler güwähim ýa, Resul.

## ❧ 11 ❧

Jydalyk dagyny sorsaň, meniň dek zar olandan sor,
Wepasyz jebrini bir synaýy-efgar olandan sor,
Dowaýy-derdim istär sen, tebibi-kär olandan sor,
«Şefaýy—fasl gadryn hijr ile bimar olandan sor,
Zülaly-zowk şowkun teşneýi-didar olandan sor».

Eşit, nasyg, sözüm budur, höwes bazaryna girme,
Jahan gülzary seýr et, tomaşa ötdi oturma,
Ýoluksa söhbeti-jahyl, bil, ondan dem urma,
«Lebiň syrryn gelip güftara menden özgeden sorma,
Bu pynhan nuktany bir wagyfy-esrar olandan sor».

Eý-a, aşyk, gel, eý, zahyd, ýoluňda tuşa kyl hasyl,
Ezizi-jismiň bolar bir gün gara ýer astyna wasyl,
Gel, eý, «ma dunaýy-zalek» hadysy aňla, eý gapyl,
«Gözi ýaslylaryň halyn ne bilsin merdumy-gapyl,
Köwakyp seýrini şed tä säher dibar olandan sor».

Jepa çek janyňa her dem, weli janana istär sen,
Göwher dek gözleriňden her säher dürdäne istär sen,
Muhapbet lezzetinden her säher  dürdäne istär sen,
«Jemalyň şemgine her dem weli perwana istär sen,
Bu meýiň lezzetin bir meý içir, humar olandan sor».

Ylahy, Gaýyby aýdar, bu dünýäge gelen saýyl,
Hany Leýli, hany Mejnun, bolup bir-birige maýyl,
Şirin diýp ötdi ol Perhat, olup takdyryna kaýyl,
«Muhapbet lezzetinden bihabardyr zahydy-gafyl,
Fuzuly yşk zowkun zowku-yşk war olandan sor».

## ❧ 12 ☙

Eý, ýaranlar, Hak ýaratdy, jan bolgan sopular,
Bize müşgil, döwrüne asan bolan sopular,
Goş sürüp, aryk gazyp, daýhan bolan sopular,
Bu ýalançy dünýäge myhman bolan sopular,
Taňla kim öz halyna haýran bolan sopular.

Sopulyk dagwy kylyp, şergi-nebini bilmeen,
Sözleseň türki, öter hiç kimi göze ilmeen,
Gözleri kersende gaýnar, bir zaman aýrylmaýan,
Emri-magrupy tutup hem nehi-münker kylmaýan,
...........................................................................[1]

Düşdi dünýä çirkine kylmaý hudanyň zikrini,
Ýadyna zerre getirmez ahyretiň pikrini,
Näzi-nygmat Hak beripdir, hiç bilmez şükrüni
Gizleýip köňlünde daýym pysky-usýan pikrini,
Nebsi-şeýtan ýoluna perman bolan sopular.

Geýseler destar pereji, arkasynda peç goýup,
Sopy torgaý dek başynda sellesini keç goýup,
Iýdiler malyn kişiniň, özi maly dek söýüp,
Gitdiler şeýtan ýoluna, diniň işini goýup,
Aldanyp şeýtana, biiman bolan sopular.

Başdan aýak hat içinde bir-bir ýazylgan «waw» dek,
Roza tutsa, agzy bagly jyga goşulan gäw dek,
Nebislerin goýberdi göýä bir ýaman alaw dek,
Nebisiniň alawyna ýakdy özüni gow dek,
Bimaza, bigaýraty-sersan bolan sopular.

[1] Şu ýerde golýazmanyň alty setirini okap bolmady.

Piriň emrin tutmaýyn çyrmar başyna selläni,
Özi daşdan iýip-içip, sudyna bereý gallany,
Alnyna goýsaň çokadur heke ýaňlyg kelläni,
Toýdan, aşdan iýip-içip, elter öýüne zelläni,
Kelkemeç dek nebsine perman bolgan sopular.

Bu sypatlyk sopulary munça wasp etdim ýeter,
Özüni bilen, eşiden bu nesihaty tutar,
Gün dogan soň ....-başyn çaýkap, bir päklik eder,
Beýle kirdary bilen ahyr jähenneme gider,
Şergi bilmez, sadkaýy-birýan bolan sopular.

Gaýyby diýr, bu sözi köňlüme Hak saldy diýp,
Bolma magrur dünýäge, sopy nesihat aýdy diýp,
Köp uýaldym pirden, bildim golum saz çaldy diýp,
Sopular metjitde durmaz, öýde işim galdy diýp,
Işlerine mübtela-haýran bolan sopular.

## 13

Dünýe mülkünde ýaranlar, şähriýar istär köňül,
Segredip münse bedewni, şasuwar istär köňül,
Gul bilen gyrnak-da bolsa, hanawar istär köňül,
Täji-tagty, lagly-göwher, zernigär istär köňül,
Kapyra ursam gylyjy, zülpükar istär köňül.

Atlanyp çyksam şikäre, at-ýarag esbaby-şaý,
Salsam ýüwrük tazylar, tugun, ütelgi, garyçgaý,
Aşy-nan bermekde bolsam göýä ki Hatamy-Taý,
Hoş owaz şahyr gerek, tanbur, gyjak hem depu-naý,
Zynaty-zowky sapalar, käri-bar istär köňül.

Metjidiň molla ymamy karyýy-garra gerek,
Beçjeler mekdepde bolsa dilleri burra gerek,
Täze mahbup zernigäriň arly bih jürre gerek,
Ili baý jemgyýete tagtynda adyl şa gerek,
Çarwadarymyz çöl-de bolsa, sonadar istär köňül.

Haýr üçin kylsam ziragat niçe aýu, ýer gerek,
Galla gaýry daşamaga ýedi hatar ner gerek,
Ner başynda gupbasy altyn, kümüş owsar gerek,
Zahyda metjit gerek, kim wagyza münber gerek,
Hapyzym Gurhan okysa, hoş waz istär köňül.

Teblede dursa bedewler, ýanynda bolsa seýis,
Binamazu-beňňileri yhtysap kylsa reýis,
Kyrk düýäm söwdaga ýörse, goldasa soltan Weýis,
Serhowuz, howly-haremden gelse müşki-anbar ys,
Öýe girsek näzenin, çeşmi-humar istär köňül.

Bar ylaha, neýläýin bagtym bolupdyr enjümen,
Ýary-kabyl tapsam-u sarp eýlesem ýüz müň tümen,
Deşti-sähraga çykyp, keşt eýlesem bagy-çemen,
Reňki gyr, reftary hup, münsem ýene ýorga semen,
Paslymyz nowruz-da bolsa, lälezar istär köňül.

Gaýyby diýr, bar ylaha, aç guluňyň bagtyny,
Käbe sary baş goýuban okagyn bäş wagtyny,
Dostlara bizden nesihat, nesýä goýmaň nagtyny,
Gördüňizmi, neýledi Dawut, Süleýman tagtyny,
Käbeýi-beýtil-harem diýip, ygtyýar istär köňül.

## MUSEBBA

## (Ýedileme)

Gerdun öýüniň hemme işi jana gelendir,
Yşk bile höwes ikisi hemhana gelendir,
Kim tirse düri, göwher-egdana gelendir,
Ýutgan kişiler telbeýi-diwana gelendir,
Eline alyp başyny, meýdana gelendir,
Her çend ki jepa kylsa, o merdana gelendir,
Yşk türpe gözel, pah-pah, janana gelendir.

Yşyknyň öýünde eýledik jäht ile jeňi
Bilmen, nijedir ol gözeliň ruý ile reňi,
Magraja pygamber çykyban gördi o seňi,
Bahr içre Hyzyr zinde-ýu bahr içre näheňi
Sed para kylar ýaryň gamy janyma teňi,
Görsemdim Müsür, Şam-Şerif, Rum, Pereňi,
Onda ne senet bolsa biziň hana gelendir.

Ol çarhy pelek aýlana-şems ile enwer,
Saýýara bile döwür uradyr mahy-münewwer,
Elimi uzatsam ötedir şahaýy-arar,
Ol şyhy-Fuzulyga sözüm bolsa barabar,
Soltan Hüseýn, Mir Alyşir dünýäde dawagär,

Perhat-Şirin ile Leýli we Mejnun dilawar,
Bar ýurdy gezip, seýli-Horasana gelendir.

Töwriz, Hyrat şährini gördüm dehi seraser,
Şirwan, Şamahy ikisi bolgaýmy barabar?
Ol bagy-erem perilerniň menzili diýrler,
Andyjan, Margelan, tä Kaşgar, Kaýsar,
Düzde Senem salmyş köşk ile manzar,
Maňgyşlagy, Gökleňde gezermi peri-peýker,
Harazimin, Narazimin mestana gelendir.

Eý, serwi-sähi goýma meniň synama dagy,
Bir gün ýetedir hemmämize döwür aýagy,
Istäp ýörisem kysmat ola ýoluň aýagy,
Çerkes bile gyrgyz, galmyk, gazagy,
Mosul bile Derbent, Gafuheşti, çyragy,
Kandahar-u Kermanşah, Gürgen-u Garabagy,
Şahlar ýygylyp, seýli-Yspyhana gelendir.

Çiltenler era baş boluban Babaýy-Dargan,
Maksadyna ýeter aman-esen menzile baran,
Käbe öýüdir iranlara neşaýy-gorgan,
Hind-u Hebeş, Çyn-Maçyn ile Samargan,
Ol şähri-Buharaýy, Mary, Akja, Şybyrgan,
Gezdim ýöriban şähri-Hyrat ýene-de Mugan,
Antguýy bilen Balhy-Badagşana gelendir.

Tutdum goluma, aldady ol dünýeýi-mekgar,
Gallaçlygyň damyna bolduk ki giriftar
Duşmanlarymga beýle tufa birle sezewar,
Gülgün öýünde bolsam aýdy-mahy-taban ýar,
Aslymny beýan etsem men synasy efgar,

Iller başydyr gaýy, baýat mygly agýar,
Owwalda senet külli Söýünhana gelendir.

Ol burçy-sagadat guralan döwleti bagtdyr,
Gurlan ne şäherdir, ne melekdir, nije tagtdyr,
Ýar bolsa ýeter her ne düzük, bolmasa sagtdyr,
Tebigym dolup teperreje, gör nije wagtdyr,
Her kim ki günä kylsa, sezewary dowzahdyr,
.......................................................................[1]
Kim munda kylyp, taňla puşeýmana gelendir.

Eý, kadyr züljelal, sen häkimi-welaýat,
Eý, Ahmedi-Muhtar, bize sen bolgyl hedaýat!
Ten şährine soltandy köňül, özgesi-raýat,
Kim galsa jepaga, pelekden kyldy şikaýat,
Arzuw kyladyr bu gözlerim hadysy-aýat,
Eý, Gaýyby, sen munça sözi kylma hekaýat,
Owwalda aman, ahyry imana gelendir.

[1] Setiri okap bolmady.

## MÜSTEZAT

Ýer terpenedir, jürmi-günä artamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Ýa ýerni tanapyny melek tartamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Her günde turup ýüz, oturyp müň ýola, ýyglaň,
gudratly hudadyr.
Ömür owwalmy, ahyrmy, ortamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Bu ata-ogul, ene-gyzda galmady şepagat,
bil ahret wagtydyr,
Ýok şermi-haýa, bihuda söz artamy, bilmen,
dergahyňa toba.

Süýthor, zynakäran merdudy-şahadatdyr,
löwwata köpeldi,
Ger ýörse, o ýer titremi ýa gorkamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Merdiwan göterip, gökde huruç etdimi Isa
teçjaly-lagynga,
Teçjaly-lagynyň eşegi ýortamy, bilmen,
dergahyňa toba.

Gerdun baradyr kuhlere şähri-azymdan,
Lutuň nebsinden,
Ýa Mäti goçy boluban kürtemi, bilmen,
dergahyňa toba.

Bitakat olup ýer göteren gäwi-kühen sal
bilmen ne hyýalda,
Taşlap ýükini, ýaňydan ýortamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Mömünlere pendimi ki bir aýdyp öter men,
elbetde, boluň ägäh,
Bersin sadaka, gelse bela gaýtamy, bilmen,
dergahyňa toba.
Tutgun ýakaňy şam-u säher, Gaýyby, ýygla,
ýok zerre gümany,
Dünýä bozular, agşammy ýa ertemi, bilmen,
dergahyňa toba.

## OTUZ IKI TOHUM KYSSASY

### (Munazare)

Ýaranlar, aýdaýyn men bir hekaýat,
Hekaýat magnysynda bu rowaýat.

Rowaýatda bitildi «Ekelnama»,
Barabar boldy hemme has-u aama.

Jepany Hazreti-Adam çekendir,
Otuz iki tohum baryn ekendir.

Sena aýdyp hemmesi çykdy ýerden,
Behiştiň dawasyny kyldy birden.

Tagalylla beripdir bize nygmat,
Behamdylla bilipdirmiz ganymat.

Şükür kyldyk ony şükürnasyga,
Bitildi her[1] beýit bir dänesige.

---

[1] TMGI, 1847-nji bukja, 2 sah.

Tamamy miweler şirin-u turşy,
Ýygylyp ýördiler jennete garşy.

Hemme «Bismylla!» diýip turdy ýerinden,
Gadam ileri basdy bir-birinden.

Jugary aýtdy: «Owwal özüm barar men,
Boýum uzyn, sakalym ak erer men.

Başymda selle-ýu sopynema men,
Hemmäňizden uly men, kethuda men.

Bilimi bäş ýerimden baglaýyp men,
Özüm jennete garşy çaglaýyp men.

Oşol[1] halatda Bugdaý diýdi: «Akmak,
Senem peýda bolup sen mugjyzy-hak.

Tapypdyr sen nejasatdan kemaly,
Uzyn bolsa, boýuň gördi şemaly.

Howanyň şitdiginden agarar sen,
Ne ýüz birle jennete barar sen?!

Owamy sopyga meňzär syýagyň,
Ýüzüň aşgara meňzär, ýokdur[2] ýagyň.

At-u eşek iýmez ajy palajyň,
Meniň ýanymda ýokdur hiç alajyň.

---

[1] Şol ýerde — 1847-nji bukja, 2 sah.
[2] Ýokdurar —1151-nji bukja, 115 sah.

Seniň bäsiň göreý, kanda barardy,
Ne ýerde urdular, ýüzüň garardy?

Emelsiz sopy sen, tokmaga gaýym,
Başyňy sal guýy, bolgul mylaýym!»

Jugary ol zaman şermende boldy,
Ki boýnun egdi, başyn ýere saldy.

Jugary aýtdy: «Nobat ötdi bizden,
Ýörüň, Bugdaý, eýa, teklip sizden!»

Oşol halatda Bugdaý baş göterdi,
Daşynda jümleýi-galla oturdy.

Bakyp, her haýsyga saldy salahy:
«Kaýsymyza ejazatdyr ilahy?»

Hemmesi mähuw olup didary-aşyk,
Behişti-alyýa gülzary aşyk.

Ýygylyp etdiler jennet dalaşy,
Bu dalaşda görüň kim Noýba, Mäşi.

Hemmesi aýtdylar Bugdaýa: «Sizden!
Ejazat bolsa, siziň yzyňyzdan[1]

Hemmämiz ileri pişwa bilipmiz,
Bu geňeşi özümize salypmyz»

[1] Yzyňyzdan ejazat bolsa bizden — 847-nji bukja, 3 sah.

Gopup Bugdaý, rowan boldy behişte,
Durup erdi oşol dem Arpa daşda.

Pesahat dili birle aýtdy Arpa:
«Eý, Bugdaý, kylmadyň hiç bize sarpa.

Owwalky maslahatda hup bakardyň,
Ki Adam iýdi, jennetden çykardyň?!

Niçik boldy, şerim gelmez ýüzüňe?
Tekepbir eýlediň munça özüňe.

Bir ursam, derdiňe tapman dowany,
Ki saldyň käýişe Adam, Howany.

Eden işler bu hiç ýadyňa gelmez,
Ki hyzmat etmeýin hiç kim ulalmaz»[1].

Ki Bugdaý diýdi: «Emri-Haktagala,
— Eý, Adam, iýme! — diýip kyldy töwella.

Niçik iş bolsa, ol ruzy-ezeldir,
Bu Bugdaý, Arpa, senden gözeldir.

Beýan etsem özüm owsapymy hem,
Eşitgil, Arpa, indi lapymy hem.

Egerçe ýag bilen bişsem mylaýym,
Tamam azadalar iýmäge gaýym.

[1] Ki aýtgan sözleriň manyga gelmez,
Ki hyzmat etmeen hiç bende — 1151-nji bukja, 116 sah.

Ki menden kesseler unaş, mahyja,
Ýyglyp zowk ederler bibi, hoja.

Ki menden etseler çelpeg-u gatmal[1],
Ki ýüzüme ursalar şirin ketmal.

Men her kim iýse, eýlär halawat,
Iýen alym kylar her gün talawat.

Maňa bäs etmegil, sen kim[2] bedel sen,
Syýasat eýlemegil, gury dil sen!»

Bu Arpa diýdi: «Eý, Bugdaý, eşitgil,
Turar[3] bolsaň meniň dadymga ýetgil.

Seni her kim iýip tapsa mazany,
Meni iýip, Mustapa etdi gazany.

Kuwwatym birle köp kapyry çapdy,
Sogaby-ahyreti şonda tapdy».

Diýdi Bugdaý: «Arpa, nedir horuşyň?
Şerigat aldyda bolsun uruşyň.

Meniň birle kylar sen bäsi-bazy,
Sözüň bolsa, ýöri teklibi-kazy.

Meniň aşym birle nanymy iýrler,
Seni at-u eşekni iými diýrler.»

---

[1] Gatmal — gatlama bolmagy mümkin.
[2] Arpa — 1847-nji bukja, 4 sah.
[3] Töre — şol ýerde.

Ki Arpa diýdi: «Bugdaý, lap urar sen,
Şerigat aldyna barsaň, durar sen,

Seni her kim iýse, güýjüňe garra,
Günä etse, jogaby zerre-zerre.

Meni iýen kişiniň nebsi öldi,
Ryýazat birle jennete goşuldy.

Ki menden oldy ol kutby-zamana,
Eý, Bugdaý, neçün gelmiýäň amana?!»

Bu sözde etdi Bugdaý ençe tä˙hyr,
Towazyg eýledi we diýdi: «Tagsyr!»

Bolup biçäreýi, Bugdaý dat kyldy,
Bakyp her ýanyna, perýat kyldy.

Eşidip Mäş, Noýba, Şaly, Gürmek,
Işi boldy talatopda ýügürmek.

Bolup her kaýsysy öz renji birle,
Ýetişdi hem Gonak ol Künji birle.

Dary turdy, gyzyl ýalyk başynda;
«Özüm serkerdedir men bu goşunda!

Eýa, Şaly, niçik boldy hadysa?»
Beýan etdi muny Gürmek hapysa.

Bu Bugdaý ýyglaban kyldy yşarat:
«Ýetişdi Arpadan bizge hykarat».

Goşulyp hemmesi tugyýan kyldy,
Bu Bugdaý bildi, bagryny gan kyldy.

Dary diýdi: «Eýa, Arpa, niçik kaş,
Bu Bugdaý bile kyldyň munça dalaş?

Bu bugdaý çeýneseler lezzeti bar,
Hemmämizden ulugdyr, yzzaty bar.

Munuň birle niçik kyldyň kaşy sen?
Haram ölen derileriň aşy sen».

Diýdi Arpa: «Özümi häk kyldym,
Şerigatda özümi päk kyldym.

Dary şermendedir sen, iki dilli,
Soýuk sen, sary sen, piçesi gylly».

Gonak tokmagyny alyp ýügürdi,
Bu Arpanyň başyna birni urdy.

Hemme ok-ýaý alyp, myltyklaryny,
Bu Arpa tiz edip gylçyklaryny,

Uruş meýdanyny berpaý kyldy,
Polatdan özüne serpaý kyldy.

Ki sanjyp her birin boýnun deşedir,
«Eýa, Şaly, bu niçik har-hyşadyr?!»[1]

---

[1] Ki sanjyp, her birin bagryn deşedir,
Diýdi Şaly: «Bu niçik har-hyşadyr?» — 1151-nji bukja, 119 sah.

Ikisin aralap, kyldy töwella,
Ýygyldy kazy, hoja, barça molla.

Diýdi Şaly: «Gonak hyş-u tebarym,
We leýkin ýag bilen süýtdür mydarym.

Bular bolmasa, Arpa bizden öwla,
Şerigatda eziz etdi tagalla».

Okadylar açyp niçe mesaýyl,
Hemmesi boldular Arpaga kaýyl.

Bu sözde Arpa diýdi: «Şah boldum,
Hemmäňizden[1] özüm ussat boldum.

Goýuň indi bäs-u majerany,
Töre ediňler meni—sahypkyrany».

Bu sözde hemmesiniň gahry geldi,
Turup Noýba özün ileri saldy:

«Ki, Arpa, bäs edip, bizar eder sen,
Özüňe lap urup, menden öter sen.

Menem bu miweler ýegirägidir men,
Ysmaýyl goçunyň böwregidir men.

Meniň hyş-u tebarymdyr Gonak, Mäş,
Weli Jugary-ýu Bugdaýga garyndaş.

---

[1] Hemmäňizge — 847-nji bukja, 6 sah.

Bu Mäşden etseler mäşi-bürünji,
Ýüzüme keşde bolsun ýagy-künji

Tamamy medrese mollasy iýrler,
Okyp, molla bolup, pitwa biýrler.

Gonak birle Bürünji bir ederler,
Eger ýag bolmasa, hemşir ederler.

Söýüp iýmek hudaýymyň ryzasy,
Bu Merýem aşy diýrler, köp mazasy».

Gonak birle Bürünç hemşire boldy,
Bu sözde Künji andag hyra boldy.

Diýdi kim: «Abraýyň men erer men,
Ne çakly çeýneseň, lezzet berer men.

Eger ýag bolmasa, barysy haýran,
Meniň birlen ederler göşti biryan.

Seniň terbiýetiň otdan alawdyr,
Meniň birle seniň adyň palawdyr!»

Diýdi Künji: «Baryň abraýydyr men,
Öli birle diriniň toýudyr men.

Dirige toý, ölige aş ederler,
Meniň birle maksadyna ýeterler».

Gonak birle Bürünç andag uýaldy,
Bu Künji özüni ileri saldy.

Bu sözde Künji boldy şad-u horram
Bular içre özün tutdy mukerram.

Biline baglady sagdagyny hem,
Ki lap urdy, saçyp ol ýagyny hem.

«Bahadur men!» diýiban meýdana girdi,
Oşol pursatda Goza sana girdi:

«Ryýa üçin ederler toýy, aşy,
Meniň birle goýuň bäsi, dalaşy.

Ryýa birle palawy munda iýrler,
Meni ol ahyret abraýy diýrler.

Bu tohmum bergi injirden bolupdyr,
Bu owsapym jahan içre dolupdyr.

Hemme menden geer serpaýy-reňgin,
Özüm misgin bolup men beýle tesgin[1].

Behiştden Hazreti-Adam çykardy,
Muşakgatdan meniň reňgim agardy.

Otuz iki tohumyň şahydyr men,
Ölende adamyň hemrahydyr men.

Öli birle barar men birge ýoldaş,
Galar siz hemme, etmäň majera, kaş.

---

[1] Seňgin — 1151-nji bukja, 122 sah.

Karaman-kätibeýn iki melek bar,
Hemmäniň köňlünde jennet dileg bar».

Bu Bugdaý, Mäş, Noýba, Arpa Şaly,
Eşidip boldy haýran bu sowaly.

Hemmesi diýdiler: «Goza sözi hak,
Hemmämizi ýaradypdyr özi Hak».

Hemmesi bildiler Gozany öwla,
«Ulug sen!» diýip, hemme etdi töwella:

Doga eýläp, hemme zary kylarmyz,
Hemmämiz waspy-didary kylarmyz».

Bu sözi muhteser kyldy tamamy,
Bu Goza pişwa boldy ymamy.

Otuz iki tohumyň ýok hasaby,
Muňa ança ýazar bolsa kitaby.

Diýdi kim, Gaýyby, söz muhteserdir,
Ki mundan artygy hem derdeserdir[1].

[1] TMGI 1151-nji bukja, 114-123 sah; 1847-nji bukja, 1-9 sah; 77-nji bukja, 2-7 sah (daşbasma); 256-nji bukja, 2-7 sah (bu hem daşbasma).

## NESIHATNAMA

Häkim iseň, adyl bile kyl magaş,
Kylma sütem birle kişiden taraş.

Hiç kişi malyna nazar salmagyl,
Bir-de zemin zulum bile almagyl.

Her ne dileg bolsa, Hudadan dile,
Mömün iseň, goý dünýäýi-mübtela.

Ger dileseň sydk ile bu tagaty,
Uýma howa ardyna bu sagaty.

Dünýäde eger isteseň, sudy kyl,
Öz hakyňa minneti, bähbidi kyl.

Alym iseň, ylmyňa kylgyl amal,
Ýagşy imiş akyla dol, emel kyl.

Hak üçin otur, Hak üçin kyl sapar,
Hak bil hümmet, duşman dynyňa zafar.

Müfti iseň, dünýäde gaýyr sowap,
Diýme «Ne suratda ki bolsa jogap».

Ger dileseň şuglaýy mazany kanuk,
Ylym ylymdan getir iki tanuk.

Ger tanuknyň bolmasa, dawany goý,
Depderi-hekamydan adyňy goý.

Ger il arasynda iseň mukteda,
Sünneti pygambere kyl yktyda.

Çykma şerigat ýolundan bir gadam,
Kim bu erer rehberi-mülki-galam?

Her kişiniň mezhebine girmegil,
Bedgat işiň mutlagna el bermegil.

Piri şerigatda nebi dek gerek,
Peýdasyz dilinde däli dek gerek.

Sap gerek çüşe kimin meşrebi,
Päk gerek aýna dek mezhebi.

Sen kylyjy ägähdar oňa wepa,
Seni kamug älemde sydky-sapa.

Nebis üçin urma nepes bir demi,
Her dem açylar oňa bir älemi.

Köňli onuň mutlak enwary-Hak,
Ser-sera perdeýi enwary-Hak.

Sopy imes ol ki sözi lapydyr,
Sopy oşoldyr ki içi sapydyr.

Din ýolunda urmaýyn ol gadam,
Piş gadamyn, eden işini nedem?

Her sözi sözledi aryfan biliň,
Sözlerini peýda, dili-jan biliň.

Bendeýi-aasy kinegär erer,
Şöňli zähmetden ki efgär erer.

Pazly-Hudadan dileýir merhemi,
Ahydan istär özüne hemdemi.

Kim ki doga birle kylsa ony ýat,
Bolsun onuň hatyry dünýäde şat...

............................................[1]
Asyl mekany ýeri Jürjanydyr.

Şeýledi takdyry ezeli başda,
Boldy ki asudaýy gara başda.

Gaýyby istär ki kyýamat güni,
Görgeý onuň gutly ýüzi görküni.

Hümmetinden asy-u jafylary,
Gutara bu nepesi ezafylary.

Haýyr munadysy bile ýat edip,
Elbet bizi özi bile şat edip[1].

[1] Golýazmada birnäçe sahypa ýyrtylypdyr. Şonuň üçin bu setir hem ýok.

## SÖZLÜK

### A

Abdal — derwüş, galandar
Aby-rowan — akar suw
Adawet — duşmançylyk, ýagylyk, içigaralyk, ýigrenç
Adem — ýok bolmak, ýokluk
Afak — ufuk — gözýetim, gorizont, dünýä, ýurt
Afiýet — saglyk, salamatlyk
Agaz — öň, baş, başlangyç
Agda — duşman, garşy
Agmal — işler, amallar
Aguş — gujak, goltuk
Ahbap (Habyp diýen sözden) — dost, ýar, ýakyn ýoldaş, gözel, söýgüli; Muhammet pygamberiň lakamy
Ahger — uçgyn, ýalyn
Ahgeri-beýza — ot, köz, ýanyp duran kömür
Ahsap — iň owadan, iň gözel, iň gowy, iň oňat, iň görmegeý
Ahen — demir
Ajap — geň, taň
Akybet — ahyr, soň

[1] TMGI, 3261-nji bukja, 299-302 sah. Gaýybynyň bu «Nesihatnama» eseri doly görnüşde bize gelip ýetmändir. Belki geljekde doly görnüşdäki nusgasy tapylar.

Ala — beýik, şehi-ala — beýik şa
Alala — galmagal, gowga, gykylyk
Alkaba — lakam, titul
Allama — beýik ussat, iň uly alym
Alud —garylan
Enaýat — rehim, kömek, goldaw, ýagşylyk
Anasyr — dört element
Ankar — ysly gül ady, duşisa, maýoran
Ap-ab — suw
Apytap — Gün, ýagtylyk
Arzy-sema — ýer-gök
Aryz — ýüz, keşp
Aryz — ýaňak, ýüz
Aryp — bilimli, ylymly, dana, sopy
Asar — ser. Eser
Asar — eser — yz, nyşan, alamat, waka
Astan — ýeň
Asy — günäkär, etmişli
Aşusta — perişan, derbi-dagyn, däli, telbe, diwana, aşyk
Ata — sowgat, serpaý, peşgeş, bagyşlamak
Atap — käýinç, teene
Aýn — göz, çeşme, gözbaş
Aýnyl-ýakyn — bir zadyň aňyrsyna anyk ýetmek, doly göz ýetirip bilmeklik
Aýýar — mekir, hilegär, aldawçy, galp, ýol urýan, sergezdan
Azymat — ugramaklyk, ýola düşmeklik, gitmeklik
Azymat eýlemek — ugramak, ýola düşmek

**B**

Bagz — bölek
Baka — hemişelik, mydamalyk, kyýamat, ahyret

Batyn — iç, içki, ruh, jan, göwün; batyn gözi - göwnüň gözi
Baes — sebäp, mümkinçilik
Bedel — özgerme, üýtgeme, çalyşmak
Bedr — dolan aý
Beýtil-ahzan — gam-gussa öýi; Dini rowaýatlara görä, Ýakup pygamberiň öz ogly Ýusubyň gam-gussasy zerarly ýekelikde ýaşan öýi
Bezagat — baýlyk, mal, haryt
Bendil — ýüp, tanap; gäminiň labyry, daňylýan tanap
Berg — ýaprak
Besir — ýiti, görgür, akylly, bilýän
Besarat — görmek
Bertarap — ýok bolmak
Berhurdar — peýdalanan, haýyrlanan
Besmel — sadaka getirmek, gurban etmek
Bet — ördek
Beh — gowy
Biadat — sansyz, hetsiz, tükeniksiz, hasapsyz
Bidir — oýa, habarly, ägä
Bidat — adalatsyzlyk, zulum, sütem
Binowa — garyp, biçäre, ýardamsyz
Bihanyman — öýsüz, öýsüz-öwzarsyz
Bihud — bihuş, özünden gitmek

## Ç

Çaker — hyzmatkär
Çalak — çalt, tiz; çalaky-çust — çalasyn, çus, çakgan
Çalaklyk — çakgan, çalt, tiz
Çarh — tigir; gök, asman; Çarhy-gerdan — asman, dünýä, pelek; Çarhy-pelek — döwrüň öwrülişi
Çe — näme?

Çerbi-şerip — süýji dil, süýji söz
Çerik — goşun, esger
Çeşmeýi-haýwan — dirilik çeşmesi
Çin — zülp
Çihre — ýüz, ýaňak, keşbi
Çäläk — çalt, tiz, mest

## D

Dahy — ýene, ýene-de.
Dakaýyk — ownuk, örän maýda
Daman — etek
Daryg — haýyp, wah, arman,
Daryg eýlemek — aýamak, gaýgyrmak
Dafga — ýeke, gezek
Dafyg — dep ediji
Dewwar — aýlanýan, öwrülýän
Deýri-mugan — otparazlaryň meýhanasy, sopularyň meýlisi
Demadem — üznüksiz, arakesmesiz
Delili-agla —beýik, beýik mugallym, ýolbaşçy
Demsaz — hemdem, ýoldaş, arkadaş, ülpet
Deraz — uzyn, uly
Derdi-pyrak — aýralyk derdi
Derem — pul, teňňe, kümüş pul
Derhem — perişan, bulaşyk, bulam-bujar
Dehl — peýda, nep
Dehr — döwür, asyr
Dil — ýürek, kalb
Dilruba — ýüregi özüne çekiji, owadan, gözel, söýgüli
Doşnam — gahar, käýinç

## E

Ebwap — gapylar, işikler, baplar
Ebed — hemişe, mydama, ebedi
Ebir — bulut
Ebter — biçäre, hor, bagtsyz, ulanmakdan galan
Efgär — ýaraly, biçäre, gaýgyly
Efgan — aglama, pygan etme, eňreme
Efzaýy — köpelýän, ulalýan
Eflag — pelek, asman, gök
Eflas — batmak, ýok bolmak
Efsana — erteki, kyssa, rowaýat
Efsus — haýp, ah, örän haýp
Efşan — saçýan, sepýän, ys berýän
Eda kylmak — heläk kylmak; haýran galdyrmak
Edrak-(idrak) — aň, düşünje
Egdi — kanuny
Eglan — yglan etme
Egteda — adalatsyz, gysylan
Egtemat—ynam, ynanç
Ehram — Mekgä baran zyýaratçylaryň geýýän eşigi
Ehtemam — jan etmek, çalyşmak, alada etmek
Ehteraz — saklanmak
Ehtesap — hasabat, sanaw, hasap-hesip
Ehtiýaç — zerurlyk, hökmanlyk, talap
Ehbaplar — dostlar
Ejtehad — çalyşmak, jan çekmek
Eks — surat, keşp
Ekser — köpräk, artygrak, iň köp, iň kän
Elhan-(lahn) — owaz, äheň, heň, mukam
Eltap — ser. Lutp
Eltefat — ýagşylyk, ezizlik, mähribanlyk

Elim — azaply, güzaply, keselli, agyry
Elkap — lakamlar
Elham — ruhlandyrma, janlandyrma; elham etmek — ruhlandyrmak, janlandyrmak
Eltap-lutp — mylaýymlyk, rehimlilik, ýagşylyk, mähribanlyk, göwündeşlik
El-Eshaby — sahabalar, ýaranlar
Ema — körlük, gözsüzlik
Emkan — mümkinçilik
Enaýat — rehim, goldaw, kömek, ýagşylyk
Enwar — ýagtylyk, yşk, ýalkym, şöhle
Engerip — tiz, çalt, tiz wagtdan
Enduh — gussa, gaýgy, gam, hasrat
Endaza — ölçeg, çak, çen
Enfaslyk — dem, nepes
Entegam — ar, töleg
Erz — ýer, toprak
Estabrag — matanyň bir görnüşi
Esbat — agtyk, nebereler, kowumlar
Eser — nyşan, alamat, yz
Esra — ýesir; esire almak — ýesir almak, ýesir etmek
Esrap — tygşytsyz, dargatmak, akan-dökän etmek, artyk harçlamak
Esremek — serhoş bolmak, pýan bolmak
Esru — köp, kän, örän
Eşýa — zatlar
Etwar — tärler, hiller, görnüşler, usullar
Ez — -dan, -den goşulma
Ezafe — artdyrma, goşmaça

## Ä

Äl — nesil, çagalar, nebere
Ähli-ýakyn — dindar

## F

Fam — reňk
Fahru — buýsanç, guwanç
Fellah — gutulmak, dynmak, halas bolmak
Ferah — şat, şatlyk
Ferg — şaha, bölek, bölüm, esasy däl; Ferg etmek (eýlemek) — bölmek, ýykmak
Ferruh — bagtly; ýaramly, dabaraly, şowhunly, owadan, yşnakly
Fert — ýeke, ýalňyz, täk
Fetrak — ýük daňmak üçin eýere baglanan gaýyş
Fethi-nusrat — ýeňşe ýardam, ýeňşe hemaýat, üstünlige kömek
Fi-l-misl — misli, ýaly, kimin, dek
Fukan — ýokarky

## G

Gadar — güýç, kuwwat;
Gaýet — soň, ahyr, çäk, serhet, soňlanan ýeri, gaýet-ezel — iň gadym, iň irki
Gaýyp — göze görünmezlik, ýaşryn, gizlin, syr bilmeklik, görünmeýän zatlary bilýän ylym
Gamnäk — gamly, gaýgyly, gussaly, tukat
Gany — baý, döwletli, mally-mülkli, gurply
Gar — gowak
Garat — talaň, talamak

Garra bolmak — buýsanmak, begenmek, guwanmak
Gebr — otparaz
Geýd — çäklendirme, päsgelçilik; geýd etmek — özüňe goşmak
Geýret — gabanjaňlyk, ahmyrlylyk
Gombol —miwe, zat
Gomeri — bokurdak, bogaz
Gökjek — gözel, owadan
Gudaz — eremek
Gulla — dagyň iň beýik gerşi; beýik bina, beýik jaý
Gulu — hetdenaşalyk, ulaltma
Gusran — bagyşlaýjy, merhemetli
Gurur — men-menlik, ulumsylyk; tekepbirlik, hekgermek, gomparmak
Guş — bürgüt, aw guşy
Guýa (göýä) — gepleýän, gürleýän, sözleýän, aýdýan
Gürbet — ýat il, sergezdançylyk
Gyrbala—gözenek, göz-göz, deşik-deşik

## H

Habyp — dost, söýgüli
Habybylla — hudaýyň dosty, Muhammet pygamberiň lakamy
Hajatment — mätäç, mätäçlik, dilegçi
Haý — diri; Haýýyl-ebed — ebedi diri, Allatagala
Haýýyl-gadym (haýýul-gadym) — gadymdan diri, Hudaý, Allatagala
Haýly-arap — arap taýpasy
Haýma — çadyr
Hazyn — gamgyn, gussaly, tukat
Halat — hal, ýagdaý
Halawat — süýjülik, lezzetli, ýakymly

Hal — çydamly, rahatly, ynamly
Halysan lillah — çyn ýürekden Hudaý üçin
Ham I — çiglik, kämil däl
Ham II — bükülen, egilen, ýaý bolan
Hamra — gyzyl
Handan — güler ýüzli, gülüp duran, gülýän
Hap — uky
Hararat — yssylyk, gyzgynlyk
Hary-has — tiken we saman
Has I — mahsus, intelligensiýa, ýokary gatlak
Has II — çöp-çör
Hasat — görüplik, içigaralyk, görübilmezlik, gözi gidenlilik
Hassa — has, hususy, saýlantgy, aýratyn
Hasym — duşman
Hatdy-zülpi — setir, örüm
Hatyf — jarçy, buşlukçy; Dini düşünjä görä, asmandan gelýän ses, sesi eşidilip, özi görünmeýän
Haşak — hapa-hupa, hapyr-hupur, süplük
Haşm — gahar, gazap
Haçjy-ekber — Mekgä zyýarat etme
Hejap — örtgi, perde, salykatly, utançly
Hejel — utanma, özüni ýitirme
Heýl — goşun, nöker
Heýý — janly, ýaşaýan
Heýrat — haýyr, sadaka
Helaf — ýalan, nädogry, günä, düzgüni bozan
Hemaýyl — sarylmasyn, bent bolmasa, daňylmasyn
Hemta — taý, taýdaş, meňzeş, deň
Hekim — örän akylly we paýhasly adam, alym, lukman, filosof
Hemraz — syrdaş, ýoldaş, pikirdeş, ülpet
Hemçenin — şeýle, şonuň ýaly
Helef — şägirt, mirasdüşer, nebere, zürýat

Hep — bütin, ähli, hemme
Herasan — gorkýan, çekinýän, howatyrlanýan
Hered — akyl, pähim-paýhas, intellekt
Heri — bäsdeş, basdaş, garşydaş
Hers — açgözlük, suwsamak, doýmaz-dolmazlyk
Hesar — haýat, galanyň haýaty
Hes — duýgy, höwes
Heşem — süri
Heşmet — beýiklik
Hişmet — haýbat, dabara, beýiklik
Hudawend — Hudaý, Allatagala
Hudraýy — öz erkli, keçjal, kesir, öz diýenli
Hukgaýy — deşik, hokga
Hulk — gylyk, gylyk-häsiýet
Hunaba — ganyň suwy
Hup — gowy, oňat
Hurdadanlyk — inçeden saýgarmak, ýiti zehinlilik
Huruş — gykylyk, galmagal, ses, owaz
Hursant — şat, hoşal, şady-horram, guwanç
Husumat — duşmançylyk
Husn — görk, owadanlyk, gözellik
Hutap — sözlemek, çykyş
Hüdä — hakyky ynanç, ýol, ýörelge, ugur, hakykat ýoly
Hümmet — gujur, gaýrat, güýç, mertlik
Hylgat — halat, serpaý
Hysal-(hyslat) — gylyk, häsiýet, endik
Hyşmat — haýbat, dabara, beýiklik; Hyşmaty-jah — haýbatly mertebe, haýbatly dereje

## I

Ibni-sebil — usulyň, ýoluň ogly

Iltija — pena, gaçyp atalga, goralýan ýer, bukalga
Iltimas — haýyş, ýalbarma, towakga
Iltipat — ýagşylyk, merhemet, goldaw, üns, hoşamanlyk; göz gytagy bilen seretmek
Imkan — mümkin, mümkinçilik
Imla — dürs ýazuw, doldurmak
Inkyýat — daňylan, örklenen, bent edilen
Intiha — soň, ahyr, ahyry, yzy
Infygal — tolgunma, galawut, utanma
Irsal — gönderme, ýollama, iberme
Irşat — dogry ýola salmak, ýolbaşçylyk etmek
Iştiýak — meýil, isleg, arzuw, şowk, höwes
Itagat — boýun bolma, gulak asma, boýun sunma
Ittipak — birleşik, bilelik; waka, hadysa

## J

Jabe-ja — ýerbe-er, öz ýerinde
Jagfyry — altynjy ymam
Jabyr — zalym, sütem ediji, jebir ediji
Jale — çyg, çyg damjasy, doly, çabga, göz ýaş
Jama — eşik
Jarun eýlemek — sübselemek, süpürmek, syrmak
Jarunçy — sübsekeş, sübsegär
Jehim — jähennem, dowzah
Jela — watandan aýra düşmek
Jelal — dabara, şan-şöhrat, beýiklik
Jennetun-nagym — döwranly, sapaly, gaýgy-gamsyz jennet
Jenneti-Adn — hemişelik ýaşalýan behişt
Jenneti-ryzwan — jennet baglarynyň perişde sakçysy
Jeralyk — derwüşlik
Jerrah — hirurg, ýara bejerýän lukman

Jeri - batyr, dogumly
Jesman — beden, göwre
Jezebe — sopularyň hudaýa çokunanlarynda özüni bilmezlik ýagdaýyndaky samramalary, hyjuw, meýil, höwes, ekstaz
Jähl — nadanlyk, okamaklyk
Jäht etmek — jan etmek, yhlas etmek.
Jisman — beden, ten, göwre barlyk
Jöw — gyzylyň kiçi ölçeg birligi
Jug — baýguş
Jugda — baýguş
Jurga — owurt

## K

Kabyl — mynasyp, ýaramly, laýyk
Kadyry-kaýýum - baky güýçli, üýtgewsiz güýçli, baky gudrat
Kaýd — bent,
Kal — söz, gürrüň, gep
Kamar-uş-şems — Aý we Gün
Kam - isleg, maksat
Kamug — hemme, ähli, bütin
Kasr — kelte, gysga
Kat — boý, syrat
Katg — kesmek, üzmek; katg etmek — üzmek, kesmek
Katl — öldürmeklik, ölüm
Kasry-çah — guýy, köşk
Kah — saman
Kehruba — ýantar, sary reňk
Kelek — mekir, aldaw, galmagal, jadyly
Kelime — söz
Kelimulla — Musa pygamberiň lakamy
Kellaş — ýalan, kezzap, ogry-jümri

Kerdar — etmiş, iş
Keret — sapar, gezek, gaýtalama
Keswet — geýim, eşik
Kesriýet — başarnyk, kömek haýyr, hemaýat
Keşf — açylyş, açylmak, açyş
Käm — arzuw, meýil, isleg, maksat
Käh — saman, reňki-käh - saman reňk
Käşifi — açmak
Kibriýa — beýik, uly, Hudaý
Kuddus — iň eziz, iň mukaddes, iň mübärek (hudaýa berilýän sypat)
Kumaç — lybas, eşik, mata
Kutb — polýus, çür depe, iň ruhy kämil ynsan
Kutdal — öldüriji, jan alyjy
Kuty-la ýemut — ölmezlik üçin nahar, ölmez ödi birzat
Kuhken — dag gazyjy, Perhat manysy hem bar
Küntukenzen mahfilen — men gizlin hazynadym
Küfr — kapyr, dinsiz
Kuýun — tüweleý
Küşat — açyk

**L**

Labyz — söz, aňlatma
Lagl — gyzyl reňkli gymmat bahaly daş; rubin, ýahont
Lagyn — näletlenen, şeýtan
Lajerem — gürrüňsiz, bialaç, çäresiz
Lafeta — ýaş däl, sahy däl, açyk göwün däl, päk däl
Lafyp — dolanan, çolanan
Lahza — pursat, az salym
Lahut — dini düşünje boýunça ol dünýä
Laýagkal — akylsyz, tentek

Lega - ýüz, jemal
Leýl — gije, agşam
Leka — ýüz
Lemge — ýalkym, ýalpyldy, ýagtylyk, şöhle, yşk
Len terany — Gurhanyň ýedinji süresiniň 139-njy aýaty «Meni hiç wagt görmersiň»
Lepbeýik _ hawa, men taýýar, men häzir, buýruga taýyn
Letafet — inçelik, ussatlyk, mylaýymlyk, süýjülik ,näziklik, owadanlyk
Lämüntehä — soňsuz, uç-gyraksyz
Lowh — depder
Lutp — mähribanlyk, ýagşylyk, rehimlilik, lutp kylmak - ýagşylyk etmek
Lü˙-lü˙ — merjen

**M**

Magany — manylar
Magbut — ybadat edilýän, Alla, pir
Maglul — yllatly, sebäpli
Magrur olmak — men-menlik etmek, tekepbirlik etmek, buýsanmak
Magfret — ýalkama, günä ötme, bagşylama
Makam — ýaşalýan ýer, duralga, menzil
Makbul — kabul edilen, unalan, eziz görülen
Mala kemal — ol hakda gürrüň ýokdur
Manend — meňzeş, ýaly, kimin
Manzar — görnüş, şekil, bakyş, garaýyş, nazar
Manyg — böwet, päsgel, manyg etmek — beklemek, böwet-lemek
Masewa — hudaýdan başga zatlar, özge zatlar
Mahmud — öwülen, taryplanan, şöhratlanan

Magmur — abadan, abat
Mahsum (mahtym) — möhürlenen, möhür basylan, gutaran, tamam bolan
Mahuw — ýok etme, aradan aýyrma, ýatyrma, zaýalama, harap bolmak
Mahuw etmek — ýok etmek
Mahyr _ ökde, ussat
Mahy — taban, ýagtylanan aý, şöhle saçýan aý; owadan gözel
Melak — çukur, oý, peslik, käl, gabyr
Medhi — öwgi, taryp
Medhuş —huşsuz, aklyny ýitiren, duýgudan mahrum
Mejaz — hakyky däl, hakykatyň tersi, göçme manyda
Mejhul — näbelli
Melaýyk — melekler; melek-perişde
Melal — gamgy, gam, gussa, ahy zar
Melahat — ýakymlylyk, ýaramlylyk, owadanlyk
Melek — perişde
Mellah — darga, gämiçi
Mensur—kada, kanun, dessur
Merged — gubur, adam jaýlanýan ýer
Mergup — söýgüli, islegli
Merdut — kowlan, näletlenen, günälenen
Merdum — göreç, bäbenek, gözüň garasy, adamlar
Merewweg — arassalanan, durlanan
Merheba — berekella
Merhem (melhem) — derman, däri
Meriz — kesel
Mesa - gije, agşam
Mesgenet — gedaýlyk, garyplyk
Mesih — Isa pygamber
Mesnuga — önüm, hasyl, netije

Mefgul — iş arkaly ýerine ýetirilen, gymyldy hereketi kabul edýän
Mehfuz — saklanýan, goralýan
Mejaz — hakyky däl
Mehel — ýer, ýaşalýan ýer
Meşhud — takyk, anyk
Mäjun — garylan, gatylan, garyşyk derman
Mä˙wa — mesgen, mekan, öý-öwzar, jaý
Mähw — ýok, ýok etme, ýok bolma
Mähneti-enduk — gam-gussa azaby, hasrat azaby, hasrat külpeti.
Miady — möhleti anyk, wagty takyk
Mowsul — birleşen
Mogeýed — bagly, daňylan, örklenen
Mogilan — akasiýa
Mozareg — ekilen ýer, sürülen ýer, ýer eýesi, ekerançy, ýer sürýän diýen manyda
Monezzeh — günäkär däl, arassa, tämiz
Mortefeg — aýrylan, ýok edilen, beýik gymmat baha
Mostegreg — dartylan çekilen
Mosteneg — diňleýji, diňleýän
Moheb — söýýän, dost
Moheggeg — hakykaty gözleýji, hakykaty yzarlaýjy
Möwjut — ýaradylan, döredilen
Muazzam — beýik, uly
Mubah — rugsat edilen iş. Yslamda ýerine ýetirilmegi hökman bolmadyk iş. Ýerine ýetirseň-de, ýerine ýetirmeseň-de bolýan iş
Mug — otparaz
Muganny — aýdymçy, aýdym aýdýan
Mugattar — ysly atyr, ysyny berýän, hoş ysly
Mugtaber — ygtyýarly, ynamly

Mugtat — endik eden, öwrenen
Muddagy — dawaçy, şerçi, nähak bir zady talap edýän
Mujde — hoş habar, şatlykly habar
Mukaddes — keramatly, dini ruhany
Muzeýýin — bezelen, zynatlanan
Muý — saç, zülp, gyl
Mukkadam — ýolbaşçy
Mukaýýyd — baglanan, daňylan
Mungym-ähli — haýyr ediji, eli açyk, sahy, baý
Munkat — boýun egdirilen, boýun bolan, gulak asýan
Muntazyr — garaşýan, umyt edýän, göz dikýän
Muntaha — soň, ahyr, uç, bir zadyň gutarýan ýeri
Munfagyl — tukat, gaýgyly gamly, utanan, göwni galan
Musawwar — çekilen, şekillendirilen, suratlandyrylan
Musahhar — eýeleme, boýun egdirme, basyp alma, gurşamak
Musebba — ýedi. Musebba enfasy — ýedi nepes, ýedi göli
Mustagan - kömek soralýan, hudaý
Mustagrak — çümen, gark bolan, bir zada çuň pikir beren, meşgul bolan
Mustahak — mynasyp, ylaýyk
Mushab - kitap, dini kitap, Gurhan
Mutarra — ter, täze, arassa, tämiz
Musahhar — arassalanan, tämizlenen, päkize, päk, mübärek
Mutdoga — talap, isleg, myrat, dileg, talap edýän
Muttalyg — habardar, ägä
Mutehher — tämiz, arassa, keramatly
Mutyg — tabyn, boýun egen
Mufessir — beýan ediji, düşündiriji. Gurhana düşündiriş ýazýan alym
Muhaýýa — taýýar, taýyn bolan
Muhammar — hamyrmaýa, esas, düýp
Muhub — söýgüli, dilber, dost

Muhaýýa eýlemek — taýýarlamak, taýyn etmek
Muhup — dost, söýgi
Mübtela — bir zada duşmak, agyr ýagdaýa duşmak, bir zada ulaşmak, güýmenmek
Müjgän — kirpik
Müznegin — günäkärler, ýazyklylar
Mürätip — tertipli, düzgünli
Mürşid — ýolbaşçy
Müstejap — kabul, jogap, müstejap eýläp - kabul eýläp
Munkatyg — kesilen
Müsselem — şübhesiz jedelsiz, jany-teni bilen berilenlik
Müstedam — hemişe, mydam, baky
Müstejap — kabul bolan, talaby kabul edilen
Müşerrep — baryp görme, hormatlama, hormatly, abraýly
Mygmar — ymaratçy, arhitektor
Myhmaz — ädigiň aşagyna dakylýan demirjik
Myýadyn — meýdanlar

**N**

Nabinalyk — körlük, gözsüzlik
Nawek — ok, peýkam
Nagyl — nal, aýagyň aşagy, köwüş, gadam, tiz
Nazzara — tomaşa, synlama
Nazyl — inmek, aşak düşmek, gelmek
Nazyr — seredýän, synlaýan, garaýan, gözleýän, äňedýän
Naýyp — orunbasar, ýaran, kömekçi, ýoldaş
Nap — arassa, tämiz, sap, gatançsyz
Napyg — peýda, haşyr, bähbit
Nar — ot
Nafe — müşk, atyr ; nap-göbek
Nafha — ýelgin, öwüsgin

Nahan — gizlin
Naşat — gaýgyly, gamly, gussaly
Nebi — pygamber
Nebuwwet — pygamberlik
Negare — nagara, deprek
Nejat — halas
Neýsan — ýaz ýagyşy
Nejip — asylly, päk, asylzada; haýaly, arly, namysly
Nezg — aýrylmak, jan bermek
Nemaýa — äşgär, aýan, görnüp duran
Nemnäk — çygly, nemli, zemli
Neň — utanç, namys
Nerkesi-ehla — gök narsiss
Nesar — kölege
Nefhe — üfleme, çalma, ýel öwüsme
Nerkesi-bimar — gam-gussaly, göz manysynda
Neşwi-nema — ösüş, köpelmek, önüp-ösmek
Nägah (näge) — büden
Näwük — ok
Nik — gowy, oňat, ýagşy
Nisar — gurban, pida
Nisbet — degişlilik, degişli, dahylly
Niş — iňňe, çakgyç
Nowgan — şady-horram, ýaýnamak, şatlyk
Nowg — görnüş, usul
Nowgan—pile, ýüpek gurçugy
Nowha — agy
Nuzul — düşme, menzil
Nukta — nokat
Nusrat — ýeňiş, ýardam, kömek, üstünlik
Nygmal-wekil — eziz wekil, wekilleriň iň gowusy, Hudaý, Alla

Nyfak — bölünişik, iki ýüzlik, agzalalyk

## O

Ogan — Hudaý
Oruj — galmak, asmana galmak
Oud — gaýdyp gelmek, derdiň gaýtalanmasy
Owrad — namaz, doga, dileg, ybadat
Owreň — şalaryň tagty

## P

Pazyl — mähir, sahylyk, merhemet, bilim, ylym, artykmaçlyk, ukyp
Paýend — bent, bagly
Pajyr — azan, azgyn, ýoldan çykan
Paýyz — merhemet, baýlyk, sahylyk, bolluk, nep, ylym, üstünlik
Paragat — asudalyk, rahatlyk, dynçlyk, parahat
Parsa — sopy, pir, ybadat bilen meşgullanýan adam
Paryg — azat, boş
Pas — saklamaklyk, goramaklyk
Peýki-hezret — Muhammet pygamber
Peýmana — käse, pyýala, dolmak, ölçeg
Pen — hünär, ylym, iş
Pettan — pitne turuzmak, göwni özüne çekiji, örän ýakymly gözel
Perawan — köp, kän, zyýat, artyk, bol
Peramuş — unutma, ýatdan çykarma. Peramuş etmek — ýatdan çykarmak
Perah — giň
Perwa — alada, meýil. Perwa etmek — aladalanmak

Perest — çokunmak, gulluk etmek, hyzmat etmek, güýçli söýmek
Pereh — şatlyk, wagtyhoşluk, begenç
Pertow — ýalkym, nur, şöhle, yşk, ýagtylyk
Puzun — köp, zyýat, artyk
Pygyl — päl, niýet, iş, etmiş
Pynhan — gizlin, ýaşryn, ogryn
Pyrak — aýralyk

## R

Ragna — owadan, näzik, syratly
Razyky-razzak — rysgal beriji, ekleýji, Hudaý, Allatagala
Raks — tans
Rah — şerap, çakyr
Rah — ýol
Raha — boş, azat, raha bolmak — boşamak, azat bolmak
Rahzen — talaňçy, garakçy
Rebbena — eý, hudaý; Hudaýymyz, Allamyz
Reg — damar
Regip — bäsdeş, konkurent
Reja — umyt, dileg, ýalbarma, haýyş
Rez — üzüm agajy
Reza — ryza, razy. Ähli-reza — kanagatlylar, derwüşler
Rekap — üzeňňi
Remz — bellik, nyşan, yşarat, üm, sor, tilsim
Renjur — hor, ejiz, nähoş. Renjur olmak — hor bolmak
Refg — galmak, aýak üstüne turmak
Refyg — galdyrmak, aşyrmak, açmak
Rehgüzer — ýolagçy, ýoldan geçip barýan
Rehmet - rehim ediji
Rehnemun — ýol belet

Rehmetil-lil-älemin — älemlerdäkiler üçin rehmetdir
Rehşan — ýagtylyk, şöhle, nur
Rojug — ýüzlenme
Röwzen — deşik
Ruhul-emin — Jebraýylyň lakamy
Ryzwan — Gurhanda aýdylyşyna görä, behişt baglaryny saklaýan perişde; behişt, razylyk, kanagat
Ryýazat — saklanma, terkidünýä, derwüş

## S

Sabyt — berk, pugta
Sagar — bulgur, käse
Sagny — tagalla, çalyşma
Sagyt — bagtly
Sadyk — dogruçyl, dogry sözli, hakykatçyl
Saýd — aw
Saýýat — awçy
Salar — ýolbaşçy, serdar
Salah — ýarag, harby enjam; ýagşylyk, abatlyk, peýda
Salah II — ýagşylyk, abatlyk, peýda.
Sanyg — ýaradyjy, ýol görkeziji, dörediji
Sate — ýalpyldawuk, şöhleli, şöhle saçýan
Sahypkyran — bagtly, ykbally, sähetli gün doglan, güýçli
Sebil — ýol, serişde, tär, Hudaýyň ýolunda wakyf edilen suw
Sebiz — gök, gögerme, ösme
Sed-hezar — ýüz müň.
Sedr — sypa, gursak, baş, ýokary
Sehhet — hakykat, dogrulyk, berlenlik
Seget — zyňyndy, taşlandy, owranan kerpiç
Seza — jeza
Sekender — büdürän

Selah I — ýarag, harby enjam, ýaraglanma.
Selah III — sap ýüreklilik, arassalyk, päklik.
Selah IV — parahatlyk, rahatlyk, maslahat, sala salmak.
Sema — asman.
Semga — eşitme, diňleme. Semga etmek — diňlemek, eşitmek
Semend — at, mele at
Semek — balyk. Ýeri göterýän balyk. Aktur ýyldyzyna çenli, ýagny ähli-älem
Sena — öwgi, taryp
Sera — saraý; hem ol dünýä, hem bu dünýä
Seraýet — ýokuşmak, ýokmak, ýaýramak, kesellemek
Serwer — ýolbaşçy, serdar.=
Serd — sowuk
Serefraz — beýik mertebeli, uly hyzmatly, tapawutlanýan
Serjus — köpük, gaýmak
Sernegun — başaşak, ýykylan, bozulan, düňderlen
Serrişte — iş başarmak
Serkeşde — sergezdan, gezende, haýran, aňalyp ýören
Sermet — ebedi, hemişelik, soňsuz
Serrap — pul çalyşýan adam, gymmat baha daşlara baha kesýän, bankir
Siýr — doýan, dok
Sowmy-salat — oraza namazy
Söwdazede — kellesine yşkyň ýeli düşen
Subh — säher, daňdan, ertir
Subhy-mesa — ertir-agşam; Ruzy-şeb — gije-gündiz
Sung — ýaratma, döretme, amal, iş, eser
Sudmen — peýdaly, amatly, düşewüntli
Sujud — sejdeler. Sujud etmek — sejde etmek, çokunmak
Suz — ýanma, ýakyjy, ýandyryjy
Surur — şatlyk, şadyýanlyk

Sytdyk — dogruçyl, hakykatçyl, ak göwünli, päk. Sytdyky-tasdyk — dogry tassyk

## Ş

Şak — kyn, agyr, kynçylyk
Şaky — şikesli, döwük, betbagt
Şame — öz içine alýan, deň bolýan
Şasuwar — ökde çapyksuwar, batyr ýigit
Şafyg — goraýjy, arka tutujy, tarapdar, şypa beriji
Şahyd — şaýat, güwä geçýän
Şebistan — gije, garaňkylyk
Şeýda — hetden aşa aşyk, telbe, däli; akyl-huşuny ýitirip söýmek, telbe bolup söýmek
Şeýhi-şap — garry-ýaş
Şekaf — böwsülen, kesilen
Şekuh kylmak — gorkmak, heder etmek
Şemaýyl — portret, ikon, şekil, surat
Şenud — eşiden
Şepagat — biriniň etmişini ötmek üçin ara düşmek, haýyr-sahawat, goldamak
Şerar — uçgun
Şereh — düşündirmek, beýan etmek
Şermisar — utançly, müýnli, ýüzigara, ýüzigara bolmak
Şerrah — şerh edijiler, beýan edijiler, düşündiriji
Şet — uly derýa
Şehwar — şahana, patyşa mynasyp, hökümdara muwapyk
Şehd — bal, süýjülik, nektar
Şehi — bir şa, bir patyşa
Şehra — tolgunmak, galagopluga düşmek, adaty däl owadanlyk
Şähdi-şehid — bal

Şäkir — şükür ediji, şükürli
Şikaf — açylma
Şirk — köp hudaýlyk
Şitdet — güýçli, ýiti, berk
Şowket — beýiklik, dabara, mertebe, dabaraly, şöhratly
Şowk — höwes, meýil, keýp
Şöhle — ýagty, ýalkym
Şugla — ser. Şöhle
Şumara — san, sanama
Şuraba — ajy suw, şor suw, gözýaş
Şuryda — joşgun, topalaň, galagop, aýylganç söýen, akylsyz, aňyny ýitiren, topalaňçy
Şyfgat — şepagat, mähribanlyk, mylaýymlyk

**T**

Taban—ýagtylandyrýan, nurlandyrýan
Tabgy — häsiýet, tebigat
Tabende — ýagty, ýalpyldaýan, ýagty saçýan
Tabyg — tabyn, boýun egen, boýun sunan
Tagaza — haýyş, towakga
Tagjyl — howlukmaçlyk, howul-haralyk. Tagjyl etmek — howlukmaçlyk etmek
Tazarrup — ýalbarma, özelenme, jibrenme
Tagýyr — özgeriş, üýtgeýiş
Taglyt — ýalňyşdyrmaklyk, bulaşyklyga salmak
Tagsyr — günä, ýazyk, etmiş, kemçilik
Tagtyl — saklama, togtama
Tak — gümmez, gala, aýmança, täk san
Taky — takwa, dindar
Talpynmak — dalmynmak
Tamug — dowzah

Tanlamak — tanamak
Tanyk — mälim, belli, şaýat
Tarahhum — rehim etme, ýürek awlama, haýpyň gelmegi
Taraç — talaň, çapawul, olja; taraç etmek — talamak, çapawullamak
Tahaýýyr — haýran galmak, geň galmak
Tahryr — ýazma, bellik etme, kitap ýazmak
Tahsyn — hormat, makullama, gowulaşma
Tebah — harap, zaýa, boş, erbet
Teberra — ret etmeklik, boýun almazlyk, daşlaşma, uzaklaşma, el çekme, ýüz öwürme
Tebessüm — ýylgyryş
Tewazyg — kiçi göwünlilik, özüňi kiçi tutmak, pespäl
Tewejjuh — üns, alada, küýlenen
Tegwim — baha
Tejawuz — hetden aşma, hetden geçmek, dokunmak. Tejawuz etmek — hetden aşmak
Tejelli — ýagty, ýaldyrawuk
Tejrit I — ýekelik, ýalňyzlyk
Tejrit II — aýrylan, bölünen
Teýr (k.s.tuýur) — guş, guşlar, uçujylar
Tekellüm — gepleme, sözleme, sözleýiş
Tekrou — öz erkli, erkin
Telbiýe — aldaw, ýalançylyk, mekirlik
Temenna — haýyş, towakga. Temenna kylmak — haýyş etmek
Temterag — ýalpyldy, dabaraly, şowhunly
Tenezzul — aşak gaçmak, pese düşmek, aşaklamak, inme
Teperrüç — seýil, gezelenç, syýahat etme, tomaşa, göwün açma
Tefehhos — idemek, gözlemek
Terem — bagyň daşyna edilen germew, reşýotka

Teskin — ýuwaşatma, köşeşdirme, duruzma, saklama; teskin etme - saklamak, duruzmak
Tesnim — ýerden iki-üç garyş ýokary galma
Tefehhos—idemek, gözlemek
Täsip — tarapdarlyk, gaýrat, namys
Tib — gyzgynlyk, temperatura
Timar — alada, seretmek, gamyny iýmek; nähoş barada alada etmek
Tihet — tebigat, gurluş, häsiýet dogluşy
Tire — garaňky, gara, tutuk, bozuk, gamgyn, tukat
Tinet—gyrlyş, häsiýet, dogluş, tebigat
Towpyk — kömek, ýardam, üstünlik
Towsyf — wasp etmek
Tolgat — daş görnüş, görk, ýüz, keşp
Tond — arassa
Tondhu — ýowuz, berk, gazaply
Torre — zülp, alyn saçy, buýra saç
Töhfe — sowgat
Tugra — hatlaryň, buýruklaryň öňünden ýazylýan söz, gerb, döwlet nyşany, patyşalyk möhür, kitaplaryň başyndaky çyzykly nagyş
Tugýan — joşgun, gozgalaň, topalaň
Tul — uzynlyk, umyt köplügi, uzyn arzuw, boý
Tulug — dogmak, çykmak, göriplik; Tulug etmek — Aýyň, Günüň dogmagy
Turap — toprak, gum, ýer
Turra I — alyn saç, buýra saç, zülp
Turra II — uç, ahyr
Tuşeýp — azykly, ýol azygy bolan

## U

Ujaç — ajy, şor suw, duzly suw
Ukba — kyýamat, ahyrzaman, ahyret
Ukda — düwün, daňy bogmak
Ukt — örüm saçyň düwüni, buýrasy
Ulul-elbaplar — akyldarlar, parasatlylar, bilimliler
Ummak — umyt etmek
Unnap — daşy gyzyl, igdä meňzeş miwäniň ady; söýgüliniň dodagy
Urýan — ýalaňaç
Usta — ussat
Ustuwar — berk, mäkäm, durnukly, ganym
Usýan — günä, ýazyk
Uşşak — aşyklar, söýýänler, gowy görýänler, yşk ýoluna düşenler
Uzur — haýyş, ötünç, ötünç dilemek

## Ü

Üns — höwür, ysnyşan, dostluk

## W

Wady — jülge, sähra, çöl, hana
Wazzyha — ýagty, şapak, aýdyň, açyk
Wazgy — ýagdaý, usul
Wajyp — hökman, din boýunça ýerine ýetirilmegi hökman zat, hormat etmeklik hökman bolan nerse
Wakyp — bilýän, düşünýän, habarly
Wale — däli, diwana, telbe, hasrap, yşyk ýoluna düşen
Wasyl — gowuşmak

Wahdat — ýekelik, ýalňyzlyk, täklik, tenhalyk
Wahyt — ýeke, ýalňyz
Wejhi-abus — ýüzi tutuk, gaýgyly, tukat
Wel — erkin, tarhan, toý-şagalaňly
Welleýil — gije, garaňkylyk
Werd — gül; doga, Gurhanyň süresini yzygider okamak
Wäjih bolmak — ýüz tutmak

**Y**

Ynpygal — göwün galma, sowuklyk, tukatlyk
Yns — ynsan, adam
Yssyg — peýda, haýyr, nep; yssy, gyzgyn
Yzz-u ala — beýik mekan, öý
Yzz — eziz, hormat, beýiklik
Yzzy-jah — hormatly jaý, hormatly ýer, derejeli orun
Yzhar — beýan, äşgär etme, mälim etme, ýüze çykarma
Yzhar etmek — äşgär etmek, aýan etmek, ýüze çykarmak
Ytap — käýinç, teene

**Ý**

Ýarytmak — ýagtylmak, ýagty salmak, yşklandyrmak
Ýasin — Gurhanda bir süräniň ady
Ýarylka — ýalka
Ýekser — doly, bütin, ähli, başybütin

**Z**

Zagyp — güýçsiz, ysgynsyz, gurpsuz, haldan düşen
Zahym — ýara
Zahyt — sopy, galandar, derwüş, terküdünýä, namazhon

Zamma — üstesine, goşmaça
Zal — örän garry, kempir, dähr zaly - dünýä kempiri
Zaýyl — batan, çaşan, ýatan, ýok bolmak, zaýyl bolmak - ýok bolmak
Zejr — azar, horluk, ezýet, zejr olmak - azarly bolmak
Zekewat — zekat sözüniň köplügi, emläkden berilmeli salgyt
Zeňgar — pos, hapa, sary-ýaşyl gatyşyk zeň
Zerd — sary, ruky-zerd-ýüzi sary
Zerre — garyndy, külke, ownuk, owunjyk, bölejik
Zeýp — zynat, bezeg
Zäkir — ýada salyjy, ýatladyjy, hakyda getiriji. Hudaýyň atlaryny ýatlaýjy, gaýtalaýjy
Zähm — ýara, ýazwa, zähmet etmek - ýara salmak, ýaraly etmek
Zähmnäk — ýaralanan
Ziba — owadan
Zikr — ýatlama, ýat etmek, doga etmek, alkyş aýtmak; hudanyň adyny gaýtalama
Zindegany — ýaşaýyş, dirilik
Zip — bezeg. Zip alyp — bezeg alyp
Zowal — ýok bolmak
Zowrak — gaýyk, taýmyl
Zülkibriýa — hudaý, beýiklik eýesi, beýik Taňry
Zülal — arassa, dury suw
Zul-minen — merhemet eýesi, ýagşylyk eýesi
Zuhd — sopyçyk, derwüşlik, terki dünýälik
Zuhdy-hudbyn — diňe özüni bilýän sopy
Zugf — ejiz
Zyýa — ýagtylyk, şöhle, ýalkym

## MAHMYT GAÝYBY HEM ONUŇ EDEBI MIRASY

Belent Mertebeli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy edebi mirasymyzy öwrenmäge, onuň dürdäne eserlerini okyjylara ýetirmäge giň ýol açdy. Garaşsyzlyk eýýamynda edebi mirasyň halkyň ruhy dünýäsiniň täzelenmeginde, baýlaşmagynda möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyna ýokary baha berdi. Merhemetli Prezidentimiz halkymyzyň bäş müň ýyllyk taryhynda türkmen ruhunyň bäş eýýamynyň bolandygyny, şol eýýamyň nähili ýagdaýda dowam edendigini, onuň nähili aýratynlyklarynyň bolandygyny ylmy esasda giňden düşündirdi. Mukaddes Ruhnamada türkmen ruhunyň dördünji eýýamy, bu döwürde ýaşap geçen şahyrlaryň öz eserleri bilen halkyň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmakdaky goşan hyzmatlary barada şeýle diýilýär:

«Türkmen ruhunyň dördünji eýýamy XVII-XX asyrlary öz içine alýar...

Ruhuň bu döwürdäki tebigatyny «içeriniň aladalary» kesgitledi. Döwletsizlik, bölek-büçeklik hatda taryhy hakydanyň biraz kütelişmegine sebäp boldy. Gündogaryň özge ýurtlaryna düşen kowumdaşlar bilen aragatnaşyklar selçeňleşdi. Taryhy işjeňlik şol kowumlaryň eline geçdi.

Emma şonda-da halkdan çykan Magtymguly beýik dag bolup döredi. Onuň ýegeni Zelili bütin ömrüne Magtymgulynyň watançylyk, Seýdi gahrymançylyk, Mollanepes, Kemine yşkysöýgi, Mätäji durmuşy pikirlerini ösdürdi. Olar türkmeniň öz

milletine guwanmagyny gazanmaga, ruhuny galkyndyrmaga jan edipdirler»[1].

Bu döwürde ýaşap, türkmeniň buýsanjyny, ruhybelentligini ýokary götermäge degerli goşant goşan hem-de Magtymgulynyň edebi mekdebine ýakyn duran şahyrlaryň biri-de Mahmyt Gaýybydyr. Şahyryň eserlerinde derwaýys meseleleriň gozgalýandygyny aňyp, 1911-nji ýylda Mirzahyt Mirsyddyk ogly onuň «Otuz iki kyssasy» eserini, Magtymgulynyň goşgular ýygyndysy bilen bilelikde daşbasma görnüşinde Daşkentde neşir etdirýär[2].

Gaýybynyň baý edebi mirasy bar. Ol bäş ýüzden gowrak goşgyny özünde jemleýän elipbiý tertibinde düzülen şygyrlar diwanyny hem-de «Otuz iki tohum kyssasy», «Nesihatnama» atly çaklaňja eserleri döredipdir.

Gaýybynyň edebi mirasyny toplamak, öwrenmek, neşir etmek babatda soňky altmyş-ýetmiş ýylyň dowamynda ençeme işler edildi. XX asyryň otuzynjy ýyllaryndan başlap, şahyryň döredijiligi barada ululy-kiçili makalalar ýazylyp[3], 1965-nji ýylda şahyryň ýüzden gowrak goşgusyny hem-de «Otuz iki tohum kyssasyny» öz içine alýan çaklaňja ýygyndysy neşir edildi[4]. Ýöne şol edilen işler köstsüz däldi. Olarda bärden gaýtmalar-da, hatda ýalňyşlyklar-da duş gelýärdi. XVIII-XIX asyr nusgawy edebiýatymyzyň taryhynda Gaýyp, Gaýyby ady ýa-da edebi lakamy bolan ondan gowrak şahyr, kätip ýaşap geçipdir. Olaryň ýazan goşgularynyň sany bäş-ondan artmaýar. Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar instituty-

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. — Aşgabat, 2001, 293, 294-296 sah.

[2] Otuz iki tohum kyssasy we Magtymguly. — Daşkent, 1911, 1-7 sah.

[3] Ahundow Gürgenli, Gaýyby. «Sowet edebiýaty», 1937, ¹4-5; Gürgenli A., Kösäýew M; Sakali M. Edebiýat, Aşgabat, 1940, 129-133 sah; Garryýew M. Seýdi we Gaýyby. «Edebiýat we sungat» gazeti, 1960; Gurbansoltan aýynyň 14-i; Meredow A. «Otuz iki tohum kyssasy», «Edebiýat we sungat» gazeti, 1967, Gurbansoltan aýynyň 5-i, Ataýew K. Gaýybynyň lirikasy. Aşgabat, 1975 we başgalar.

[4] Gaýyby. Saýlanan eserler. — Aşgabat, 1965.

nyň hazynasynda Gaýyp, Gaýyby atly hem tahallusly şahyrlaryň ömür beýanyna, edebi mirasyna degişli maglumatlary bir ýere jemledik. Olar Gaýypnazar Gaýyby, Muhammet Gaýyby, Molla Gaýyby, Kör Gaýyby, Gaýyby Margiana, Gaýypnazar Lebaby, Taňryberdi Gaýyby, Gaýyby Töre ogly we beýlekiler bolmaly[1].

Mahmyt Gaýybyny öwrenijiler Gaýyby atly hem edebi lakamly Gaýybylara degişli maglumatlary peýdalanyp, birnäçe ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagyna ýol beripdirler:

Birinjiden, Mahmyt Gaýybyny Gaýypnazar Gaýyby, Kör Gaýyby, Molla Gaýyp diýip, ony nädogry atlandyrypdyrlar[2].

Ikinjiden, Mahmyt Gaýybyny Seýtnazar Seýdä garşy goýup, onuň ýaşan döwrüni nädogry görkezipdirler[3]. Eger Mahmyt Gaýyby Seýdi bilen döwürdeş boljak bolsa, onda ol XVIII asyryň ahyrlarynda dogulmaly. A. Meredow öz eserine salgylanyp, onuň 1734-nji ýylda doglandygy hakyndaky pikiri öňe sürdi[4].

Haçan-da Mahmyt Gaýybynyň hut özüne dahylly maglumatlar peýdalanylyp, onuň ömür beýany hem-de edebi mirasy öwrenilende, öňki goýberilen säwliklerdir ýalňyşlyklaryň ählisi aradan aýrylýar. Iň bärkisi geçen asyryň otuzynjy ýyllarynda ol Gaýypnazar Gaýyby diýlip nädogry atlandyrylyp, tä altmyşynjy ýyllara çenli şol ýalňyşlyk dowam edip geldi. Sebäbi şu kyrk ýyla golaý wagtyň içinde iş ýazanlaryň ählisi Mahmyt Gaýybynyň eserleriniň golýazmasyny doly okaman, başda goýberilen ýalňyşlary gaýtalamak bilen çäklenip gelipdirler. Şahyr bolsa

---

[1] Gaýybylar barada toplanan maglumatlaryň bir nusgasy Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynyň kitapghanasynda saklanýar.

[2] Ahundow G. Gaýyby. «Sowet edebiýaty», 1937, ¹4-5; Garryýew B. Edebiýatdan hrestomatiýa, IX klas üçin. — Aşgabat, 1946, 28-32 sah.

[3] Garryýew M. Seýdi we Gaýyby. «Edebiýat we sungat» gazeti, 1960, Gurbansoltan aýynyň 14-i. Geldiýew G. Taryh. Edebi ykballar. Aşgabat, 1990, 176 sah. We başgalar.

[4] Meredow A. Gaýyby, Türkmen edebiýatynyň taryhy. II t., 2-nji kitap. — Aşgabat, 1976, 209 sah.

her goşgusynyň ahyrynda edebi lakamyny getirip, diwanynyň dowamynda çyn adynyň-da geljek nesillere doly aýan bolmagynyň aladasyny edipdir. Ol goşgularynyň birinde bu barada şeýle ýazýar:

Gaýyby diýr, indi kim adymy Mahmyt eýlediň,
Peýda ýetir şowk ile yşkyň salahyndan bize[1].

Görnüşi ýaly, bu ýerde şahyryň edebi lakamynyň Gaýyby bolup, çyn adynyň Mahmyt diýlip atlandyrylandygy barada takyk maglumat berilýär.

Gaýybynyň diwanyny göçüriji kätipleriň biri hem bu pikiri kepillendirýän ýazgylary galdyrypdyr. Onda şeýle diýilýär:

«Ketebto heza el-eşýar şyh Mahmud, rahmat-ul-lahu aleýh we ýüsemma Gaýyby, limerzatu rebbi-il-agla, alahümme agfyr likätibihiý we lenazirehi berehmeteke ...»

Terjimesi:

«Şu goşgular beýik Taňrynyň razy bolmagy üçin Gaýyby atlandyrylan we Taňrysy ýalkan şyh Mahmyt tarapyndan ýazyldy. Eý, Taňrym, kitaby göçürijini we oňa nazar edijileri (okyjylary — K. A.) özüň ýalka...»[2]

Elbetde, bu aýdylanlary şahyryň terjimehalyna dahylly iň ynamdar hem takyk maglumat hasaplamak bolar. Sebäbi olar haýsydyr bir rowaýatyň üsti bilen gelip ýetmändir ýa-da kimdir biriniň dilinden ýazylyp alynmandyr. Olar şahyryň diwanynyň, bolmanda, bir ýarym asyrdan irki döwürde göçürilen golýazmalarynyň üsti bilen bize gelip ýetipdir.

Mahmyt Gaýyby XVIII asyryň birinji ýarymynda doglup, şol asyryň ortalarynda hem ikinji ýarymynda ýaşap geçipdir. Şahyr Gurbanaly Magrupy bilen bir döwürräkde ýaşapdyr. Olar

[1] TMGI, 2911-nji bukja, 312 sah.
[2] TMGI, 1220-nji bukja, 249 sah.

ýakyn gatnaşykda bolup, sorag-jogap hem aýdyşypdyrlar. Magrupy şygyr bilen Gaýyba sorag berip, Gaýyby hem oňa jogap beripdir. Şol aýdyşyk şeýle başlanýar:

Magrupy:

Bizden salam bolsun Molla Gaýyba,
Dünýäniň binasy haçan tutuldy?
«Künte kenzün mahfiýýenden» habar ber,
Kelemeýi-şahadat nirde bitildi?

Gaýyby:

Gaýry salam bolsun molla Magrupa,
Hak «Kün!» diýdi şol gün bina edildi.
Tuby agajynyň ýapraklarynda,
Kelemeýi—şahadat şonda bitildi.

Şahyrlaryň sorag-jogaby şu setirler bilen tamamlanýar:

Magrupy:

Magrupy diýr ne kysmata ýazyldy,
Ol ne zynjyr bir-birine düzüldi,
Näçe ýylda wagty ýetip üzüldi,
Aý bilen Gün haýsy wagtda tutuldy?

Gaýyby:

Gaýyby diýr, gurbat bilen ýazyldy,
Gije-gündiz bir-birine düzüldi,

Sansyz ýylda wagty ýetip üzüldi,
Aý bilen Gün arasatda tutuldy.

Halk arasyndan toplanan maglumatlaryň birinde Gaýybynyň «Istär köňül» atly muhammesine esaslanyp, Magrupy hem «Istär köňül» atly muhammesini ýazypdyr diýilýär.

Mahmyt Gaýyby bilen Gurbanaly Magrupynyň goşgy arkaly sorag-jogap aýdyşyklary, Magrupynyň nezire usulynda Gaýybynyň «Istär köňül» muhammesi esasynda öz eserini döretmegi, şol döwürde olaryň ikisiniňem ýaşynyň doly kämillige ýetendigini, ylym-bilim babatdan kän kitaplary okap, kän zatlary bilýändiklerini, olaryň bir ýerräkde ýaşap, ýakyndan uzak wagtlap gatnaşyk edendiklerini habar berýär. Aýdyşyk Gaýybynyň terjimehaly bilen bagly ýene bir gyzykly maglumatyň üstüni açýar. Onda Magrupy «Aý bilen Gün haýsy wagtda tutuldy?» diýip, Gaýybynyň Aý, Gün tutulanda, bagşy-sazandalary, şahyrlary ölümden halas edişini ýatlaýar.

Şahyryň ömür beýany bilen bagly bu waka rowaýata öwrülip, türkmen halkynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Onuň Türkmenistanyň dürli künçlerinden ýazylyp alnan ençeme nusgasy bar[1]. Onda şeýle waka beýan edilýär:

«Gadym zamanda Buharaýy-şerifde Aý, Gün tutulypdyr. Buhara emiri sypaýylardan «Bu nämedir?» diýip sorapdyr. Onda sypaýylar: «Muny ulamalar bilerler, biz bilmeris» diýip aýdypdyrlar. Onda ulamalary ýygnap: «Bu zamanda Aý, Gün köp tutulýar, munuň sebäbi näme?» diýip soraýar. Ol wagt ulamalar: «Şu eýýamda şahyr, bagşy, sazanda, guýende köpelipdir, belki, şolar sebäpkär bolsalar gerek» diýip, jogap beripdirler.

[1] TMGI, 30, 42, 161, 162, 369, 392, 792, 1632, 1865-nji bukjalar.

Şoňa görä Buhara emiri çar tarapa nama ýazyp we habar gönderip: «Bizleriň toý-tomaşamyz bar, barça şahyr, bagşy-sazandalar, guýendeler gelmeli» diýipdir.

Bu habara çar tarapdan iki ýüz adam ýygnanyp, häzir bolupdyrlar. Olara patyşanyň myhmanhanalaryndan orun beripdirler. Şol agşam bagşylar, şahyrlar pikir derýasyna çümüpdirler. Olar: «Ýa, Rebb, patyşa bizleri ýygnap, barymyzy öldüräýmese-de biridir?» diýipdirler.

Bularyň arasynda Molla Gaýyby atly açyk ýüzli, ýagşy bagtly, köp ýagşy söz tapan bir kemine bardy. Barçasy oňa: «Eger ertir patyşa bize köp hyzmat buýursa, siz jogap berersiňiz» diýdiler.

Elgaraz, olar bu gijäni gaýgy-gussa bilen geçirdiler. Ertesi patyşa olary görnüş meýdanyna çagyryp: «Şu günden soňra şu kesbi-kär size gadagandyr. Her kim toýda-baýramda bir saz-söhbet etse, başy ölümli, maly talaňly, patyşalyk bolmalydyr» diýip buýurdy.

Şol wagt Molla Gaýyp biçäre öňe çykyp, bir gazal aýdypdyr. Gazaly Molla Gaýyby bu durar:

Başlanyşy:

Saz bilen söhbedi ýaman diýmäňler,
Adam Ata, Howa bolanda bardyr,
Habyl bile Kabyl Ene garnynda
Alar bu dünýäge gelende bardyr...

Gutaryşy:

Molla Gaýyp aýdar, Hydyrdyr pirim,
Pirim Şahymerdan — Aly destgirim,

Soltan Söýün Mürze, Mir-Aly-şirim,
Dünýäniň toýuny tutanda bardyr.

Haýyr, Gaýyby sözüni tamam etdi. Buhara emiriniň gahary syndy: «Adam Ata bilen How ene, barça öten pygamberler zamanynda bu kesp-kär bolan bolsa, biz hem olardan artyk däldiris. Näme islegiňiz bar bolsa, bizden diläň!» diýende, Gaýyby biçäre gerek hajatyny aýdyp, ýene bir gazal okady. Ol muhammes bu durar:

Mesjidiň molla ymamy, karyýu-karra gerek,
Beçeler mekdepde bolsa, dilleri burra gerek
Täze mahbup zernigäriň akyly jürre gerek,
Ili baý jemagata tagtynda adyl şa gerek,
Çarwadarmyz çölde bolsa, sonadyr istär köňül.

Haýyr, sözüni tamam etdi. Görse, köňül istegen zat binahaýat köpdür. Näme etjek, «Ýüwrük köňül ýüwrük» diýenleri. Iki ýüz adamyň her birine bir halat, emma molla Gaýypga bir gymmat baha zerli halat berip, özlerine hem rugsat berdi.

Hemme şat bolup, patyşa hakyna haýyr-doga kylyp gitdiler we şondan soňra ýemreli taýpada bir şahyr bolup, adyna Magrupy diýer ekenler. Häzir Magrupynyň gubury Maňňyşlykdadyr. Emma haýýat wagtynda meşhur molla Gaýybynyň «Istär köňül» diýen gazalyna görä bir gazal okady»[1].

Gaýybynyň Aý bilen Gün tutulanda bagşylary, şahyrlary ölümden halas edende, düzen «Gelende bardyr», «Istär köňül» atly goşgulary, şeýle hem Gaýybynyň meşhur «Istär köňül» atly muhammesine öýkünip, Gurbanaly Magrupynyň şol äheňde goşgy ýazmagy bu şahyrlaryň, bir ýa iki sapar duşuşman, uzak

[1] TMGI, 30-njy bukja, 1-4 sah.; 42-nji bukja, 30-36 sah.

wagtlap yzygider gatnaşykda bolandyklaryny, döredijilik babatda pikir alşandyklaryny kepillendirýär. Gurbanaly Magrupynyň ýaşan hem gezen ýerlerinden çen tutsaň, onda Mahmyt Gaýyby hem Köpetdag eteklerinde, Etrek, Gürgen, Balkan, Bäherden sebitlerinde ýaşap geçipdir diýmäge esas bar.

Şahyryň eserleriniň birinde galdyran ýazgylary bu pikiriň dogrudygynyň subutnamasy bolup durýar:

Asyl mekany ýeri Jürjanydyr[1]

Görnüşi ýaly, şahyryň «Nesihatnama» atly eserinden alnan bu setirde onuň asyl mekanynyň Jürjan bolandygy aýdylýar. Jürjan şäheri Eýranda türkmenleriň ýaşaýan ýeri Türkmensähradaky bir şäher. (Ol şäheriň harabalary Kümmetkabusyň günbatar-günortasynda ýerleşýär.) Ýöne bu eseriň golýazmasynyň birnäçe sahypasy ýitipdir. Şol ýiten sahypalardan soň hem eseriň 9 setiri dowam edýär hem-de ol tamamlanýar. Ýiten sahypalaryň sanynyň näçedigi belli däl. Olarda şahyryň ömrüne we döredijiligine degişli başga-da maglumatlaryň berlen bolmagy ähtimal. Her halda Mahmyt Gaýybynyň asyl mekany Jürjandyr diýen ýazgynyň, onda-da şahyryň öz şygry, öz diwanynyň golýazmasy arkaly bize gelip ýetmegi kän zatlary aýyl-saýyl etmäge ýardam berýär. Birinjiden, şu maglumat Mahmyt Gaýybynyň Seýitnazar Seýdi bilen döwürdeş bolmandygyny, gatnaşyk etmändigini habar berýär. Ikinjiden, Gaýyby Gurbanaly Magrupy bilen bir wagtda ýaşap, olar ýygy-ýygydan duşuşyp durupdyr diýen pikiri berkidýär.

Galyberse, bu meseläni dogry çözmekde, ondan takyk netije çykarmakda Mahmyt Gaýybynyň öz edebi mirasy egsilmez

---

[1] TMGI, 3261-nji bukja, 302 sah. Horezmiň Ürgenç säherine Jürjan diýlen wagtlary-da bolupdyr.

çeşme bolup durýar. Sebäbi edebi döredijilikde her bir şahyryň ýaşan döwrüniň umumy ýagdaýy, şol wagtda ýüze çykan möhüm meseleleri, onuň ýaşan jemgyýetiniň, bolan ýerleriniň medeni, edebi ýagdaýy, gatnaşyk eden şahslarynyň oý-pikirleri eserine siňýär, ony beýlekilerden tapawutlandyrýar. Mahmyt Gaýyby barada-da şuny aýtmak bolýar. Onuň şygyrlarynda Buhara, Horezm edebi ýagdaýynyň täsiri duýulmaýar. Şahyr şol medeni merkezlerden daşda – Köpetdag eteginde, Etrek, Gürgen sebitlerinde ýaşanlygy üçin, olaryň täsirine kän düşmändir. Oňa pars şygyrýeti-de güýçli täsirini ýetirmändir. Sebäbi, birinjiden, XVIII asyrda pars şygyrýeti öz ösüşinde pese gaçan döwri bolýar. Ikinjiden, şahyryň ýaşan ýerinde oňa täsirini ýetirip biljek edebi güýçler emele gelmändir. Ol esasan türkmenler arasynda ýaşap, beýleki täsirlerden belli bir dereje-de azat bolupdyr. Ol esasan türki edebiýatyň hem-de tasawwuf (sopuçylyk) edebiýatynyň däplerine köp ýykgyn edipdir. Ine, şonuň üçin onuň eserleriniň many-mazmunynda, dilinde oguz edebiýatynyň, halky şygyr sungatynyň, sopuçylyk garaýyşlaryň täsiri agdyklyk edýär. Siňe synlanyňda, onda Magtymgula, Gurbanaly Magrupa we beýleki XVIII asyr türkmen nusgawy şahyrlaryna bolan ýakynlygy duýmak bolýar. Şeýle hem onuň şygyrýetiniň kämilleşmeginde Seýit Nesiminiň, Bahawweddin Nagyşbendiniň, Hoja Hapyzyň, Alyşir Nowaýynyň, Muhammet Fuzulynyň we beýlekileriň täsiriniň bolandygyny arkaýyn aýtmak bolar.

Mahmyt Gaýybynyň baý edebi mirasy bar. Ol bir gazallar diwanyny, «Otuz iki tohum kyssasy», «Nesihatnama» ýaly çaklaňja poemalary ýazypdyr. Beýleki nusgawy şahyrlarymyzyň köpüsinden tapawutlylykda, Mahmyt Gaýyby öz şygyrlaryny tertibe salyp, elipbiý tertibinde diwan düzüpdir. Häzir biziň elimizde şahyryň bäş ýüzden gowrak şygry bar. Olaryň köpüsi gazallar bolup, murapbag (goşuk), muhammes,

müseddes, müsemmen, müstezat we beýleki goşgy görnüşlerinde ýazan eserleri hem duş gelýär.

Mahmyt Gaýyby türkmen nusgawy edebiýatynyň taryhynda gazal ýazmagyň ussady hasaplanýar. Ol bu usul boýunça eser ýazmagyň jemini jemleýär. Şahyryň gazallary many-mazmuny, keşpler dünýäsi, pelsepe pikirleri babatdan-da, çeperçilik, usul babatdan-da kämil. Onuň ruhy dünýäsi giň hem köptaraply, ýöredýän pikirleri çuň hem düýpli. Şol bir wagtda-da hem sada, hem çylşyrymly. Ol, bir tarapdan, halk diline ýakyn dilde sözlese, ikinji tarapdan, tasawwufyň ýörelgelerine eýerip, käbir garaýyşlaryny ýaşyryn saklaýar.

Şahyr esasan Mansur Hallaj, Seýit Nesimi, Bahaweddin Nagyşbendi, Alyşir Nowaýy, Hoja Hapyz, Muhammet Fuzuly ýaly beýik söz ussatlarynyň ýörelgelerine eýeren bolsa-da, onda Magtymgula bolan ýakynlygyň bardygy-da aýdyň duýulýar. Sebäbi bu beýik söz ussadynyň tagallasy bilen XVIII asyrda çeper edebiýat halk durmuşyna içgin aralaşýar. Eserleriň durmuşydygy, halkylygy, milliligi, döwrebaplygy artýar. Edebiýatyň taryhynda bolup geçen bu düýpli öwrülişigiň sarsgyny belli bir derejede Mahmyt Gaýybynyň döredijiligine-de öz täsirini ýetiripdir. Gündogar edebiýatynyň gazalçylyk däplerine öte ýykgyn edendigine garamazdan, ol köp halatlarda halkyň dury pähim-paýhasyna, goýazy akyl-huşuna, täsin, çeper keşpler dünýäsine, sada gepleşik diline ýüzlenipdir. Ilgünüň süňňünden syzylyp çykýan pikirleri goldanypdyr. Mahlasy, Gündogar edebiýatynyň uzak asyrlaryň dowamynda timarlanyp gelen edebi däplerini halky edebiýatyň kada-kanunlary bilen utgaşdyrypdyr. Ine, şonuň üçin gazallarynyň köpüsini hem gazal görnüşinde, hemem goşuk (murapbag) görnüşinde okamak mümkin. Bir mysal:

Eý, şahy-älem, ýüzüňe älem geda, men hem geda,
Ol şähdi-şeker sözüňe älem geda, men hem geda.

Şahyryň meşhur «Älem geda, men hem geda» atly gazalynyň birinji beýdini goşuk görnüşinde getirip okanyňda-da hiç bir zat ýitmeýär:

Eý, şahy-älem ýüzüňe
Älem geda, men hem geda.
Ol şähdi-şeker sözüňe
Älem geda, men hem geda.

Bu ýagdaýy sopy şahyrlaryň şygyr sungatynda köplenç halky edebiýatyň kada-kanunlaryny ulanandyklary, halky şygyr görnüşlerini giňden işledendikleri bilen düşündirmek bolar.

Gazal ýazylanda halk edebiýatynyň ýörelgelerine ýykgyn etmek, oňa goşga mahsus kada-kanunlary girizmek meýliniň Mahmyt Gaýybydan has irki döwürlerde ýüze çykandygyny aýdyň görmek bolýar. Seýit Nesimide-de, Baýram handa-da, Muhammet Fuzulyda-da, Muhammet Babyrda-da, Babarahym Meşrepde-de, beýlekilerde-de şeýle meýil güýçli bolupdyr.

Mahmyt Gaýybynyň döredijiliginiň özeni yşk mowzugy. Ol esasan dünýewi hem ylahy söýgini teswirleýär. Şahyryň oý-pikirleri, arzuw-umytlary, filosofik garaýyşlary, öwüt-ündewleri, pendi-nesihatlary, tebigat hem jemgyýet tarapyndan özünde galan täsirler — bularyň bary aşyk hem magşugyň keşpleri arkaly berilýär, bularyň bary şahyryň gözellige bolan ymtylyşy, hyjuwy, oňa gowuşmak baradaky alyp baran göreşleri bilen sepleşýär. Ol söýgini adamyň iň belent hem mukaddes duýgusy hasaplaýar hem-de söýgi bilen, ýagny söýüp hem söýülmegi başarýandygy bilen adamzadyň mertebesi belentdir diýen pikire eýerýär.

Kyldy afzal mülküň mertebesinden bes ulug,
Hak-tagalalla beriban yşk bile ynsany[1].

Gaýyby yşky ylham çeşmesi hasaplaýar. Ol bu barada şeýle diýýär:

Gaýyby, pähmimden ermesdur düzeden sözlerim,
Yşk salmyş köňlüme her sözni manysy bilen[2].

Şahyryň şygyrlarynda aşygyň keşbi şeýleräk janlanýar. Yşka düşen, «yşkyň ýüküni gerdenine atan» aşyk öz magşugyny jany-dilden söýýär, hemişe onuň adyny dilinden düşürmeýär. Onuň dolan aý dek ýüzüni, nerkes gara gözlerini, hünji dişlerini, gara saçlaryny, serwiden zyýada kamatyny, uz ýörişini, şirin sözüni taryplaýar. Aşyk öz magşugy barada hemişe kalbynda gowy arzuw-umytlary besleýär. Aşyk ýaryna gowuşmak barada näçe jan çekse-de, onuň arzuwy hasyl bolmaýar. Günüň günden, aýyň aýdan parhy ýok. Ol hemişe hijranyň, aýralygyň oduna ýanýar, gam-gussa ýuwudýar, ahy-nala çekýär, ajy göz-ýaş dökýär. Aşygyň maksadyna ýetip bilmän, jepa çekip ýörmegini şahyr magşugyň rehimsizligi, doňýürekligi, döwürdeşleriniň oňa edýän her hili hyýanatçylyklary, döwrüň adalatsyzlygy, dünýäniň, pelegiň panylygy, hökümdarlaryň zulum-sütem etmegi, ykbalyň keçligi sebäpli diýip düşündirýär. Aşyk hernäçe kynçylyklara duş gelse-de, ol öz tutan maksadyndan dönmeýär.

Gaýybynyň eserlerinde magşugyň keşbini wasp etmeklige uly orun berilýär. Ol gözellik babatdan iň ýokary gözelligi özünde jemleýär:

[1] TMGI,11-nji bukja, 343 sah.
[2] 11-nji bukja, 307 sah.

Kamatyňa serwi guldur, ýüzüňe güller geda,
Kamatyň gaşynda ýokdur wajyp, diýmek azat oňa[1].

Magşuk haýsydyr bir anyk taryhy şertlere laýyklykda hereket edýän takyk duýarlykly keşp bolman, ol umumylaşan gözelligi özünde jemleýär. Onuň keşbindäki haýran galdyryjy, ýesir ediji, adamlaryň ýüreginde tolgunma, joşgun, guwanç, arzuw ýaly duýgulary döredýän gözellik ýeke bir aşygyň söýen gözelligi bolman, ol hemmeleri ýesir edýär:

Eý, şahy älem ýüzüňe älem geda, men hem geda,
Ol şähdi-şeker ýüzüňe älem geda, men hem geda[2].

Mahmyt Gaýyby hemişe adalatyň, hakykatyň tarapynda durup çykyş edipdir. Şonda ol adam mertebesini belende göterip, onuň kemsidilmegine, horlanmagyna garşy çykypdyr. Ol adamy, onuň pähim-paýhasyny uly gudrat hasaplapdyr. Sebäbi Alla Adam atany ýaradandan soň, oňa hemmeleriň sežde etmeklerini talap edipdir. Hemmeler oňa sežde edipdirler. Diňe şeýtan sežde etmänligi üçin behiştden kowulýar.

Şahyryň özboluşly eserleriniň biri-de onuň «Otuz iki tohum kyssasy» atly çaklaňja munazaresidir. Göçme manyly häsiýetde ýazylan bu eserde şahyr ýokary gatlak wekilleriniň mal-mülk, baýlyk, tagt, häkimlik ugrunda alyp baran özara göreşlerini, talaňçylykly uruşlary ýazgarýar hem-de Pagtanyň keşbi arkaly adyllyga, aklyga, päklige çagyrýar. Mahmyt Gaýyby bu eserinde Bäheweddin Nagyşbendiniň «Dest ba kär, dil ba ýar — Elinde kär bolsun, dilinde ýar — Hudaý bolsun» diýen dana sözlerinden ugur alypdyr. Ol hemişe zähmet çek, diňe «Hüw! Hak!» diýip ýörme-de işle, döret, ile-güne haýyr getir. Şol bir

[1] TMGI, 11-nji bukja, 15 sah.
[2] TMGI, 11-nji bukja, 22 sah.

wagtda-da Haky hem ýadyňdan çykarma, oňa gulluk et diýýär. Has sadalaşdyryp aýdylanda, «Bu dünýä diýip, ol dünýäni ýatdan çykarma, ol dünýä diýip, bu dünýäni ýatdan çykarma. Iki dünýäň abat bolsun!» diýen pikir nygtalýar. Bu ýerde Gaýybynyň pelsepe garaýyşlary Magtymgulynyňky bilen-de kybapdaş gelýär. Bu aýdylanlar Mahmyt Gaýybynyň beýik akyldar şahyr, ezber pelsepeçi bolandygyny aňladýar.

Mahmyt Gaýybynyň edebi mirasy tutuşlygyna ýazuw üsti bilen, ýagny dürli ýyllarda, belli-belli kätipler tarapyndan göçürilen golýazmalar arkaly biziň günlerimize gelip ýetipdir. Onuň gazallar diwanynyň golýazmasynyň ençeme nusgasy TMGI-de saklanýar.[1] Şeýle hem onuň şol diwanynda bolan ençeme şygyrlary ýüze golaý beýazda, ýygyndyda, beýleki şahyrlaryň eserleriniň golýazmalarynda duş gelýär.[2] Türkmenistanyň çäklerinden daşda hem şahyryň diwanynyň bütewi golýazmasy bolmasa-da, onuň şygyrlarynyň belli-belli nusgalary duş gelýär[3].

Şahyryň eserleriniň bütewi hem dola golaý görnüşde saklanyp galmagynda onuň öz hyzmatlary-da uludyr. Ol öz şygyrlaryny tertipleşdirip, elipbiý görnüşinde bir diwana jemläpdir[4]. Bu barada ol şeýle ýazýar:

Gaýyby, şygyr ile, dilber, owsapyň düzüp,
Ýazdy çoh depder, waraklar birle diwan baglady.

---

[1] TMGI, 11, 1136, 1219, 1220, 3261, 5840-njy bukjalar.

[2] TMGI, 2, 3, 30, 42, 960, 1268, 1747, 3772, 4106, 4695, 5930-njy bukjalar we beýlekiler.

[3] Seret: Russiýa YA-nyň Gündogary öwreniş institutynyň Sankt-Peterburg bölüminiň golýazmalar hazynasy, S -162-nji bukja; Özbegistanyň Biruni adyndaky Gündogary öwreniş institutynyň golýazmalar hazynasy. 574-nji bukja /II, 1-2 sah., 6998, 7054-nji bukjalar.

[4] TMGI, 11-nji bukja, 338 sah.

Gaýyby şygyrlaryny bir diwana jemläpdir. Elipbiý tertibinde diwan düzülende, her bir şygryň kapyýasynyň gutarýan harplary arap elipbiýiniň tertibinde getirilip, olar şol yzygiderlikde ýerleşdirilýär. Diwan düzülende şygyrlar nähili tertipde goýlan bolsa, soň kitap görnüşinde neşir edilende-de onuň tertibi saklanýar. Diwanlar şahyrlaryň özleri tarapyndan-da, ýakyn ýoldaşlary tarapyndan-da, has soň başgalar tarapyndan-da düzülip bilinýär. Biz hem şahyryň eserleriniň şu neşirinde onuň gazallarynyň elipbiý tertibini saklamagy, murapbagdyr muhammeslerini bolsa yza geçirmegi makul bildik.

Gaýybynyň ömrüne we döredijiligine degişli birtopar çeşmeler ýygnalan-da bolsa, onuň öz eli bilen ýazan elýazmasy biziň döwrümize gelip ýetmändir. Şahyryň edebi mirasynyň şu wagta çenli toplanan nusgalarynyň köpüsi irki döwürde ýazylan golýazmalardyr. Olaryň arasynda soňky ýyllarda dilden ýazylyp alnanlary hem bar. Gaýybynyň eserleriniň akademiki neşiriniň ýa-da onuň edebi mirasynyň ählisini özünde jemleýän ýygyndynyň ýokdugy sebäpli, TMGI-de saklanýan maglumatlar ol hakda ylmy iş ýazmak üçin esasy çeşme bolup durýar. Olaryň esasylary şu golýazmalardyr:

**11-nji bukja.** Munda Gaýybynyň eserleriniň agramyny özünde jemleýän diwanynyň golýazmasy saklanýar. Diwanda şahyryň 6961 setirden ybarat bolan 494 eseri ýerleşdirilipdir. Şolaryň 483 sanysy gazal bolup, 3 sanysy murapbag, 9 sanysy bolsa muhammesdir.

Diwan 1308-nji hijri, ýagny 1890-njy milady ýylynda Nurmuhammet hanyň ogly Kadyrberdi üçin molla Taganyň ogly molla Muhammetmyrat tarapyndan ýazylyp gutarylypdyr. Golýazmanyň ahyrky sahypalarynda bu hakda şeýle maglumat berlipdir:

«Ala ýed el-zagyf el-hyf («en-nahyr» bolmaly — K. A.) errajy ila erhamet el-bary bendeýi-hakysary-galil el-yhsan kebir

el-usýan, el-kätib molla Muhammetmyrat bin-molla Tagan. Sahyb-e in ketab molla Kadyrberdi weledi-(bin)-Nurmuhammet han. Taryh ez hijret bir müň üç ýüz sekizde».

Terjimesi:

«Yhsany az, günäsi hetden aşa köp, päk hudaýyň rehmetine umyt baglan, ejiz we hor bendäniň eli bilen (göçürildi). Kätip bin molla Tagan molla Muhammetmyrat. Şu kitabyň eýesi Nurmuhammet hanyň ogly molla Kadyrberdidir. Taryh hijriden bir müň üç ýüz sekiz»[1].

Diwan birnäçe gezek elden ele geçipdir. Golýazmanyň ilkinji eýesi Nurmuhammet hanyň ogly Kadyrberdi bolup, ondan soňra ol Muzaffar işanyň ogly Muhammetşerifiň eline düşýär. Muhammetşerif bolsa ony Atabaý Garry ogluna ýadygärlik beripdir. Golýazmanyň 367-nji sahypasynda bu barada şeýle bellik edilipdir:

«In Gaýyby(ny) 1328-lenji ýylda Atabaý Garry oglyga Hajy Muzaffar işanyň ogly Muhammetşerif ahun molla Kadyrdan sizge bir nyşana diýip berdiler».

Bulardan başga-da golýazmanyň aýry-aýry sahypalaryna birnäçe adam atlary ýazylypdyr: Resulguly Hally ogly (8-nji sah.) Hojanepes Gandym ogly (366-njy sah.) we başgalar.

Diwan nestaglyk hatynda gara syýa bilen arassa hem düşnükli göçürilipdir. Onuň käbir sahypalarynda bir gazal tutuşlygyna ýa-da onuň bir, iki setiri gyzyl hem gök syýalar bilen ýazylypdyr (9, 23, 24-nji sahypalar). Diwandaky gazallaryň ýerleşdirilişinde elipbiý tertibi doly saklanypdyr.

Diwan doly 412 sahypadan ybarat bolup, şonuň 8-366-njy sahypalaryny Gaýybynyň eserleri tutýar. Diwan sahaplananda

[1] TMGI, 11-nji bukja, 366 sah.

başdaky 8 warak nädogry çatylypdyr. Aslynda ol 412-nji sahypanyň dowamy bolmaly.

Golýazmada Gaýybynyň eserlerinden başga-da, Alyşir Nowaýynyň (367-nji sah.), Abdylhalygyň (386-369-njy sah.)[1], Abdyrahman Jamynyň (369-371-nji sah.), Gedaýynyň (371-372-nji sah.)[2] goşgulary bilen bir hatarda Bahadur ibn-Aryf Omaryň[3] epiki poemasy (373-392-nji sah.) we kyssa bilen ýazylan «Melike danyşmend» atly eseri (393-412-nji we 1-8-nji sahypalar) hem bar.

Golýazma hazyna tabşyrylandan soň, kimdir biri ony Gaýybynyň diwanlarynyň beýleki nusgalary bilen deňeşdirip, onda kätip tarapyndan galdyrylan eserleri hasaba alypdyr hem-de olaryň haýsy sahypada, haýsy gazalyň yzyndan gelmelidigini: «Zülp açyp, diýme anlar jany» diýip başlanýan gazal şu aradan gerek (27-nji sah.), «... jepam yşkdyr meniň...» diýip başlanýan gazal gerek (47-nji sah.), «Nury mutlak bahryna...» diýip başlanýan gazal gerek (218-nji sah.)» — diýen görnüşde belleşdiripdir. Golýazmanyň 232, 260, 326, 356-njy sahypalarynda hem şeýle ýazgylar bar. Ol, Gaýybynyň şu bukjada saklanýan

---

[1] Abdylhalyk Gižduwany (1179-njy ýyllarda aradan çykan) bolmagy mümkin. Abdylhalyk Gižduwany hakynda A. M. Bogouddinowyň kitabynda gysgaça maglumat berilýär: Seret: Очерки по истории таджикской философии, Таджикгосиздат, 1961, 181-182 sah.

[2] Gedaýy Nowaýy bilen döwürdeş şahyr bolup, onuň döredijiligi heniz doly öwrenilenok. Onuň ýeke-täk gazallar diwany Parižiň Milli kitaphanasynda saklanýar. Gedaýy takmynan 1404-1405-nji ýyllarda doglup, togsandan gowrak ýaşap aradan çykypdyr. TMGI-niň hazynasynda hem Gedaýynyň ençeme goşgulary bar: 4, 56, 707, 806, 847-nji bukjalar we başgalar.

[3] Orta Aziýa halklarynyň taryhynda Omar atly taryhy şahslar köp. Olaryň arasynda şahyr bolanlary-da az däl. Şu golýazma giren Bahadur ibn-Aryf Omaryň ömri we döredijiligi barada takyk maglumatlar ýok diýerlikdir. Belki, ol Buharada samanylaryň köşgünde işlän Omar şahyrdyr? Ol hakda Türkmenistanyň taryhynda şeýle maglumat berilýär: «Buharada samanylaryň köşgünde asly maryly meşhur astranom we şahyr Omar işläpdir (ol 970-nji ýylda ölüpdir)». Türkmenistan SSR-niň taryhy, I t., birinji kitap, Aşgabat. — 1959, 261 sah.

diwany göçürilende, onuň jemi 16 sany gazalynyň galdyrylandygyny görkezipdir. Emma bular Gaýybynyň diwanyna girmedik goşgularyň hemmesi däldir.

**1136-njі bukja**. Gaýybynyň diwanynyň bu bukjada saklanýan nusgasynyň başky sahypalary ýyrtylypdyr. Şahyryň diwanynyň beýleki golýazmalary boýunça hasaba alnanda, şol ýyrtylan sahypalarda 32 sany gazal bolmaly. Diwan şeýle beýt bilen başlanýar:

Parh ýok şahy-gedanyň gaşynda, eý, kişi,
Ger pakyry-natuwan ol, höküm kyl soltan olup.

Şahyryň eserleri göçürilen wagtynda golýazmanyň 17-nji sahypasynda hiç zat ýazylman galdyrylyp gidilipdir. Emma soň kimdir biri öwrenje hat bilen oňa söz we sözlemler ýazyşdyrypdyr.

Diwany göçüriji beýleki birnäçe Gündogar şahyrlarynyň öz eserlerini diwana ýerleşdiriş tertibine[1] öýkünip, Gaýybynyň hem murapbagdyr muhammeslerini ahyrda bir ýere jemlemegi maksat edinipdir. Emma ol bu işe şahyryň diwanyny göçürip boluberende girişipdir. Netijede, Gaýybynyň «Bar meniň», «Eý köňül» redifi bilen gelýän muhammesleri hem-de «Gapyl oturma» redifli murapbagy iki gezek—hem elipbiý tertibi boýunça gelýän ýerinde (143-147, 263-nji sah.), hem ahyrda (314-317-nji sah.) göçürilipdir.

Bu diwanda 11-nji bukjadaky golýazma bilen deňeşdirilende, Gaýybynyň birnäçe täze eserleri-de bar (303-317-nji sah.).

[1] Adatça diwana girýän eserler özleriniň formalary boýunça şeýle tertipde ýerleşdirilýär: gazallar, müstezadlar, muhammesler, müseddesler, murapbaglar, müsemmenler, terjygbendler, rubagylar, tuýuglar, çistanlar, muammalar, mesnewiler we beýlekiler. Käbir diwanlarda diňe elipbiý tertibi saklanyp gazallar, muhammesler, murapbaglar we beýlekiler gatyşdyrylan görnüşde hem ýerleşdirilýär.

Olar şahyryň beýleki diwanlarynyň ählisinde duş gelmeýär. Göçürijiniň olary Gaýybynyň haýsydyr bir doly diwanyndan ýazyp alan bolmagy mümkin. Ol goşgularyň hemmesi murapbag hem muhammes bolup, örän düşnükli we sada dilde beýan edilipdir. Olar şeýle setirler bilen başlanýarlar:

1. Mahbuplar, ýagşy işdir Taňry emri,
   Tutup emrin boýun sun Haka dogry.

2. Dilber, meniň artdyryban joşumy,
   Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

3. Rehim eýlegil, eý huplaryň zybasy,
   Ýagmaladyň meniň hasta köňlümi.

4. Jan, baş ýolunda goýduk, dag goýduk jana biz,
   Göremizmi ýüzüni şat oluban bir ýene biz.

5. Geldim, eý şah-a, seniň dergähiňe kylyp salam,
   Sen eýläp ýarylka kyl günähim, eý rahym.

Diwan gara syýa bilen ýönekeý nestaglyk hatynda melemtil, küti kagyza göçürilipdir. Başky sahypalary bilen birlikde onuň birinji sahaby hem ýyrtylypdyr. Saklanyşy ýaramaz. Köp waraklary suw degip, haty bulaşypdyr (105-179, 212-213-nji ... sah.). Olaryň birnäçelerini okamak kyn, hatda okap bolmajaklary-da bar.

Golýazmanyň eýesi Seýdulla Magtym bolup, ony Jepbarberdi ogly Suhanberdi göçüripdir. Ol diwanyň ahyrky sahypasynda bu hakda şeýle maglumat beripdir:

«... Sahibi-häzihi-el-ketab Seýdulla Mahdum. Kätib kemterin bendeýi-zaifi-nahyfy-rajy fi rahmatullah el-bari Suhanberdi molla bin-Jepbarberdi».

Terjimesi:

«... Şu kitabyň eýesi Seýdulla Magtymdyr. Kätip päk Hudaýyň rehmetine umyt baglan ejiz we hor bendesi Jepbarberdiniň ogly Suhanberdi molladyr».

Diwanyň göçürilip gutarylan senesi goýulmandyr. Golýazmanyň syýasy hem kagyzy onuň, takmynan, XIX asyryň ortalarynda ýazylandygyny görkezýär.

Golýazmanyň ýyrtylanyndan galany 317 sahypa bolup, onda şahyryň 450-den gowrak goşgusy bar. Gaýybynyň döredijiligi boýunça iş geçirmekde hem-de onuň eserlerini çapa taýýarlamakda bu golýazmany ygtybarly çeşmeleriň biri hökmünde peýdalanmak bolar.

**1219-njy bukja**. Bu Gaýybynyň diwanynyň irki golýazmalarynyň biridir. Aýawly saklanylmanlygy sebäpli, onuň başdaky birnäçe waragy hem-de sahaby ýyrtylypdyr. Şahyryň diwanynyň beýleki nusgalary bilen deňeşdirilende, şu bukjadaky golýazmanyň başynda 20 sany gazal ýok.

Golýazma saýhally ýazylyp, onuň waraklary abat. Ol jemi 108 warak bolup şolarda şahyryň 404 şygry ýerleşdirilipdir.

Golýazma şeýle setirler bilen başlanýar:

Şermisaram günähimden, çykar dut otly ahymdan,
Aýyrdyň gutly şahymdan, pena dünýä, pena dünýä.

Golýazmanyň 8-9-njy sahypalarynyň aralygyndan ýyrtylan sahypalarda şahyryň 41 sany eseri bolmaly. Bu ýerde kapyýalaşyp gelýän sözleriniň ahyrky harpy «bi», «ri» bilen gutarýan gazallaryň birnäçesi, «ti», «jim», «çim», «hy», «hi», «dal»,

«zal» bilen gutarýan gazallaryň bolsa hemmesi ýok. Şeýle hem 33, 110-njy sahypalarda iki sany warak ýyrtylypdyr. 20 sany goşgyny bolsa golýazmany göçürende kätibiň özi galdyrypdyr[1].

Diwany göçüreniň ady görkezilmändir. Onuň ahyrky sahabynyň iç ýüzünde iki ýerde «Sene 1244» diýen ýazgy bar. Şu maglumatdan görnüşine görä, golýazma 1244-nji hijri, miladyda 1828-nji ýylyndan öň göçürilip gutarylypdyr. Sebäbi diwanyň sahabyndaky bellikleriň ondaky eserlerden has soň ýazylandygy belli zat. Galyberse, şahyryň eserleriniň haty bilen onuň sahabyndaky ýazgylaryň ýazylyşy birmeňzeş — olaryň haty-da deň gelýär. Bu bolsa şol senäniň öň başga bir adam tarapyndan goýulmandygyny, onuň gönüden-göni şu golýazmany göçüren kätip tarapyndan ýazylandygyny tassyklaýar.

Diwan doly göçürilip gutarylmandyr. Näme üçindir, kätip golýazmanyň 214-nji sahypasyndaky «Ýara söýläň arzymny, dildara söýläň arzymny» diýen setir bilen başlanýan gazaly-da soňlamandyr. Onuň ahyrky ýazan beýdi şu bolupdyr:

Ah-u suzym ýetişgeç ol ýedi efläk üze,
Arş ile ol künbedi duwwara söýläň arzymy.

11-nji bukjadaky golýazma bilen deňeşdirilende, şunuň yzyndan hem dört sany gazal bolmaly[2].

Golýazmanyň boş galan 215-nji sahypasyna käbir sözler we goşgy setirleri, 216-njy sahypasyna bolsa möý çakanda sanalýan sözler ýazylypdyr.

Diwan gara syýa bilen nestaglykda küti, sarymtyl kagyza ýazylypdyr. Şahyryň eserleri sowatly göçürilipdir. Haty düşnükli we owadan. Golýazmada Gaýybynyň eserleriniň elipbiý tertibi-

[1] Seret: 33-34, 53-56, 88, 183, 195, 213-nji sah.
[2] Seret: 11-nji bukja, 362-365 sah.

niň bozulan ýerleri hem bar: 45-47-nji sahypalardaky kapyýalaşyp gelýän sözleriniň ahyry «sin», «şin» harplary bilen gutarýan gazallar öz hakyky orny boýunça 57-nji sahypadan soň başlanmaly. Diwanyň göçürilişinde şular ýaly käbir säwlikler bar.

**1220-nji bukja**. Bu golýazma diwan elden-ele köp geçenligi hem-de ýaramaz saklananlygy sebäpli, onuň öňünden hem ahyryndan birnäçe waraklary ýyrtylypdyr, birnäçe waraklary bolsa owranypdyr, olaryň köpüsiniň ýarpysy ýa-da üçden biri galypdyr. Şonuň üçin hem diwanyň şu böleginde goşgularyň yzygiderliligi saklanmaýar. Bir waragyň ahyrynda haýsydyr bir gazal gutarman galsa, indiki waraga onuň dowamy bolmaýar-da başga bir eser başlanýar. Şeýle ýagdaý golýazmanyň 14-nji sahypasyna çenli dowam edýär. Emma diwanyň ýaramaz saklanandygyna, onuň köp ýerleriniň zaýalanandygyna garamazdan, onda beýleki birnäçe golýazmalara girmedik täze eserler-de duş gelýär[1]. Umuman, golýazmanyň häzirki ýagdaýynda şahyryň 470 töweregi goşgusyny okasa boljak.

Diwanyň ahyrky sahypalarynyň ýyrtylandygy sebäpli onuň haçan we kim tarapyndan ýazylandygyny anyklamak kyn. Emma Gaýybynyň eserleriniň sowatly göçürilmegi bu golýazmanyň ylymly-bilimli adamyň elinden çykandygyny görkezýär. Ol ökde hatdat bolup, edebiýat hem taryh ylymlary bilen-de azda-köpde gyzyklanypdyr. Diwanyň sahypalaryndaky käbir bellikler bu aýdylanlary tassyklaýar. Şu wagta çenli Gaýyby hakynda ýazylan işleriň hemmesinde «Gaýyby» şahyryň edebi lakamy bolup, onuň çyn ady Gaýypnazardyr» diýen pikir öňe sürülýärdi. Şu 1220-nji belgili bukjadaky golýazmany göçüren kätip şahyryň çyn adynyň Mahmytdygy hakynda gymmatly

[1] Seret: 27, 151, 158, 197, 198, 134-138-nji sah.

maglumat beripdir. Şeýle hem ol şahyryň goşgularynyň mazmunyna garap, olaryň käbirine sözbaşy goýupdyr:

«Hudawend dilegi Gaýyp», 30-njy sah.

«Nesihatnama», 213-nji sah. Golýazmanyň 245-nji sahypasynda bolsa ol birnäçe taryhy şahslaryň atlaryny, olaryň haýsy tiredendigini belleşdiripdir:

«Abdylsamat han, Seýdulla han, mürzebaşy; Muhammet Şaweli han, sufýan, Meredaly han, gökje; Ylýas han, ak şor, Nepes serdar, ýanyk, Öre serdar, sufýan, begler begi».

Golýazmany göçürijiniň Türkmenistanyň taryhy boýunça kitap ýazyp, şu bellikleri öz işinde peýdalanan bolmagy-da mümkin.

Diwan nastaglyk hatynda melemtil hem gögümtil kagyzlara göçürilipdir. Onuň 126-njy sahypasyna «Aman» diýlen ýazgyly möhür basylypdyr.

Golýazmanyň sahabynda Gurbandurdy Zeliliniň «Dad Heý» atly gazaly bar. Şahyryň bu eseri onuň öz daýysy Döwletmämmet Azadynyň (1795-1760) ýadygärligine düzen mersiýesidir. Ol Azadynyň «Dad heý» redifli gazalynyň äheňinde ýazylypdyr. Zeliliniň şol gazaly şeýle setirler bilen başlanýar:

Gerdişi çarhyň elinden ýyglaram men, dad heý,
Kylmady mahzun köňülni bir zaman hoş, şad heý.

Bu golýazma hem Gaýybynyň 1136, 1219-njy belgili bukjalardaky diwanlarynyň golýazmasy ýaly şikestli bolup, şahyryň döreden eserleriniň hemmesini öz içine almaýar. Emma munuň beýle bolmagy golýazmanyň gymmatyny pese düşürmeýär. Gaýybynyň ömri we döredijiligini öwrenmekde, onuň mirasynyň nä möçberdedigini hasaba almakda, eserlerinde duş gelýän käbir nätakyklary anyklaşdyrmakda, galyberse, şahyryň eserle-

riniň doly ylmy tekstini taýýarlamakda ygtybarly çeşmeleriň biridir.

**3261-nji bukja.** Bu golýazma 302 sahypadan ybarat bolup, ol Gaýybynyň 485 töweregi gazalyny özünde jemleýär. Şahyryň diwanynyň bu golýazma nusgasy dola ýakyn bolup, ahyrynda käbir sahypalar ýitipdir. Haty nastaglyk. Saklanyşy gowy. Golýazmanyň bar bolan sahypalary zaýalanmandyr diýen ýaly. Şahyryň diwanynyň beýleki golýazmalary bilen deňeşdirilende, belli-belli sahypalarda birnäçe goşgular kätip tarapyndan galdyrylypdyr. Çen-çak bilen 1-150-nji sahypalar aralygynda ondan gowrak eser ýetenok. Bir şygryň iki sapar ýazylan halatlary-da duş gelýär[1]. Şeýle nogsanlyklaryň duş gelýändigine garamazdan, onda beýleki golýazmalarda duş gelmeýän maglumatlar hem az däl. Gaýybynyň şu golýazma giren pars dilinde ýazan bir gazaly («Ahwaly-tu») onuň diwanynyň beýleki golýazmalarynda duş gelmeýär[2]. Bu maglumat şahyryň pars dilinde hem eserler döredendigini habar berýär. Onuň «Nesihatnama» atly çaklaňja poema şekilli eseri hem beýleki golýazmalarda duş gelmeýär. Bu eserde şahyryň özi barada hem täze maglumatlar berilýär. Onda Gaýyby özüniň asly mekanynyň Jürjandygyny aýdypdyr:

..............................................[3]
Asyl mekany ýeri Jürjandyr.

Şeýledi takdyry ezeli-başda,
Boldy ki asudaýy Garabaşda.

---

[1] TMGI, 3261-nji bukja, 183 190 sah.
[2] TMGI, 3261-nji bukja, 224 sah.
[3] Bu setir golýazmada ýok.

Gaýyby, istär ki kyýamat güni,
Görgeý onuň gutly ýüzi, görküni[1].

Nebsimiz agyrsa-da bu eseriň teksti ýerleşdirilen ençeme sahypasy ýyrtylypdyr, ýitipdir. Şeýlelikde, eser doly görnüşde belli bolman galýar.

Diwan hijri ýyl hasaby bilen 1278-nji ýylda, milady hasaby bilen 1863-nji ýylda molla Isa Mahdum bin molla Hojanepes tarapyndan göçürilipdir. Onda «Sahyby in kitap molla Mähdi», ýagny «Şu kitabyň eýesi molla Mähdi» diýip maglumat berlipdir[2].

Golýazmanyň sahypalarynda kän ýazgylar bar. Onuň 74, 100, 152-nji sahypalarynda pars dilinde «Şu kitaby Mirnyzam weled Mirhanym weled Mirýusup okady», 159-njy sahypada «Seýitmyrat molla Täji mergen ogly okady we ýazdy» diýlip bellik edilipdir. Şeýle hem 198, 255-nji sahypalarda «Rahymberdi Atageldi», «Molla Rahymberdi» diýen ýazgylar bar.

Umumylykda alanyňda, şahyryň diwanynyň bu golýazmasyny gymmatly nusgalaryň biri hasaplamak bolýar.

**5840-njy bukja.** Gaýybynyň diwanynyň bu golýazma nusgasy doly däl. Onuň ozal saklanyşy talaba laýyk bolmanlygy üçin, waraklary dargap, ýyrtylyp, belli bir bölegi ýitipdir. 11-nji bukjadaky golýazma bilen deňeşdireniňde, onuň öňünden 2-3 warak kem bolup, 6 sany şygyr ýok, ahyrynda hem 5-6 sahypa ýitip, olarda 15 goşgy kem gelýär. Aralarynda-da ýetmeýän waraklar bar. Bularyň öwezine golýazmanyň ahyrynda 11-nji golýazma girmedik 7 sany şygyr artyk. Umumylykda alanyňda, golýazma 294 sahypa bolup, 420 golaý goşgyny özünde jemleýär. Ol şeýle setirler bilen başlanýar:

---

[1] TMGI, 3261-nji bukja, 299 sah.
[2] TMGI, 3261-nji bukja 144 sah.

Gaýyby, nebsi-howadan geç, Hudadan kyl hezer,
Erişur lutpy onuň her dem bu gorkudan saňa.[1]

11-nji bukjadaky nusga bilen deňeşdirilende, şundan öň dört gazal bolmaly. Şondan soň golýazmanyň dowamynda ýigrimiden gowrak gazalyň hatyny okamak kyn. Sebäbi sahypalaryň gyralary ýyrtylyp, hatyna zyýan ýetipdir. Umuman, şahyryň diwanynyň bu golýazmasynyň waraklarynyň ählisi bölek-bölek bolup, olar soň rejelenip, belli bir tertibe salnypdyr hem-de sahaplanypdyr.

Häzirki takyklamalara görä, TMGI-de Mahmyt Gaýybynyň diwanynyň golýazmasynyň alty sany nusgasy saklanýar. Golýazmalaryň üçüsiniň ahyrynda sene görkezilip, olaryň ählisi XIX asyrda göçürilipdir. Beýleki senesi näbelli golýazmalaryň hem ýaşy şolaryňkydan uly bolmasa, kiçi däl. Eger şeýle bolsa, Gaýybynyň şygyrlary XVIII asyryň ahyrynda diwan görnüşine salnyp, tutuş bir asyryň dowamynda kätiplr tarapyndan köpçülikleýin göçürilip, Türkmenistanyň dürli künçlerine ýaýrapdyr Şahyryň diwanynyň elimizdäki golýazmalarynyň göçüriliş ýagdaýyndan, şeýle hem onuň aýry-aýry şygyrlarynyň ýygyndylarda, beýazlarda ýerleşdirilişinden çen tutsaň, onda olaryň umumy sany kyrk-elliden geçendir diýip aýtmaga esas bar. Belki ondanam köpdür. Şahyryň diwanynyň golýazmalarynyň birnäçesiniň zaýalanyp, ýanyp, suwa akyp, ýitip giden bolmagy-da, ençemesiniň il içinde saklanyp galan bolmagy-da ähtimal.

**1151 we 1847-nji bukjalar.** Şu bukjalarda Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eseriniň XVIII asyryň ahyrlarynda we XIX asyryň başlarynda göçürilen golýazmalary saklanýar. Golýazmalaryň ikisi-de doly däl. Aslynda, olaryň hersi birnäçe

[1] TMGI, 5840-njy bukja, 1 sah.

şahyryň eserlerini özünde jemleýän uly ýygyndy bolup, golýazmalar hazynasyna gelip gowşany şolaryň belli bir bölegidir.

1151-nji bukjadaky golýazmanyň 164 sahypasy bolup, onuň 114-123-nji sahypalarynda Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eseri berlipdir. Eser 1283-nji hijri, 1866-njy milady ýylynda göçürilipdir.

Golýazma nestaglyk hatynda arassa hem düşnükli ýazylypdyr. Ondaky eserleri kimiň göçürendigi görkezilmändir.

1847-nji bukjada haýsydyr bir golýazmadan galan 10-15 sany sahypa saklanypdyr. Olar tertipleşdirilip, üç sany bölege bölünipdir. Birinji bölekde Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eseri, ikinji, üçünji böleklere bolsa Hoja Ahmet Ýasawynyň, Jamynyň, Nowaýynyň, Fuzulynyň eserleri ýazylan waraklar ýerleşdirilipdir.

Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eseri gara hem gyzyl syýa bilen arap elipbiýiniň çalt ýazylan nestaglyk hatynda, Samarkandyň ýüpek kagyzyna göçürilipdir. Golýazmada sene hem-de ony göçürijiniň ady görkezilmändir. Ol takmynan XVIII asyryň ahyrynda, XIX asyryň başlarynda göçürilipdir. Eseriň gutarýan ýerinde «Ekilnama» diýen söz ýazylypdyr, has dogrusy, kätip şahyryň bu eseriniň ady «Otuz iki tohum kyssasy» däl-de «Ekilnama» «Iýmitleriň gürrüňi») bolmaly diýen pikiri orta atypdyr. Dogry, Gaýyby öz eseriniň giriş bölüminde «Ekilnama» atly rowaýaty beýan edýändigi hakynda maglumat beripdir:

Rowaýatda bitildi «Ekilnama»
Barabar boldy heme has-u aama[1].

[1] TMGI, 1151-nji bukja, 114 sah., 1847-nji bukja, 2 sah.

Şahyr «Meniň beýan edýän rowaýatym «Ekilnama» bolmaly» diýen hem bolsa, bu eser ol at bilen adygmandyr.

Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» munazere usulynda ýazylan eserdir. Şu aýdylanlardan görnüşine görä, şahyryň bu eserini nama diýip atlandyrmaga esas ýok. Şonuň üçin hem ol halk arasynda hem-de ýazuwda «Otuz iki tohum kyssasy» ady bilen ýörgünli ulanylypdyr[1].

Käbir sözleriň ýazylyşynda üýtgeşikler bolaýmasa, golýazmalaryň ikisi-de (1151 we 1847) tekstologik jähetden biri-birine gaty ýakyn. Emma eseriň setir sany boýunça olar biri-birinden azda-köpde tapawutlanýarlar. Şahyryň «Otuz iki tohum kyssasy» 1151-nji golýazmada 208, 1847-nji golýazmada bolsa 214 setirden ybarat.

Bulardan başga-da Gaýybynyň eserleri aýry-aýry adamlar tarapyndan dürli ýyllarda göçürilen golýazmalarda duş gelýär. Olaryň arasynda ýokarda görkezilen diwanlara we beýazlara girmedikleri-de bar. Muňa mysal hökmünde şahyryň «Hemhana gelendir» müsemmenini[2], «Dergahyňa toba» müstezadyny[3], Fuzulynyň gazaly esasynda düzen «Olandan sor» atly tahmysyny[4], Gurbanaly Magrupy bilen aýdyşan «Nirde bitildi — Şonda bitildi» goşgusyny[5], «Sopular»[6], «Bar etdi»[7], «Girgil ýola merdana»[8], «Çekgil eliňni»[9] atly murapbagdyr muhammeslerini we beýlekileri görkezmek bolar.

---

[1] Gaýybynyň bu eseri Daşkentde ilkinji gezek daşbasma usulynda neşir edilende hem şeýle at bilen çykarylypdyr. Seret: «Otuz iki tohum kyssasy» we «Magtymguly diwany». Arifjanowyň metbesi, Daşkent, 1910 ý.

[2] TMGI, 307-nji bukja, 505-510 sah.

[3] TMGI, 487-nji bukja, 116 sah.

[4] TMGI, 1268-nji bukja, 86-87 sah.

[5] TMGI,1252-nji bukja, 9-13 sah.

[6] TMGI,574-nji bukja, 2-4 sah.

[7] TMGI,1064-nji bukja, 39 sah.

[8] TMGI,1747-nji bukja, 122 sah.

[9] TMGI, 2022-nji bukja, 297 sah.

Gaýybynyň eserleri Türkmenistanyň çäklerinden daşa kän çykmandyr. Beýleki ýurtlaryň golýazmalar hazynalarynda şahyryň bary-ýogy üç-dört sany goşgusy düşüpdir[1].

Gaýybynyň edebi mirasynyň bize gelip ýetişi, onuň saklanyşy hakynda aýdylanlary jemläp, şeýle netijelere gelmek mümkin:

1. Beýleki türkmen şahyrlarynyňkydan tapawutlylykda Gaýybynyň eserleri bize diwan görnüşinde gelip ýetipdir. XVIII-XIX asyryň dowamynda aýry-aýry hatdatlar tarapyndan şahyryň diwanynyň ençeme nusgalary göçürilipdir. Häzirki biziň elimizde bar bolan 11, 1131, 1219, 1220, 3261, 5840-njy bukjalarda saklanýan alty sany golýazma hem şolaryň belli bir bölegidir. Belki, halk arasynda olaryň ýene birnäçesi bardyr?

2. Gaýybynyň diwanynyň elimizdäki golýazmalaryndan çen tutsak, şahyr diwanyny XVIII asyryň aýaklarynda düzüpdir diýen netijä gelmek mümkin. Sebäbi olar eýýäm XIX asyryň ýigriminji, otuzynjy ýyllaryndan başlap, kätipler tarapyndan köpçülikleýin göçürilip ugraýar. Diwanlaryň üçüsiniň ýaramaz saklananlygy sebäpli, kätibiň öz ady, golýazmanyň göçürilen senesi baradaky maglumatlar zaýalanan waraklarda ýyrtylyp, ýitip gidipdir. 1219-njy bukjadaky golýazma 1828-nji ýylda, 3261-nji bukjadaky golýazma 1863-njy ýylda göçürilipdir.

3. Gaýybynyň diwany bitewi görnüşde saklanmandyr. Şahyryň diwanynyň häzirki elimizde bar bolan golýazmalaryndaky ýyrtylan waraklary hasaba almanymyzda hem olardaky eserleriň möçberi biri-birine deň gelmeýär. Kätipleriň hemmesi-de Gaýybynyň diwanyny doly göçürmändirler. Olaryň her biri

---

[1] Seret: Russiýa YA-nyň Gündogary öwreniş institutynyň Sankt-Peterburg bölüminiň golýazmalar hazynasy, S-162-nji bukja; Sankt-Peterburgyň Saltykow-Şedrin adyndaky jemagat kitaphanasynyň golýazmalar bölümi, T. N. S. bukja; Özbegistan SSR YA-nyň Biruny adyndaky Gündogary öwreniş institutynyň golýazmalar hazynasy, 7054, 6998, 1188-nji bukjalar.

bolmanda şahyryň 5-10 sany gazalyny ýa-da murapbagdyr muhammesini taşlap gidipdir. Emma olaryň hemmesi birmeňzeş eserleri galdyrmandyrlar. Kätipleriň biriniň galdyranlarynyň beýlekilerinde duş gelýän halatlary-da bar. Galyberse, şahyryň diwanynda gazal hem murapbagdyr muhammesden başga görnüşinde ýazylan eserleriň bolmazlygy, onuň doly görnüşde däldigini tassyklaýan ikinji bir delildir. Hakykatda bolsa beýleki görnüşlerde (müstezat, müseddes, müsemmen, rubagy, tuýug, muamma, mesnewi...) ýazylan eserler diwana girizilýär. Şu nukdaý nazardan seredilende, Gaýybynyň diwanynda-da goşgy düzülişiň birnäçe görnüşleri bolmaly. Emma şolar şahyryň diwanyndan düşüp galypdyr. Olaryň käbiri beýazlarda-antalogiýalarda duş gelýär. Muňa mysal hökmünde Gaýybynyň «Hemhana gelendir» (307-nji bukja, 505-510 sah.) müsemmenini, «Dergahyňa toba» (487-nji bukja, 116 sah.) müstezadyny görkezmek bolar.

4. Gaýybynyň edebi mirasy tutuşlygyna diýen ýaly ýazuw üsti bilen bize gelip ýetipdir. Muny şahyryň bütin döredijiligini kitaby dilde ýazandygy bilen düşündirmek bolar. Şonuň üçin hem eserleri halk arasyna golýazma görnüşinde ýaýrapdyr. Gaýybynyň halk döredijiligine ýakyn äheňde döreden az sanly eserleri bolsa dilden ýazylyp alnypdyr. Türkmenistanyň dürli künçlerinden ýygnalan şol goşgularyň biri-birine deň gelmeýän aýry-aýry nusgalary bar.

5. Gaýybynyň diwanynyň şu wagta çenli ýygnalan golýazmalary hem-de onuň şygyrlarynyň dilden ýazylyp alnan nusgalary şahyryň eserleriniň doly tekstini taýýarlamak we ol hakda ylmy iş ýazmak üçin gymmatly hem ygtybarly çeşmedir.

Gaýyby türkmen edebiýatynyň taryhynda döredijiligi az öwrenilen şahyrlaryň biridir. Ol hakdaky ilkinji belliklerdir makalalar baryp bir asyra golaý mundan öň ýazylypdyr. Ondan bäri şahyryň ömrüne we döredijiligine degişli ençeme täze maglu-

matlar toplandy. Häzirki biziň elimizde bar bolan maglumatlar Gaýybynyň terjimehaly we döredijiligi dogrusynda öňki işlerde öňe sürlen ylmy taýdan doly esaslandyrylmadyk pikirlere hem-de çaklamalara düzedişleriň girizilmegini talap edýär.

Şu ýygyndy şahyryň diwanynyň TMGI-de saklanýan 11, 3261, 5840-njy bukjalardaky golýazmalar esasynda taýýarlandy we ol Mahmyt Gaýybynyň eserlerini ilkinji gezek doly görnüşde öz içine alýar.

**KAKAJAN ATAÝEW,**
***professor***

## MAZMUNY

Gazallar ....................................................................................9
Murapbaglar .........................................................................366
Muhammesler.........................................................................382
Musebba ................................................................................398
Müstezad ...............................................................................401
Otuz iki tohum kyssasy ........................................................403
Nesihatnama ..........................................................................414
Sözlük....................................................................................417
*Ataýew K.* Mahmyt Gaýyby hem onuň edebi mlirasy ...........447

**Muhammet Gaýyby**

# DIWAN

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahabda A. Muhammedowyň çeken suraty**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 02.11.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 30.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy sany 5 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21596

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.